# GYLYÇLY GYZLAR

ÖZ HAÇYŇY MERDEM GÖTERMEK



LIZA BIWER

Mähriban joram!

Şindi gorkup, yza tesmegiň wagty däl-de, Isa Mesihiň Bedeni kimin galyp, söýgüde güllemegiň wagtydyr. Gökleri ýer bilen birikdirip, öz ruhy gylyjyňy almagyň we ony ulanmaga wagt gelip ýetdi. Ýer ýüzündäki niýetleri gökleriň maksatlaryndan aýyl-saýyl edýän Hudaýyň Sözüniň gylyjyny almaga wagt ýetip geldi. Aýallaryň gahryman bolmaly wagty gelip ýetdi, çünki Hudaý olary şeýle ýaradypdy. Aýallaryň berk, batyrgaý durmaly, saýgarmaly, bagyşlamaly we häzirki hem-de gelejekki nesilleri Hudaý üçin özgerdip, olara öwüt bermeli wagty gelip ýetdi.

Siziň we bütin dünýädäki beýleki liderler bilen paýlaşarym ýaly, Hudaý bu habary meniň kalbyma saldy. Ony meniň çuňňur söýgim we goldawym bilen kabul etmegiňizi haýyş edýärin. Men bu habaryň sizi we garamagyňyzdaky adamlaryň ählisini ylhamlandyrjakdygyna ynanýaryn. Ol sizi maksada, ygtyýarlyga we Hudaýyň siziň üçin öňden bellän zatlaryna ýetirer.

Bu habar meni ylhamlandyryp, Isa Mesih üçin öňkimden-de köp zähmet çekmäge çagyrdy. Ol meni aýaga galyp, Hudaýyň gyzlarynyň (ogullarynyň) öz täsirleriniň ýetýän çäklerinde we daş-töwerekdäki dünýäni özgerdip bilerleri ýaly, özlerinde bar bolan zatlary ulanmaklary üçin, olary ylhamlandyrmaga çagyrdy.

Haçyň peşgeş beren zatlaryny umut bilen garaşýanlaryň ählisine göterip äkideniňizde, Mukaddes Ruhuň aýdýanlaryna gulak goýuň.

Siziň Isa Mesihdäki uýaňyz,



Liza Biwer
LisaBevere@ymail.com

MESSENGER
INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

# “Gylyçly gyzlar”
## *kitaby baradaky teswirler*

Eý, zenanlar, öz gylyjyňyzy alyň! “Gylyçly gyzlar” kitaby Hudaýyň hakykatyna beslenip, söweşleriňize taýynlyk göreniňizde, güýjüňizi täzelär. Size aňsat bolmadyk synaglar garaşýar, şu kitabyň sahypalaryndan ylhamlanyň.

– Çopanlar Kreýg we Emi Greşel, LifeChurch.tv, Edmond, Oklahoma ştaty

Liza Biwer – taryhdaky iň batly sesleriň biri. Onuň ýüregi Patyşanyň we Onuň Şalygynyň ugrunda ýanýar. Ol Hudaýyň gyzlaryna aýaga galyp, özleriniň öňden bellenilen maksatlaryna laýyklykda ýaşamagy öwredýär.

– Şeýla Uolş, “Hudaý pespäl adamlary halaýar” atly kitabyň awtory we “Iman aýallary” hereketiniň esasy spikeri

Liza Biwer bütin dünýä boýunça aýallary Isa Mesihe hyzmat etmäge we Onuň Şalygynyň ýaýramagy ugrunda göreşmäge yhlas bilen höweslendirýär. Siz “Gylyçly gyzlar” kitabyndan imanda eýýäm öňe hereket edýän mesihileriň hataryna goşulmaga çakylyk alarsyňyz. Söweşden çykmaň! Berk duruň we ruhy ýeňşi gazanyň.

– Çopan Stiwen we Holli Fertik, “Elevation Church”, Şarlotta, Demirgazyk Karolina ştaty

“Gylyçly gyzlar” – bu biziň döwrümizdäki pygamberlik çagyryşydyr, ol Hudaýyň gyzlaryny Onuň Sözüniň gylyjyny ökdelik bilen ulanmaga çagyrýar. Liza Biweriň şypa, dogrulyk getirmekdäki we dünýäni dikeltmäkdäki güýjümizi ýüze çykarmakda Hudaýyň mandaty bardyr. Bu kitaby adalatly duýduryş bilen okaň: size gudratdan we batyrgaýlykdan doly durmuşa tarap ýelken goýmaklyk garaşýar!

– Kristin Keýn, “Heder etmeýän” (“Undaunted”) atly kitabyň awtory we Kompaniýa A21 esaslandyryjylaryň biri

“Gylyçly gyzlar” – bu pygamberlik, öwüt beriji, aňyňy ýagtylandyrýan we ylhamlandyrýan habardyr. Bu diňe biziň – zenanlaryň arasyndaky gürrüň däl, ol zenanlar üçin-de, erkekler üçin-de örän güýçli iýmitdir. Biz

bu kitabyň çap edilmegine we bütin dünýä boýunça ýygnaga ýetirjek täsiriniň güýjüne begenýäris.

– Juda we Çelsi Smitler, “City Church” ýygnagyň çopanlary, Kirkland, Waşington ştaty

“Gylyçly gyzlary” okamak bilen, siz kynçylyklary gaýratly ýeňip geçmek we gahryman kimin ýaşamak üçin gerek bolan güýji edinersiňiz.

– Robert we Debbi Morrisler, “ Gateway Church” ýygnagyň çopanlary, Dallas/Fort Uort, Tehas ştaty we “Ýalkanan nika” atly kitabyň awtorlary

Biz taryhyň ajaýyp döwründe ýaşaýarys; häzirki wagtda planetamyzda agyrylar, jebir-jepalar, ýürek ejirleri diýseň köp, ýöne biziň özgerişlikleri amal edip, çözgütleriň aýrylmaz bölegine öwrülme mümkinçiligimiz bardyr. Liza özüniň ajaýyp usulynda özümiziň Patyşanyň gyzlarydygymyza, aýgytly göreşiň bir bölegi bolup durýandygymyza we muňa taýýar bolmalydygymyza düşünmäge ýardam berýär. Şindi yza tesmegiň wagty däl! “Gylyçly gyzlar” kitabyny okaň we söweşe batyrgaýlyk bilen girişýän aýallaryň gitdigiçe ýaýbaňlanýan hataryna goşulyň!

– Holli Wagner, “GodChicks” guramasyny esaslandyryjy we “Warrior Chicks”atly kitabyň awtory

Liza Biwer “Gylyçly gyzlar” atly kitabynda içimizdäki ýeňijileri oýaryp, Hudaýyň bizi ilkibaşda ýaradan ýaradylyşlary bolmaga höweslendirýär. Onuň bütewi we Hudaýyň Sözüne eýe bolan Ýygnagy görmek islegi diýseň ylhamlandyryjy we diridir. Siziň nirededigiňize garamazdan, bu habar size gylyjyňyzy “ýiteltmäge” we hakykat sözlerini ykrar edip, gündeki söweşde batyrgaý söweşmäge güýç berer.

– Stowall we Kerri Uimsler, “Celebration Church” ýygnagyň çopanlary, Jeksonwill, Florida ştaty

Liza Biwer diýseň ajaýyp adam, görnükli ýazyjy we bütin dünýä boýunça gelin-gyzlaryň hak-hukugyny goramagyň güýçli tarapdary. Liza aýallaryň häzirki döwürde akyla sygmajak kynçylyklara duçar bolýandygyna hakykatdan-da düşünýär, ýöne iň wajyby – ol aýallaryň Hudaýyň meýlinde aýratyn orny eýeleýändigine düşünýär. Liza “Gylyçly gyzlar” atly kitabynda aýallara Hudaýyň olary Öz Sözi bilen ýaraglandyrandygyna we olary gahryman edendigine düşünmäge kömek edýär. Şeýle aýallar

danalyk, dilegler we Isa Mesihiň güýji arkaly bu howply dünýäde ýeňiş gazanyp bilýärler, her bir adalatsyzlykdan üstün gelip bilýärler. Bu örän wajyp kitap, ony ýaşyna, milletine we dinine garamazdan, aýallaryň her biri okamalydyr.

– Joýel we Wiktoriýa Ostinler, “Lakewood Church” ýygnagyň çopanlary, Hýuston, Tehas ştaty

“Hudaýyň Sözi – Hudaýyň gylyjy”, bu jümle meniň göwnüme diýseň ýaraýar. Çuňňur manyly suratlar we deňeşdirmeler arkaly Liza duşmanymyzyň indiki ädimi baradaky bilime syzyjylyk bilen eýe bolmak höwesini ajaýyp beýan edýär.

– Dr. Karolina Lif, patolog, “Meniň beýnimi kim öçürdi?” atly kitabyň awtory

Liza biziň her birimizi iman gylyjyny alyp, Hudaýyň Şalygy üçin merdemlik bilen ýaşamaga yhlas bilen çagyrýar. Bu kitabyň her bir sahypasy Lizanyň mugallym hökmünde alyp barýan güýçli hyzmaty barada şaýatlyk edýär we söweşiň ahyrda Rebbe degişlidigini ýatladýar.

– Bet we Met Redmanlar, öwgi nagmalaryny düzüjiler we ýerine ýetirijiler, sežde hyzmatynyň liderleri, Beýik Britaniýa

“Gylyçly gyzlar” – bu Hudaýyň Liza Biwere aýallary ruhlandyryp, ýaraglandyrmak üçin beren ukybynyň ajaýyp mysalydyr. Aýallar bu başarnyklar arkaly dikelişi, gerekli serişdeleri alýarlar, uly söweşde dogry orny eýeleýärler we bütin taryhyň dowamynda aýallary nyşana alyp gelýän duşmany ýeňýärler.

– Kris we Joý Hiller, “Potter’s House” ýygnagyň çopanlary, Denwer, Kolorado ştaty

Bize Liza Biweri LIFE Today ýaýlymynda myhman hökmünde ýygy-ýygydan görmek mertebesi miýesser etdi. Ol halkara hyzmatynda, şol sanda Aziýa ýurtlaryndaky hyzmatynda biziň missionerlik toparymyz bilen gulçulyk söwdasynyň pidalary bolan aýallara kömek etmek bilen, diňe Hudaýyň Sözüniň gylyjy bilen ýeňip bolýan söweşleri gowy öwrendi. Onuň habary aýallary ylhamlandyryp, olary ruhy söweşlere taýynlar.

– Iakow Betti Robison, “LIFE Outreach International”

# GYLYÇLY GYZLAR

## ÖZ HAÇYŇY MERDEM GÖTERMEK

LIZA BIWER

Girls with Swords by Lisa Bevere, Turkmen
© 2022 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as Girls with Swords

Additional resources in Turkmen by John and Lisa Bevere are available
for free download and video streaming at
**MessengerX.com** and on the **MessengerX** App
To contact the Author: LisaBevere@ymail.com

This book is a gift from Messenger International and is
NOT FOR SALE

Gylyçly gyzlar, Türkmen dilinde, awtory Liza Biwer
© 2022 Messenger International
MessengerInternational.org
Asyl nusgasy iňlis dilinde Girls with Swords ady bilen neşir edildi.

Jon bilen Liza Biweriň türkmen dilindäki goşmaça resurslary mugt indermek
we wideolary görmek üçin **MessengerX.com** saýtyna we **MessengerX** App-e giriň.
Habarlaşmak üçin: LisaBevere@ymail.com

Bu kitap Messenjer Internesenldan sowgat we SATUWA DEGIŞLI DÄL

Download on the App Store    GET IT ON Google Play

App Store Apple Inc-iň söwda belgisi bolup, ABŞ-da we beýleki ýutrlarda hasaba alnandyr.
Google Play we Google Play logotipi Google LLC-iň söwda belgisidir.

• • •

*Öz seslerini beýgeldip, gylyjyny syrmaga taýyn*
*Gylyçdaş uýalaryma.*

*Siz batyrgaý we dogruçyl Söweşijiniň gyzlarysyňyz. Onuň baky we agzymyz bilen ykrar edip bolýan Sözi siziň eliňizde diri we ýeňilmezek gylyja öwrülýändir. Size deňi-taýy bolmadyk ýarag ynanylandyr. Bu henize çenli bolmadyk wagt döwründe ynanylandyr. Ony zehinli ökdelik, eserdeň duýgurlyk we üstün gelýän söýgi bilen ulanyň, ol sowa düşmesin.*

*“Seni elimde urşujynyň gylyjy dek oýnaryn”.*
*– Zakarýa 9:13*

# MAZMUNY

Sözbaşy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .XI

Fehtowaniýe (gylyçlaşma) adalgalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . .XIII

BIRINJI BÖLÜM. SEÇILIP SAÝLANYLAN

1. Sen — nyşansyň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 3
2. Gylyjyň dogulmagy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 15
3. Sen gahryman bolup bilýärsiň. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
4. Söweş meýdany . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47
5. Haç gylyçdyr . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57

IKINJI BÖLÜM. TAÝÝARLYK GÖREN

6. Söweşiji bolmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 75
7. Gylyjy çarhlamak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 99

ÜÇÜNJI BÖLÜM. ÝARAG ŞAÝY TUTULAN

8. Söz gylyjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 113
9. Hasyl gylyjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 129

10. Ýagtylyk gylyjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 141

11. Nagma gylyjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 153

12. Dymmaklyk gylyjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159

13. Bagyşlama we dikeldiş gylyjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 175

## DÖRDÜNJI BÖLÜM. IBERILEN

14. Haçy götermek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 193

# SÖZBAŞY

Gylyçly bolmak bir zat, ony ulanyp başarmaklyk bolsa bütinleý başga zat. Hudaýyň her bir ogluna we gyzyna Ruhuň gylyjy ynanylandyr. Biz – söweşijiler, bize dünýädäki iň güýçli ýarag berlendir. Biziň Rebbimiz we göreldämiz Isa Mesih ynsan keşbinde gelen Ruhuň Gylyjydyr. Ol iki müň ýyl mundan ozal bu gylyçdan peýdalanyp, dünýäni özgertdi. Hut şu gylyç bilen-de Ol günleriň birinde ähli milletleri Özüne tabyn eder. Häzirlikçe bolsa Ol biziň her birimize şeýle diýýär: "Atamyň Meni iberişi ýaly, Men hem sizi iberýärin" (Ýoh. 20:21).

Şindi biziň Patyşamyzyň güýjüni görkezjek gyzlaryň (ogullaryň) nesli aýaga galýar. Bu söweşijiler özlerine ynanylan gylyçlary ökdelik bilen ulanyp, öz daş-töweregini özgerder. Hudaý meniň aýalym Liza güýçli habar berdi; bu habar Hudaýyň gyzlaryny (we ogullaryny) öz täsirleriniň ýetýän çäklerini özgerdip bilmekleri üçin, özlerinde eýýäm bar bolan zatlary ulanmagy öwreder.

Maňa eýýäm otuz ýyldan gowrak wagt bäri bu ajaýyp aýalyň ýanýoldaşy bolmak mertebesi miýesser edip gelýär. Men onuň islendik basyşdan gizlenýän, gorkuzylan we çekinjeň ýygnak agzasyndan Patyşamyzyň batyrgaýdan ajaýyp söweşjeň gyzyna öwrülişini gördüm. Bu aýaly tanamak we onuň bilen işleşmek meniň üçin uly mertebe. Men Hudaýyň oňa öwredýänlerinden köp zatlary öwrenýärin.

Men bu kitabyň size özüňizde eýýäm bar bolan zady ulanmagy öwretjekdigini bilýärin. Gylyja eýe bolan adam bolmak bilen çäklenmäň. Öz dünýäsine özgerişler getirýän tejribeli söweşiji boluň.

– Jon Biwer, bestsellerleriň awtory we spiker




## Fehtowaniýe (gylyçlaşma) adalgalary

**Kruaze**: goranmak ýa-da hüjümi serpikdirmek ücin usullyk bilen edilýän hereket. Ol hüjümi serpikdirýär, garşydaşyň ünsüni sowýar we tygy elden sypdyrmazdan urýar.

**“Söweşe taýyn bol” durky**: goranmak ýa-da hüjüme geçmek pozisiýasy, aslynda söweşe taýýar bolmak pozisiýasy.

**Fint:** garşydaşyňy goramnaga mejbur edýän howp salyjy urgy.

**Öňe hereket etmek**: sançmak maksady bilen öňe edilýän hereket.

**Goranmak**: hüjüm edýän ýa-da hüjümi serpikdirýän garşydaşyň ýaragyny ýarag bilen serpikdirmek.

**Jogap hereketi**: goranmaklygyň yzýanyndan hüjüme geçmek.

# BIRINJI BÖLÜM

# SEÇILIP SAÝLANYLAN

# 1

# Sen — nyşansyň

*Mesihilik – bu düýş däl-de, göreşdir.*

– Wendill Fillips

Biziň dünýämiz zorluk-sütemden eýýäm doly we siz meniň ähli ýaşdaky aýallara ýaraglanyp, söweşe girişmegi teklip edýändigimi bileniňizde, belki, muňa geň galarsyňyz. Şu sahyplary okanyňyzda, siz bitarap çägiň ýokdugyny subut edýän delilleriň we subutnamalaryň ençemesini ýüze çykararsyňyz diýip umyt edýärin. Biz gylyjyň zorlugy arkaly ýaşamzok, ýöne onuň güýji arkaly ýaşamaga wagt gelip ýetdi. Birinjiden, size gylyç gerek, sebäbi (muňa aň ýetirip-ýetirmeýänligiňize garamazdan) siz uly söweşiň ortarasynda ýaşaýarsyňyz we Hudaý Öz gyzlarynyň ýaragsyz galyp, üstleriniň gapyllykda basylmagyny islemeýär.

Bu mowzukdan gürrüň açmagyň näderejede wajypdygyny tötänleýin ýüze çykardym. Bu 2010-njy ýylyň iýun aýynda sapardan ýaňy dolanyp gelen wagtymda bolupdy, şonda men dört hepdäniň dowamynda bäş dürli ýurtda wagyz edipdim. Bu ýurtlaryň biri-birinden uzakda ýerleşendigini belläp geçmeli, şonuň üçin-de saparyň dowamynda dürli sagat guşaklaryna, käwagt 10 sagat tapawutly guşaklaryna öwrenişmeli bolýardym, ýer togalygynyň demirgazyk we günorta ýarym bölekleriniň arasyndaky uçuşlary amal etmeli bolýardym.

Men sagat guşaklarynyň çalyşmasyndan ýaňa heniz özüme doly

gelmänligim zerarly ýarym ukuly halda öýüň içinde aýlanyp ýörkäm, öýde diňe körpe oglum Arden bilendigimizi ýüze çykardym. Men onuň ýanyna baranymda, ol eli bilen diwany patladyp, kino tomaşa etmek üçin ýanyna geçip oturmaga çagyrdy. Oglum bilen bolmak mümkinçiligine begenip, onuň ýanyna geçip oturdym-da: “Nämä tomaşa edýäň?” diýip soradym.

“Terminatora”, - diýip jogap berdi.

Garaşyň, kitaby gyra goýmaň. Men bu filmi asla mahabatlandyramok we oňa tomaşa etmegi teklip edemok. Men ýöne onda siziň bilen şu kitabyň sahypalarynda paýlaşmak isleýän käbir zatlary tapdym, sebäbi meniň ýüze çykaran käbir gymmatly zatlarym şu kitabyň ýazylmagyna sebäp bolan “näme üçin?” diýen soragyň aýdyň jogaby bolup durýar.

Eger siz “Terminator” filminiň sýužetini bilmeýän bolsaňyz, ony gysgaça gürrüň bereýin. Bu film Sara Konnor, göze o diýen ilip barmaýan ofisiant gyz barada. Onuň durmuşy ýürekgysganç bolup, ol günleriň birinde hakyky söýgä duşaryna umyt baglaýar. Ýigrimi dört sagadyň her biri şol bir gaýtalanyp durýan tärde geçýär. Ol gündizine somsa, kofe äberýär, agşamlaryna bolsa gezekdäki duşuşygyň ajaýyp şazadany sowgat bererine garaşýar. Ol gündizlerine işleýär, agşamlaryna bolsa garaşýar.

Segseninji ýyllaryň durmuşyny beýan edýän bu sada sýužet gelejekden gelen robot-ganhoryň peýda bolmagy bilen düýpli özgerýär. Biziň gahrymanymyz Sara işinden rugsat alyp, dynç gününe çykanda, özüne howp abanýandygyna düşünýär, sebäbi onuň atdaş aýallarynyň birnäçesi öli tapylýar. Terminatoryň (onuň roluny Arnold Şwarsnegger – aktýor, Kaliforniýanyň ozalky gubernatory we Mariýa Şriweriň ozakly ýanýoldaşy ýerine ýetirýär) başga wagtdan gelendigi aýdyň zat, Sara atly gyzlaryň her biri indi onuň nyşanyna öwrülýär. Bu kiborgy hiç zat durzup bilmejek ýaly bolup görünýär. Ol diňe bir robotyň maglumatlary gaýtadan işlemek ukybyna we başarnyklaryna eýe bolman, eýsem iň täze awtomat ýaraglary bilen boýdan-başa ýaraglanan. Mundan başga-da, onuň elinde segseninji ýyllaryň iň ymykly maglumatlar toplumy – telefon kitabyndan gopurylyp alnan sahypalar bar; olarda onuň nyşana alan etrabynda ýaşaýan Sara Konnor atly ähli aýallaryň telefon belgileri we öý salgylary bar. Gelejekden gelen terminator aýallary sanaw boýunça yzly-yzyna rehim-

sizlik bilen ýok etdigiçe, biziň gahrymanymyz tolgunyp başlanýar.

Sara işden soň jorasy bile kärendesine alýan öýüne dolanyp gelýär we awtojogap berijiden bellenilen duşuşygyň goýbolsun edilendigini bilensoň, kluba ugraýar. Eger howp dogrudan-da çynlakaý bolsa, ol hiç bolmanda köpçüligiň arasynda gizlenip biler. Terminator tizara onuň yzyny tapýar we ýaşaýan öýüne baryp görenden soň, Arnold kluba barýar, ýaraglar ýalpyldaýar, adamlary öldürmek üçin ýarag atylýar. Galagopluk turýar, gan, çirkin sesler, dyknyşyk, janlaryny halas etmek üçin, hemmeler klubdan çykmaga dyrjaşýarlar. Ýöne dursaňyzlaň, bu pajygaly wakada ýene-de bir gahryman peýda bolýar.

Saranyň ganhorynyň gelejekden peýda bolmagy bilen birlikde gelejekden onuň halasgäri hem peýda bolýar; ol oňa: “Ýaşasyň gelýän bolsa, meniň bilen ýör” diýýär.

Saýlaw mese-mälim, şonuň üçin-de Sara köp pikirlenip durmaýar, onuň ýaşasy gelýär. Ol klubdan ylgap çykýar-da, bütinleý tanamaýan adamynyň maşynyna münýär we olar ikisi bile halas bolmaga synanyşýarlar. Ýöne terminator ganhor niýetinden el çekmeýär. Uly tizlikdäki kowha-kowuşlyk başlanýar. Oklardan ýaňa maşynyň aýnalary döwülýär, Saranyň ýüregi gürsüldäp, soňky derejesine diýen ýaly ýetýär. Olar her nirä gitse-de, her zat etseler-de, onuň gelejekden gelen ganhoryny aljyradyp bilmeýärler.

Ejizje ofisiant gyz we yzarlanylýan pida bu wakalaryň näme üçin onuň başyndan inendigine hiç düşünip bilmeýär. Oklar deňinden şuwlap geçip, aýnalar çym-pytrak bolýarka, onuň goragçysy oňa onuň kimdigini gürrüň berip başlaýar. Ol Sara gelejekde rowaýata öwrüljekdigini, onuň ýazyp, öz ogluna beren strategiýasyna laýyklykda duşmana garşy tutuş goşunyň aýaga galjakdygyny gürrüň berýär. Sara gelejekde bütin adamzadyň duşmanyna garşy boljak beýik söweşiň bir bölegi bolar.

Sara bu geň-taň wakanyň gatnaşyjysyna öwrülendigine hiç ynanyp bilmeýär, ol haýsydyr bir ýalňyşlyk bolandyr öýdýär. Ol barada häzirki döwürde we gelejekde howp salyp biljek adam hökmünde pikir edere hiç tutaryk ýok ahyryn! Aýdyňlaşdyryp, sagdyn pikir etmäge dyrjaşyp, Sara gelejekden gelen goragçysynyň sözlerini ret etmäge synanyşýar. Ol asla gahryman däl, ol bir sada

ofisiant gyz! Onuň oglunyň bolmagy-ha beýle-de dursun, hatsa söýgülisi-de ýok ahyryn! Bu elhenç ýagdaýlar – örän uly ýalňyşlyk, ony kimdir biri bilen bulaşdyrypdyrlar!

Ýöne goragçy hut onuň, ýagny Sara Konnoryň hakyky gahrymandygyny we özüniň missiýasynyň ony ýaraglandyryp, goramakdygyny erjellik bilen nygtaýar. Tolgunmadan ýaňa sandyraýan gyz ahyrda meseläniň nämedigine düşünip, birdenkä: “Men hiç zat edemog-a!” diýip gygyrýar.

Ýöne gelejekden gelen goragçy oňa: “Heniz edeňok, ýöne edersiň!” diýip jogap berýär. Şol pursat men oglumyň ýanynda diwanda oturan ýerimde doňan ýaly bolup galdym. Uzak geçmişdäki “Heniz edeňok, ýöne edersiň!” diýen jümle meniň şindiki wagtyma kürsäp giren ýaly boldy: biz özümiziň kimdigimizi heniz bilmeýärkäk, duşmanymyz muny köplenç eýýäm bilýär. Indi Saranyň şol gije bilen iki zadyny biziň-de bilmeli wagtymyz ýetip geldi.

Mähribanym,

1. Sen – nyşansyň.
2. Sen gahryman bolup bilýäňsiň.

Men seniň bolup bilýändigiňi aýdýaryn, sebäbi muny saýlamak diňe saňa baglydyr.

## Nyşan

Ilki bilen, geliň, nyşan bolmagyň nämedigini seljereliň. Mesihi bolmak bilen, biziň hemmämiz janymyzyň duşmany bolan tümlük şasynyň nyşanynyň astyndadyrys. Ýer ýüzünde diýseň hakyky, oňat gurnalan tümlük güýçleri bar, olar Hudaýyň nuryny we ýaşaýşyny özünde göterýänlere garşy göreşýärler.

Şonuň üçin-de, siziň nyşan bolmagyň nämedigine düşünmegiňiz örän wajypdyr.

“Nyşan” sözüniň manydaş sözleri bu kontekstde şeýle sözleri öz içine alýar: maksat, nyşan, wezipe, fokus nokady, soňy we niýet. Iblis siziň ünsüňizi aslynda kimdigiňizden we durmuşyňyzyň hakyky maksadyndan sowmagy maksat edinýär. Onuň esasy wezipesi sizi güýçden we ygtyýarlykdan doly bolan durmuşdan aldaw bilen çykaryp, weýrançylyk ýörelgesine gönükdirmekden ybaratdyr.

Siziň gahrymandygyňyz baradaky pikiri has giňişleýin düşündirmek üçin, siz täze we belli bir derejede ýat, ýöne bu filmiň sýužetinden has çynlakaý bir suraty özüňize sygdyrmaly bolarsyňyz. Çünki tümlük şalygyndaky ganhor duşman siziň kimdigiňize eýýäm düşündi ahyryn. Ol siziň potensialyňyzy bilýär we yzygiderli ýagdaýda siziň gelejegiňizi bozmaga synanyşýar.

Men durmuşyňyzdaky hüjümleriň siziň geçmişde kim bolanyňyz üçin däl-de, gelejekde kim bolup biljekdigiňiz sebäpli amal edilýär diýip hasaplaýaryn.

Düşünýäňizmi, “Terminator” filmindäki gelejekden gelen ganhoryň bilşi ýaly, duşman-da siziň adyňyzy bilýär. Goý, bu sizi hopukdyrmasyn. Uludan demiňizi alyň-da, özüňiziň belli bir maksat üçin diridigiňizi berk ýatda saklaň. Akylsyzlyga ýüz urmaň we ähli zady öz hasabyňyza kabul etmäň, sebäbi bu bütinleý şahsy mesele däl. Biziň her birimize hüjüm edilýär. Sebäbi biziň janymyzyň duşmany üçin bu şahsy häsiýetdäki mesele däl-de, onuň kesp-käridir.

Howp salmaýan adamlary yzygiderli halda giňgerimleýin hiç kim öldürip ýok etmez. Siziň-de adyňyz edil meniňki ýalydyr: mesihi. Bu at ýöne bir dini degişliligi aňlatmaýar, onuň has çuňňur manysy bar. Ol “seçilip-saýlanylan” diýmegi aňladýar. Siz Gudratygüýçli Hudaýyň söýgüli şa gyzysyňyz. Duşman biziň her birimize dürli-dürlüçe çemeleşip bilýär, ýöne ol size böwet bolmak üçin, ösüşiňizi togtatmak üçin, ünsüňizi göklerden bolan çagyryşyňyzdan sowmak üçin elinden gelenini gaýgyrmaýar. Gyzlaryň biri-de onuň hüjümlerinden gizlenip ýa bir gyra sowlup bilmez. Şindiki maliýe ýagdaýyňyz, ýa maşgala ýagdaýyňyz, ýa ýaşyňyz sizi ondan gorar öýtmäň.

Mesele sizde ýa mende däl. Bu, dogrusy, hatda biziň söweşimizde däl. Bu Rebbiň söweşidir. Biz tümlük dünýäsinde Onuň ýagtylyk ýaraglarydyrys.

*Dünýä taryhynyň tutuş hereketi ýeke-täk bir adamyň we hatda tabyn bir Adamyň ýüreginiň özgermegine bagly bolup bilýär... Sebäbi ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky göreş adamyň hut aňynda we ruhunda bolup geçýändir; bu göreş ahyrda ýa ýeňiş, ýa-da ýeňliş bilen tamamlanýar.*

– M. Skott Pek

## Zenanlar söweşijiler kimin

Siz zenan hökmünde iblisiň duşmançylykly goşunynyň has anyk maksadyna we mertebeli nyşanyna öwrülýänsiňiz.

*“Seniň bilen aýalyň, seniň tohumyň bilen aýalyň tohumynyň arasyna, duşmançylyk salaryn Men” (Gel. 3:15)*

Duşmançylyk – bu çuňňur ornaşan ýigrenç we barlyşyksyz uruşdyr. Bu gorp örän çuň, iblisiň ýigrenji nesilsaýyn artýar, sebäbi onuň wagty tamamlanyp baransoň, ol öňde-soňdakysyndan has köp gazaplanýar. Onuň aýallara we çagalara edýän hüjümi henize çenli şeýle ýigrenji, mese-mälim we giňgerimleýin bolmandy.

Munuň şeksiz subutnamasy hökmünde şuny mysal getirip bolar: iň ýüzleý barlaglaryň netijesine görä, ýer ýüzünde 50 milliondan gowrak aýal ýetenok. “Ýetenok” diýmek bilen, men nämäni göz öňüne tutýaryn? Bu söz şu gyzlaryň ýokdugyny, olary gaýtaryp getirip bolmaýandygyny aňladýar.

Olaryň ýoklugynyň esasy sebäbi – maksatlaýyn gendersid amallarynyň amala aşyrylmagy. Genosid – bu jemgyýetiň jyns, millet, syýasy ýa-da medeniýet toparlarynyň ýok edilmegini aňldaýar; gendersid bolsa belli bir jyns degişliligi boýunça şol jynsyň wekillerini ýok etmekligi aňladýar.

Mara Hwistendal ýaňy-ýakynda “Tebigy bolmadyk seçilme” ady bilen neşir eden kitabynda statistika maglumatlaryny getirýär; bu maglumatlar ýagdaýyň näderejede erbetdigini görkezýär: Aziýada takmynan 160 million gyz ýagty jahany hatda görmediler hem, sebäbi olaryň ömürleri abortlar arkaly kesildi.

Hytaý, Hindistan, Päkistan ýaly ýurtlarda we Afrikan kontinentinde gyzlaryň ömri howp astyndadyr. Bu olaryň zorlanyp, satylyp, ýenjilip bilinýändigini aňladýar, olary öldürmeklik hatda mertebeli iş diýip-de hasaplanýar. Mähribanlarym, medeniýetli döwletde ýaşaýanlygyňyz üçin howpsuzlykda ýaşaýansyňyz öýtmäň. Sanlar ýalan aldamaýar. Siziň doglan ýeriňiz diňe başga bir çäkde nyşana öwrüljekdigiňizi aňladýar. Ganhor duşman size başga bir tarapdan golaýlaşar; men onuň ünsüňizi sowup, Hudaýyň şu ýerde, ýagny ýer

ýüzünde taýynlan meýline girip bilmezligiňiz üçin elinden gelenini aýamaýandygyny çaklaýaryn.

Men bulary sizi gorkuzmak üçin aýtmaýaryn. Men bulary siziň şindiki taryhy pursadyň saldamlylygyny bilmegiňiz üçin aýdýaryn. Şindiki asyryň gyzy bolmak bilen, siz hüjümlere sezewar edilýänsiňiz. Gahryman faktory – siziň saýlawyňyz.

Eger siz bolup geçýän zatlaryň manysyna düşünmeseňiz, bu hüjümleri aýal jynsyna ýa-da imana garşy bolan şahsy zat hökmünde kabul edersiňiz we netijede olara şahsy derejede gaýtawul berersiňiz. Ýöne bu söweş bize görünýäninden has uludyr. Bu söweşde öz güýjüň bilen göreşip ýeňmek mümkin däl. Bu konflikt gökleriň strategiýasyny we goldawyny talap edýär. Ähli zadyň biziň şahsy gaýtawulymyzdan başlanýandygyna garamazdan, biz ýekelikde munuň hötdesinden gelip bilmeris. Beýlekiler bilen bilelikde zähmet çekerimiz ýaly, biziň her birimiz baky ýaraglar bilen ýaraglanan we türgenleşen bolmaly.

Sanlaryň hopukdyryjydygyna garamazdan, olar düýpli tümlügi çalaja ýaňzydýandyr. Gözlerimizi açyp, gökleriň bu boşluga aýtmakçy bolýan habaryny öz sesimiz bilen ykrar etmäge wagt geldi. Sýužet yzygiderliligi eýýäm ýola goýlan. Bir tarapdan pälinden gaýtmaýan zalym duşman sizi ýok etmekçi bolýar, başga bir tarapdan bolsa Şazada Özüniň baky söýgüsi bilen sizi kim edip ýaradandygyny size görkezmäge ymtylýar. Isa Mesih – biziň Gökdäki Şazadamyz, Ol sizi elmydama söýer. Onuň söýgüsi tükenmeýär, ol ganhoryňyzyň ýigrenjinden has mäkämdir. Mesele – bu söweşde haýsy roly saýlajakdygyňyzda. Siz ýaragsyz raýat, pida, ýesir bolmakçymy ýa-da gahryman?

Bu soraga jogap bermeziňizden ozal, bitarap araçägiň ýokdugyna düşünmelisiňiz. Siz iru-giç haýsy hem bolsa bir tarapa geçmelisiňiz. Kimdir biriniň siziň üçin saýlan ýerinde hereketsiz bolanyňyzdan, ony özüňiziň saýlamagyňyz has gowudyr. Ýatda saklaň: *Hudaý sizi dünýä ýaradymazdan ozal saýlapdy*.

> “Hemme zady Öz islegine laýyklykda ýerine ýetirýän Hudaý Öz niýetine görä bizi öňden belläp, Mesih arkaly saýlap-seçdi. Ol muny biziň, ýagny Isa Mesihe ilkinji bolup iman edenleriň Hudaýyň şan-şöhratyny arşa götermegimiz üçin amal etdi. Indi siz hem hakykat sözüni, ýagny halas bolmak baradaky Hoş Habary eşidip, Mesihe iman etdiňiz.

> Şoňa görä-de Hudaýyň wada beren Mukaddes Ruhy bilen möhürlendiňiz. Hudaýa degişli adamlar doly azat bolýança, Mukaddes Ruh biziň mirasymyzyň kepilnamasydyr. Bularyň bary Hudaýa şan-şöhrat getirýär” (Efes. 1:11–14).

Meniň düşünşime görä, wakanyň ahyrynda ähli zat diýseň sadalaşýar. Gara we ak, gowşak we güýçli, işjeň we herektsiz, esger we dönük, gahryman we pida bolýar. Hawa, bu mysallar diýseň aýyl-saýyl, ýöne men olary biziň, ýagny aýallaryň şindiki ýagdaýynyň iň soňky çägini görkezmek üçin agzaýaryn. Bu gendersidiň size gönüden-göni howp salýandygyny aňlatmaýar. Men ýöne biziň konstruktiw işjeň seslenmämize bolan ýiti mätäçligiň bardygyny nygtaýaryn.

Şindi ýaragsyz we gapyllykda galmagyň wagty däl, bu kitabyň maksady-da hut şundan ybaratdyr.

Men K.S. Lýuisiň “Arabozaryň hatlary” atly kitabyny ozal agzapdym, onda ýaş jyn öz halypasy bilen bir ýigidi azdyrjak bolýan döwründe ýazyşan toslama hatlaryň ýygyndysy beýan edilýär. Bu kitabyň gymmatlygy – onda duşmanyň perspektiwasyny görkezýän penjiräniň çalaja açylyp görkezilmegidir; duşman bizi Hudaýdan dändermek üçin, hakykaty ýoýýar we üýtgedýär.

Hatlaryň birinde jynlar aýallaryň ornuny ýoýup bilýändikleri bilen magtanýarlar: “Ähli zat olaryň edýän dileglerinde jemlenýär. Ýaňy-ýakynda aýal jynsyndan bolan biri: ‘Ýa Hudaý, meni ýigriminji asyryň adaty gyzlarynyň biri edäý-dä!’ diýýär. Biziň zähmetimiziň netijesinde bu gitdigisaýy: ‘Meni näz-kereşmeli, kemakyl we mugthor edäý-dä’ diýip ýaňlanar”.

1942-nji ýylda neşir edilen bu pygamberlik ýaňsylamasyndan ýaňa aglaýasym gelýär, sebäbi ol dogrudan-da biziň döwrümiziň köp gyzlarynyň ýagdaýyny şöhlelendirýär. Ýokarda mysal getirilen jümlede aýratyn-da “adaty”, “näz-kereşmeli”, “kemakyl” we “mugthor” diýen dört sözüň örän saýlanýandygy görünýär.

Ilki bilen “adaty” sözüň manysyna garap geçeliň. Siz ýokardan doglan pursatyňyzda öz adatylygyňyzy yzda galdyransyňyz. Bu siziň geň-taň ýa-da birhili bolandygyňyzy aňlatmaýar; bu Onuň dogrulygy sizi gurşan badyna haýsydyr bir orta, adaty zatlardan mahrum edilendigiňizi aňladýar. Ýer ýüzünde ýaşaýandygyňyza garamazdan, siz bakylygyň gyzysyňyz.

Indiki söz – “näz-kereşmeli” sözi biziň günlerimizde o diýen bir ýaýran söz däl, ol ýoldan çykaryjy ýa-da aýgyr aýaly aňladýar. Şu sözüň manydaş sözleriniň birnäçesini dykgatyňyza ýetireýin: samsyk, boş we bolgusyz aýal, ýeňles, loly. Gynansak-da, bu sözleriň ählisi ýigrimi birinji asyryň aýdymlaryna, medeniýetine ymykly ornaşandyrlar.

“Kemakyl” sözi on dokuzynjy asyryň başynda akyly sekiz ýa on iki ýaşly çaganyňky ýaly bolan adamlary suratlandyrmak üçin peýda boldy. Lýuisiň jümlesiniň kontekstinde bu söz ösmegi we ynjyk gyzjagazdan paýhasly aýala öwrülmegi ret edýän gyzlar neslini aňladýar.

Iň soňky “mugthor” sözi keseden berilýän goldaw arkaly ýa-da başga bir adamyň hasabyna ýaşap, öwezine hiç zat bermeýän adamy suratlandyrýar. Bu durmuş ýörelgesi Hudaýyň gyzynyň görkezmeli keşbine bütinleý ters gelýändir! Biz başga adamlara kömek berip ýaşamaly, başga adamlaryň hasabyna ýaşamaly däl-de, durmuşda bagtlary çüwmedikleriň aladasyny etmeli.

Ýöne biziň söwda merkezlerimiziň kassalarynyň ýanyndaky žurnallaryň daş sahypasyndaky aýallaryň suratlaryna bir garasaňyzlaň. Gartaşanlygy kesel saýýarlar, ýeňles ýaşlygy, ýarym-ýalaňaç kämilsizligi bolsa kadalaýyk saýýarlar. Seksuallyk hakyky ýakynlykdan ileri tutulýar, bizi azgynlykda ýaşamaga we mümkin bolan zatlaryň baryny garbap almaga çagyrýarlar. Biz, gör bak, nähili pese düşdük.

Adatylyk bizi erbet zatlara uçratdy, duşman biziň haýsydyr bir has beýik işler üçin ýaradylandygymyzy bilýän bolmaly. Biz öz dileglerimizi emele getirmekde kime ýol bereris? Biz dileglerimiziň ýagdalaryň basyşy astynda döremegine ýol bermeli däldiris. Biziň medeniýetimize ynanmaly däl, ol bize dogry sözleri bermez. Biziň dileglerimiz gökleriň täsiriniň astynda emele gelmeli. Ýeri we gögi Ýaradan biziň ömrümiziň Binagäri we Awtory bolup durýandyr. Ýigrimi birinji asyryň gyzlarynyň gökleriň sözlerini ýaň edip gaýtalamy döwri ýetip geldi. Siziň içiňizde, belki, sözler bilen beýan edip bolmajak uly bir islegiňiz bardyr; hut şu sebäpdenem size gylyç gerek.

Siziň baky Gudratygüýçli Hudaýyň görnükli gahryman zenany – dogruçyl hereket edýän, kämil we başga adamlaryň durmuşyny baýatmak isleginden doly zenany bolmagy küýseýänsiňiz diýip pikir edýärin.

Şu kitabyň maksatlarynyň biri size batyrgaý, imandan doly dilegleriň (gylyçlaryň) görnüşlerini döretmäge kömek etmekden ybaratdyr.

## Köne taktikalar

Şindi gorkudan ýaňa yza tesmegiň wagty däl. Şindi aýaga galyp, söýgüde güllemegiň wagtydyr. Men mesihi bolanymda, Hudaýyň meniň durmuşym üçin meýliniň bardygyny bildim. Mesele diňe meniň ýer ýüzündäki ýaşaýyşdan soň barjak ýerimiň üýtgänliginde däl. Men indi durmuşymyň mana eýe bolandygyny ýüze çykardym. Men gymmat baha satyn alyndym, meniň durmuşym indi maňa degişli däldi, men ony biderek sowrup biljek däldim. Hudaý meniň Özüniň ýaradan ynsany bolmagymy isleýärdi.

Hudaý meniň Özüniň ýaradan ynsany bolmagymy isleýärdi.

Hudaýyň sizi ýaradan ynsany bolmak – bu duşmanyň strategiýasyndan goranmagyňyz we iň uly hüjümiňiz bolup durýandyr. Onuň siziň dünýä inmegiňize päsgelçilik berip bilmändigi aýdyň zat. Indi bolsa Hudaýyň biziň içimizde eken ruhy tohumyny duşmandan goramagyň wagty geldi. Duşman siziň kim bolup biläýjegiňizden gorkanda, sizi basyp başlaýar. Ýatda saklaň: duşmanlar örän syzgyr bolýarlar, ýöne köplenç olar hem gorkýarlar. Olar özleriniň basjak bolýanlaryndan gorkýandyrlar. Olar siziň güýjüňiziň olaryň ýagdaýyny howp astyna salmagyndan gorkýarlar.

**Şindi gorkudan ýaňa yza tesmegiň wagty däl. Şindi aýaga galyp, söýgüde güllemegiň wagtydyr.**

> “Olar mundan artyk köpelmez ýaly, geliň, mekirlik bilen olaryň soňuna çykalyň. Ýogsam, uruş turaýsa, olar duşmanymyzyň tarapyna goşulyp, bize garşy söweşmekleri we biziň ýurdumyzdan çykyp gitmekleri mümkin” diýdi. Şeýlelikde, müsürliler ysraýyllary mejbury işledip, olary ezmek üçin, olaryň üstünden hojaýynlar bellediler. Ysraýyllar faraon üçin Pitom we Ragmeses diýen galla saklanýan galalary gurdular. *Emma müsürliler ysraýyllara näçe zulum etseler-de, olar öňküsinden-de has köpeldiler we olaryň sany juda artdy. Müsürlileriň ysraýyllardan sussy basyldy”*
> *(Müs. 1:10–12, nygtama awtoryňky).*

Faraonyň basyjy taktikalary gerekli netijäni bermänden we ysraýyllaryň güýjüni syndyrmandan soň, ol has aýgytly çäreleri görýär: gendersid arkaly ýaňy doglan bäbekleri öldürýär. Bu duşmanyň täze taktikalary däl; olaryň gadymy we ýowuz taryhy bar. Mukaddes Ýazgylar bäbekleriň öldürilişiniň iki wakasyny beýan edýär. Olaryň birinjisi Gelip çykyş kitabynda Müsüriň patyşasynyň ýewreý göbegenelerine beren buýrugy baradaky wakada ýazylan.

> "Siz ýewreý aýallaryna göbegene bolup hyzmat edýän wagtyňyz, serediň, eger ogul dogursalar, ol bäbegi öldüriň, eger gyz dogursalar, goý, onda ol ýaşabersin" (Müs. 1:16).

Belläp geçilmeli wajyp zat – faraon erkek göbekli bäbekleri öldürmek baradaky buýrugyny edil Musanyň dogulmazynyň öňýanynda çykarýar. Eýsem bu gahrymanyň dogulmagyna wagt bolanlygy sebäpli dälmi näme? Duşman bolaýjak pitneden gorkýarmydy? Faraon bu iki mümkinçiligi-de düýp-tekraryndan ýok etjek uçdantutma öldürmeklik usulyny ulandy. Emma taryh bu uçdantutma öldürmekligiň Musa atly oglanjygyň dogulmagynyň öňüni alyp bulmändigini görkezýär. Ykbalyň öwrümleri arkaly ol Müsüriň ogly hökmünde faraonyň öýüne howpsuzlyga gowuşýar.

Musa özüniň kimdigini we nähili iş üçin ýaradylandygyny ýüze çykarandan soň, Hudaý ony dört ýüz ýyllap müsür gulçulygynda bolan ysraýyl halkyny erkinlige çykarjak azat edijä öwürmek üçin, çöl-beýewany ulanýar. Faraonyň ogullaryň tutuş neslini (goşunyny) ýok edendigine garamazdan, Hudaý öz halkyny boşadyp, olaryň tarapynda göreşen lideri orta çykarýar.

Mukaddes Ýazgylarda duşmanyň gendersid usulyny bäbekleriň arasynda ulanyşyny gürrüň berýän indiki waka Isa Mesihiň doglan döwründe bolup geçipdi. Müneçjimler Hirod patyşa jogaplaryny aýtmak üçin yzlaryna dolanmanlarynda, ol iki ýaşdan kiçi oglanjyklaryň baryny öldürmegi buýurýar.

> "Müneçjimleriň aldanyny bilip, Hirod gahar-gazaba mündi. Ol müneçjimlerden sorap anyklan wagtyna görä, Beýtullaham bilen onuň daş-töweregindäki obalarda doglan iki ýaşyndaky we iki

> ýaşa ýetmedik erkek göbekli çagalaryň ählisini öldürtdi. Şeýdip, Ýermeýa pygamberiň şu aýdanlary berjaý boldy: ‘Ramadan bir ses eşidildi, agy we ajy perýat sesleri, Rahel çagalary üçin aglaýar, teselli berilmegini islemeýär, çünki olar indi ýok’” (Mat. 2:16–18, nygtama awtoryňky).

“Çünki olar indi ýok” diýen sözler nähili ajy! Mukaddes Ýazgylaryň bu iki wakasynda ýer ýüzündäki patyşalar gahar-gazaba gurşalyp, oglanjyklary gyrýarlar, sebäbi olar bu oglanjyklaryň öňden bellenilen güýçlerinden gorkýarlar. Men özümiziň ezilmeden we ýesirlikden boşanmagyň bosagasynda ýene-de durandygymyza ynanýaryn, ýöne bu gezek duşmanyň ynsanlara garşy bolan hüjümlerine oglanlar däl-de, gyzlar sezewar edilýärler.

> “Onsoň aždarha aýala gaty gazaplandy. Ol aýalyň beýleki çagalary, ýagny Hudaýyň buýruklaryny berjaý edip, Isa barada şaýatlyk edýänler bilen uruşmaga gitdi” (Aýan. 12:17).

Ýer ýüzündäki gorka gaplanan patyşalaryň we iblisiň, gorkudan galpyldaýan aždarhanyň niýetlerindäki meňzeş häsiýetlere üns beriň. Birinjiler-de, soňkusy-da ygtyýarlyklaryny ýitirmeden gorkýarlar, olar gazap atyna atlanyp, adamlara we olaryň çagalaryna garşy uruş alyp barýarlar.

Pida bolmadyk her bir adamyň gahrymanyň ýoluny saýlamaga mümkinçiligi bar. Şu kitap sizi ýaraglandyryp, güýçlendirmegi maksat edinýär, sebäbi biz güýje beslendigimiz saýy, Gudratygüýçli Hudaýymyz duşmana garşy aýaga galýar.

# 2

# Gylyjyň dogulmagy

*Her bir adam dik dur; onuň ýüzi gynyndan çykarylan gylyjynyň ýalpyldasyndan ýaňa şöhlelenýär, ol gahrymanyň başarýan işlerini etmäge taýyn.*

– Elizabet Barret Brauning

Siz: “Näme üçin gylyç?” diýip geňirgenýän bolmagyňyz ahmal. Özüňi goramak üçin uzagrak ýere çekilip, tüpeňden anygrak nyşana alanyň gowy dälmi näme? Eger duşmanyň bu hüjümi şeýle uzaklara ýaýylyp gidýän bolsa, onda köpçülikleýin gyrýan ýarag bilen jogap bereniň gowy dälmi näme? Gylyç könelmedimi näme?

Ençeme müňýyllyklaryň dowamynda gylyçlar taryhda saldamly orny eýeleýärdiler, adamlaryň aňynda olaryň romantiki keşbi hemişelik galandyr. Biziň bilşimiz ýaly, gylyçlar ilkinji gezek bürünç asyrda ýüze çykypdy, bu Isa Mesihiň dogulmazyndan takmynan üç müň ýyl ozal bolupdy. Bu ýarag metal bilen işleýän senetçiler bürünç bilen misi bilelikde ulanyp başlanlarynda, adaty naýza bilen pyçakdan döräpdi. Ýöne olaryň döreýşiniň bu taryhyny doly hasaplap bolmaz, sebäbi ol diňe bize mälim bolan asyrlardaky gylyçlar barada gürrüň berýär. Gylyçlar bize mälim bolan wagt aralygyndan has gadymydyr.

Biz Mukaddes Ýazgylardan gylyçlaryň ynsanyýet eýýamyndan has ozal göklerde döredilip, güýçli perişdeler arkaly göze görünmeýän keşpde getirilendigini bilýäris. Mukaddes Kitapdan bize belli bolan ilkinji gylyç oduň ýalnyndan ýasalyp, ganatly perişdäniň ellerinde öz-özünden aýlanýardy.

> “Ol adamy bagdan kowdy; soňra Ol ýaşaýyş daragtyna barýan ýoly goramak üçin, bagyň gündogarynda keruplar hem-de aýlanyp duran ýalynly gylyjy goýdy” (Gel. 3:24, nygtama awtoryňky).

Bu ýalynly gylyjyň aýlanyşyny göz öňüne getirip görüň-ä. Ol Adam ata bilen How enäniň ýaşaýyş daragtyna golaýlaşyp, onuň miwesinden iýmezleri ýaly, bu agaja eltýän ýoly bekleýärdi.

Soňra biz Mukaddes Ýazgylardaky wakalarda käbir adamlaryň we goşunlaryň elinde ýagşylyk we ýamanlyk maksatlary üçin gylyjy görýäris. Mukaddes Ýazgylarda iň soňky bolup gudratly gylyç agzalýar, Aýanlyk kitabynda ol – ygtyýarlygyň we kazylygyň soňky wekili bolup durýar.

> ”Milletleri urmak üçin, Onuň agzyndan kesgir bir gylyç çykyp durdy. Ol olary demir hasasy bilen dolandyrar. Ol şerap sykylýan çukurda Hökmürowan Hudaýyň gazaply gaharynyň şerabyny sykýar. Onuň donunda we budunda “ŞALARYŇ ŞASY, TAŇRYLARYŇ TAŇRYSY” diýen at ýazylgydy’” (Aýan. 19:15, 16, nygtama awtoryňky).

Şunlukda, gylyç adamzadyň tutuş taryhynda, ýagny dörän pursadyndan bize mälim bolan döwürleriň soňky babyna çenli aralykda bardyr. Biz siziň bilen ýer ýüzünde wagt çäginde syýahat edýäris, ol gynançly başlangyja garandan, ýeňişli tamamlaýşa has golaýdyr. Biziň wagt döwrümiz aýalyň çagany dünýä indermeziniň öňýanynda ýygjamlaşýan we güýjeýän burgulary ýalydyr.

Häzirki wagtda gylyç bilen ýaraglanmalydygymyz mese-mälimdir. Biz goraýjy perişdeler däl, şonuň üçin-de özümizi elinde gylyjy aýlap duran we Hudaýyň merhemet bagyna girmeden goraýan barlyklar hökmünde göz öňümize getirmek hökman däl. Şeýle-de biz kazynyň işlerini ýerine ýetirmäge çagyrylamzok, sebäbi bu hukuk diňe diňe şalaryň Şasyna degişlidir. Hudaýyň gyzlarynyň elinde gylyç ömrüň we nuruň ýaragy bolup durýandyr.

## Hudaýyň gylyjy

Şu kitaby ýazan döwrümde ýüze çykaran käbir zatlarym barada size gürrüň bereýin. Iňlis dilinde “Hudaýyň sözi” we “Hudaýyň

gylyjy” diýen jümlelerde meňzeş harplar bar. Eger şol bir harplary goýup, diňe arasyndaky aralygy üýtgetseňiz, siz “Hudaýyň sözüniň” “Hudaýyň gylyjyna” öwrülýändigini görersiňiz*.

Pawlusyň Efeslilere hatynda: “Hudaýyň sözüni, ýagny Mukaddes Ruhuň gylyjyny” (Efes. 6:17) diýip ýazan sözleri, gör, nähili ajaýyp we oslagsyz tassyklama.

Bize gerek zatlaryň ählisi Onuň Sözünde gizlenilgi we biz muny gizlenip goýlan hazyna kimin tapyp alýarys!

Men ýaňy-ýakynda dileg wagty biziň döwrümizde Hudaýyň gyzlarynyň juda köpüsiniň ýaragsyzdygy baradaky sarsdyryjy bilime eýe boldum. Bu olaryň diňe bir taýýarlykdan we oňat esbaplardan mahrumdygyny aňlatman, eýsem töwekgel ýagdaýdadygyny we aldawa diýseň duýgurdygyny aňladýar. Soňky günlerde janlarymyzyň duşmany öz-özüni aldaýan ýalan pygamberler we doganlar arkaly gylyjyň iki tarapy bilen-de urgulary güýçlendirer. Täze Äht aldawlar we galp pygamberler baradaky duýduryşlardan doly. Mattanyň hoş habary we Ýohannanyň biriniji haty: “Ençeme galp pygamberler döräp, köpleri azdyrarlar” (Mat. 24:11) diýip bize duýdurýar.

> “Mähribanlarym, özünde Hudaýyň Ruhunyň bardygyny aýdýan her bir adama ynanyp ýörmäň. Olaryň Hudaýdandygyny ýa-da däldigini bilmek üçin synagdan geçiriň. Sebäbi dünýäde ençeme galp pygamberler peýda boldy” (1 Ýoh. 4:1).

Aldawyň hötdesinden nädip gelmeli? Adamlaryň aýdýanlaryny Hudaýyň Sözüniň hakykatyndan geçirmek arkaly. Hudaýyň Sözüniň demri biziň durmuşymyzy ýiteldende, biz kalbymyzy hakykata köpden-köp gönükdirýäris. Bilime köpden-köp eýedigimize garamazdan, hakykata görä hereket etmesek, ýene-de howp astyna düşýändiris.

> “Hudaýyň sözüni ýöne bir diňläp goýman, eýsem, onda aýdylanlary ýerine ýetiriň, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz” (Ýak. 1:22).

Gylyçlar söweş üçin gynyndan çykarylýandyr. Biziň ýagdaýy-

---

* Bu iňlis dilindäki söz oýnatmasydyr: God’s word — Hudaýyň sözi, God sword — Hudaýyň gylyjy. — *Terjimeçiniň belligi.*

myzda bu Hudaýyň Sözüniň gylyjyny çykaryp, ony durmuşymyzyň hakykylygyna getirmekligi aňladýar.

*Ýagşylygyň bardygy baradaky bilim ýagşylygyň edilmedik ýagdaýynda ony köplenç ýamanlyga öwürýändir.*

– S. Martelli “Gylyçlaşmak ussady”

Gylyjy ulanmak başarnygy ýa-da gylyçlaşmak ussatlygy gyzgalyňly söweşiň öň ýanynda belli bolýandyr. Adamyň türgenleşikde özleşdiren tilsimleri söweşlerde aýan bolýar. Gapma-garşylyk taýýarlyk döwründe taplanan häsiýeti barlaýandyr.

Bu kitaby näme üçin ýazýandygym baradaky soraga aýdyň jogap berýän bir wakany size gürrüň bereýin.

2009-njy ýylda men ajaýyp ýurtda – Täze Zelandiýada saparda bolup, ol ýerde birnäçe konferensiýalarda wagyz edipdim. Günleriň birinde irden ukymy ine-gana alarym ýaly bir mümkinçilik peýda boldy, men muňa diýseň begenipdim. Wagt ýarygijeden geçipdi, şonuň üçin-de men ýassyklardan böwetler gurap, göwnühoş halda ýorganyma dolandym.

Gözümi ýummazymdan öň men elektron sagadyň ekranyny özümden ters tarapa öwürdim. Hiç bir jaň-da, sagatdaky ýa-da el telefondaky oýaryjy sesler-de bolmasyn. Men ukymy almakçydym! Men garaňkyradýan tutulary dartdym, gulagyma dykylary dykdym we ukladýan gerdejikleriň birini içdim. Men ýoldan argyn bolan bedenime oňat uky bermek üçin mümkin bolan çäreleriň hemmesini görüpdim.

Ýöne, gynansam-da, meniň niýetim başa barmady. Daňdan üç bilen dördüň aralygynda men beýnimde: “Öz gylyjyňy çarhla” diýip öwran-öwran gaýtalanýan jümleden ýaňa oýandym.

Gylyjy çarhla? Bu näme aňladýar? Düýşüme nämeler girip ýör? Men beýleki tarapyma öwrüldim-de, gulagymdaky dykylary oňatja dykyp, ýassyklaryň arasynda rahatja ornaşdym. Ýöne bu jümleden dynyp bilmedim, ol meniň kellämde gaýtalandy durdy: “Gylyjyňy çarhla”.

Men hajathana gidip geldim-de, ýene-de düşegime geçdim.

Men ýene-de uka gitdim, ýöne ol eýýäm başgaçady. Uky birahat we ýüzleýdi, kellämde bolsa: “Gylyjyňy çarhla” diýen sözler gaýta-gaýta gaýtalanýardy.

Men oýandym-da sagada seretdim, sagat bäşden işlän eken. Men aňymy köşeşdirmesem, uklap bilmejekdigime düşündim. Men gözümi ýumdum-da, bu jümläniň kellämde näme üçin gaýta-gaýta gaýtalanýandygyna düşünmäge kömek eder umydy bilen, ony ozal nirede eşidendigimi hakydama getirjek boldum. Ol, belki, golaýda okan kitabymdan ýa-da ýaňy-ýakynda görlen filmden bolaýmasyn? Men bolup biläýjek wariantlaryň baryny aňymda seljerýärkäm, saparymyň öňýanyda oglum bilen eden gürrüňim ýadyma düşdi. Men şonda ondan: “Täze Zelandiýadan näme getireýin?” diýip sorapdym. Ol bir salym-da säginmän: “Eje, maňa ‘Ýüzükler hökümdary” bilen bagly bolan haýsydyr bir zady getirseň bolýar” diýdi.

Men onuň haýyşyny ýerine ýetirip biljegime şübhelenip, näme isleýändigini has anygrak aýtmagyny soradym. Ol birnäçe wariantlary teklip etdi, şonuň üçin-de Oklende baran badyma howa menzilinde meni garşylamaga çykan mylaýym gyzdan ‘Ýüzükler hökümdary” kitabynda gürrüňi edilýän zatlaryň haýsydyr birini nireden tapyp bolýandygyny soradym. Ol şeýle zady internet-dükanda ýa-da ABŞ-da tapmagyň has aňsat boljakdygyny aýtdy. Şondan soň men oglumyň haýyşyna uly üns berip-de durmadym. Şindi bolsa gijäniň içinde men birdenkä “Gylyjyňy çarhla” diýen jümle “Ýüzükler hökümdaryndan”, has anygrak aýtsam, J.R.R.Tolkiýeniň “Ýüzükler hökümdary” atly üç kitapdan ybarat eseriniň sýužeti boýunça düşürilen “Patyşanyň gaýdyp gelmesi” atly filminden bolaýmasyn diýip oýlandym.

Men düşegimden turdum-da, çyrany ýakdym we käbir pikirleri ýazmaga oturdym; men şondan soň uklap bilerin diýip umyt edýärdim. Ýöne men ýazyp başlan badyma üstüme pikirler akymy indi, men olary harsal hatym bilen ýetişibildigimden ýazýardym. Hudaýyň Ruhy maňa ýazarym ýaly Mukaddes Ýazgylardan keşpleri we jümleleri berýärdi, men olary indi siziň bilen şu kitapda paýlaşýaryn.

Men Ruhuň pyşyrdap, Isa Mesihiň Bedeniniň juda köp şahalarynyň Onuň Sözünden käbir parçalary we jümlelerini alýandyklary we Ony bütewi kabul etmegi unudýandyklary barada aýdýanlaryny eşidýärdim. Şeýle-de Ruh ykdysady, tebigy, syýasy,

medeni we jemgyýetçilik häsiýetdäki sarsgynlaryň ýer ýüzüne iki esseleýin güýç we ýygjamlaşma bilen geljekdigini aýtdy. Bu synaglar ahyrda Onuň halkynyň birikmegine ýardam eder, bu halk anyk maksadyň daşynda jemlener. Hudaýyň Sözüniň saldamy we abraýy artdygysaýy köp wajyp soraglaryň jogaplary hem aýan bolup başlar.

Bu pikirlere gulak goýanymda, men haýsydyr bir ozal bütewi bolan ýaragyň böleklerini we söweş tuglaryny galdyrýan adamlary göz öňüme getirýärdim. Gylyçlaryň tutawajy ýokary galdyrylýardy, ýöne ötgür ýiti tyglary bolmansoň, olar peýdasyzdy. Sypalara meňzeş belentliklerde gylyçlaryň döwük-ýenjik uçlary ýatyrdy, olar ozal ýiti tyglar bolup, öz nyşanlaryny parran deşip bilýärdiler. Pytrap ýatan we döwük-ýenjik gylyç bölekleri demir üýşmeginden başga zat däldi.

Beýleki esgerleriň ellerinde döwlen gylyçlaryň tyglary bardy, ýöne olaryň sapy ýokdy. Bu esgerler kuwwatsyzdylar, olar diňe özlerini ýaralaýardylar we şonuň üçin-de öz tyglaryny taşlaýardylar. Esgerleriň üçünji bir topary ellerinde sapynyň kese tutawajy bolmadyk gylyçlary saklaýardylar, şonuň üçin-de olaryň elleri gylyjyň tygyna aňsat typýardy. Ýaragyň ähli böleklerini bir ýere jemläp bolan ýagdaýynda olar güýç we gerekli netijäni edinerdiler. Bu ýiti uçlary bolmadyk, döwük-ýenjik tyglardy, bu güýji bolmadyk demirdi. Ýaragyň ähli bölekleri ullakan araçäkde pytrap ýatyrdy; olar diňe bir ýere jemlenende netijeli bolýandyr. Biz ýaragyň diňe bir bölegi bilen söwşýärkäk, duşman üstümize hüjüm edýär, ol boýdan-başa ýaraglanandyr. Biziň aýra-aýra sözleri akmaklyk bilen galgadyşymyzy görende, duşman biziň üstümizden gülýär diýip howatyrlanýan, çünki bu sözleriň güýji olaryň bütewiligindedir.

Parahatlyk bilen rahatlygyň belli bir döwründe Hoş Habaryň käbir parçalary bizi haýsydyr bir gysga wagtyň dowamynda goldamagy ahmal. Emma welin juda kyn ýagdaýlarda ýykylman durmak üçin gerek bolan merdemligi tapmakda olar ýeterlik bolmaz. Bu edil bölünen ýygnagyň ýykylman durup bilmeýşi ýaly bolýandyr.

Şu möwsümiň söweşi üçin gerek bolan ýaragymyzy gaýtadan toplamak üçin bize gerek bolan zatlaryň bary Hudaýyň Sözünde bar. Her bölegi: ulusy-da, kiçisi-de eýýäm biziň bütewilikdäki janly ykrar etmegimize garaşýar. Eger bizi biragyzdan dileg etmek ýagdaýyna getirmek üçin, agzalalykdaky zatlary agzybirlige getirmek üçin synaglar talap edilýän bolsa, goý, bu şeýle-de bolsun.

Maňa dogry düşüneweriň. Men eglişige ýol bermegi ýa-da Sözi ýoýmaklygy teklip edemok. Men sizi Sözi onuň asyl manysynda öwrenmäge, dileg we ykrar etmäge hem-de onuň oňa size tasir etmegine ýol bermäge çagyrýaryn. Hudaýyň Sözi janly, täsirli, kämil we päkdir.

Meniň görüp eşidenlerim Hudaýyň Mukaddes Sözüni onuň maslahatynyň bütin danalygynda we güýjüniň belentliginde ykrar etmekliginiň ähmiýetini görkezýärdi. Bu Hudaýyň Sözüni onuň mukaddesliginden mahrum edip, ony ynsan dili etmäge derek, ynsan dilini mukaddesdile öwürmäge bolan çagyryşdy.

Iblis Hudaýyň gudratly Sözüni bölek-bölek parçalaýan agzala Ýygnakdan gorkmaýar, ol Hudaýyň Sözüniň gylyjyny – çarhlanyp, adamlaryň durmuşyna täsir edýän gylyjyny alyp, aýaga galýan Ýygnagyň öňünde gorkudan ýaňa sandyraýar. Biz Onuň Sözüniň diňe käbir ýerlerini, aýratyn-da halaýan ýerlerimizi okaman, ony tutuşlygyna okap, ulanyp başlanymyzda, biziň elimize nämäniň berlendigine dogrudan-da aň ýetireris. Biz birek-birege hüjüm etmäge derek öz güýjümizi birek-birege kömek bermäge, birek-biregimizi ýiteltmäge sarp etsek, Isa Mesihiň Bedeni bütewilikde aýaga galar. Ýygnak Hudaýyň päklenmesini we düzedişini kabul edende, gylyçlaryň dost-ýarlara garşy däl-de, duşmanlara garşy ulanmalydygy onuň ýadyna düşer.

## Çarhlanan gylyç

Täze Zelandiýadan öýe dolanyp gelenimden soň, “Ýüzükler hökümdary” filminde şol jümläniň dogrudan-da bolup-bolmazlygyny, bolaýan ýagdaýynda-da onuň haýsy kontekstde ýaňlanýandygyny bilmek üçin, bu filme ýene-de bir gezek tomaşa etdim. “Patyşanyň gaýdyp gelmegi” – uzak film, şonuň üçin-de men onuň sýužetini gysgaça beýan edeýin.

Bu film ýagşylyk bilen ýamanlygyň, adam bilen jynyň, ýagtylyk bilen tümlügiň arasyndaky ägirt urşuň öňüsyrasyndaky wakalary beýan edýär. Arkadaşlaryň goşunlary ýygnanýar, ýöne olar özlerine garşy aýaga galan zabun goşundan azlyk edýärler. Batyrgaý söweşijeleriň ýeňiş gazanmaga hiç mümkinçiligi ýok ýaly bolup görünýär. Şonda melike gyz Eowin geljekki wadanyň nurunda ýitirim bolup barýan görnüşi görýär. Ol kakasynyň ýanyna dolanyp gelýär-de, ony gadymy gylyjy çarhlamaga yrýar. Ol, ine, şeýle diýýär:

"...külden ot alawlar.
Ýagtylyk tümlügi böwser.
Döwlen tyg täze ýaly ýalpyldar.
Ozal şa jygasyndan mahrum bolan ýene-de patyşa bolar.
...Gylyjyňy çarhla".

Filmiň sýužeti has giňişleýin manyda alnanda, Tolkiýeniň şahyrana rowaýatyndaky bu iki söz gyzaran çalgy daşynyň, çekijiň we gylyjy çarhlap bilýän kuwwatly ökde demir ussasynyň janly keşpleri bilen utgaşyp gidýär. Bölek-bölek parçalar bir ýere jemlenip, oduň, basyşyň we suwuň dyngysyz berlişine birigip, gaýtadan bütewi bir güýje öwrüldiler. Gylyç täze durmuşa eýe boldy.

Ozal hereketde bolan bu geçmiş ýadygärligi ähli bolup biläýjek zatlaryň parlak nyşany boldy! Gylyjyň çalnan by tygynda geçmişdäki ýeňişler häzirki döwrüň çykgynsyz ýagdaýlaryna kaklyşdy we gelejege bolan umyt gaýtadan parlady.

Biziň häzirki ýagdaýymyz bu kitabyň toslama sýužetinden nämeleri bilen tapawutlanýar? Biz häzirki wagtdaky ýeňişleriň gamyny iýmän, heniz-de öňkimiz ýaly geçmişiň şaýatlyklaryna buýsanýarysmy?

Men çarhlanan gylyjyň nyşanylygy barada oýlananymda, buýsanç duýgularyna gaplanýaryn. Bize ynanylan gylyç geçmişdäki gylyçdan has üstündir. Bize baky gylyç peşgeş berlen, ol aýry bir ýeňiş üçin niýetlenilen däl. Biziň diri Hudaýymyzyň Sözi öz hakykylygyny gaýtagaýta subut edýär. "Ýüzükler hökümdarynda" gylyç täze tertibi döretdi; biziň Hudaýymyzyň gylyjy gögi we ýeri döretdi. Olaryň gylyçlary ýeriň jümmüşinden alnan demirden ýasalypdy; biziň gylyçlarymyz ähli zady ýuwudýan gökleriň ýalnynda ýasalýar. Taryhda ýöne bir yz galdyrman, eýsem ony üýtgetmek üçinHudaýyň Sözüniň gylyjyny ele almaga wagt boldy.

Öz şalyk derejesinden mahrum edilen Aragorn patyşadan tapawutlylykda, biziň Rebbimiz şa tagtynda ebedilik oturandyr. Ýöne biz Onuň hökümdarlygynyň astyndamykak? Biz Hudaýyň Sözüniň gylyjyna iki elimiz bilen ýapyşyp, soňky çözgüdi Oňa goýan ýagdaýymyzda nämeleriň boljagyny göz öňümize getirmekden gorkýan bolaýmaly? Sözi jikme-jik öwrenmegi bes edip, oňa laýyklykda ýaşap başlasak näme? Mukaddes Ýazgylary ýöne ykrar etmäge başlap, Mukaddes Ruha

ony düşündirmäge ygtyýar etsek näme? Men ýygnaklar üçin gylyjy ulanyp bilmekdäki endikleri bilen şöhratlamaga wagtyň gelendigine ynanýaryn. Gylyç bilen ýara salandan, ol arkaly şypa tapmak üçin has köp ökdelik we ussatlyk gerek bolýandyr.

> “Sag-salamatlyk bolmasa hem ‘sag-salamatlyk, sag-salamatlyk’ diýip, halkymyň ýarasyny ýüzleý bejerdiler” (Ýerm. 6:14, şeýle-de ser. Ýerm. 8:11).

Ýüregi çalyşmaly bolanda, kosmetik hirurgiýanyň we ýüzleý çemeleşmäniň peýdasy azdyr. Adamlaryň ýer ýüzündäki ýaşaýşyna syn edip-de, onda bolmadyk parahatlygy nädip görüp bolar? Biz parahatlyga eýe bolup bilýäris we dünýä Şazadasynyň hökmürowanlygynyň astynda bolmaly. Ýöne welin Hudaýyň höküm eden ýerinde biz “hemme zat sag-salamatlyk” diýip aýdyp bilmeýäris. Şeýle ýagdaý üçin Hudaýyň berýän dermany, ine, şeýledir:

**Hudaýyň Sözüniň gylyjy gökleriň meýlini ýer ýüzüniň niýetlerinden aýyl-saýyl eder.**

“Ýoluň çatrygynda durup serediň, owalky ýodalar hakda sorap, ýagşy ýoluň nirededigini öwreniň; ondan ýöräň, janyňyz rahatlyk tapar. Emma olar: ‘Ol ýoldan ýöremeris’ diýdiler” (Ýerm. 6:16).

Şaýol bar we gadymy ýol bar. Birinjisi ulaglardan dos-doly, sebäbi ol giň. Ikinjisi dar bolany üçin, ondaky hereket pesräk. Hudaýyň Sözi ýolumyzy ýagtyltmaga we geçip bilerimiz ýaly ýoly böwetlerden arassalamaga güýji bardyr.

Hudaýyň Sözüniň gylyjy gökleriň meýlini ýer ýüzüniň niýetlerinden aýyl-saýyl eder.

Biz ýigrimi birinji asyrda ýaşaýarys we ýokarda aýdylanlaryň nukdaýnazaryndan göze görünmeýän gylyçlardan peýdalanmaklyk baradaky teklip bize gyssagara edilen, amaly däl we fantastik görnüp bilýär. Galyberse-de, Isa Mesih Petrusa gylyç çekenleriň hemmesiniň gylyçdan öljekdigini aýtmadymy näme? (ser. Mat. 26:52). Gürrüňimizi dowam etmezimizden öň, bu soraga jogap bermeli. Geliň, Isa Mesihiň Öz şägirtleriniň arasynda Pesah naharynyň başynda oturyp, olara ozaldan belli bolan zatlary gelejekdäki zatlar bilen deňeşdirişini ýatlalyň:

“Onsoň Isa olardan: ‘Men sizi gapjyksyz, torbasyz we çaryksyz ýollan çagym kem zadyňyz barmydy?’ diýip sorady. Olar: ‘Ýokdy’ diýip jogap berdiler” (Luk. 22:35).

Olaryň öz başdan geçirenlerini, ýagny obama-oba aýlanan döwürlerinde ýanlarynda Isa Mesihiň sözlerinden başga hiç zadyň bolmandygyna garamazdan, gerek zatlarynyň baryny gudratly tärde alyşlaryny ýatlap, ýylgyryşlaryny we baş atyşlaryny göz öňüme geirip bilýärin. Şonda Isa Mesih olara täze döwür barada şeýle diýdi:

“...Indi gapjygyňyz bar bolsa, ýanyňyza alyň, bir torba hem alyň. Gylyjyňyz ýok bolsa, donuňyzy satyň-da, bir gylyç ediniň” (Luk. 22:36, nygtama awtoryňky).

Şu aýadyň Mukaddes Kitabyň başga bir terjimesindäki wariantyny bereýin (maňa ynanaýyň, men ony özüm düzmedim):

“Şindi bolsa, eger gapjygyňyz bar bolsa, ony alyň, torbaňyzy-da alyň, eger gylyjyňyz ýok bolsa, donuňyzy satyň-da, gylyjç satyn alyň” (Häzirkizaman terjime).

Isa Mesih olara diňe gapjyk bilen torbalaryny almagy tabşyrmady, Ol olara gylyjyň eşikden has wajyp zat bolup biljekdigini-de aýtdy. Isa Mesihiň “Ýagşy mugallym” hökmündäki belli günleri geçdi, sebäbi ol kanundan daşary bolan adam diýip yglan edildi. Şägirtler *her bir pygamberligiň* berjaý boljak gününiň öňüsyrasynda ýygnanypdylar. Olar özlerinde bar bolan zatlaryň baryny gözden geçirenlerinde, on iki adama diňe iki gylyjyň bardygyny ýüze çykardylar.

“Şägirtler: ‘Eý, Agam! Ine, bu ýerde iki gylyç bar’ diýdiler. Isa hem olara: ‘Şol ýeterlik’ diýdi” (Luk. 22:38).

Soňra Isa Mesih Zeýtun dagyna dileg etmäge gidip, ol ýerde janyny gaýgyrman göreşýär we perişdeler gelip, Ony berkidýärler, şägirtleri bolsa şol pursat uklap ýatyrdylar. Isa Mesih olary oýaryp, dileg etmäge çagyran pursady baga Ýudas mähelläniň öňüne düşüp gelýär.

Men uklap ýatyrkam özümiň o diýen ýiti bolmadyk pyçak bolup bil-

meýänimi ilkinji bolup boýun almaga taýyn, ýöne iň oýa bolýan wagtymda hem şol şägirtleriň düşen ýagdaýy ýaly ýagdaýa düşsedim, onda iň bolmanda indiki ýagdaýdan ýaňa bütinleý aljyrardym. Şägirtler oýandylar, bolýan zatlara aň ýetirdiler we öz Rebblerini goramak üçin gylyçlaryna ýapyşdylar.

> “Isanyň ýanyndakylar näme boljagyny görüp: ‘Eý, Agam! Gylyç bilen uralymy?’ diýdiler. Olaryň biri baş ruhanynyň hyzmatkärini urup, onuň sag gulagyny kesdi. Emma Isa: ‘Hany, bes ediň!’ diýdi. Onsoň hyzmatkäriň gulagyna elini degrip, ony sagaltdy” (Luk. 22:49–51, nygtama awtoryňky).

Gylyjy ulanmaga taýyn bolmasaň, ony ýanyňa almak nämä gerek? Men Ýohanna gylyç bilen urup-urmazlygy sorapdyr, Petrus bolsa gylyjy alyp, urupdyr diýip çaklaýaryn. Luka anyk şu wakada Petrusyň tarapyny tutýan bolup görünýär, sebäbi onuň beýanatyndan biz hut Petrusyň baş ruhanynyň hyzmatkärini urup, onuň sag gulagyny kesendigini bilýäris. Mattanyň hoş habary bize gylyç kakandan soň Petrus bilen Isa Mesihiň arasynda nämeleriň bolandygyny beýan edýär:

> “Şonda Isa oňa şeýle diýdi: ‘Gylyjyňy gynyna sal, gylyç çekenleriň hemmesi gylyçdan öler. Näme Men Atamdan kömek sorap, ýüz tutup bilmez öýdýärsiňmi? Islesem, Ol şu pursadyň özünde Maňa on iki goşun perişdeden-de köp perişdeleri iberer. Emma beýtsem, Mukaddes Ýazgylar nähili berjaý bolar? Bularyň ählisiniň amala aşmagy gerek ahyry!” (Mat. 26:52–54).

Şu parça meniň üçin hemişe tapmaçady. Petrusyň özüni nähili duýandygyny özüň aňmaly bolýaň. Isa Mesiň öňýanynda olara gylyjy ýanlary bilen almalydygyny aýdansoň, onuň gylyjy ulanmaga wagt geldi diýip pikir eden bolmagy ahmal.

Garaz, her nähili bolsa-da, bu sözleriň Isa Mesihi goramaga hyzmat etmändigini batyrgaýlyk bilen aýdyp bolar. Men hatda şol sözleriň şol pursatda şägirtlerini goramaga niýetlenilendigine hem ynamym ýok. Galyberse-de, öz golastynda perişdeler goşuny bolana gorag gerekmi näme?

Mundan başga-da, Isa Mesih Petrusa gylyçdan dynmagy maslahat bermedi; Ol oňa ýöne gylyjyny gynyna salmagyny sorady. Bu hem maňa geň görünýär, sebäbi Ol yzýanyndan: "Gylyç çekenleriň hemmesi gylyçdan öler" diýip aýdýar. Siziň nämä diýjegiňiz-ä bilemok welin, men-ä: "Gylyjyňy ýygna, ol seniň başyňa ýeter!" diýerdim. Bu gapma-garşylyklaryň bary meni Isa Mesih gös-göni dälde, tymsallar arkaly gürländir diýip oýlanmaga mejbur edýär.

**Gylyçlar peýda bolanda niýetler äşgär bolýar.**

Ýohannanyň hoş habarynda Isa Mesihiň şägirtler bilen öňýanynda eden gürrüňinden Onuň olary ýagdaýlaryň şeýle öwrümlerine taýynlamaga synanyşan ýaly bolup görünýär. Ol Özüniň göklere dolanmazynyň öňüsyrasynda ýer ýüzünde gezen döwründäkisinden tapawutly sözleri näme üçin aýdandygyny düşündirýär.

> "Bulary Men size häzirden aýdyp goýýaryn. Wagty gelende, bulary size aýdandygymy ýadyňyza salarsyňyz. Size bulary ilkibaşda gürrüň bermedim, sebäbi Özüm siziň bilen biledim. Indi bolsa Men Özümi Ibereniň ýanyna gidýärin. Siziň hiç biriňiz Menden: ''Nirä gidýärsiň?' diýip soramaýarsyňyz" (Ýoh. 16:4, 5).

Biz ol ýa bu sözleri tä olaryň wagty ýetip gelýänçä eşitmeýäris. Biz olar babatda ker bolýarys, sebäbi biz olary eşidesimiz gelenok ýa-da olary eşitmek bize hökman däl. Ýöne günleriň birinde aýdyňlyk pursady geler ýa-da aňymyz ýagtylanyp gider, şonda ozal düşnüksiz bolan zatlar ap-aýdyň bolar. Siz adam bilen bolanyňyzda, haýsydyr bir pikirler aýdylman galýar, olar size aýdyň bolup görünýär. Ýöne araňyzy açanyňyzda welin bu ap-aýdyň çäkler edil dumana bürelýän ýaly bolýar.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Goranmakda-da, hüjüm etmekde-de iň oňat gylyçlaşma diňe takadyň we parahatlygyň bolan ýagdaýyndamümkindir.

Gylyç babatdaky düşnüksiz zatlary aýdyňlaşdyrmak üçin, geliň, ýene-de bir

parça garap geçeliň. Isa Mesih gitmezinden öň, Öz şägirtlerine şuny wada berdi: “Men hemişe, tä dünýäniň ahyryna çenli siziň bilen bolaryn” (Mat. 28:20).

Bu wada şol pursat üçin däl-de, gelejekki ýagdaýlar üçin has giň mana eýedir. Isa Mesih olar bilen bedende bolmagyny bes etdi we olar uzak ýurtlara gidenlerinde, ol ýerde kynçylyklara duçar bolanlarynda, ýeňiş gazananlarynda, bu wada olara sözleriň uly toplumlaryny beýan edýärdi. Bu wada diňe olary ruhlandyrman, eýsem häzirki günde bizi hem ruhlandyrýar! Bu wadada gizlenilgi umyt bize hem degişlidir.

Ýanýoldaşymyň ýanynda otyrkam: “Ezizim, men seniň bilen” diýmegim bir zat; biri-birimizden wagt we menzil uzaklygynda bolanymyzda welin bu sözleri eşitmek bütinleý başga zat. Bu jümleleriň biri görnüp-eşidilýän zat, beýlekisi – göze görünmeýän zada ynanmaklyk.

Şeýlelikde, Isa Mesihiň käwagt edilmeli herekete gabat gelmeýän sözleri näme üçin aýdandygy bize has düşnükli bolup galýar. Ol ilki bilen gylyç satyn almagy soraýar, munuň yzýanyndan bolsa gylyç ulanandygy üçin Petrusa käýeýär. Zeýtun dagy şol gije, Isa Mesihe dönüklik edilen gijesi, gylyçlaryň gynyndan çykarylmaly ýeri (wagty hem) däldi. Ol mukaddeslenme we dileg wagtydy, ýeridi.

Eger şägirtler uklaman, oýa bolan bolsadylar, onda olar Isa Mesihiň şol pursat Öz janyny goramaga derek, ony berendigine düşünerdiler.

Matta Isa Mesihiň gylyçlar barada aýdýan ýene bir ýagdaýyny bize aýdyňlaşdyrýar.

> “Meni ýer ýüzüne parahatlyk getirmäge gelendir
> öýtmäň. Men parahatlyk däl-de, gylyç getirmäge geldim”
> (Mat. 10:34).

Gylyçlar peýda bolanda, niýetler äşgär bolýar. Bu ýarag bizi ýa gorkudan ýaňa gaçyryp bilýär, ýa-da batyrgaýlyk bilen merdemlikde birleşdirip bilýär. Pesah naharynyň başynda edilen bütin gürrüňde şägirtleriň haçan hem bolsa bir wagt özlerini goramak ýa-da yzarlaýan duşmanlaryny gorkuzmak üçin gylyçlaryny gynyndan çykaryşlary barada ýazylan wakalaryň biri-de ýok. Bu meni Isa Mesihiň özüňi

goramak ýa-da ähli zady öz elimize alyp, öz güýjümiz bilen hereket etmeli diýip aýtmandygy baradaky pikire gönükdirýär.

Isa Mesih Öz hyzmatynyň iň başynda çölde kyrk günläp agyz bekländen soň ýalňyzlykda synagdan geçýär; Ol baýramçylykdan soň bagda dostlarynyň arasynda ýene-de synalýar. Ýöne birinji synag ikinjisinden o diýen tapawutlanmaýar. Birinji synagda iblis ajygan Isa Mesihden daşlary çörege öwürmegini soraýar. Bu haýyşy hatda Mukaddes Ýazgylara laýyk gelýän diýip-de hasaplap bolýar, sebäbi ysraýyllar çölden barýarkalar, Musa olara çöregi tapýardy .

Ýöne Isa Mesih şeýle jogap berdi:

> “’Ynsan diňe çörek bilen ýaşaman, eýsem Rebbiň agzyndan çykýan her bir söz bilen hem ýaşaýar’ diýip ýazylgydyr” (Mat. 4:4).

Birinji ýagdaýda başgalary naharlamak üçin, ikinjide bolsa Öz-Özüni naharlamak üçin gudrat gerekdi. Biraz soňra, Özüniň ýer ýüzündäki hyzmatynyň dowamynda Isa Mesih bu tapawuda nähilii oňat düşünendigi Özi babatda ýaşaýyş çöregi hökmünde gürläninden belli bolýar.

> “Ýaşaýyş çöregi Mendirin, Maňa gelen asla ajykmaz, Maňa iman eden asla suwsamaz” (Ýoh. 6:35).

Isa Mesih şu ýerde aýdanlaryny sözme-söz göz öňüne tutupmydy? Ýok. Men Isa Mesihe duşmazymdan öň-de, soň-da beden açlygyny we teşneligi duýýaryn. Çöldäki agyz bekleme Isa Mesihi özgertdi. Agyz beklemeden öň Ol çörek arkaly ýaýaşardy, soňra bolsa diri çöregi Berýäne öwrüldi, bu Onuň Özi – bedene öwrülen Sözdi. Şeýle-de iblis Isa Mesihi synap, eger Ol ybadathananyň depesinden Özüni oklasa, Ony halas etmek üçin Hudaýdan kömek talap etmegini sorady.

> “… Eger Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, Özüňi aşak okla. Çünki şeýle ýazylgydyr: Ol perişdelerine Sen babatda emr eder. Aýagyň daşa büdremez ýaly, olar Seni ellerinde göterer.
> Isa oňa şeýle diýdi: ‘Hudaýyňyz Rebbi synamaň’ diýip hem ýazylgydyr’” (Mat. 4:6, 7).

Isa Mesih dini başutanlara Özüniň Hudaýyň Ogludygyny subut etmek üçin, akmaklyk bilen başaşak bökmek üçin gelmändigini bilýärdi. Tersine, Ol biziň ählimizi haça götermek üçin gelipdi. Iblis Isa Mesihi ýer ýüzüniň bütin genji-hazynasy we şan-şöhraty bilen synajak bolanda, Ol ýene-de Sözüň gylyjyny ulandy:

> “Isa oňa: ‘Ýok bol, şeýtan! ‘Hudaýyňyz Rebbe sežde ediň, diňe Oňa gulluk ediň’ diýip ýazylandyr’ diýdi. Şundan soň iblis Isany taşlap gitdi. Perişdeler gelip, Isa hyzmat etdiler” (Mat. 4:10, 11).

Biz “ýazylgydyr! “ diýip, synagdan geçen badymyza perişdeleriň peýda bolýanlygy mese-mälimdir. Iblisiň Isa Mesih babatda edişi ýaly, ol biziň öňümizde hem Hudaýyň Sözüniň manysyny we onuň ulanylyşyny ýoýjak bolýar. Ol biziň Hudaýyň wadalaryndan ýalňyş ýapyşyp, öz-özümizi goraryмyza, başgalara guwanyp, olary arşa çykararymyza ýa-da öz bähbidimizi ararymyza umyt baglaýar. Geliň, hakykaty ykrar etmek arkaly onuň hakykaty ýoýýan hüjümlerini serpikdireliň.

Gylyç bilen söweşmegiň, namys ugrundaky başa-baş söweşleriň taryhynyň bütin dowamynda her gezek “Gylyç hakykatdyr” diýen jümle ýaňlanýardy.

Biziň hem hakykat gylyjy, ýagny Hudaýyň Sözi bilen ýaşap başlamagymyza wagt gelip ýetdi. Hudaýyň ýaraglarynyň saýlawy bilen ýakyndan tanşyp, has uly netijeleri gazanmak üçin, bu kitapda gylyçlaryň beýanaty, gylyçlaşmak ussatlygynyň adalgalary mysal getirlýär.

“Gylyçlaşma” we “fehtowaniýe” adalgalary biri-biriniň ornuny tutup bilýändir. Fehtowaniýe sözi “goranmak” sözünden gelip çykýar, biziň bolsa Hudaýyň Sözünden başga güýçli goragymyz ýokdur.

Fehtowaniýanyň tilsimlerini derňäp öwrenenimde, bu aýallaryň erkekler bilen bäsleşip bilýän sportuň seýrek bir görnüşidigini ýüze çykardym, sebäbi fehtowaniýe akyl ukyplarynyň beden güýjünden has artyk bolmagyny talap edýär. Fehtowaniýadyky ökdelik uly urgular arkaly däl-de, kiçiden anyk hereketler arkaly kesgitlenilýär. Söweşlerdäki ýeňiş öz oýnuňa göwnüýetmezçilik etmek arkaly däl-de, garşydaşyň indiki ädimini syzyjylyk bilen duýup başarmagyň netijesinde gazanaylýar.

# 3

# Sen gahryman bolup bilýärsiň

*Ylgamazdan, marafonda ýeňmek mümkin däl,*
*söweşe girişmezden, ýeňmek mümkin däl.*

– Riçard M. DeWoz

Biz nyşana öwrülmegimiziň asyl sebäbini ýüze çykardyk. Soňra biz gylyç barada – onuň näme üçin bize berlen ýaragdygy barada gürrüň etdik. Indi bolsa, geliň, gahryman bolmaklygyň nämedigi barada gürrüň edeli.

> Gahryman aýal – superaýal, çempion, ýeňiji, ýyldyz, baş gahryman, öňbaşçy we batyrgaý aýal.

Gahryman bolaýmagyňyzyň ähtimallygy üçin nyşana öwrülendigiňiz sizi gynandyrýan bolmagy ahmal. Dogrudan-da, kimdir biriniň janyňa kast etmekçi bolýandygy kimiň göwnüne ýarar öýdýärsiňiz? Ýöne özüňiziň ýönekeý bir aýal däldigiňiz size mälim ahyryn. Siz Gudratygüýçli Hudaýyň, gögi we ýeri, göze görünýän we görünmeýän zatlaryň baryny Ýaradanyň seçilip-saýlanan gyzy, şonuň üçin-de, siz duşman üçin howplusyňyz.

Men söweşiň çynlakaýdygyna, orta goýlan zadyň köpdügine düşünýändigiňize ynanýaryn, ýöne, Sara Konnorymyz ýaly, siz hem heniz, belki, hiç zat eden dälsiňiz. Ýöne welin hýsydyr bir zady amal etjek günüňiziň ýetip geljekdigini kalbyňyzyň jümmüşinde bilýänsiňiz. Gahrymançylyga eltýän ýoldaky syýahatyňyz Hudaýa Onuň ýoluna görä

hereket etmäge ygtyýar eden pursadyňyzdan başlaýandygy wajyp zatdyr.

Ýaňy-ýakynda döwrümiziň gahrymany diýip hasaplaýan bir tanyş aýalym (ol dünýäni özgerdip, müňlerçe adamlara täsirini ýetirýär) menden: “Men şu hyzmata çagyrylan diýip hasaplaýaňmy?” diýip sorady.

Men muňa hezil edip güldüm. Elbetde ol çagyrylan. Ýöne ol şonda-da bu babatdaky şübhelerini we ýaýdanmalaryny mälim etdi. Näme üçin? Sebäbi käwagt bu döwrüň dumany gelejekdäki perspektiwalary bizden gizleýär. Özüňiziň häzirki döwrüň taryhynyň bir bölegidigiňiz babatda hiç haçan şübhelenmäň.

*Biz şindiki günümizde iman gahrymanlarynyň ozalky öz günlerinde bolan adamlary ýaly bolup bilýäris. Ýöne şuny ýatda saklaň: olar şol günlerde özleriniň gahrymandygyny bilmeýärdiler.*

– A.U.Tozer

Eger iman gahrymanlary özleriniň şol günlerde gahryman bolandygyny bilmedik bolsalar, onda biz hem edil şeýle tärde öz gahrymançylyklarymyzy bilmän bileris. Biz olar bilen birdiris, sebäbi olar muňa aň ýetirmeseler-de, gahrymandylar.

## Hudaý adaty adamlary gahryman edýär

Biziň durmuşymyz peşgeşdir, biziň taryhymyz-da peşgeşdir, biz ony iman bilen açýarys. Biz özümiz üçin gahrymanyň häsiýetlerini tapyp, olary öz üstümize çekjek bolmaly däl. Hudaý siziň atlaryňyzy eýýäm iman gahrymanlarynyň - ýeňişden doly taryhy söweşlere gatnaşyjylaryň sanawyna ýazyp goýdy; bu taryhy söweşler gudratlardan, alamatlardan, göreşlerden we adatdan daşary wakalardan doludyr.

> “Bize peşgeş berlen taryh – bu Ybraýymyň däl-de, Hudaýyň taryhydyr” (Rim. 4:2, MSG, iňlis dilinden terjime **).

Geliň, taryhymyzyň başlanýan ýerinden – ilkinji iman gahrymany bolan Ybraýymdan başlaly. Ol öz taryhdaky syýahatyny ähli zady öz-

** Şu ýerde we başga ýerlerde: The Message Bible. — Mukaddes Kitabyň Ýujin Peterson tarapyndan grek dilinden häzirkizaman iňlis diline edilen terjimesi — *Terjimeçiniň belligi.*

başdak çözmegi goýbolsun eden pursadyndan başlapdy.

Biziň köpimiz ýaly, Ybraýym butparazyň neslindendi (ser. Ýeş. 24:2). Butparazlyk el bilen ýasalan keşplere we zatlara sežde etmeklige esaslanýar. Hudaý biziň oýlap tapyp biläýjek zatlarymyzdan has beýik işleri etmegi ýüregine düwende, Ol biziň niýetlänlerimizi ýalkamaýar, Ol bizi Öz maksatlaryna girizýär.

Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylgy: "Ybraýym Hudaýyň oňa eden zatlaryna girdi we bu öwrüm pursadyna öwrüldi. Ol öz-özüni dogruçyl etmäge dyrjaşmady, gaýtam muny Hudaýa ynandy" (Rim. 4:3, MSG, iňlis dilinden terjime).

Biziň öňümizde şeýle sorag ýüze çykýar: biz hem şeýle etmäge taýynmy? Eger taýyn bolsak, onda Hudaýyň bize taýynlan zatlaryna girmäge wagt ýetip geldi. Şeýdip, biz Onuň Ruhuna içimizdäki işini başmaga Oňa ygtyýar ederis. Bu hereket özümiziň Onda ýöne bir ýeňijiden has beýik kişidigimize bolan imanymyzy şöhlelendirýär. Biz öňe tarap hereket edip, öz ýüreklerimizi dogry ugra gönükdirdigimiz saýy, Ol bizi göze görünmeýän, ýöne haýsydyr bir ähmiýetli zadyň bolup biljek ýagdaýyna salýar. Biz Onuň bilen ýöränimizde, Onuň garaýyşlaryny edinmek bilen çäklenmän, eýsem Onuň ygtyýarlygyny hem edinýäris.

> "Isa olara şeýle jogap berdi: 'Hakykatdan hem, Atasynyň eden zatlaryny görmese, *Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez*. Atasy näme etse, Ogul-da şony edýändir'" (Ýoh. 5:19, nygtama awtoryňky).

Ylalaşyk "kimdir biri bilen agzybir we sazlaşykda" bolmagy aňladýar. Eger Isa Mesih, Hudaýyň ýeke-täk Ogly Ondan birugsat hereket etmedik bolsa, onda biz hem, Onuň gahryman gyzlary, Onuň ugrukdyrmasyna eýermedik ýagdaýymyzda bakylykda gymmady bolan zatlaryň birine-de ýetmeris!

Mukaddes Kitap Ybraýym ýaly geçmişdäki gahrymanlary "töwekgellik we iman bilen Hudaýyň ýolundan ýöremäge we ýörelgelerine görä ýaşamaga" (Rim. 4:12, MSG, iňlis dilinden terjime) taýyn adamlar kimin suratlandyrýar. Hudaýyň Isa Mesih arkaly bizi geçmişdäki günälerimizden halas edendigine ynanyşymyz ýaly, biz Onuň Isa Mesih arkaly gelejekde biziň adymyzdan eýýäm hereket edýändigine hem ynanýarys.

> “Biz Ybraýymy ‘atamyz’ diýip onuň öz dogruçyl durmuşy bilen Hudaýyň ünsüni özüne çekendigi üçin atlandyramzok. Biz Hudaýyň Ybraýymy ol heniz hiç bir ähmiýete eýe bolmadyk wagtynda ony ähmiýetli edendigi üçin ony şeýle atlandyrýarys” (Rim. 4:17, MSG, iňlis dilinden terjime).

Biz dogruçyl durmuşda ýaşamak arkaly özümizi halas edip bilmeýäris. Isa Mesihden - Oguldan başga hiç bir dogruçyl ýok. Şonuň üçin-de, Hudaý imanymyza görä Ybraýym babatda edenlerini bize-de eder umydy bilen özümizi Oňa tabşyrýarys. Şeýle-de, bizi, ýagny aslynda hiç ähmiýetsizleri ähmiýeti bolanlara öwürmegine ygtyýar edýäris. Şindi ähmiýete eýe bolan bu kişi batyrgaý gahryman gyz bolup görnüp biler; ol birwagtlar ruhy synyk we göwni ýykylan gyzdan döredi. Hudaýyň işlerini öz adymyzdan berjaý etmek bilen, biz hereket edýän gahrymanlara öwrülýäris. Bizden öň ýaşanlar märekeden öz iman işleri, edermen hereketleri bilen saýlanýardylar. Olar Hudaýyň taryhynda gahrymanlar derejesine eýe bolýardylar.

> “Barlygyň esasy delili Hudaýa bil baglamaklygyň we imanyň durmuşymyzy manylandyrýan zatlaryň bary üçin berk binýat bolup durýanlygyndan ybaratdyr. Biz göze görünmeýän zatlaryň baryna şeýle garaýarys. Biziň ata-babalarymyz *iman hereketi* bilen tapawutlanýardylar, bu olary köpçülikden aýyl-saýyl edýärdi” (Ýew. 11:1, 2, MSG, iňlis dilinden terjime, nygtama awtoryňky).

## Gahrymanlar – bu binýady bolan adamlardyr

Biz bu iman hereketlerini Ýewreýlere ýazylan hatyň her bir aýadynda görýäris, onda “iman” sözi köpden-köp ýaň salýar. Aşakda bu gahrymanlaryň iman bilen amal eden işleriniň sanawy berlen:

- göwne ýakymly gurbanlyklary berýärdiler;
- ölümden gutulýardylar;
- Hudaýy hoşnut edýärdiler;
- çöllük ýerde äpet gämi gurdular;
- ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndan çäk geçirýärdiler;

- näbelli ýerlere gidýärdiler;
- ýer ýüzünde gelmişek kimin ýaşaýardylar;
- nazarlaryny bakylyga dikýärdiler;
- Hudaýyň olar üçin niýetlän zatlaryny iman bilen kabul edýärdiler;
- gartaşan döwründe göwreli bolup, tutuş milleti dogurýardylar;
- synag döwürlerinde Hudaýa ýüz tutýardylar we Oňa Öz wadalaryny ýatladýardylar;
- gelejege uzap gidýärdiler we öz nesillerine ak pata berýärdiler;
- öňden bellenilen maksat we Müsürden çykjakdyklary barada pygamberlik edýärdiler;
- patyşanyň buýrugyna gulak asman, ogly bukdular;
- ezijileriň tarapynda bolelinlikde ýaşandan, ezilip, Hudaýyň halkynyň arasynda ýaşamagy saýlap alýardylar;
- göze görünmeýän baky Hudaýa tarap öwrülmek üçin, ýer ýüzündäki zalym patyşadan ýüz öwürýärdiler;
- Pesah baýramyny belleýärdiler;
- Gyzyl deňziň düýbünden ýöräp geçdiler;
- Ýerihon galasynyň daşyndan ýedi gezek aýlandylar;
- jansyzlary kabul etdiler we ölümden gutuldylar;
- şalyklary ýeňýärdiler;
- hakykaty berkarar edýärdiler;
- özleri üçin wadalary kabul edýärdiler;
- ýolbarslaryň agzyndan, otdan we gylyçlardan halas edilýärdiler;
- ýetmezçilikleri bähbide öwürýärdiler;
- söweşlerde ýeňýärdiler;
- duşmanlary kowýardylar;
- öz caryndaşlaryny we ýakynlaryny ölümden dirilen halda yzyna alýardylar.

Men şu uzyn sanawdan dört punkty aýratyn belläp geçesim gelýär. Siz olary öz durmuşyňyza iman bilen kabul edip, gahrymanyň hereketlerini amal edip bilersiňiz.

1. **Hudaýyň size eýýäm beren zadyny iman bilen kabul ediň we onda geziň!** Ybraýym öz alan zatlaryna görä ýaşady. Ol yzyna öwrülip: “Hudaý bu meýilnamany tamamlady, şonuň üçin-de indi müdimilik gelmişek kimin çadyrda imana görä ýaşamagy bes etse-de bolýar” diýmedi. Ol ömrüniň ahyryna çenli Hudaýyň oňa açyp görkezen zatlarynda gezdi.
2. **Hudaýy hoşnut ediň.** Biziň Atamyz Öz perzentleriniň göze görünmeýän diregden – olaryň durmuşlaryny emele getiren direginden ýapyşmagyny we soňra olara açan aýanlygynda gezmegini halaýar. Ýewreýlere hatda şeýle ýazylan: “Iman etmeýän adam hiç wagt Hudaýy hoşnut edip bilmez. Hudaýa ýakynlaşan adam Onuň barlygyna we Özüni agtarýanlary sylaglajakdygyna ynanmalydyr” (Ýew. 11:6). Imana görä ýaşalýan durmuş Hudaýy hoşnut edýär. Mundan başga-da, iman “umyt edýän zatlarymyza” ýetirýär (Ýew. 11:1), ynamlylyk, umyt, bil baglamaklygy, durnuklylygy we wepalylygy berýär. Imandan doly durmuş mizemez ynamdan we Patyşamyz bilen berk baglanyşykdan doly bolýar. Munuň gapma-garşysy - wepalylykdan mahrum bolan imansyz durmuş bolup durýar. Hudaýy hoşnut edýän ýoly saýlamak bilen, siz indiki maksada ýetýärsiňiz.
3. **Öz nesilleriňize ak pata beriň.** Biz ýaşaýşy, ýalkanyşy we gulak asmaklygy göwünjeňlik bilen saýlanymyzda, müňlerçe nesli ýalkaýandyrys! Bize Zeburda nähili wadalaryň berlendigini okap bir görüň-ä: “ Ol — Hudaýymyz Reb, Ol tutuş ýer ýüzüne kazylyk edýär. Ol ähtini, müň nesle beren sözüni, Ybraýym bilen eden ähtini,Yshaga beren Öz wadasyny elmydama ýatda saklaýar” (Zeb. 104:7, 9).
4. **Ýer ýüzünde gelmişek bolup ýaşamaklygy saýlaň.** Biz gelmişek hökmünde bu dünýäden ýöne geçip gidýändigimize düşünmek diýseň wajypdyr. Biz Isa Mesihde kök urduk. Biziň durmuşymyz Ondan döreýär, şonuň üçin-de bu dünýäde ymykly kök urmagymyza ýol bermeli däldiris. Ösümlik suwy we ýokumly maddalary öz kök ulgamyndan alýar. Biz gerekli

zatlaryň baryny Hudaýdan alýarys we bu dünýä berýäris. Ýer ýüzündäki gelmişek bolup ýaşamaklyk märekeden geň-taň hereketler bilen tapawutlanmagy aňlatmaýar. Iň esasy zat gerekli ünsi saklap, dünýewi zatlar barada däl-de, gökler barada oýlanmakdyr. “Çünki siz ölensiňiz, durmuşyňyz bolsa Mesih bilen bile Hudaýda gizlenendir” (Kol. 3:3).

## Gahrymanyň öz garaýşy bar

Ýewreýlere hatyň 11-nji babynda beýan edilýän görnükli işleriň bary biz ýaly adamlar tarapyndan amal edildi. Biziň aramyzdaky ýeke-täk tapawut – olar özlerine gökleriň gelejegini saýlap, ýer ýüzüniň çarçuwalarynda we çäklendirmelerinde ýaşamaklygy ret etdiler. Biz – olaryň nesli. Olar – biziň mirasymyz!

Bulardan başga-da, olar ähli kynçylyklardan we synaglardan batyrgaýlyk bilen geçdiler. Olaryň käbirleri görgi baryny gördüler, ýöne ýeň bermediler. Olar kemsidilmelere, ýenjilmelere, zyndanlara, tussaglyga döz geldiler. Olaryň käbirleri daşlanyp, byçgalanyp öldürildi, käbirleri bolsa deriden tikilen eşikde öýsüz-öwzarsyz, dostýarsyz, şol döwürde hiç bir hak-hukuksyz ýer ýüzünde gezdiler. Ýöne häzirki günde olaryň durmuşlary bize uly güýçden habar berýärler. Mukaddes Kitap bu gahrymanlaryň eden işleriniň beýanatyny şeýle sözler bilen tamamlaýar: “Bütin dünýäniň mynasyp bolmadyk bu adamlary çöllerde, daglarda entediler, gowaklarda, köweklerde gizlendiler” (Ýew. 11:38).

Bu sözler meniň ýüregimi hyjuwlandyrýar. Men ýer ýüzüniň raýaty bolup ýaşanymdan, gökler raýaty bolup ýaşanymy halaýaryn! Şeýle görnüşden hyjuwlanmak üçin, bize jebir-jepa çekmek, byçgylanmak gerek däl, bize diňe öz tamalarymyzyň käbirlerini bütinleý üýtgetmek gerek.

## Gahrymanlar pursady sypdyrmaýarlar

Men şu babyň setirlerini ýazýarkam, biziň ýaşaýan şäherimiz otýalyn içindedi we biz Hudaýyň halas edişiniň diri şaýady bolduk.

Çärşenbe güni irden men öýümiziň ýerzemininde höwes bilen işläp otyrkam, ýanýoldaşym Jon öýe gaýdyp geldi-de, onuň bilen iş ýerine gitmegimi sorady. Ol sişenbe güni ähli işgärleri bilen bilelikde

Uolda deresindäki ýangynyň kesilmegi üçin dileg edipdi. Ýöne gynansak-da, şol gün öýlän biz öýümiziň basgançagyndan ýeliň möwjedýän ýangynynyň dag eňňitlerinden aşak süýşüp, öz ýolundaky ýüzlerçe öýleri ýuwudyşyna syn edipdik. Biziň şäherimizden otuz iki müň adam ewakuirlenmäge mejbur boldy. Şonuň üçin-de, çarşenbe güni Jon we hyzmatymyzdaky işgärler tutuş ofisiň göçürilmeginiň howpy astynda ýene-de dileg edýärdiler.

Ýagdaý öňküsinden-de erbetleşip başlady. Köp işgärlerimiziň gorkýandygy geň zat däldi, sebäbi ýangyn olaryň öýlerine we tutuş emlägine howp salýardy. Biz liderler hökmünde binany taşlap gitmelidigimiz babatda ylalaşanymyzda, Jon birdenkä meniň ýanyma geldi-de, gaharlanyp: “Liza, biz yzymyza ofise dolanyp, üçünji gezek dileg ederis” diýdi.

*Söweşde ýeňmek üçin, käwagt oňa gaýta-gaýta*
*girişmeli bolýar.*

– Margaret Tetçer

Men ilki garşy çykdym, sebäbi men kitabymy dowam etmelidim. Soňra bolsa men Ýewreýlere hatyndaky gahrymanlarymyň imanyny amal edip bilýändigime düşündim. Bu gahrymanlar barada şeýle ýazylgy:

> “...*lowlaýan ody öçürdiler*, gylyjyň tygyndan gaçyp gutuldylar, ejiz bolsalar hem güýçden doldular, söweşde kuwwatlanyp, keseki goşunlary derbi-dagyn etdiler” (Ýew. 11:34, nygtama awtoryňky).

Biz Jon bilen iş ýerimize ugradyk we ýolda bir tanşymyza jaň etdik; ol yhlasly meshidi we özüniň sarsmaz imany bilen bellidi. Käwagt, oduň edil ortarasynda bolan wagtymyz, bize howpsuzlykdaky adamyň sesini eşitmek zerur, sebäbi ol tüssaniň içinden çykalgany tapmaga kömek edip bilýär. Biz oňa bolýan zatlary gysgaça aýdyp berdik we Jon oňa öz ýüregindäkilerini, biziň näme üçin dileg etjek bolýandygymyzy aýdyp berdi. Bu mesihi aýalyň ýüregi şobada seslenip, Hudaýyň beýik gudraty üçin biziň bilen dileg etmäge ylalaşdy we ozal bolup geçen unudylmajak wakalary ýatlatdy. Biz ýangyn howpy bilen birinji gezek ýüzbe-ýüz bolamzok ahyryn. Şol söweşde bolsa *düýn* öwrenenlerimizi bize *şu gün* ýatlatmak gerekdi.

Siz, belki, geçen wakalary ýatlatmak üçin daşlardan üýşürilen baýryňyzyň ýokdugyny aýdarsyňyz. Onda siziň üçin ajaýyp bir täzeligim bar: Ýewreýlere hatda sanalyp geçilen işleriň hemmesi – bu siziň baýryňyzy bina edip biljek gurluşyk materiallaryňyzdyr.

Biz imandaky uýamyz bilen ýene biraz gürleşip durduk we onuň biziň hem-de işgärlerimiz bilen bile dileg edip bileri ýaly, oňa gaýtadan jaň etjekdigimiz barada wadalaşdyk. Biziň üçimiz-de gudratygüýçli Hudaýyň bize berjek jogabyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk. Hemme işgärlerimiz bir ýere ýygnanandan soň, Jon eline bir marker alyp, näme barada dileg etjekdigimizi tagta ýazdy. Biz ýangynyň ýaramagyny bes etmegi we sönmegi üçin, hiç bir binanyň ýanmazlygy, hiç bir adamyň mundan beýläk heläk bolmazlygy we ewakuasiýa baradaky buýrugyň ýatyrylmagy üçin dileg edýärdik. Otaga ýygnanalaryň ýüzüne garanymda, men gorkyny, imany, gaýgy-aladany, soraglary we hatda şatlygy gördüm. Soňra biziň hemmämiz daşary çykyp, dileg etmäge durduk. Şunlukda, biz tutuş ofise işgärlerimiz bilen üçünji gezek dileg etmäge ýygnandyk. Men käbirleriň "ýagşy niýetde bolmakdan ýadap" başlandyklaryny duýýardym. Ýöne biz seslerimizi beýgeldip, el-ele berşip, aýlawa duranymyzda, biziň dilegimiz güýçlenip başlady. Biziň näçe wagtlap dileg edenimiz ýadyma düşenok, ýöne biz uzakda nämedir bir zady aýdyň görýänçäk dileg edip durduk.... Biz jogaby gördük. Biziň üçimiz Hudaýyň ot bilen jogap berşini gördük; gökden gelen ot ýerdäki ody ýuwutdy. Munuň nähili bolandygy baradaky düşündirişleri menden soramaň, sebäbi olar mende ýok.

Dileg wagtymyz biz pes basyşly täze howa akymlarynyň gelşini mese-mälim duýduk, howanyň temperaturasy diýseň peseldi. Biz Jon bilen ofisden gaýdanymyzdan soň bir sagat geçip-geçmänkä, çabga ýagyp, güýçli ýel öwsüp başlady. Agşama çenli öňküsi gün öýlän öýümiziň basgançagyndan synlan ýangynlarymyzyň bary söndi. Bir bina-da oda ýanmady. Täzelik habarlarynda bolsa oduň öz-özünden yza öwrülendigini habar berdiler.

Şindi men biziň toparymyz bilen başga-da köp adamlaryň dileg

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Eger siz oýnuňyzy bes edip, bäsdeşiňiziň ugruna gidip başlan bolsaňyz, ýeňlersiňiz.

edendigini bilýärin. Biz öz seslerimizi güýçde we imanda ýörite niýet bilen beýgeldenimizde nämeleriň bolup bilýändigini gördük. Batyrgaý ýangyn söndürijiler, polisiýa işgärleri, milli gwardiýa we içeri işleriň goşunlarynyň beýleki bölümleri arman-ýadaman ýangyna garşy göreşdiler. Olaryň gaýratly zähmet çekişi ýaly, biziň üçin-de güýçli dileg etmegiň wagty gelip ýetdi, sebäbi eger olar ýangyn serhedinde gaýduwsyzlyk bilen durmaga taýyn bolan bolsalar, onda biziň iň azyndan edip bilýän zadymyz – göklerden kömek soramak bolup durýandyr.

Dileg etmeden başga-da, biziň işgärlerimiz ewakuasiýa edilen adamlara yhlas bilen wagtlaýyn düşelge tapmaga kömek etdiler. Gahrymanlar dilegleri hereketler bilen utgaşdyrmalydygyna düşünýärler.

## Gahrymanlar bütewi mirasyň bir bölegidir

Ýewreýlere hatyň 11-nji babynda şeýle ýazylan:

> “Bu iman adamlarynyň her biri wada gowuşman aradan çykdylar, ýöne olar ony aljakdyklaryna iman etmekleini bes etmediler. Bu olara nädip başartdy? Olar wadany uzakdan görýärdiler, olara ellerini salgap, salamlaşýardylar we ýer ýüzüne wagtlaýyn gelendiklerini boýun alýardylar”
> (Ýew. 11:13, MSG, iňlis dilinden terjime).

Bu iman gahrymanlary uzakdan nämeleri görýärdiler? Gymmat bahaly jaýlary we ulaglarymy? Men-ä beýle pikir edemok! Adatça *maddy zatlara* el salgamaýarlar, olar bilen salamlaşmaýarlar, *adamlar* bilen salamlaşýarlar we olara ellerini salgaýarlar! Eger biz olaryň göreldesine eýerjek bolsak, onda bizem uzaklara seretmeli bolarys. Bu gahrymanlar ellerindäki zatlara seretmeýärdiler, sebäbi olar uzakdaky gözýetimde görýän zatlaryna juda meşguldylar. Gahrymanlar – bu gökler babatda berk umydy we ynamy bolan adamlardyr, sebäbi iman bu “umyt edýän zatlarymyza bil baglamak we görmeýän zatlarymyza ynanmakdyr” (Ýew. 11:1).

Indiki aýady okaň-da, heşelle kakyň, päliňizi pes tutuň, sebäbi Gudratygüýçli Hudaý bizi-de, sizi-de şol gahrymanlaryň arasynda bolmaga mynasyp saýýar.

> “Olaryň hemmesi iman arkaly Hudaýyň öwgüsini gazanan hem bolsalar, olaryň hiç biri Hudaýyň wadasyna gowuşmady. Sebäbi Hudaý biziň üçin has oňat bir zady taýynlapdy. Ol Özüne sadyk bolan bu adamlaryň biziň bilen birlikde kämil bolmagyny isledi” (Ýew. 11:39, 40).

Biz hem olaryň durmuşlaryndan ybarat uzyn nobatyň hatarynda durus. Biz olaryň dowam edýän wakasynyň şol jemleýji hereketiň bölegidiris. Olaryň gahrymançylykly hereketleri biziňki bilen utgaşyp, tamamlanaryna garaşýarlar.

Bu gaýratly iman adamlaryň durmuşyna garanymda, men olara diňe uzakdan kiçijek bir nokatjyk bolup görnen zady näme üçin bize ýakyndan görmäge niýetlenilendigine düşünmeýärin. Olar zähmet çekseler-de, şol ekinleriň hasylyndan datmadylar, Hudaý bu hasyl orumyny bize berdi.

- Olar ýowuz şertlerde entedier; biz kondisionerli binalarda ýygnanyşýarys.
- Olaryň öýleri ýokdy; biz Hudaýyň öýünde mesgen tapyndyk.
- Olar Oňa öwgi nagmalaryny çöl-beýewanlanlarda aýtdylar; biz seslerimizi müňlerçe doganlardyr uýalarymyzyň arasynda beýgeldýäris.
- Olaryň elleri boşdy; biziň ellerimiz bolsa dos-doly.

Biz imanyň haýsy substansiýasyny olaryň iman mirasyna goşýarys?

Biz adaty zatlaryň çäklerinden has uzaklara seredip, öz durmuşymyzda bizden öň ýaşan gahrymanlaryň hereketlerini amal edip bilerimiz ýaly, hasylyň Rebbi gözümizi açyp, gözýetimimizi giňeltmegi üçin dileg etmegiň wagty gelip ýetdi. Biz bu gahrymanlaryň sözlerini hereketlerimiz bilen berkitmäge mümkinçiligimiz barmy? Olar üçin ýöne bir nyşan bolan zatlaryň üstüne el goýmak mümkinçiligimiz barmy?

> “Bizi şeýle köp şaýatlaryň gurşaýandygy üçin, päsgelçilik döredýän her hili ýüki we boýnumyzdan ýapyşan günäleri taşlalyň-da, öňümizde duran ýaryşda sabyrlylyk bilen ylgalyň. Geliň, gözümizi imanymyzyň gözbaşy we kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol geljekdäki şatlyga gowuşmak üçin, masgaraçylygy hiç saýyp, haçdaky ölüme döz geldi we Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy” (Ýew. 12:1, 2).

Biz Isa Mesihiň huzurynda şatlyk bolandygymyzy bilýäris. Men geçmişdäki bu gahrymanlar bizi şindi ruhlandyrýan adamlar dälmi näme diýip, ýygy-ýygydan oýlanýaryn. Perişdeler goşunynyň gurşap, öňe gönükdirişi ýaly, eýsem bu şaýatlar buludy hem bizi gurşap, öňe tarap gönükdirmeýärmi näme?

Men özümiziň Onda gahrymandygymyzy, Onuň-da biziň aramyzda gahrymandygyna köpden-köp aň ýetirýärin. Bu bilim özümiziň duşman üçin nyşandygymyz barada pikir edenimizde peýda bolýan her bir gorkyny ýeňýändir. Biz egnimizi dikeldip, şuny ykrar etmeli: men ýeňişde **şatlanmak** üçin goýuldym, sebäbi men "Hudaýdandyryn. Mendäki Ruh dünýädäki ruhlardan üstündigi üçin, galp pygamberleri ýeňendirin" (1 Ýoh. 4:4).

Bu sözleriň ýüregiňize ekilen imany janlandyrmagy we *gahryman zenan* umydynyň sizi ruhlandyrary ýaly, hatda şindi hem dileg edýärin. Aýna garanymyzda, biziň içki adamymyzyň adamlaryň bize keseden garanda görýän daşky keşbinden has uludygyna düşünmek nähili bagt! Göze görünmeýän çäk siziň çagyrylyşyňyzyň we gahryman zenanyň potensialynyň gizlin syryny saklaýar. Gahrymançylyk – bu sežde etmegiň amalydyr.

## Gahrymanlar – adatdan daşary şahsyýetler

> "Ýurtdaky mukaddes halka — şu abraýly adamlara ymtylýar kalbym" (Zeb. 15:3).

Men şu aýady halaýaryn, sebäbi ol mukaddesligi gahrymançylyga barabar edýär. Mukaddes "seçilip-saýlanan, göklere degişli, ajaýyp, täsin" diýmegi aňladýar. Şeýle-de bu "Rebbiň: 'güýç we zorluk bilen däl-de, diňe Meniň Ruhum bilen iş bitirersiň' diýýäni" (Zak. 4:6) bilen hereket edýändigimizi aňladýar.

Biziň gahryman derejämiz ynsan başarnyklaryna, güýjüne we hatda ynsan ruhuna garaşly bolman, eýsem Hudaýyň Ruhunyň güýjüne garaşlydyr. Biz üstün we adatdan daşary bolmaga çagyrylan, şonuň üçin-de şoňa laýyklykda hereket etmäge wagt ýetip geldi. Ruhda ýaşamaklyk bizi öz güýjümize ýa başarnyklarymyza daýanmaga ýykgyn edýän ýönekeý hereketlere we duýgulara mundan beýläk ýol bermeýändigimizi aňladýar. Şeýle-de, duşmanyň biziň hereketlerimiz arkaly hereket etmegine ýol bermeli däldiris.

> “...sebäbi araňyzda göriplik, dawa-jenjel bar. Eýsem bular siziň dünýä degişlidigiňizi aňlatmaýarmy? Siz dünýewi adamlar ýaly hereket etmeýärsiňizmi näme?” (1 Kor. 3:3).

Siz eşidýäňizmi? Biziň içimizde gizlenilgi güýji dolandyrmak üçin ynsan güýji we başarnyklary ýeterlik däl. Durmuşymyzdan göripligi we dawa-jenjeli ýok etmek bilen, özümizi adatdan daşary adamlar hökmünde alyp barýarys. Agzybirlikde hereket etmegi saýlap alanymyzda, ten tebigatyny ýeňýändiris.

Supergahrymanlar howp ýa gorky astyndaky adamlara kömek etmäge ukyply, sebäbi olar has beýik ygtyýarlygyň öňünde jogapkärçilikleriniň bardygyna düşünýärler. Biziň her birimiz öz güýji arkaly gahryman bolup bilýär diýip pikir eden ýagdaýymyzda, uzak gitmeris. Hudaý biziň güýjümiziň gözbaşydyr, biz Oňa hasabat bereris; Ol bizi kuwwatlandyrýar we Onuň adyny – Isa Mesihi beýleki adamlara tanatmakdaky aýratyn hukugy bize berýär.

## Gahrymanlar batyrgaýdyr

*Howp içindäki batyrgaýlyk – ýeňşiň ýarysydyr.*

– Platon

Gahrymanlar *hemişe batyrgaýdyr*, ýöne *hemişe batyrgaý bolmaklyk hiç haçan gorkmazlygy* aňladýandyr öýtmäň. Ralf Uoldo Emersonyň: “Gahryman adaty adamdan batyrgaý däldir, ol diňe bäş minut artygrak batyrgaýlyk edýändir” diýen şu sada jümlesi meniň pikirimçe gahrymanyň batyrgaýlygynyň asyl manysyny örän anyk suratlandyrýar. Käwagt hüjüm wagtyndaky batyrgaýlygyň goşmaça şu bäş minudynda bütinleý ümsümlik bolýar, ol Hudaýa soňky sözi aýtmaga mümkinçilik berýär. Ýa-da bu ýöne aýaga galyp, berk durmaklygy aňladýandyr. Batyrgaýlygyň goşmaça bäş minudy ejizleriň üstüne hüjüm edilenini göreniňizde sesiňizi gataltmalydygyňyzy

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Hakyky gylyç ussadynyň alamaty – iň soňky çözgüdi we jogaby özbaşdak saýlap bilmek ukybyna eýe bolmaklykdyr.

aňlatmaýar. Köplenç ýeňişlerde ýeňmegiňiziň, ýalanyň paş bolmagynyň, duşmanyň bolsa ýeňlip gaçmagynyň sebäbi söweş meýdanynda iň soňky bolup galanlygyňyz sebäpli bolýandyr.

Durmuş eýmendiriji pursatlardan doly bolýar, ýeliň güýçli öwüsmesini saklap bilmeýşimiz ýaly, gorky duýgularyndan hem saklanyp bilmeris. Ýöne biziň gerekli jogaby saýlama hukugymyz elmydama bar. Ganat gerip, ýeliň üstünde ganat ýaýýan bürgütler kiçi wagtlary hut şol ýellerden gorkýardylar. Goý, gorky sizi Hudaýa imrindirsin.

## Gahrymanlar adaty däl häsiýetleri bilen tapawutlanýarlar

Belläp geçilmeli zat, gahrymanlaryň hemmesi haýsydyr bir adaty däl häsiýetleri bilen tapawutlanýarlar, sebäbi olaryň durmuşy haýsydyr bir beýik zada garaşly bolýar.

*Gahryman – bu öz durmuşyny özünden has uly bolan haýsydyr bir zada bagyş eden adamdyr.*

– Jozef Kempbell

Gahrymanlar çempion bolanlaryndan, çempionyň maksatlaryna has köp ymtylýarlar. Daşky höweslendiriji faktorlar olara töwekgel, has batyrgaý, şepagatly, hereket etmäge taýýar, jogapkär we batyrgaý bolmaga mejbur edýärler. Gahrymanlar göze görünýän daşky diwaryň aňyrsynda has uly bir zadyň bardygyna hemişe düşünýärler. Gahrymanlar aýaga galyp, dim-dik durmaga gorkmaýarlar. Hakykylyk çäginden has ýokary galmaga bolan taýynlygy olara görnükli işleri etdirýär.

Şu kitabyň ýazylýan döwründe ýurduň ähli kinoteatrlarynda iň ýörgünli üç filmiň arasynda “Ar alyjy” filmi hem bar. Belläp geçmeli zat: ar alyjy – kemsidilenleriň goragçysy. Bu filmiň üstünlige eýe bolmagynyň bir sebäbi – ar alyjynyň ýekelikde hereket edýän we toparda işlemegi öwrenýän gahryman bolup durýar. Olar ýeke-ýekelikde örän güýçli, emma bilelikde welin ýeňilmezek bolýarlar.

Kapitan Amerika diýseň uly güýje we abraýa eýe, ýöne ol biraz sada. Top mylaýym we rehimli, onuň berk uly çekiji bar, ýöne ol doganyna ynanmaly däl hem bolsa, oňa ynanýar. Demir adam diýseň zehinli. Ol özüniň haýallygy

sebäpli gülkünç görünýär, ýöne ol gyjalatly we hyrsyzrak. Halk biçak güýçli, ýöne özüne erk edip bilmeýär. Gara dul aýal basyş astyna düşse, ökde we çalasyn bolýar, ýöne onuň garaňky geçmişi bar. Bu sanawda başga birtopar supergahrymanlaryň atlary hem bar, ýöne munuň asyl manysy olaryň hem-mesiniň üýtgeşik güýçli we gowşak taraplarynyň bardygynda jemlenýär.

Mukaddes Kitapda Isa Mesihden beýleki gahrymanlarynyň ählisiniň-de güýçli we gowşak taraplary bardy. Erkekleriň-de, aýallaryň-da arasynda bolan supergahrymanlaryň atlaryny agzasa bolar; olar dürli görnüşde we ululykda... edil biziň ýalydylar.

Mesihi "Isa Mesihe eýerýän we seçilip-saýlanan" diýmegi aňladýar. Biz öz gahrymanymyza – Isa Mesihe sežde edýäris we Hudaýyň üpjünçiligine we merhemetine bizden gahrymanlary etmegine ygtyýar edýäris. Pawlusyň Efesdäki ýygnaga näme diýýändigine gulak goýuň.

> "Hudaý güýçli we Ol siziň-de güýçli bolmagyňyzy isleýär. Şonuň üçin-de, Rebbiň siziň üçin taýynlan zatlarynyň baryny alyň, iň oňat materiallardan ýasalan berk ýaragy alyň we ony duşmanyň hile-pirimlerine garşy durmakda ulanyň. Biziň söweşimiz birki sagatdan soň unudylýan gündizki bäsleşik ýaryşy däl. Biziň söweşimiz aldym-berdimli söweşdir, biz bu söweşde iblise we gök astyndaky erbet güýçlere garşy soňuna çenli durmaly bolarys. Taýýar boluň. Size söweş garaşýar, onda diňe öz güýjüňiz ýeterlik bolmaz. Dik durup bileriňiz ýaly, Hudaýdan bolan islendik güýji we ýaraglaryň ählisini ediniň, muny hatda söweş gutaryp, gulagyňyzda diňe ýaňyň galan ýagdaýynda hem dowam etdiriň. Hakykat, dogrulyk, parahatlyk, iman we gutulyş sözlerden has ähmiýetlidir. Olary ulanmagy öwreniň. Olar size ömürboýy gerek bolar. Hudaýyň Sözi – bu hökmany ýarag, bu hökmany uruşda dileg hem wajypdyr. Yhlas bilen uzak wagtlap dileg ediň. Öz doganlaryňyz we uýalaryňyz üçin dileg ediň. Irkilmäň. Hiç kim ýykylmaz we yza galmaz ýaly, biri-biriňizi ruhda goldaň (Efes. 6:10–18, MSG, iňlis dilinden terjime).

Bu parçada saldamly maglumatlar bar. Geliň, olary punktlara böleliň. Sebäbi Efeslilere hatyndan alnan bu aýatlar şu kitabyň esasy manysyny we wezipesini belleýärler.

1. Hudaý güýçli, Ol Öz gyzlarynyň-da güýçli bolmaklaryny isleýär!
2. Onuň ýaragy ajaýyp.
3. Onuň bu ýaragyny ele alanymyzda, duşmanyň hiç bir hile-pirimi bizi ýoldan azaşdyrmaz.
4. Siz aldym-berdimli ruhy söweşe gatnaşýansyňyz.
5. Eger siz häzir taýynlyk görseňiz, duşmanyňyz üstüňizi duýdansyzlykda basyp bilmez.
6. Bu söweşde öz güýjüň bilen göreşmek mümkin däl.
7. Durmuşyň binýadynda hakykat, dogrulyk, parahatlyk iman we gutulyş bolmalydyr.
8. Hudaýyň Sözi – hökmany ýarag.
9. Dilege äsgermezçilik edilmeli däl.

Biziň Gökdäki Atamyz biziň her bir mätäçligimizi bilensoň, olaryň hötdesinden gelmegimiz üçin bize güýç we ygtyýarlyk berdi. Bize iň oňat şahsy mizemez ýarag garaşýar. Bu baky elementleriň şindiki we geljekki söweşlerde ýeňmäge güýji bar. Biz nur bilen tümlügiň, ýaşaýyş bilen ölümiň arasyndaky söweşleriň edil ortarasynda ýerleşýäris. Biz gorkudan ýaňa ýüzümizi sowup, gaçmak bolmaýar.

Biz ýer ýüzünde ýaşaýarkak, ýylan bizi ýeňmekçi bolup, bize garşy ýaragyny ýasamagyny dowam eder. Duşman gitdigiçe möwjäp, Hudaýyň ähli gyzlaryna garşy ol ýa bu urşy turzar. Ýöne ol üstün gelmez, sebäbi biziň ellerimizde otda taplanan gylyçlar bar. Hudaýyň gyzlary eline gylyçlaryny alyp, hüjüme geçenlerinde, duşman gaçýar.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Duşman hüjüm etmekçi bolup, size juda ýakynlaşan badyna, hüjüme geçiňde, onuň söweş meýlini basyň.

Öňe garaň, ýer ýüzünde mäkäm duruň, gylyjyňyzy ýokary galdyryň we, goý, duşman siziň ajaýyp gahryman ýüzüňizi görsün.

# 4

# Söweş meýdany

*Sebäbi biziň söweşimiz ynsanlara garşy däldir! Tersine, biz tümlügiň ruhy hökümdarlaryna we erk-ygtyýarlylaryna, şeýle-de gökdäki ýowuz ruhy güýçlere garşy söweşýäris.*

– Efesliler 6:12

Biz şu bapda "Söweşimiz nirede?" we "Duşmanymyz kim?" diýen soraglara jogap bereris.

Sada we ýüzugra şeýle jogap berip bolar: biziň söweşimiz göze görünmeýän çäklerde bolup geçýär, biziň duşmanlarymyz bolsa töwerek-daşymyzdaky adamlar däl.

> Biz günleriň bürinde özgerjek dünýäde ýaşaýarys. Biz günleriň birinde ýer ýüzündäki wagtyň öz ornuny bakylyga berjekdigini bilýäris. "Çünki bu dünýä soňlanyp barýandyr" (1 Kor. 7:31).

Ýer ýüzi özüniň ähli zatlary bilen biziň heniz görmeýän zadymyz arkaly ýaradylypdy.

Mysal üçin, göze görünmeýän, ýöne güýçli bolan atomy alyp göreliň. Ony adaty göz bilen görüp bolýarmy? Ýok. Ýöne muňa garamazdan, onuň täsin güýji we kuwwatlylygy barlygyny bes edenok. "Arabozaryň hatlarynda" jynlaryň biri beýleki birine duýduryp, şeýle diýýär: "Mesihilige garşy bolan serişde hökmünde ylmy (men hakyky ylmy göz öňüne tutýaryn) ulanjak bolaýma. Ylym ony galtaşyp-da,

görüp-de bilmeýän hakykylygy barada oýlanmaga mejbur eder”.

Eger biz haýsydyr bir zady görmeýän bolsak, bu onuň ýokdugyny ýa-da bize täsirini ýetirip bilmeýändigini aňlatmaýar. Akyl arkaly işlemäge wagt ýetip geldi. Ýöne erbet bir habar-da bar: biziň aňymyz söweşe meşgul we ondan sowulmak mümkin däl.

> “Sebäbi biziň söweşimiz ynsanlara garşy däldir! Tersine, biz tümlügiň ruhy hökümdarlaryna we erk-ygtyýarlylaryna, şeýle-de gökdäki ýowuz ruhy güýçlere garşy söweşýäris” (Efes. 6:12).

Oňat habar bolsa şundan ybarat: siziň näme bilen söweşmelidigiňiz babatda saýlawyňyz bar. Biziň duşmanymyz bizi tümlügiň we ýamanlygyň güýjüniň gözegçiligine tabyn etmek üçin, ünsümizi maksadymyzdan, göze görünmeýän söweşden sowasy gelýär. Ol bu tümlügiň gözbaşyny urmagymyzy islemeýär. Duşmany ýok etmek üçin adamlar bilen göreşmekligi agajy ýok etmek üçin onuň miwelerini ýygyp aýyrmaklyk bilen deňeşdirse bolýar. Eger siz agajy dogrudan-da ýok etmek isleýän bolsaňyz, onuň kök ulgamyny ýok etmelisiňiz.

Köplenç adamlaryň durmuşy arkaly täsirini ýaýradyp hereket edýän tümlügiň birgiden gizlin ulgamy bar. Munuň size hut şeýle görünýändigine garamazdan, size adamlar hüjüm edýän däldir. Sizi nämedir bir has mekir we gadymy zat göz astynda dyngysyz saklaýar, sebäbi ýylan siziň öz içiňizde göterip gezýän zatdan gorkýar.

Çaganyň dünýä inmeziniň öň ýanynda dogrum burgularyň bolşy ýaly, baky arzuwlaryň hem öň ýanynda wagtlaýyn söweşler bolýandyr.

Şindi haýsydyr bir elhençlik Hudaýyň iň mynasyp we şöhratly arzuwlarynyň öňüni tutýan ýaly bolup görünýär. Biziň her birimiz – Onuň arzuwy, Ol biziň her birimiz üçin göreşdi we ýeňdi. Ýöne Onuň biz babatdaky umydy munuň bilen tamamlanmaýar, biz Onuň özümiz baradaky arzuwynyň Mukaddes Ruhuň ylhamlandyran dileginde şöhlelenişini görýäris.

> “Men diňe olar üçin däl, eýsem *olaryň wagzy bilen Maňa iman etjekler üçin-de* dileg edýärin. Olaryň hemmesi bir

> bolsun. Ata, Seniň Mende, Meniň-de Sende bolşum ýaly, olar hem Bizde bolsunlar. Şeýlelikde, Meni Seniň iberendigiňe dünýä iman etsin. Maňa beren şöhratyňy olara berdim. Biziň bir bolşumyz ýaly, olar-da bir bolsun. Men olardadyryn, Sen bolsa Mendesiň. Meni Seniň iberendigiňi, Meni söýşüň kimin olary-da söýýändigiňi dünýä biler ýaly, olar *bütewi birlikde* bolsunlar" (Ýoh. 17:20–23, nygtama awtoryňky).

Isa Mesih Pesah baýramyny Öz şägirtleri bellän agşamy saçak başynda on bir şägirdiniň arasynda biziň üçin dileg edýärdi. Ol günleriň birinde olar sebäpli iman etmeli bizi Öz dilegine goşdy. Mukaddes Kitabyň tutuş dowamynda biz olaryň Isa Mesih bilen gezişlerini, Ony taşlap gaçyşlaryny we Oňa şan-şöhrat getirmek üçin gaýdyp gelişlerini görýäris. Bize Isa Mesih barada şaýatlyk ederleri ýaly, Oňa olaryň durmuşlarynyň we sözleriniň gerek bolşy ýaly, biziň-de Ony başga adamlara tanatmaly wagtymyz gelip ýetdi. Bu başga adamlaryň biz sebäpli Oňa iman edip başlajakdygyny aňladýar.

**Çaganyň dünýä inmeziniň öň ýanynda dogrum burgularyň bolşy ýaly, baky arzuwlaryň hem öň ýanynda wagtlaýyn söweşler bolýandyr.**

Mesih barada şaýatlyk ederleri ýaly, Oňa olaryň durmuşlary-nyň we sözleriniň gerek bolşy ýaly, biziň-de Ony başga adamlara tanatmaly wagtymyz gelip ýetdi. Bu başga adamlaryň biz sebäpli Oňa iman edip başlajakdygyny aňladýar.

Bu nähili amala aşýar? Hudaýyň merhemeti arkaly. Onuň şan-şöhratynyň iň gysga kesgitlemesi – "Hudaýyň doly ölçegi" we "Onuň dolulygy" bolup durýar. Hudaý Özüniň ýeke-täk Ogluny bütinleý berdi. Isa Mesih bolsa Öz janyny bütinleý berdi. Ol ýeke damjasyny-dy alyp galman, Özüni bütinleý berdi. Ata Hudaý we Ogul Hudaý Özleriniň halas ediş meýlinde-de, maksadynda-da, ony amal etmekde-de bütewi birdiler. Isa Mesihiň biziň ählimiz üçin eden dileginiň asyl manysy kalplarymyzdyr ýüreklerimiziň bir bolup, ýer ýüzüniň Ata bilen Ogluň şan-şöhratyny Mukaddes Ruh arkaly Onuň gelninde görüp bilmeginden ybarat.

Gynansam-da, Ýohannanyň hoş habarynyň 17-nji babyndaky şu aýatlary okanymda, men hatda Isa Mesihiň-de käwagt Öz dileginiň

amal bolaryna köp garaşmaly bolýandygyna düşünýärin. Sebäbi biziň agzybirlige heniz ýetmändigimiz mese-mälim ahyryn.

Biziň hemmämiz özboluşly, şonuň üçin-de ählimiz dürli-dürlüçe garaýarys, gürleýäris, syzýarys we duýýarys. Biziň seždämiz hem dürli bolup bilýär, ol şeýle bolmaly hem, ýöne biziň durmuşymyz hem bedenimiz ýaly hereketde bolýan bolsa, biz bütewi bir bolmalydyrys. Mukaddes Kitabyň *The Message* terjimesinde Ýohannanyň hoş habarynyň 17-nji babyndaky 23-nji aýatda şeýle diýilýär:

> "Men olarda, Sen-de Mendesiň.
> Şonda olar öz bitewüliklerinde kämil bolarlar.
> Bu bolsa Seniň Meni iberendigiňi,
> olary hem *edil Meni söýşüň* ýaly söýýandigiňi
> bu hudaýsyz dünýä *subut eder*" (nygtama awtoryňky).

Eger biz agzybir bolsak, onda dünýäniň iman etjekdigine umyt bar, ýöne agzala bolsak welin, galan zatlaryň ählisi bize garşy aýaga galar! Mesihileriň hereketleri, olaryň medeniýeti we durmuşy ýer ýüzüniň ilatyny biziň goraýan hakyky gymmatlyklarymyz babatda şübhelenmäge mejbur edýär. Biz Hudaý dünýäni halas etmek üçin dogrundan-da Öz Ogluny iberen kimin ýaşaýarysmy ýa-da, bize keseden seredip, durmuşymyz diňe öz daşymyzdan aýlanýar diýip aýdyp bolýarmy? Biz Hudaýyň bizi edil Isa Mesihi söýşi kimin söýýändigine ynanýarysmy? Atanyň bizi edil Özüniň Gökdäki Ogly kimin söýýändigini göz öňüne getirmek kyn. Biz edil Isa Mesihiň dilegini jogaby hökmünde hereket etmegimize wagt geldi diýip pikir edýärin. Bütewi ýürek bilen aňyň bu suraty emele gelende, ine, şeýle zat bolar:

> "Eý, Ata, Seniň Maňa beren ynsanlaryň-da *Meniň*
> *bilen bir ýerde bolmaklaryny* isleýärin.
> Şeýle hem, goý, olar Meniň şöhratymy we
> Seniň Maňa beren şöhratyňy görsünler.
> Çünki Sen *Meni dünýä* ýaradylmazdan öň söýýärdiň"
> (Ýoh. 17:24, nygtama awtoryňky).

Isa Mesihiň sizi Öz Atasynyň Oňa beren peşgeşi diýip atlandyrandygyna üns berdiňizm? Başga sözler bilen aýdylanda, Ata şeýle diýýär: "Isa, muny häzirlikçe Öz ýüregiňde gizle. Bu hazynadyr,

Sen ony biraz soňra ýer ýüzünde açarsyň”. Kalp agzybirligi – bu gizlin syr. Biz heniz-de ýer ýüzünde, onsoň biz nädip Onuň bilen bir bolup bilýäris? Jogaby: Isa Mesihde hemmeler bir bolýar. Hudaýa iman etmeýän dünýä Isa Mesihiň barlygynyň subutnamalaryny bizden agtarýar. Biz öz belentligimize aň ýetirmesek, bu dünýäniň şeýle subutnamalary görjekdigine şübhelenýärin. Biz özümize seretmegi bes edip, *Oňa seredip başlanymyzda*, bu belentlige aň ýetireris.

Efeslilere ýazylan hat bu syry örän aýdyň düşündirýär:

> “Hudaý çuňňur baý merhemeti bilen Oglunyň döken gany arkaly günälerimizi bagyşlap, bizi azat etdi. Şeýle hem, bu merhemeti arkaly Ol bizi tutuş akyldarlygy we düşünjesi bilen gurşap aldy. Hudaý ilkibaşdan Mesihde amala aşyran ýagşy niýetleri arkaly Öz isleginiň syryny bize aýan etdi Bu niýetiň amala aşyrylmaly wagty gelende, Hudaý ýerdäki we gökdäki ähli zatlary bir Başa, ýagny Isa Mesihe birikdirer” (Efes. 1:7–10).

Mukaddes Ýazgylar bizden hiç bir zadyň saklanylyp galynmandygyny aýdyň aýdýar; biz aklanan we doly bagyşlanan, biziň üstümize merhemet, pähim-paýhas we Onuň erkiniň hem-de asman bilen ýeriň birikmegi üçin Isa Mesihde goýlan maksadynyň syryna düşenerimiz ýaly, aýanlyk boldan-bol guýuldy. Isa Mesih wagt dolulygy ýetende geldi, biz hem şindi ýer ýüzünde wagt tamamlanýança gezip ýörüs. Eger biziň ýüregimiz bir, sesimiz bir, görnüşmiz we maksadymyz bir, adymyz bir, Şalygymyz bir we Isa Mesihi şöhratlandyrmakda maksadymyz bir bolan bolsa, nämeler bolardy? Şeýle bolsa, biziň hereketlerimiz halys ysgyndan düşen ýer ýüzünde gökleri şöhlendirerdi.

Parahatlyk öz-özünden peýda bolmaýar. Parahatlyk – bu Hudaýyň ogullarynyň we gyzlarynyň zähmetiniň miwesidir.

> “Parahatlyk döredýänler bagtlydyr, çünki olara Hudaýyň ogullary diýler” (Mat. 5:9).

Agzalalygyň döremegi üçin biziň haýsydyr bir synanyşyklary, hereketleri etmegimiz-de gerek däl. Sebäbi ynsan günä eden

pursadyndan bäri agzalalyk bu dünýäniň aýrylmaz bir bölegine öwrülip galdy. Agzybirlik bilen parahatlyk ýörite niýeti we strategiki paýhaslylygy talap edýär. Biz gökleriň şu ýerde, ýer ýüzünde biziň medeniýetimize galtaşmagyna ýardam bermeli.

Agzalalyk Isa Mesihi hiç haçan şöhratlandyrmaýar. Agzalalyk ýüreklerimizde, öýlerimizde, seslerimizde, görnüşlerimizde, maksatlarymyzda we şalyklarda dawa-jenjeli ekýär. Agzalalygyň ýüzi kän, olaryň arasynda şular bar: tekepbirlik, gahar, gazap, dawa-jenjel, myjabat, gybat, gargyş, sögüş, ajylyk, öýke-kine, doga-jady we butparazlyk (ser. Gal. 5:19–21). Biz ten we gödek ynsan duýgularyna eýerip ýaşanymyzda, bu zäherleýji häsiýetler özleri üçin parahatlyga tarap ýol açýandyrlar. Agzalalygyň ýüzüniň köpdügine garamazdan, onuň ahyrda ýeke-täk bir maksady – bizi heläklemek maksady bardyr.

> “Emma kalbyňyzda bahyllyk we men-menlik bar bolsa, onda danalyk bilen öwünmäň. Bu aňrybaş ýalançylyk bolar! Beýle ‘danalyk’ gökden inen däldir, ol dünýewi bolup, ruhy däldir, şeýtandandyr” (Ýak. 3:14–16).

Hudaýyň maksatlarynyň biri – bütewi bir gelinligi görmek; şeýle-de biz Hudaýyň gabanjaňlyk bilen onuň söýgüsini küýseýändigini, onuň bütinleý diňe Oňa degişli bolmagyny isleýändigini bilýäris. Käwagt bu biziň agzybirlik ugrunda göreşmelidigimizi aňladýar. Isa Mesih ölümi, dowzahy we mazary ýeňdi; Ol muny biziň bilen bütewi bir bolmagy, biziň-de biri-birimiz bilen bütewi bir bolmagymyz üçin amal etdi. Demir demri çalanda iki ýüzüniň-de ýitelişi ýaly, iň mäkäm aragatnaşyklar-da käbir ýagdaýlarda çalnyp ýitelýändir. Siz bütewilikde gezmegi ýüregiňize düwen badyňyza hökman güýçli garşylyga duçar bolarsyňyz.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Gylyja bolan işleg şeýle bir güýçli bolany üçin, XVI asyrda bolan duellerde (öz namysyny goramak üçin gylyçlaşma söweşlerinde) wepat bolan dworýanlaryň sany (40 000) uruşdakysyndan hem köpdür.

Siz beýleki adamlary basyrmak we kuwwatlandyrmak üçin söweş tuguny her gezek ýokary galdyranyňyzda, bölünişikligiň siziň hatarlaryňyzda duzak gurşuny

görersiňiz. Men şeýle ýagdýy adamlaryň arasynda – şahsy gatnaşykdan başlap tä ýygnakdaky gatnaşyklara çenli bolan ýagdaýlarda ýaýbaňlanyşyny gaýta-gaýta görýärin. Şeýle ýagdaýlarda adamlar näme üçin bile gitmegi karar edendikleri barada däl-de, öz mätäçlikleriniň öweziniň näme üçin dolunmaýandygy barada pikir edip başlaýarlar.

*Eger siz dowzahdan ýöräp barýan bolsaňyz, ol ýerde aýak çekmän, ýoluňyzy dowam ediberiň.*

– Uinston Çerçill

Dowzahda düşlemek gerek däl... ýoluňy dowam etmeli. Nika – biziň üçin oňat mysal bolup durýar. Siziň ýagdaýyňyzda nähili bolandygyny-ha bilemok, ýöne Jon ikimiz duşuşyp başlan döwrümizde hiç bir çaknyşmaýardyk. Durmuş gurup, Hudaýyň huzurynda bütewi boljakdygymyz barada äht baglaşanymyzda welin, tutuş dowzah başymyzdan inen ýaly boldy. Söweşler diňe bir maşgala durmuşynda bolup geçenok, nika institunyň hut özüne hüjüm edilýär. Hudaýyň kesgitleýän zadyny biz üýtgetmeli däl, Onuň birikdirýänlerini biz aýrylyşdyrmaly däl. Bir nesil söýgülerinden nam-nyşan galmady diýen pikire eýerip, birek-birege biwepalyk etmekde, taşlap gitmekde hiç bir erbetlik ýok diýen karara gelende, nikany bozmaklyk eden-etdilige döndi.

Nika we onuň içindäki gatnaşyklara dyngysyz hüjüm edilýär. Göräýmäge hiç bir dawa-jenjelsiz ýaşap, birdenkä-de aýrylyşmagyň bäri ýanyna gelen tanyş jübütlerimiz baradaky täzelikleri her gezek eşidenimizde, Jon ikimiziň näçe gezek haýran galandygymyzy aýtmak kyn. Käwagt nikada konfliktleriň bolmazlygy onuň üçin göreşmeýändigiňizi aňladýar. Bütewi bir jan bolmagyňyz üçin göreşilmeli wagtlary bolýar.

Bilşiňiz ýaly, aždarhalar gadymy rowaýatlaryň toslama gahrymanlary däl. Aždarha barada aýdanymyzda, biz iblisi – ruhy ölümiň gadymy içalysyny göz öňüne tutýarys. Bäsdeşlik, myjabat, agzalalyk döredýän deňeşdirme sözleri – bular aždarhanyň dilidir.

Aýanlyk kitabyndaky aýalyň Ysraýyl ýurduny, Meryemi, aýallary we gelinligi keşplendirişi kimin, aždarha hem Erem bagyndaky ýylany, iblisi, deňiz aždarhasyny keşplendirýär, onuň ähli rollary Hudaýyň häsiýetini, Onuň sözlerini ýoýmaklyga we ters manyda görkezmeklige gönükdirilendir. Aždarha hilegär we pisdir; ol mesihilige garşy bolan ruhuň güýjünden doludyr.

Adam ata bilen How ene Hudaýyň Erem bagyny işläp-bejermek, örňäp-köpelmek baradaky tabşyrygyny berjaý edip-etmänkäler, ýylan peýda bolýar. Ol diňe olaryň arasyna çöp atman, eýsem, olaryň araçäklerini-de böldi, olary Hudaýyň ýaradan howpsuz, tebigy taýdan suwarylýan bagdan çykardy.

*Bütin älemde bitarap ýekeje-de ýer we zat ýok;*
*her bir inedördül santimetr, her bir sekunt Hudaýa*
*degişlidir, iblis hem olary özüne almaga dyr-*
*jaşýandyr.*

– K. S. Lýuis

Ol arzuwlamagy milt edýän her bir adamyň ýoluny böwetlemek mümkinçiligine garaşyp, heniz-de bela-beteriň kölegesine duwlanyp, bildirmän golaýlaşýar. Aždarha tümlükde arzuwlamaga milt edýän we aýaga galyp, ýagtylyga geçmäge umyt baglaýan her kesi betpällik bilen aýrylyşdyrýar, ýandyrýar we batyrgaýlykdan mahrum edýär.

*Mähribanym, eger sen arzuwlamaga ýürek eden bolsaň, söweşmek üçin-de batyrgaý bolmalysyň.*

Öz durmuşyňa gahrymanyň ornundan seret, soňra bolsa "şol" adamlaryň, "şol" agyrylaryň içinden uzaklara seret. Seniň umytlaryňy we arzuwlaryňy çakmak üçin amatly pursady peýläp kölegede gizlenip ýatan ýylany näçe gezek gördüň?

Sen heniz kiçijek gyzkaň, belki, aždarha seniň arzuw-hyýallaryňy küle öwren sözleri aýdandyr? Belki, ol öz sözlerini gümürtikläp, olary saňa hamala seniň öz sözleriň hökmünde görkezendir. Kimdir biri saňa seniň betnyşan, semiz, hor, tep-tekiz, samsyk, juda akylly, juda uzyn ýa-da juda gysga diýip aýdypmydy? Belki, seniň ene-ataňyň söýgüsi ýigrenje öwrülendir we birwagtlar mährem öýüň boşap galan jaýa öwrülendir. Belki, kimdir biri aždarhanyň ganatlaryny dakynyp, gijäniň garaňkysyna duwlanyp, saňa el degrendir we sen şol sebäpli özüňi hapa duýup, utanja gaplanansyň. Belki, bu ýylan süýrenip gidip barýarka, saňa: "Sen muny özüň sorapdyň-a, özüň isläpdiň-ä, sen meni şeýtmäge mejbur etdiň" diýip pyşyrdandyr.

Şeýle aýyplaýjy sözler haýsydyr bir düşnüksiz sebäbe görä aýallary Adam atanyň döwründen bäri dyngysyz gurşap gelýär.

Goraýjy özüne berleni saklap bilmänden soň, öz wezipesini berjaý edip bilmänligini boýun almaga derek, öz günäsini aýalyň üstüne ýükledi. Ýylanyň How enäni aldandygy hakykat, ýöne ol Adam atany aldamandy ahyryn. Adam ata özüne degişli bolmadyk zady meýletinlik bilen aldy. Ol Hudaýyň ygtýarlygyna tabyn bolmazdan, edil Ol ýaly bolmak isledi. Hatda biziň döwrümizde-de erkek boý gyzyň gyzlygyny alanda, ol onuň gyzlygyny ogurlap, oňa eýe bolasy gelendigi babatdaky hakykaty gizläp, öz etmişinde How enäniň täsirini aýyplaýar.

Şunlukda, geçen birnäçe müňýyllygyň dowamynda aýalyň aýyplamasy, heý bolmanda, bir erkegi azat etdimi? Ýok! Erkegiň aýyplamasy, heý bolmanda, bir aýaly azat etdimi? Ýok! Isa Mesih biziň günämizi bir gezekde hemişelik almaga geldi. Günäkäri gözlemek we başgalary aýyplamaklyk bizi bolup geçýän zatlaryň hakyky ýagdaýyndan ünsümizi sowýar. Adamlaryň ýetirýän islendik jebir-jepalary tutunyň aňyrsynda bolup geçýän hereketleriň ýöne bir gurjak kölegeleridir. Biz ynsanlara garşy göreşmeýäris. Bukuda Hudaýyň çagalarynyň hereketlerini, keýpini we duýgularyny ýoýup görkezmegi halaýan aždarha otyr. Ol doglalymyz bäri bize degişli bolan hak-hukuklarymyzdan mahrum edesi gelýär, Hudaýyň keşbini göterip gezmek ukybymyzy heläkläsi gelýär: “Ogry diňe ogurlamak, öldürmek, ýok etmek üçin gelýändir” (Ýoh. 10:10).

Ogurlygyň yzýanyndan ölüm we weýrançylyk gelýär. Adam ata bilen How ene özlerine degişli bolmadyk zady alanlaryndan soň, ölüm biziň baky bagymyza bada-bat aralaşdy. Soňra bolsa ýer ýüzi hem weýrançylyk tolkunlaryna duçar boldy.

> “Bir ynsan, ýagny Adam ata zerarly günä dünýä aralaşdy, günä bolsa ölümiň gelmegine sebäp boldy. Ynsanlaryň ählisi günäli bolany üçin, ölüm olaryň üstünden höküm sürüp başlady” (Rim. 5:12).

Isa Mesih biziň gülläp-pajarlamagymyzy isleýär. Biz ogurlyk, ölüm we weýrançylyk arkaly ýitirilen zatlary ýekelikde we bilelikde dikeldýäris. Bir maksadyň daşynda jemlenip, öz şahsy ukyplarymyzda pajarlamak arkaly, biz baş bagbany Reb bolan şöhratly baga gaýtadan meňzäp bilýäris.

> “Şol gün Reb gazaply, haýbatly, gudratly gylyç bilen
> gaçýan, towlanýan ýylan Liwýatany — deňiz aždarhasyny
> jezalandyrar.
> Şol gün Ajaýyp üzümçilik barada aýdym aýdyň.
> Men — Reb onuň sakçysydyryn, ony her pursat
> suwarýaryn, hiç kim zyýan ýetirmesin diýip, gije-gündiz
> goraýaryn” (Işa. 27:1–3, nygtama awtoryňky).

Biziň güdratygüýçli Hudaýymyz göreşýärkä, biz pajarlaýarys. Biz, ýagny Onuň halky pajarlaýarkak, Hudaý ölüm urgusyny salýar. Gökdäki söweşler ýer ýüzünde görünýär we ýer ýüzündäki söweşler gökleriň ünsünden sypmaýar. Biz gökler üçin ähmiýetli bolan maksada eýerip birek-birek bilen bütewi bolanymyzda, pajarlaýarys.

Mähribanym, seniň edip biljek iň gahrymançylykly işiň – miwe getirmek. Hudaý Mukaddes Ýazgylarda ençeme gezek Öz halky barada üzümçilik, baglar, örüler hökmünde gürleýär. Sen hem Onuň eken bagyna meňzeýänsiň. Baglar öz töwereginde ösýän zatlara hüjüm etmeýärler, olar öz saýasynda ösýän güller ünsi özlerine çekip, nazary baglaryň güýjüniň belentliginden sowýar diýip pikir etmeýärler. Şonuň üçin-de, goý, seniň kökleriň ýeriň çuňlugyna ýaýrap, güýjüni göze görünmeýän çäklerden alsyn; goý, aždarhanyň kölegesi seniň gelejegiňiň nuruny hiç haçan öçürmesin.

5

# Haç gylyçdyr

*Gan biziň etmişlerimiziň meselesini çözýär, Haç bolsa biziň kimdigimiz babatdaky meseläni çözýär. Gan bizi günälerimizden saplaýar, Haç bolsa biziň günä etmek ukybymyzyň edil kökünden urýar.*

– Uoçman Ni

Eger Isa Mesihiň haçy barada oýlanylsa, köp sözleriň hakyda geljekdigi gürrüňsiz zat, ýöne “gylyç” sözi welin olaryň arasynda bolmaz diýip pikir edýärin. Men durmuşymyzyň dürli möwsümlerinde haçyň her birimize dürli-dürlüçe gürlemäge güýjüniň bardygyna ynanýaryn. Şunlukda, geliň, biraz säginip, haçyň siz üçin şindi näme aňladýandygy barada oýlanalyň.

Pesah hepdeliginiň dowamynda men jemgyýetçilik torlarynda: “Haç siz üçin nämäni aňladýar? Muňa bir söz bilen jogap beriň” diýen sorag bilen adamlara ýüzlendim.

Meni birgiden jogaplar bilen ýalkadylar. Bu sanawda her dürli sözler bardy: söýgi (häzirki günde iň ýörgünli jogap), merhemet, erkinlik, bagyşlama, bagyşlanylma, şeýle-de: Isa Mesih, ýaşaýyş, rehim-şepagat, gurbanlyk, dolup-daşýan minnetdarlyk duýgusy we ýene-de ajaýyp kesgitlemeleriň ençemesi.

Ilki bilen Isa Mesihiň haçynyň haýsydyr bir söz bilen kesgitläp bolýan anyk kesgitlemesiniň ýokdugyny belläp geçmäge ygtyýar ediň. Haç ynsany Hudaý bilen ýaraşdyrmak üçin asman bilen ýeriň

arasynda köpri saldy, soňra bolsa göräýmäge şeýle elhenç bolup görnen ýeňlişi ajaýyp ýeňiş dabarasyna öwürdi-de duruberdi. Bu özgerdiji we ruhlandyryjy umyt ähli asyrlaryň içinden parran geçdi. Asyrlaryň jümmüşine şeýle güýçli galtaşyp, ynsan taryhynyň tümlügini ýagtyldan we şol bir wagtyň özünde-de öz şöhlelerini gelejege ýaýan şeýle ýeňişden bagşa bir ýeňiş-de ýokdur. Şonuň üçin-de, men haçda bolup geçen zatlaryň gerimini we asyl manysyny haçan hem bolsa ýer ýüzüniň sözleri bilen beýan edip boljakdygyna şübhelenýärin. Haçyň ýeňşi diňe bir wagt geriminden daşary bolmandy, ol ebedidir.

Gözüňizi birsalym ýumuň-da, agaçdan ýasalan haçy göz öňüne getiriň. Men birwagtlar owadan daragt bolup-da, indi ölümiň gury guralyna öwrülendigini görmegiňizi isleýärin. Şahalaryndan we gabygyndan arassalan öli agaç büdür-südür ýonulyp, böleklenen. Agajyň büdür-südür bölekleri haç görnüşinde birikdirilen. Ýere sünjülen haç ýiti ujy bilen ýere sünjülen gylyjy ýatladýar.

Indi bolsa Isa Mesihi, bedende gelen Sözi we Hudaýyň şöhratly Ogluny göz öňüne getirip görüň, Onuň ýenjilen ýalaňaç bedeni şu elhenç gylyjyň uzynlygyna uzap dur. Dokuz dýumlyk çüýler onuň ellerini kese tutawyjyna çüýlediler, Mugallymymyzyň kellesiniň yz tarapyndan bolsa agaç gylyjyň sapy görünýär. Göklerde haçlar bilen gylyçlaryň şol bir zat bolmagy ahmal.

Adam atanyň gadagan edilen agajyň miwesinden ogurlap, ruhy ölüme duçar bolşy ýaly, Isa Mesih hem gury agaçda ölüp, onuň miwesine öwrüldi; Ol muny Özündäki ähli zatlaryň janlanmagy üçin amal etdi.

Men ýaňy-ýakynda Ýewreýlere ýazylan haty öwrenip otyrkam, gylyçlar dünýäsi bilen gyçgaça tanşanymdan soň ozalky tanyş sözleriň käbirleriniň täze çuň many berşine üns berdim:

> “Hudaý Ybraýyma wada berende, Öz at-abraýyny orta goýup, bu wadany edil sapyna çenli berkitdi... Hudaý Öz wadasyny berkitmek üçin, *kasam etdi*, ol berk kepildir, Ol Öz kasamyny bozup bilmeýär. *Onuň kasamynyň mizemez* bolşy ýaly, Onuň wadasy-da mizemezdir” (Ýew. 6:13, 17, 18, MSG, iňlis dilinden terjime, nygtama awtoryňky).

Men şu aýady okap otyrkam, aňym ýyldyrym ýagtysyna ýagtylanyp giden ýaly boldy. Men indi haçy ölümiň gödek guraly hökmünde görmeýärdim. Muňa derek biziň ejir baryny gören ýerimize ýiti ujy bilen sünjülen agaç haç peýda boldy. Men gylyjyň tygynyň uzynlygyna uzalyp durap Isa Mesihiň bedenini gördüm. Onuň elleri kese agajynyň bütin uzynlygyna gerilgidi, Onuň tabynlygy hatda ölümiň öňýanyndaky ejirleriniň içinden hem biziň ählimize gujak açýan ýaly görünýärdi.

Gylyçlary we olara degişli adalgalary öwrenmeklikden ýaňa meniň düşünjäm bütinleý özgerdi, men "edil sapyna çenli" diýen jümlä täzeçe düşünip galdym. Şu mowzugy öwrenip başlamankam, men bu jümlä göçme manyda, ýagny "iň soňuna çenli, bütinleý, hiç bir galyndysyz" diýen manyda düşünmelimikä öýdýärdim. Indi welin munda gönüden-göni manynyň bardygyna düşünýärin, sebäbi "sapy" diýen söz gylyjyň gurluşyna degişli bolup durýar.

Sap – bu gylyjyň tutawajy bolup, ol onuň tygynyň gutarýan ýerinde başlanýar. Tutawaç gylyjyň sapyny, kese tutawajy, sapyň başyndaky togalak düwmäni öz içine alýar. Olaryň hemmesi bilelikde gylyjyň tutawajyny emele getirýär.

Gylyç duşmanyň içinden sapyna çenli geçende, onuň diri galmaga hiç mümkinçiligi ýok diýen ýalydyr. Ýeňiji diňe gürrüňsiz ýeňendigine göz ýetirenden soň, gylyjyny pidasynyň bedeninden çykarar.

Gazaply garşydyşlar öz garşydaşyny güýçli urup, gylyçlaryny onuň içinden tä sapyna çenli sokup, ony öldürýärler. Olar öz pidalarynyň agyrylaryny görüp, onuň çabalanyşyny halaýarlar. Hüjüm edýän öz garşydaşyna boldugyndan ýakyn golaýşansoň, özüniň ýeňjekdigine ynanýar. Ara şeýle golaý bolany üçin, onuň öz duşmany bilen aralygynda howpsuz çäk galmaýar.

Hudaý ynsan bilen Özüniň arasyndaky duşmançylygy ýok etmek üçin, Öz Ogly Isa Mesihi gurban etmak arkaly gylyjy ulandy.

Hudaý Ybraýyma wada edenlerini haçda berjaý etdi.

## Haç üçin jogapkärçiligi kim çekdi?

Men adamlaryň: "Biziň şan-şöhratly Rebbimizi iblis haça çüýledi" diýip aýdyşlaryny köp eşidýärin, ýöne hoş habarlarda beýan edilýän tymsalaryň biri bütinleý başga pajygaly ýagdaýy açyp görkezýär.

Waka bir öýüň hojaýyny baradaky gürrüňden başlanýar. Ol üzüm baglaryny ekip, onuň daşyna haýat aýlaýar, şerap ýasamak üçin üzüm sykara çukur gazýar, gözegçilik diňini gurýar we üzümçiligi kärendä berýär. Hasyl möwsümi ýetip gelende, ol birnäçe hyzmatkärini iberýär, ýöne kärendiçiler olary ýenjýärler-de, daşlap öldürýärler. Soňra hojaýyn başga hyzmatkärlerini iberýär, olary-da urup-ýenjip, öldürýärler. Ahyrynda hojaýyn öz ogluny iberýär; ol kärendiçiler ony sylap, üzümçilik üçin özüne degişli kärende tölegini bererler diýip umyt edýär. Wakanyň soňra nähili ýaýbaňlanýandygyna garaň:

> “Emma kärendeçiler biri-birlerine: ‘Mirasdar şudur! Geliň, şuny öldürip, mirasyny elinden alalyň’ diýişýärler. Olar ony tutup öldürýärler we üzümçiligiň daşyna taşlaýarlar. Indi üzümçiligiň eýesi gelip, bu kärendeçilere näme eder? Olar Isa: ‘Bu pis adamlary aýylganç ölüme sezewar eder we üzümçiligini bolsa miwesini wagtynda özüne berjek başga kärendeçilere berer’ diýdiler. Isa olardan: ‘Siz näme Mukaddes Ýazgylarda: ‘Ussalaryň ret eden daşy, binýadyň burç daşy boldy. Muny Reb etdi, bu nazarymyzda täsin saýyldy’ diýen sözleri okamadyňyzmy?’ diýip sorady. ‘Munuň üçin size şeýle diýýärin: Hudaýyň Şalygy sizden alnyp, Şalyk üçin hasyl öndürjek halka berler. Bu daşyň üstüne ýykylan bölek-bölek bolar. Eger ol biriniň üstüne gaçsa, ony mynjyradar’. Ýolbaşçy ruhanylardyr fariseýler Onuň tymsallaryny eşidenlerinde, gürrüňiň özleri baradadygyny aňdylar. Ony tutjak boldular, ýöne halkdan gorkdular, sebäbi halk Isany pygamber saýýardy” (Mat. 21:38–45, nygtama awtoryňky).

Bu tymsalda Hudaý Ata – hojaýyn, gadymy asyrlaryň pygamberleri we patyşalary bolsa – Onuň iberen hyzmatkärleri. Isa Mesih – bu Onuň Ogly, ruhanylar bilen fariseýler bolsa üzümçiligi kärendä alan kärendeçiler. Soňra, başga bir ýagdaýda, Isa Mesih Öz şägirtlerine bolmaly zatlary ýatlatdy:

> “‘Bilşiňiz ýaly, ýene iki günden Pesah baýramydyr. Onsoň Ynsan Ogly haça çüýlenmäge tabşyrylar’ diýdi. Şol wagt ýolbaşçy ruhanylar bilen halkyň ýaşululary Kaýafa atly baş

ruhanynyň howlusyna ýygnanyp, Isany hile bilen tutup öldürmek barada maslahat geçirdiler (Mat.26:2–4).

Işaýa we Dawut pygamberler Hudaýyň seçilip-saýlanan halkynyň Hudaýyň ýeke-täk Ogluny öldürjekdigi barada pygamberlik edipdiler. Dini ýolbaşçylar Hudaýyň Ogluny öldürmek arkaly Onuň mirasyny özlerine ogurlap bilerler öýdýärdiler.

> “*…Bu danalyga dünýä ygtyýarlylarynyň hiç biri düşünmedi. Çünki düşünen bolsadylar, şöhratly Rebbi haça çüýlemezdiler”* (1 Kor. 2:8, nygtama awtoryňky).

Şol döwrüň ygtyýarlyklarynyň gözlerini näme gapdyka? Olar haçyň özgerdiji we ýeňişli güýjüni görüp bilmändiler.

Ygtyýarlyklaryň eden çözgütleriniň aňyrsynda islendik kişi – Isa Mesihiň döwründäki dini we syýasy ýolbaşçylardan başlap, tä öz ülpetleri jynlara gep berip, inçe sapajyklardan dartan tümlük patyşasyda durup bilýärdi.

Beý-bä, iblis Hudaýyň ýeke-täk Ogluny Özüniň “saýlanan” diýip atlandyran halkynyň eli bilen öldürdip, Hudaýyň baky gazabyny biziň üstümizden indirjek boldumyka? Adam ata Hudaý kimin boljak bolup, gadagan edilen bagyň miwesinden dadan badyna Erem bagyndan kowlupdy ahyryn. Onsoň, iblisiň pikirine görä, Hudaýyň Ogluny öldürmekligiň biziň hemmämiziň soňlanmagymyzy aňlatmaýarmydy näme?

Resul Pawlus özüniň jandan syzdyryp aýdan belliginiň (ser. 1 Kor. 2:8) öňýanynda Ruhuň danalygy bilen ynsan danalygyny deňeşdirip, şeýle diýýär:

> “Hawa, biz danalygy kämilleriň arasynda wagyz edýäris. Biziň wagyz edýän danalygymyz bu eýýamyň ýa-da dünýädäki wagtlaýyn, soňy puç bolýan ygtyýarlylaryň danalygy däldir. Biz Hudaýyň syrly, ýaşyryn saklanylan danalygyny sözleýäris. *Hudaý bu danalygy* biziň hem Onuň şöhratyna şärik bolmagymyz üçin, ony *dünýä ýaradylmazdan öň niýetläpdi*” (1 Kor. 2:6, 7, nygtama awtoryňky).

Biziň akmaklygymyz heniz ýüze çykmanka, Hudaýyň danalygy eýýäm hereket edýärdi. Hudaý biz barada dünýä ýaradylmazdan öň pikir edýärdi. Haç ebedi danalygyň gizlin gökler halysyndan eriş-argaç edilip geçirilipdi. Onuň täsin söýgüsi dyngysyz guýlup, akyla sygmajak tärde açylýandyr.

Pikir edip görüň-ä, Isa Mesih guzular heniz ýaradylmanka eýýäm biziň Guzymyzdy. Ol dünýä ýaradylmazyndan ozal eýýam onuň Halasgäridi. Eger bularyň-da bary ýeterlik bolmasa, başga sözler bilen şeýle diýeýin: biz kemsiz-kössüz bolarymyz ýaly, dünýä ýaradylmazyndan öň Onda seçilip-saýlanypdyk!

> "...Öz huzurynda mukaddes we müýnsüz bolmagymyz üçin, biri-birimizi söýüp, Isa Mesihe degişli bolmagymyz üçin, Hudaý *bizi dünýä ýaradylmazdan öň saýlap-seçdi*" (Efes. 1:4, nygtama awtoryňky).

Erem bagy ekilmänkä, biz eýýän onda oturdylypdyk. Adam ata bilen How ene heniz bagdan kowulmanka, biz eýýäm Isa Mesihde howpsuz gizlenilgidik. Biziň günälerimiz heniz al gan ýaly bolmanka, Hudaý olary ýuwup, gar kimin ap-ak edip goýdy.

Şol döwrüň ygtyýarlyklary Isa Mesihiň ölümden dirilenine o diýen bir haýran galandyr diýip pikir edemok. Olar ölüleriň dirilişini ozal hem görýärdiler, Isa Mesihiň hut Özi-de üç günden diriljekdigini hemmelere aýdýardy. Ölümden dirilmegiň meýilnamaň bir bölegi bolandygyny iblis bilendir diýip pikir edýärin. Onuň bilmeýän zady – Isa Mesihiň ölümden dirilmegi bilen biziň-de dirilmegimizdir! Mukaddes Ýazgylar bize şeýle diýýär:

> "*Men Mesih bilen haça çüýlendim*: indi men däl-de, mendäki Mesih ýaşaýandyr. Bedendäki ýaşaýşym bolsa Hudaýyň Ogluna bolan imanym arkalydyr. Ol meni söýüp, Özüni meniň üçin gurban etdi" (Gal. 2:20, nygtama awtoryňky).

Ol ýöne bir biziň ornumyzy almady, Ol bize ...Özüniňkini berdi. Biz Onuň ýaşaýşyna, Onuň adyna, Onuň sözlerine, Onuň ygtyýarlygyna we Onuň wadalaryna eýediris. Biziň Isa Mesihimiz haça çüýlenende biziň birimiz-de heniz dünýä inmändik. Ýöne munuň parhy ýok,

sebäbi biz dünýä ýaradylmazyndan öň eýýäm Isa Mesihde seçilip-saýlanyp, Hudaýyň öňden alan perzentleri bolduk. Adam atada hemmeleriň günä edişi ýaly, Isa Mesihde hem hemmeleriň günäsi geçildi. Biziň Isa Mesihdäki gizlin ýaşaýşymyz – bu Onuň dyngysyz açasy gelýän syrydyr.

**Akmaklygymyz heniz ýüze çykmanka, Hudaýyň danalygy eýýäm hereket edýärdi.**

Siz haçyň elmydama baş meýilnamanyň bir bölegi bolandygyna indi düşünýäňizmi? Haç Adam ata bilen How enäniň birdenkä günä edäýen ýagdaýynda niýetlenilen goşmaça meýilnama däldi. Ol howpsuzlyk kepilnamasydy. Isa Mesih ýer ýüzüniň azaşan ilatyna Atanyň erkini we tebigatyny aýan etmek üçin her gün ýaşaýardy, çünki “*biz Onuň bilen ýaşaýandyrys, hereket edýändiris we bardyrys*. Käbir şahyrlaryňyzyň aýdyşy ýaly: ‘Biz Onuň zürýadydyrys’“ (Res. 17:28, nygtama awtoryňky).

Ol biziň ýaşaýşymyz, biziň Awtorymyzdyr. Ol bizi özgerdýän Kişi. Şu sözleriň her biriniň kesgitlemesini öwrenmek bilen, men şu aýadyň manysyny giňeldýärin we “Onda” diýen düşünjäni has aýdyň edýärin. Ol sebäpli biz indi Adam atada bolmagymyzy bes etdik. Biz Isa Mesihde ýaşaýarys, biz ýer ýüzünde gezsek-de, Onda ekilendiris.

Isa Mesihiň ölümi oslagsyz bir zat däldi, ýöne onuň netijeleri welin oslagsyz we sarsdyryjy boldy. Isa Mesihiň Öz ýakyn dostlaryna we iň gazaply tankytçylaryna Özüniň ejir çekip öljekdigini, ýöne üç günden diriljekdigini dyngysyz aýdandygyna garamazdan, olar Ony eşitmeýärdiler, Onuň aýdýanlaryna hiç aň ýetirip bilmeýärdiler.

> “Şondan soň Isa şägirtlerine Özüniň Iýerusalime gitmelidigi, ýaşulularyň, ýolbaşçy ruhanylaryň, Töwrat mugallymlaryň elinden köp görgüler görmelidigi, öldürilmelidigi we üçülenji gün dirilmelidigi hakynda *düşündirmäge* başlady” (Mat. 16:21, nygtama awtoryňky).

Bu Isa Mesihiň “diňe gulagy bar adamlar eşitsinler” (ser. Mat. 13:10–17) diýen ýagdaýlarynyň biri däldi. Isa Mesih Öz şägirtlerine ýakyn gelejekde Iýerusalime meýletin gitjekdigini we Öz halkynyň ýolbaşçylarynyň Ony ret etjekdigini aç-açan we köp gezek aýtdy.

Ýagdaýlaryň şeýle öwrümi elhenç jebir-jepalara, ölüme we dirilişe elter. Şonda Petrusyň Isa Mesihi bir çete çekip, Oňa garşy çykyp başlandygyny bilýänsiňiz.

> “Petrus Ony bir çete çekip: ‘Hudaý saklasyn, Agam! Seniň başyňa asla beýle iş düşmez!’ diýip, Onuň aýdanlaryna garşy çykmaga başlady. Emma Isa Petrusa tarap öwrülip: ‘Çekil öňümden, şeýtan! Sen Maňa böwet bolýarsyň, sebäbi Sen Hudaýyň işlerini däl-de, ynsan işleri hakda oýlanýarsyň’ diýdi” (Mat. 16:22, 23).

Bu gysgajyk gepleşikli waka örän manylydyr. Birinjiden, Isa Mesihiň Petrusa, ýagny ýaňyja göklerden aýanlyk alyp, Isa Mesihi “Reb” diýip atlandyran şägirdine seredip, gürrüňde iblise ýüzlenýänligi size geň görnenokmy?

Soňra bolsa Petrusyň öz söýgüli Liderini howpsuzlykda saklap, ony goramalydygy baradaky berk pikirleri aslynda ölüm duzagyna bolan çagyryş bolup çykýar. Iň soňkusy, beýlekilerden az-kem sarsdyrmaýan zat – iblis bilen adamlaryň pikirleri käwagt gabat gelýär.

Muny has aýdyňlaşdyrmak üçin, geliň, käbir matematiki hasaplamalary geçireliň, sebäbi asman bilen ýer deňlemeleri dürlüçe düzýärler ahyryn.

- Ýer ýüzüniň nukdaýnazaryndan düzülýän deňleme (ynsanyňky we iblisiňki):

Ret edilme + jebir-jepa + ölüm = güýji ýitirmek we ýeňilmek.

- Gögüň nukdaýnazaryndan düzülýän deňleme (Isa Mesih we Hudaý):

Ret edilme + jebir-jepa + ölüm = çäksiz ygtyýarlyk we ýeňiş.

Bu ädim bütinleý akyla sygmaýardy we sagdyn pikire gabat gelmeýärdi, düşündirişiň örän aýdyň bolandygyna garamazdan, ol barybir oslagsyz bolup çykdy. Bu ýeňiş diňe Isa Mesihe degişli däl, Onuň dabaraly ýeňşi bize hem degişlidir. Bu özgerdiji güýç Petrusyň durmuşynda mese-mälim görünýär. Ozal gulaklary çapyp, Isa Mesihi ret eden, sesi iblisiňki ýaly ýaňlanan Petrus soňra birwagtlar özüni gorkuda saklanlara batyrgaýlyk bilen ýüzlenip, şeýle diýýär:

> “Şonuň üçin hem, eý, tutuş ysraýyl halky, şuny anyk bilip goý: Hudaý siziň haça çüýlän bu Isaňyzy hem Reb, hem Mesih edip belledi. Bu sözleri eşidende, adamlaryň ýüregine hanjar urlan ýaly boldy. Olar Petrusdan we beýleki resullardan: ‘Doganlar, biz näme etmeli?’ diýip soradylar. Petrus olara şeýle diýdi: ‘Toba ediň, her biriňiz Isa Mesihiň ady bilen suwa çümdüriliň. Şonda siziň günäleriňiz bagyşlanar we Mukaddes Ruhuň peşgeşini alarsyňyz” (Res. 2:36–38).

Biz “Isa Mesihde” halas edildik, bagyşlandyk, şypa aldyk, söýüldik, merhemetden dolduk, kuwwatlandyk we dikeldildik. Şeýle-de Hudaý bizi “Isa Mesihde” ýykylmazymyzdan has öň tutup ýetişdi. Bu belent hereketiň syry we gudraty asyrlarboýy açylar durar.

Haçyň geniallygyny diňe bakylyk görkezer.

Duşman, bag, erkek, aýal we ýylan peýda bolmanka, jogap eýýäm taýyndy. Söweş başlamanka, eýýäm ýeňiş bardy. Oýnuň tapgyrlary emele gelmänkä, haç eýýäm ony üýtgedýän element hökmünde bellidi. Haç Isa Mesihiň dogulmagynyň sebäbini üpjün edýän serişdedi. Bizi ýaşaýşa öli agajyň hut özi getirdi. Biz büdremezimizden kän ozal Hudaý bizi eýýäm Isa Mesihde aýaga galdyrdy. Biz heniz ýolumyzy ýitirmänkäk, Ol eýýäm bize ýol taýynlap goýdy.

Biz Ony tanamazymyzdan kän ozal, Ol bizi ilki söýüp, tanady. Biz özümiziň ýalaňaçdygymyza aň ýetirmänkäk, Ol biziň üstümizi eýýäm basyrdy; biz özümiziň heläk bolanymyzy heniz bilmeýärkäk, Ol bizi eýýäm dikeltdi. Biziň Ekleýjimiz haçy ýaşaýyş daragtyna öwürdi.

Näme üçin hut haç guraly? Ýyllaryň geçmegi bilen, men özümiziň Hudaýa örän güýçli zardygymyza düşünerimiz ýaly, Onuň biziň durmuşymyzda ynsan zabunlygyna we ýetmezçilikleriň bolmagyna ýol berýändigine düşündim. Meniň gylyçlyşma sungaty barada öwrenenlerim köp sebäpleriň birini ýüze çykarmaga kömek eden bolmagy ahmal.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Gahar bilen gorky gylyçlyşmada iň heläkleýji duýgulardyr.

# Kruaze

Gyzlyçlaşma mowzugyny öwrenenimde, men geň galmak bilen, şuny ýüze çykardym: adaty fehtowaniýada ýa-da gylyçlaşmakda “kruaze” atly hereket bar, ol fransuz dilinden terjime edilende “çaknyşmak, urgyny kabul etmek” diýmegi aňladýar. Bu hereket duşmanyň gazaply hüjümini serpikdirip, şol bir wagtyň özünde-de ony ýaragsyzlandyrmagy aňladýar.

Bu hereket şeýle beýan edilýär: “Kruaze hereketiniň bütin ajaýyplygy onuň amal edilişinde jemlenýändir; eger deňagramlylyga myşsalaryň işini hem goşsaň, ol deňagramlylygy bozup, siziň netijeli we anyk urmak ukybyňyza zelel ýetirer. Kruaze juda gazaply hüjüm edýän garşydaşlara oňat täsir edýär, sebäbi olaryň myşsalaryny we gazabyny özlerine garşy ulanyp, olaryň güýjüni serpikdirýär”.

**Hudaý haçda Özüniň Kim bolandygy bilen biziň kim bolup biljekligimizi deňag-ramlylyk ýagdaýyna getird.i**

Fehtowaniýe sport görnüşine öwrülip, Italiýa, Fransiýa we Beýik Britaniýa ýurtlaryna ýaýranda, iňlisler bu hereketiň adyny sadalaşdyryp, ony “haç” diýip atlandyryp başladylar.

Pikir edip görseňizläň! Haçda nämeler boldy? Rim esgeri ajaýyp Halasgärimiziň böwrüne naýzasyny sokanda, Ol urgyny Öz üstüne alyp, ähli asyrlaryň duşmançylygyny haçda Öz üstüne aldy. Ýeňlişi getirmeli bolan zat ýaragsyzlandyrylan bolup çykdy.

Kruazeniň ýa-da haçyň güýji direnmeden gelip çykýar. Eger ol bolmalysy ýaly we ýaýdanylman edilse, garşydaş siziň gylyjyňyzyň ujuna gelip urlar. Bu hereket eliň güýjüni talap etmeýär; aslynda ol ýumşak galtaşmada has netijeli bolýandyr.

Hudaý haçda Özüniň Kim bolandygy bilen biziň kim bolup biljekligimizi deňagramlylyk ýagdaýyna getirdi. Isa Mesihiň dogulmazyndan takmynan 300 ýyl öň grek matematigi Arhimed: “Ýer togalygynyň direg nokadyny beriň, men-de ony ýokary götereýin” diýip, direg nokadynyň güýji baradaky gipotezany orta oklady.

Direg deňlemesiniň, ine, bir mysaly: güýç pursady = güýç × aralyk. Pursatlaryň birinde haç Hudaý bilen ynsanyň aralygyndaky akyla

sygmajak aralygy geçip, duşmanyň ähli güýjünden üstün geldi.

Isa Mesih dünýäni halas etmek üçin Öz janyny beren pursadynda haç Hudaýyň leňňerine, ýer bolsa onuň direg nokadyna öwrüldi.

Mukaddes geçişde Isa Mesih hiç bir garşylyk görkezmedi. Ol Öz ruhuny Hudaýa, bedenini bolsa duşmanlara berdi.

*Isa Mesihiň ady – dünýäni ýokary galdyrýan*
*ýeke-täk leňňerdir.*
– Awtory näbelli

Isa Mesihiň adynyň dünýäni ýokary galdyryşy ýaly, Isa Mesihiň haçy hem dünýäni halas edýän leňňerdir.

Iň soňunda-da belläp geçilmeli zat – gylyçlaşmada garşydaşlar fiziki güýçleri bilen däl-de, çalasynlygy we strategiki çydamlylygy bilen synaşýandyrlar. Isa Mesih haça çydady we Özüniň baş maksadynyň hatyrasyna ähli günlerimiziň agramyny Öz üstüne aldy, sebäbi: “Hudaýyň Ogly iblisiň işlerini ýok etmek üçin *geldi*” (1 Ýoh. 3:8, nygtama awtoryňky).

Biziň şan-şöhratly Rebbimiz Isa, Gudratygüýçli Hudaýyň Ogly ynsanyýetiň taryhynda iblisiň guran şalygyny derbi-dagyn etmäge geldi. Isa Imanuwel, bu “Hudaý biziň bilen” diýmegi aňladýar, göze görünmese-de, ýeňilmezekdir. Ol hatda taryhdan ýiten ýaly bolup görünse-de, aslynda Öz hökümdarlygyny güýçlendirendir, sebäbi Onuň huzury biziň ählimizi örtýändir. Ol göge galmazynyň öň ýanynda ynsan keşbinde bolmaklyk bilen çäklendirilendi; şindi bolsa Ol bizi Öz Ruhy bilen gurşaýar (ser. Mat. 28:20).

Men Isa Mesihiň Öz Atasyny bize aýan edişi ýaly, biz-de Ogly şöhratlandyrmagymyz üçin, Ol bizden Onuň işlerini ýaýratmagymyza garaşýar diýip pikir edýärin. Biziň ähli hereketlerimiz bir maksada – başga adamlary Oňa ýakynlaşdyrmaga ýardam etmelidir.

> “Indi bolsa Isa Mesihe degişlisiňiz. Siz birwagtlar Hudaýdan uzakdyňyz, indi bolsa Isa Mesihiň döken gany arkaly Oňa ýakynsyňyz. Hakykatdanam, Mesihiň Özi biziň parahatlygymyzdyr. Ol Öz janyny gurban edip, bu iki topary bir etdi, olaryň arasyndaky duşmançylyk diwaryny ýykyp taşlady. Ol Töwradyň kanunlaryny we däp-dessurlaryny

> ýatyrdy-da, iki halky birleşdirip, täze bir halk ýaratdy we parahatçylygy berkarar etdi. Ol haçdaky ölümi arkaly duşmançylygy ýok etdi we iki topary bir beden kimin edip, olary Hudaý bilen ýaraşdyrdy” (Efes. 2:13–16).

Haç Hudaý bilen ynsanlaryň arasyndaky duşmançylygy köki-damary bilen ýok etdi, Isa Mesihiň gany we jebir çekdirilen bedeni arkaly biziň hemmämiz bütewi bir bolduk. Erkekler we aýallar Isa Mesihde bir tendir. Ýewreýler we keseki milletler Isa Mesihde bir üzüm şahasyna çyrmaşandyr. Köne we Täze Ähtleriň mukaddesleri Isa Mesihde şaýatlaryň bir buludyna öwrülendir.

Men Efeslilere ýazylan hatyň şu sözlerini gaýtadan okanymda, ýüregim olaryň güýjüniň we ajaýyplygynyň çuňlugyna aň ýetirmeklikden ýaňa püre-pür bolýardy. Men Isa Mesihiň Öz tabynlygy arkaly gazanan zatlarynyň baryna haýran galýaryn. Isa Mesih bu dünýäde bolýanlygymyza garamazdan, bu dünýä degişli bolmazlygymyz üçin bize ýol açdy, sebäbi biz ýer ýüzünden Onda gezýäris. Biz Isa Mesihde saklanýarys we Onda öňüni böwetläp bolmaýan güýjüdiris.

Erem bagynda elimizden alnan erkin erkimiz Onda dikeldildi. Erem bagyndaky ýaşaýyş ajaýyp bolmalydy, ýöne Ondaky ýaşaýşymyz welin Erem bagyndakydan has gowy bolar. Ol bizi haýsydyr bir injir ýaprajygy we öli haýwanyň derisi bilen örtmän, eýsem bizi Özüniň diri dogrulygyna besläp, bizi içimizden özgertdi. Biz Onuň süňkünden emele gelýän süňkleriň ýöne bir skeleti däl. Ol bizi Öz teniniň näzik teni bilen örtdi. Ol biziň gaty ýüreklerimizi alyp, deregine täzesini, Onuň öýjüklerinden dokalanyny berdi. Soňra bolsa Ol bizi halas etmek we durmuşymyzyň çüýräp barýan her bir çägini janlandyrmak üçin, bizi Isa Mesihi ölümden dirilden şol bir Ruhdan doldurdy.

> “ Eger Isa Mesihi ölümden Dirildeniň Ruhy kalbyňyzda ýaşaýan bolsa, onda Ol kalbyňyzda ýaşaýan Öz Ruhy arkaly Isa Mesihi direldişi ýaly, siziň-de pany teniňizi ölümden dirilder” (Rim. 8:11).

Biziň Oňa meňzärimiz ýaly, Ol bize meňzedi. Onda beýik gizlin bir syr jemlenen we biziň hemmämiz haýsydyr bir usul bilen bütewi bir bolarys.

> “Olaryň ýüregini bir ederin, täze ruh bererin. Içlerindäki daş ýüregi aýryp, olara etden bolan ýürek bererin. Şonda olar parzlarymy berjaý edip, hökümlerimi saklap, olary doly berjaý ederler. Şeýle hem olar-a Meniň halkym, Menem olaryň Hudaýy bolaryn”
> (Ezek. 11:19, 20).

Isa Mesihde bir ýürek köpleri birikdirýär. Onda erkek bilen aýal bir bolýarlar. Mesih we Onuň gelinligi Onuň gurbanlygy sebäpli bir bolýarlar. Bölünişikde bolan zatlaryň bary Onda bütewi bir bolýar. Biziň Mesihimiziň bütinleý tabynlygynyň gurbanlygy bizi günäden bütinleý halas etdi. Haç ony kabul edýänleriň ählisini birikdirmegi başarýandyr.

Isa Mesihde azaşanlaryň, ýitirilenleriň we darganlaryň bary Hudaýa dolanýandyr.

## Günä alyp gidýän erkeç

Siz Harunyň ruhany bolan döwründe gurbanlyk sypasynyň ýanyna wagtal-wagtal iki erkejiň getirilendigini bilýärsiňizmi? Olaryň birini günä gurbanlygy hökmünde öldürýärdiler, beýlekisini bolsa günäleri saplama erkeji diýip yglan edip, öldürmeýärdiler. Ruhany Hudaýyň halkynyň günälerini bu titreýän jandaryň üstüne ýükläp, ony goýberýärdi. Bu erkejiň hem edil Kabylyňky ýaly nyşany bolup, çöllükde masgaraçylykly entemäge sezewar edilýärdi (ser. Lew. 16:10).

Bu erkeç hemişelik pislenen jandar bolup galýardy. Ony indi sürä goşmaýardylar. Çopan ony indi gök ýaýlalara äkitmeýärdi we wagşy haýwanlardan goramaýardy. Eger bu erkeç kimdir biriniň öýüniň ýanyna golaýlasa, ony kowup goýberýärdiler. Ol gijelerini howp içinde bir özi enteýärdi, üşeýärdi, beýleki mallaryň arasyna girip ýylynyp bilmeýärdi. Gündizlerine ol jokrama yssyda enteýärdi. Bu jandar ömrüniň ahyryna çenli wagşy haýwanlaryň rehimine zar bolup, özüne suw we iýmit agtaryp gezýärdi.

Sen haçan hem bolsa özüňi günäleri öz üstüne alýan erkejiň ýagdaýynda duýupmydyň? Belki, senden hemmeler ýüz öwrendirler, ret edendirler, aýyplandyrlar we jähenneme kowandyrlar. Sen özüňi

günäkär duýup, utançdan ýaňa çölde enteýärdiň. Belki, şindi hem her gün agşam gorkudan titräp, ýalňyzlykda düşegiňe geçýänsiň. Belki, sen “tussaglykdan” çykmaga dyrjaşansyň, ýöne saňa dolanmaga ygtyýar etmeýärler. Seniň maşgalaň seni aýyplap, öz ýanlaryndan kowýar. Dost-ýarlaryň we ýygnak senden ýüz öwürýärler.

Ruhdan düşme! Isa Mesihde seniň üçin orun bar. Ondan başga hemmämiz günä etdik. Bize indi günälerden saplaýan erkeç gerek däl, sebäbi Isa Mesih dünýäniň günälerini Öz üstüne aldy. Isa Mesihiň gany biziň hemmämizi yzymyza gaýtaryp, bizi ýalňyzlykda goýjak bolup, günä erkejiň ýagdaýynda saklamakçy bolan müýnümizden nam-nyşan galdyrmady. Isa Mesih hatda haçda jan berende hem höküm edip bilýärdi, ýöne muňa derek Ol: “Atam! Olary bagyşla, sebäbi olar näme edýänlerini bilenoklar” (Luk. 23:34) diýdi. Şeýle sözler bilen Hudaýyň Oglunyň keşbi günäleriň üstüni basyrdy. Bu günäler Adam ata bilen How eneden bäri dowam edip gelýärdi. Adam atanyň ogly Habylyň gany doganyny ganhorlykda aýyplap, öç almaga gygyrýardy. Isa Mesihiň gany bolsa Öz doganlaryny günäleri geçilen diýip yglan etdi. Hut şu sebäpdenem Mukaddes Kitapda Isa Mesihiň ganynyň has oňat gürleýändigi barada aýdylýar: “Siz ...täze ähtiň Binýatçysy Isanyň huzuryna geldiňiz. Habylyň öç almaga gygyrýan ganyna däl-de, eýsem günälerimizi ýuwmak üçin sepilen Isanyň ganyna ýakynlaşdyňyz” (Ýew. 12:22–24).

“Atam! Olary bagyşla” — bu sözler has oňat. Ol biziň eden-etdiligimiziň netijlerini biziň üstümize ýüklemäge derek, olary Öz üstüne ýüklemekligi saýlap aldy.

> “Ol biziň hassalygymyzy öz üstüne ýükledi, biziň dertlerimizi çekdi; biz bolsa ol Hudaý tarapyndan jezalandyrylyp, urlup ejir çekendir diýip pikir etdik. Emma ol biziň ýazyklarymyz üçin ýaralandy, biziň etmişlerimiz üçin ezýet çekdi, rahatlygymyz üçin jeza onuň başyna geldi, onuň ýaralary arkaly biz şypa tapdyk. Ählimiz edil goýun ýaly azaşdyk; öz ýolumyz bilen gitdik herimiz, Reb ählimiziň etmişimizi oňa ýükledi” (Işa. 53:4–6).

Isa Mesih jeza berler ýaly hiç zat etmedi, biz bolsa Onuň gurbanlygyna mynasyp bolar ýaly hiç zat etmedik. Ol ret edildi, Oňa

haýynlyk edildi, Ol kemsidildi, urlup-ýenjildi, görgi çekdi, ezildi, tyg bilen ýaralandy we haça çüýlendi.

Diňe söýgi bolan Hudaý Onuň Ogluny öldürendigine toba eden adamlara Öz Ruhuny bermegi başardy. Olar haçda Isa Mesihiň soňy gelendir öýtdüler; olar hatda öz başlangyçlarynyň şol ýerde bolandygy barada pikir-de etmändiler. Haç – bu söýgi gylyjydyr. Mukaddes Ýazgylary otuz ýyldak wagt bäri öwrenmek bilen, men käwagt haçyň şu gudratyna haçan hem bolsa düşünip biljegime ynamym ýok. Haç – bu ygtyýarlygyň nyşany däl-de, onuň ölçegidir. Isa Mesih üçin ölüm bolan zat biziň üçin bolelin durmuşa öwrüldi.

Biziň Isa Mesihimiz – Hudaýyň Sözi, Onuň wadasy bar, bardy we mizemez bolar: “Isa Mesih düýn hem, bu gün hem, ebedilik Şoldur” (Ýew. 13:8).

• • •

Haç – bu ähli wadalaryň dogrudygy babatda bütinleý ynamly bolmakdyr. Sözüň bejergisi arkaly bizi hut gylyjyň özgerdişi ýaly, gylyç gökler bilen ýeriň arasyndaky duşmançylygyň hem islendik galyndysyny ýom-ýok edýär.

Sen umydyň ýokdugyna heniz aň ýetirip ýetişmänkäň, haç eýýäm seniň umydyňdy; sen meseläniň bardygyna heniz aň ýetirip ýetişmänkäň, ol eýýäm onuň jogabydy. Haç Hudaýyň sadyklygynyň nyşany bolup, şol bir wagtyň özünde-de Onuň bize bolan ynamyny şöhlelendirýär. Biz Onda gezip bilerimiz ýaly, haç arkaly ýarag şaýymyz doly tutulandyr.

# IKINJI BÖLÜM

# TAÝÝARLYK GÖREN

# 6

# Söweşiji bolmak

*Söweş berkidýär. Ýamanlyga garşy göreşmeklik bizi güýçlendirýär we onuň bilen has-da köp göreşer ýaly edýär.*

– Ossi Dewis

Men Hudaýyň Öz gyzlaryny ýöne bir esger bolmakdan has köp zatlara höweslendirýändigine ynanýaryn. Ol bizi söweşiji bolmaga çagyrýar. Şonuň üçin-de, men şu bapda käbir harby adalgalary ulanaryn, ýöne esger bilen söweşijiniň keşplerini deňeşdirenimde, biziň harby goşunlarymyzda gulluk edýän erkekler bilen aýallary göz öňüme tutmaýandygymy belläp geçeýin.

Men gylyjy işletmek sungaty we gylyçlaşmak baradaky kitaplary öwrenenimde, goşuny jemlemekdäki we bu goşuny söweş meýdanynda alyp barmakdaky niýetiň giň spektriniň bardygyna tiz düşündim.

Terrorçylar bar: olar özleriniň betpäl we weýran ediji maksatlary üçin zalymlyk bilen uruşýarlar. Hakyna tutulan urşujylar bolsa uruşmagy şeýle bir halaýarlar welin, olara munuň üçin hatda şahsy sebäpler-de gerek däl, olar öz wagşy ruhlaryny gowy töleg töläne satýarlar. Başga bir tarapdan bolsa esgerler bar, olary hakyna tutup, goşun gullugyna alýarlar.

Iň ahyrynda-da, söweşiji-adamlar bar.



“Söweşiji” – bu durmuş ýörelgesidir, olaryň alyp barýan göreşleriniň köpüsi göze görünmeýär. Söweşijileriň hemmesi gadymy samuraýyň “söweşijiniň ýörelgesi”, durmuş garaýşy diýip atlandyraýjak zatlarynda ökde bolmaly; şeýle garaýyş özünde *gorkusyz erkinligi* jemleýändir. Biziň mowzugymyz üçin şundan oňat şygary-da düzüp bolmaz. Eger bu sözleriň orunlaryny çalyşsak, ýesiriň ýagdaýy bolar: erkinligi bolmadyk gorky.

Gynansak-da, biziň döwrümizde erkinligi bolmadyk gorky köp adamlar üçin kadalaýyk zada öwrülýär. Söweşiji-gyzlar bolmak bilen, biziň öz ýaşaýşymyzy ýitirip, Hudaýyň ýaşaýşyny edinmek mümkinçiligimiz bar. Bu erkinlik ýoluny gorkusyz saýlamaga erklidigimizi aňladýar, sebäbi biziň Rebbimiz ölüm we ýaşaýyş meselesini haçda çözüpdi.

Söweşiji üçin şeýle garaýyş ajaýypdyr. Samuraýlar öz gylyçlaryny atlandyrýadylar, sebäbi olar her bir gylyja baglanan ruhuň we onuň oňa güýç berýändigine ynanýardylar. Bu ynam ýaraga sežde etmeklige alyp bardy. Bize ruhly gylyç gerek däl, sebäbi bizde Ruhuň gylyjy bar! Biz Hudaýyň Sözüni ulanyp, Isa Mesihiň adyny ulanýarys we Onuň Sözüni öz erk-islegimizden ýokary tutup, Oňa öz durmuşymyz bilen sežde erýäris.

Terrorçy gorkudan ýaňa hereket edýär, hakyna tutulan urşujy pul gazanmak üçin hereket edýär, ýöne bularyň ikisi-de buýruklardan boýun gaçyryp bilmeýärler. Söweşijiniň bolsa saýlawy bar, esger söweşijä öwrülmek bilen, köplenç päk ahlaklylyga we sap ýüreklilige hormat goýýandygynyň nyşany hökmünde bu ady alyş däp-dessurlaryny berjaý edýär.

Mähribanym, sen milletara agzalalygyň, çaknyşyklaryň we uruşlaryň bolýan döwründe doglandygyň bilen ylalaşýandygyňa ynanýaryn. Söweşler ähli frontlarda dowam edýär. Gynansak-da, olar hatda çagalary-da gaýgyrmaýarlar, olary zorlaýarlar, ýenjýärler, söýgüden doly we maşgala ojagy bolmaly öýler bolsa gahar-gazabyň we zalymlygyň ojagyna öwrülýärler. Seksual we zähmet gulçulygynyň

çylşyrymly torlary rehimsizlik bilen goýulýar (soňky maglumatlara görä, häzirki wagtda dünýäde gulçulyga satylan çagalaryň sany ýigrimi milliona ýetdi). Bu gizlin terrorçylykdan başga-da, biz aç-açan wehim salynmaklygyň döwründe ýaşaýarys. Biz milletleriň biri-birini dyngysyz öjükdirip, belli bir eýesi bolmadyk uruşlary bilen howp salýandyklarynyň diri şaýadydyrys.

Köpsanly frontlarda ýigrenç bilen wagşylyk dowam edýär, adamlara hiç bir ýürekleri agyrmazdan yzly-yzyna wehim salynýar, şonuň üçin-de biz öz söweşimizi diňe öz şahsy durmuşymyzdaky döwürlerýin çaknyşyklar bilen çäklendirmeli däl. Biz ahyrda şöhratly ýeňşi gazanmak üçin, söweşleriň her birinde ýeňmegi maksat edinmeli. Şeýle çemeleşme üçin strategiýa, syzgyrlyk, görnüş, danalyk, sabyr-takat, erjellik, aýgytlylyk, agzybirlik we ylalaşykly hereketler gerek.

Mysal üçin, geliň, wirtual wideooýny göz öňüne getirp göreliň. Eger siz diňe bir derejäni geçmegi maksat edinýän bolsaňyz, siziň netijäňiz nähili bolar? Meniň düşünşime görä, şeýle pikirdäki oýunçylar oýunda uzak saklanmazlar we oňat netijeleri bilen öwnüp bilmezler. Men şeýle oýunlary bütinleý oýnap bilmeýändigimi belläp geçeýin, ýöne ogullarym welin ussatlygyň belli bir derejesine ýetdiler. Biraz syn edenimden soň, men maksadyň diňe bir derejedäki ähli synaglardan çalt geçmekden ybarat däldigine üns berdim; maksat - indiki derejelerde gerek boljak zatlary edinmeli ýa-da olary bilmeli.

Men ogullarymyň her bir derejäniň çäklerinde we ýollarynda gizlenilgi zatlary tapmak üçin ussatlyk bilen hereket edip, töwekgelçilik edişlerini görýärin. Tapylýan her bir zadyň özboluşly gymmatlygy bar, ýöne kada bolşy ýaly, olaryň biri-de bada-bat ulanmaga niýetlenilmeýär. Olary köplenç gelejekde ulanmak üçin toplaýarlar.

Indi bolsa oýun baradaky mysalymyzy bir gyra goýup, biziň dünýämiziň ýollarynyň hakykylygyna dolanalyň. Biz kiçi we ähmiýetsiz bolup görünýän haýsydyr bir çözgüdiň ýa-da hereketiň gelejekde has ähmiýetli gapyny açjakdygy we hatda bize güýç berjekdigi babatda şübhelenmeli däl. Hut şu sebäpdenem bir ownuk zatlara äsgermezçilik etmeli däl. Biziň bilen gelejege diňe hereketlerimiz geçmeýär; ýolumyzyň her bir tapgyrynda öwrenen sapaklarymyz hem bize gelejekde hemra bolýandyr. Şuňa düşünjek boluň: gizlin saklamagy karar eden syryňyz ýa-da *geçen möwsümde*

göze ilmän galan tabynlygyňyz sizi *indiki möwsümde* örän gowy gorap bilýändir.

Söweşijiler durmuşda öňe seredip gadam basýarlar we synaglaryň her birinde öz başarnyklaryny ýiteldip, güýçlerini ösdürjek mümkinçilileriň gizlenip ýatandygyna düşünýärler.

*Biz diňe birnäçe akr ýeri däl-de pikiri goraýarys. Biz duşmany bir söweşde ýeňerismi ýa-da söweşler köp bolarmy , parhy ýok, netijesi şol bir netije bolar.*

– Tomas Peýn

Söweşiň manysy üsti-başyňy hapalamak däl-de, öz prinsipleriňi goramakdan ybarat bolmaly. Amerikan rewolýusionerleri öz döwürlerindäki adalatsyzlyga garşy göreşmek üçin ellerine ýarag alypdylar. Iki tarapdan-da wepat bolan esgerler we söweşijiler üçin bu urşuň bahasy örän gymmada düşüpdi. Biz bolsa başga uruşda söweşýäris, bu uruş adalatsyzlyga garşy däl-de, Hudaýyň iblise garşy alyp barýan urşudyr. Galyberse-de, siz nur bilen tümlügiň arasyndaky gadymý urşuň bir bölegisiňiz.

## Duşmanyň maksady

Indi bolsa Mukaddes Ýazgylary öwrenmeklige dolanalyň. “söweşiji” sözi ilkinji gezek agzalanda, ol gahryman, beýik we örän güýçli diýen ýaly sözler bilen suratlandyrylýar: “Kuşdan ýene Nimrot doguldy; ol ýer ýüzünde ilkinji edermen urşujydy” (Gel. 10:8, NLT, iňlis dilinden terjime, nygtama awtoryňky).

“Ýer ýüzünde .... birinjidi” diýen aňlatma bize edermen söweşijileriň asmanda eýýäm bolandygyny, Nimrodyň bolsa ýer ýüzündäki ilkinji söweşiji bolandygyna düşünmäge ýardam berýär. Biziň günäli dünýämiz arşa uzaýan şöhratly gökleriň dumana gaplanan günäli şöhlelenmesidir. Şonuň üçin-de, birwagtlar göklerde dörän konfliktleriň ýer ýüzüne geçip, onda ýaýrandygy geň zat däl. Aýanlyk kitabynda göklerde bolan şeýle söweş beýan edilýär:

“Onsoň gökde uruş başlandy. Mikaýyl we onuň perişdeleri aždarha bilen uruşdylar. Aždarha-da öz perişdeleri bilen

> olara garşy uruşdy. Emma aždarhanyň ýeňmäge güýji ýetmän, gökdäki ýerlerini elden giderdi” (Aýan. 12:7, 8, nygtama awtoryňky).

Biz şu parçadan gökdäki iň güýçli söweşijileriň biri bolan baş perişde Mikaýylyň ady bilen tanyşýarys. Bu söweşde aždarha we onuň güýçleri ýeňilmek diňe bir ýeňilmän, eýsem ýerlerini hem ýitirýärler. Gadymy söweş başga ýere geçýär we aždarha Hudaýyň gyzlaryna garşy urşa başlaýar.

> “’Şoňa görä, eý, gök we onda ýaşaýanlar, heşelle kakyň! Eý, ýer we deňiz, siziň bolsa halyňyza waý! Çünki iblis ýanyňyza indi, ol wagtynyň azalandygyny bilensoň, gazap atyna mündi’. *Aždarha* özüniň ýere zyňlandygyna düşünende, *ogul dogran aýaly* kowalamaga başlady. Aýala ýylanyň öňünden çöle, bir wagta, iki wagta, ýarym wagta çenli iýmitlenjek ýerine uçup gaçar ýaly, uly bürgüdiň iki ganaty berildi. Ýylan bolsa aýaly sile gark etmek üçin, agzyny açyp, onuň yzyndan derýa ýaly suw akdyrdy” (Aýanl. 12:12–15, nygtama awtoryňky).

Bu ýerde pygamberlik nyşanlary şeýle bir kän welin, men hatda olaryň hemmesine düşünýärin diýip aýtmaga-da milt etmerin. Bu parça hem ruhy, hem-de göni manydan doly, ýöne hatda gizlin syra duwlanan hem bolsa, mese-mälim hakykat, ine, şeýledir: bu iblis-aždarha “aýaly” zalymlyk bilen yzarlap, ony ýok edesi gelýär. Mukaddes Kitaby teswirleýjiler bu parçada aýalyň Ysraýyl ýurduny aňladýar diýip hasaplaýarlar. Soňra aždarha onuň çagalaryna garşy urşy başlaýar.

> “Onsoň *aždarha aýala gaty gazaplandy*. Ol aýalyň *beýleki çagalary, ýagny Hudaýyň buýruklaryny berjaý edip, Isa barada şaýatlyk edýänler bilen* uruşmaga gitdi” (Aýanl. 12:17, nygtama awtoryňky).

Bärde ýalňyşyň bolmagy mümkin däl, iblis Hudaýa zyýan ýetirip, Onuň perzentlerini heläklemekçi bolýar. Ýygnak –zenana degişli adalga bolup, oňa erkekler-de, aýallar-da girýär, ýöne Mukaddes

Kitap iblisiň gahar-gazabynyň aýala garşy gönükdirilendigini köp gezek nygtaýar. Başda How ene, soňra Sarra, soňra Ysraýyl, soňra Merýem. Häzirki wagtda onuň gazaply hüjümleri gelinlige gönükdirilen.

Onuň yzyndan aýala bolan ýigrenjiň uzyn taryhy ýatyr we, elbetde, aýala zarba urmak üçin, iň aňsady – onuň çagalaryna zarba urmakdyr. Bu aýalyň çagalary kim? Hudaýyň ähli tabşyryklaryny berjaý edip, Isa Mesihiň şaýatlygyny saklaýanlaryň hemmesi. Siz bu topara degişlimi?

Mähribanym, ol seni eýýäm öz nyşanynyň astyna alandyr. Sen indi gahryman söweşiji bolup bilýäň, çözgüt – senden.

## Hakyky söweşiji

Mukaddes Kitapda “söweşiji” sözi indiki gezek duş gelende, ol Gelip çykyş kitabynda Gudratygüýçli Hudaý babatda ulanylýar: “Reb söweşijidir. Onuň ady Rebdir” (Gel. 15:3).

Reb, biziň Belent we Mukaddes Atamyz, biziň baş Söweşijimizdir. Hemmeleriň Rebbi – wagtlaýyn ata ýa wagtlaýyn esger däl. Biziň Gudratygüýçli Hudaýymyz hem ata, hem esger we bulardan-da has artykdyr. Ol biziň Gudratygüýçli Söweşiji-Atamyzdyr, biz bolsa Onuň sýüegi-süýeginden, teni-teninden bolan gyzlarydyrys. Şoňa görä-de, biziň synamyzda söweşijiniň DNK-synyň bolmagy geň zat däl.

Men özümiziň aýgytly ädim we doly aýdyňlyk duýgusy bilen öňe çykyp bilmegimizi isleýärin. Sen şol bir wagtyň özünde hem gyzy, hem-de söweşijisiň. Bu harby derejä hatda şahyrana atlar, mysal üçin söweşiji-melike ýa-da melike-söweşiji diýen ýaly atlar oýlanyp tapylan. Meniň göwnüme bularyň ikisem ýaraýar. Sen öz göwnüňe has ýaraýanyny özüň saýla. Men şu bapda söweşiji bilen esgeriň esasy häsiýetleriniň arasyndaky tapawutlar arkaly söweşiji gyzyň keşbini suratlandyrasym gelýär.

Ilkinji tapawut bu iki roluň nähili başlanýanlygyndan ybarat: söweşijileri çagyrýarlar, esgerleri hakyna tutýarlar. Hiç bir sanawda bolmazdan, söweşiji bolup bolýar. Söweşmek zerurlygy söweşijini orta çykyp, öz ýüregini bermäge mejbur edýär. Daş-töweregiňe gara, sen öňe çykmaklygy talap edýän haýsydyr bir

sebäbi görýärmiň? Söweşijileri haýsydyr bir harby bölüme hakyna tutmaýarlar. Olaryň içki yhlasy söweş meýdanyna ymtylýar.

Sen haýsydyr bir uzak ýurda söweşmäge ibermek üçin çagyrylyp, hakyna tutulan haýsydyr bir parahat ýaşaýjy dälsiň. Guramalaryň biri-de seniň derejäňe kast edip bilmeýär, sebäbi sen Patyşanyň gyzysyň, sen anyk bir maksat üçin saýlanylansyň. Bu söweşde atsyz-sorsuz bir zat-da ýok, bu seniň gadymy maşgala söweşiňdir.

> “Gözelligiňi arzuwlamaga *Patyşa ygtyýar et*, ol seniň *Hojaýynyň*, oňa tagzym et” (Zeb. 44:12, NIV, iňlis dilinden terjime, nygtama awtoryňky).

Gylyçlar we fehtowaniýe mowzugyny derňänimde, yzzat-hormat mowzugy muňa hemişe hemra bolýardy. Mukaddes Ýazgylarda “ygtyýar et” jümlesi duransoň, bu patyşa öz gözelligiňden lezzet almagy ygtyýar edip ýa-da etmän bilýänligiňi aňladýar. Meniň pikirimçe, biz öz Patyşamyza degişli yzzat-hormaty bildirmänimizde, Oňa öz gözelligimizden lezzet almagyny ret edýäris. Gynansak-da, biz biabraýlygyň gülleýän, hatda onuň şöhratlandyrýylýan döwründe ýaşaýarys.

Biziň şindiki medeniýetimiz aýallary öz bedenlerini biabraý etmeklige höweslendirýär, ol aýallara öz bedenlerine hormat goýup, asyllylyga, edeplilige we mylaýymlyga höweslendirmäge derek, olara özlerini sypaýyçylyksyz alyp barmagy, semremegi, öz saglygy we iýmitlenmesi barada alada etmezligi ündeýär.

Dogruçyllyk, at-abraý ozal ýagşy häsiýetler hasaplanylýardy, şindi bolsa ýörgünli bolmagyny bes edip, döwrebap aýdymlarda wasp edilmeýär. Şindi ähli ýerlerde diňe masgaraçylykly tanslar, gymmat egin-eşikler, maşynlar, jübülerinden pul dökülip duran erkekler üçin nobata durmaga gijeki klublara ýygnanýan aýallar barada gürrüň edýärler. Reperleriň we bet ýigitleriň ýalan dünýäsinde utançsyz, gysganç we ynsapsyz ulumsylanýanlaryň ählisi özlerini biziň hormatymyza mynasypdyr öýdýärler.

Maýyllyk gözelligiň ornuny eýeledi, hile-pirimiň güýji danalygyň täsirinden üstün geldi. Akmaklyga indi köçede durup, bizi çagyrmak

gerek däl, sebäbi onuň sözleri we sazlary biziň öýlerimize aňsat sümülýärler.

Meniň ýanýoldaşym elmydama yzzat-hormatyň ýürekden başlaýandygyny, içden hereket edip, biziň daşky hereketlerimizde aýan bolýandygyny aýdýar. Meniň pikirimçe söweşiji gyzyň hereketleri hem ilki bilen onuň ýüreginden başlanýar. Şonuň üçin-de, ol ilki bilen öz aňyny gaýduwsyzlyk bilen goramaly. Bu onuň başgalaryň aýdýanlaryna, görýänlerine we başgalaryň edýänlerine üns bermelidigini aňladýar. Abraýsyzlygyň ýoýulan ýüpi biziň durmuşymyzyň halysyna çitilip, ondaky gözel zatlaryň baryny zaýalasy gelýär.

Biziň Sözeşiji Patyşamyz ajaýypdyr.
Onuň keşbiniň deňi-taýy ýokdur.
Ýaradylyşyň ajaýyp dünýäsi
Onuň gözelliginiň diňe ujypsyzja bir bölegini
şöhlelendirýändir.

Uç-gyraksyz umman, ýeliň ganatynda gaýýan bulutlar, äpet daglar Onuň güýjüniň gudratly, çäksiz we mizemez ajaýyplygyny yglan edýärler.

Diri ýaradylyşlaryň her biri – ösümliklerden bäşläp tä haýwanlara çenli, biziň Hudaýymyzyň ajaýypdygy baradaky gürrüňsiz subutnamalarydyr!

Ol Öz ogullaryny we gyzlaryny söýgi bilen ýaratdy; Ol muny olaryň Onuň belentligini, şan-şöhratyny we gözelligini ýaradalyşlaryň islendiginden has artyk görkezerleri üçin şeýle etdi.

Biz - Onuň naýbaşy ýaradylyşy.

Hut şu sebäpdenem, biz durmuşymyzda Onuň hökmürowanlyk sürmek hukugyny masgaralaýan ýaly hereketleri edenimizde, bu has-da gynandyrýar. Biz başgalary hormatlamazlyk arkaly Oňa hormat goýmanymyzda, Onuň bizdäki şöhlelenmesi ýoýulýar. Hatda daş-töweregimizdäki dünýä-de biziň söýüp başarmalydygymyzy we şu sebäpdenem ajaýyp bolmalydygymyzy bilýär.

Biz gyz perzentleri hökmünde Atamyzyň keşbini göterýäris. Biziň tüýs ýürekden bolan söýgimiz aňymyzyň oýlanmalaryny we güýjümiziň dolulygyny oýarýar. Ýöne welin göz-görtele gulak asman,

Onuň Sözüniň öwütlerini ýoýanymyzda, Onuň Mukaddes Ruhunyň özgerdiji güýjüniň mizemez ajaýyplygy bizde ýitip, ol ruhda täzelen halky görmäge zar bolan dünýä görünmän galýar.

Bu mowzugy öwrenmegi dowam etmek bilen, men yzzat-hormaty hakyky söweşijiden aýryp bolmaýandygyny ýüze çykardym, sebäbi söweşijiler hemişe haýsydyr bir zady özlerinden ýokary tutýarlar. Gaýduwsyz samuraýlar öz durmuşlarynda elmydama belent maksatlara hormat goýýardylar, orta asyryň rysarlary päklige we mertlige hormat goýýardylar. Hormat hereketleriň belli bir kodeksini aňladýar; bu kodeksler janyňy gaýgyrmazlygy we berk tertip-düzgüni saklamaklygy talap edýärler. Rysarlar ýer ýüzündäki patyşalary sadyklyk bilen gorajakdyklaryna kasam edýärdiler. Patyşa olaryň sadyklygy üçin olara mülkleri we abraýly derejeleri peşgeş berýärdi. Bu köplenç olaryň söweş meýdanlarynda wepat bolmalydygyny aňladýardy.

Biz ýer ýüzündäki patyşalara gulluk etmeýäris, olaryň adalatlylygy ýer ýüzüniň sylaglary bilen ölçenilýär. Biziň esasy sylagymyz – Hudaýyň hut Özi. Onuň danalygy, rehim-şepagaty we adalatlylygy günleriň birinde ähli milletleri baky sarsdyrar. Biziň Patyşamyz hut şeýledir; Onuň adalatlylygy bilen belentligini ynsan sözleri bilen beýan ederden juda ýokarydyr, olary ynsan ölçeglerine sygdyryp bolýan däldir.

Jomart Patyşamyz biziň abraý we ahlak kodekslerini berjaý edip bilmejigimizi, birimiziň-de hormatly orna mynasyp bolmajygymyzy bilýärdi. Şonuň üçin-de, Ol bizi ogul-gyzlyga almak arkaly kabul edip, Öz adynyň abraýlygyny bize peşgeş berdi. Ol biziň öz ýolumyzy tapyp bilmejekdigimiz bilýärdi, şonuň üçin-de Ol Öz Ogluny dünýämize iberip, bize Öz şalyk ýollaryna öwretdi. Biz ölüme höküm edilmeden gutulyp, Onuň ýetip gelýän şalygyny Onuň bilen paýlaşyp bilerimiz ýaly we Onuň güýjüni, ygtyýarlygyny şindiki asyrda hem edinip bilerimiz ýaly, ajaýyp Hudaý Atamyz bize Öz durmuşyny peşgeş berdi.

Eger öňde-soňda abraý-mertebä eýe bolan bir halk bolmaly bolsa, şol halk bizdiris.Onda näme üçin Onuň halkynyň arasynda biabraýlyk şeýle köpkä? Biz berk söweşijiler bolmaga derek tapdan düşen esgerlere öwrüläýdikmi? Dogrymy aýtsam, men bu soraglaryň jogabyny bilemok, ýöne özümiziň şu meseläniň jogaby bolup bilýändigimize ynanýaryn. Biziň jemgyýetdäki şindiki akymlary özgertmäge umumy ýa-da bölekleýin güýjümiz bardyr.

Esgerleri türgenleşdirýärler, söweşijileri bolsa synaýarlar.

# Söweşiji bolmak

Siz söweşiji bolmaga razymysyňyz? Eger razy bolsaňyz, onda siziň harby taýýarlygyňyz esgerleriň türgenleşik maşklaryndan biraz tapawutly boljakdygyna düşünmelisiňiz. Söweşijiler diňe bir esgerleriň taýýarlygyny geçmän, eýsem synalýarlar hem. Synag döwrüniň çalt we o diýen ýakymly däldigini size duýduryp goýaýyn. (Men ol barada indiki bapda gürrüň bererin.)

Esgerleriň her biri duşmanyň äme edýändigini görüp, onuň hereketlerini öz ýolbaşçysynyň dykgatyna ýetirip bilýär. Onsuzam mese-mälim görnüp duran zady saýgarmak zerurlygy ýok. Başga bir tarapdan, söweşijiler – bu Hudaýyň göze görünmeýän çäklerde edýänlerini kabul edýän liderlerdir. Esger: “Serediň-ä, bizi kynçylyklar we bulam-bujarlyk gurşaýar” diýip bilýär. Söweşiji bolsa Hudaýyň ähli zady gözegçilikde saklaýandygyny we Onuň goşunynyň garşylyklaýyn hüjüme geçmek üçin eýýäm taýýar durandygyny bilýär.

Mukaddes Ýazgylarda ýene-de bir oňat mysal bar; onda Siriýa patyşasy öz esgerler goşunyny söweşiji pygamber Elýaşanyň garşysyna iberişi barada gürrüň berilýär. Siriýanyň patyşasy her nähili meýilnamalary düzse-de, öz hüjümlerini her nähili ymykly taýýarlasa-da, Elýaşa pygamber ruhy aýanlyga eýe bolany üçin, duşmanyň ähli hereketleri barada Ysraýylyň patyşasyny habardar edýän eken. Siriýanyň patyşasy ahyrda pygamberi ele salmagyň kül-külüne düşýär. Ol gazaba münüp, gijäniň içinde gelýär-de, Elýaşa pygamberiň ýaşaýan Dotan galasyny gabaýar. Pygamberiň hyzmatkäri irden oýanyp, duşmanlary görende aljyrap, bu ýagdaýy Elýaşa pygambere habar bermäge gidýär: olaryň daş-töweregi atlar, harby arabalar, we duşmanyň sansajaksyz esgerleri bilen gabalypdyr; olaryň halas bolara hiç umydy hem galmandyr.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Ýaramaz gylyçlaşma gaharjaň duýgulara gaplanan bolýar, ol ýaramaz sözler we biderek hereketler bilen alnyp barylýar.

Ol oňat esger hökmünde duşmanyň eýelän ornuny habar berýär. Indi bolsa söweşijiniň bu habara nähili jogap berýändigine gulak goýuň:

“Elýaşa: ‘Gorkma, çünki biziň ýanymyzdakylaryň sany olaryňkydan köpdür’ diýip jogap berdi. Onsoň Elýaşa dileg edip: ‘Eý, Reb, meniň hyzmatkärimiň gözlerini açaý, goý, ol görsün’ diýdi. Reb Elýaşanyň hyzmatkäriniň gözlerini açdy. Hyzmatkär dagda Elýaşanyň töwereginiň atlardyr söweş arabalary sypatyndaky otdan doludygyny gördi” (2 Pat. 6:16, 17).

Gorky gözüňi gapýar. Ýöne biziň ýanymyzdakylar bize görünýänindäkisinden köpdür. Söweşiji gyz: “Bulardan başga aýdara zat galdymy? Hudaý bizlik bolsa, kim bize garşy çykyp biler?” (Rim. 8:31) diýen jümläni öz kalbynda ruhlandyrma hökmünde göterip gezýär.

Mukaddes Ýazgylaryň bu ýeri öňümizde hem soragy, hem-de jogaby goýýar. “Çünki sizdäki Ruh (Isa Mesih) dünýädäki ruhlardan (iblisden) üstündir” (1 Ýoh. 4:4). Käwagt by ynam biziň nazarymyzda harby arabalaryň otly aýlawlary, käwagt bolsa içimizde ýanyp, sönmeýän umyt kimin görünýär.

Söweşijiler kalplaryndaky baky mandat arkaly herekete gelýärler, olar içki buýruklara seslenýärler. Bu olaryň öz elinden gelenini aýamajakdygyny aňladýar. Olaryň seslenmesi yhlasdan doly, sebäbi perzentler hakyna tutulan hyzmatkärlerden has artyk etmelidirler. Öz serkerdelerinden tapawutlylykda, esgerler adatça öz buýruklaryny yhlasly berjaý etmeýärler. Harp öldürýär, ýöne Ruh welin ýaşaýşy nädip bermelidigini bilýär.

*Oňat adamlar kanunlara juda tabyn bolmaly däldir.*

– Ralf Uoldo Emerson

Elýaşa pygamber-söweşiji baradaky wakamyza dolanmak bilen, biz Hudaýyň Elýaşanyň dilegine jogap berip, onuň duşmanynyň gözüni kör edişini we Elýaşanyň tutuş goşuny ysraýyl patyşasynyň howlularyna alyp barşyny görýäris. Patyşa öz duşmanlaryny howlusynyň bosagasynda görüp begenýär we Elýaşadan olary öldürmäge rugsat soraýar. Elýaşa jogap berip, şeýle diýýär:

“Ýok, bulary gyrma! Sen gyrjak bolýan adamlaryňy öz gylyjyň, öz ýaýyň bilen basyp aldyňmy näme? Olaryň

> öňlerinde iýip-içerleri ýaly çörek we suw goý. Şondan soň olar öz hökümdarlarynyň ýanyna gitsinler” (2 Pat. 6:22).

Şu wakadan soň siriýalylar Ysraýyl ýurduna hüjüm etmesini bes edýärler. Söweşijiniň doýrup biläýjek adamlaryny esger öldürerdi. Şonda ganhor hüjümlerini bes etmän, dartgynlygy öňküden-de artdyrardy we ýigrenji urşuň oduny has-da möwjederdi. Elýaşa öz hereketleri bilen soňra Isa Mesihiň diýjek sözlerini görkezdi (ser. Luk. 6:27). Hudaýyň Ruhy Öz söweşiji-pygamberlerini ugrukdyrýar. Hatda patyşa-da Elýaşadan näme etmelidigini soraýardy. Esgerler adamyň buýruklaryna eýerenlerinde, olary iň soňky harpyna çenli berjaý edip, gidip, buýrup, öldürip bilýärler. Söweşijiler bolsa başgalary öz yzyna eýerdip, olary öz ideýasyna ynanmaga yryp bilýärler.

Esgerleriň pikir edişleri giňişleýin däl. Olar gulluga möhletleýin ýazylandyklaryny bilýärler we bellenilen wagtdan artyk bir gün-de galmak islemeýärler. Olar öz orunlaryny eýeleýärler, ýöne olaryň orny welin olary eýelemeýärler; olar günleriň birinde çykyp gitmek üçin gulluk edýärler. Söweşiji bolsa gullukdan hiç haçan çykmaýar. *Söweşiji* – bu status ýa-da orun, adam ony ömürboýy göterip gezýär.

Dawut patyşa ömürboýy söweşiji bolupdy. Ol özüniň ilkinjini ýeňşini aýy we ýolbars bilen bolan tutluşykda gazanypdy.

> “Emma Dawut Şawula şeýle diýdi: ‘Men guluň öz kakamyň goýunlaryny bakardym. Ýolbars ýa-da aýy gelip, sürüden bir guzyny alaýsa, men onuň yzyndan ýeterdim-de, ony öldürip, guzyny agzyndan alardym. Bardy-geldi ol maňa topulaýsa, sakgalyndan tutardym-da, ony urup öldürerdim” (1 Şam. 17:34,35).

Dawudyň hut özi söweşýärdi we ýeňýärdi. Onuň ýeke-täk şaýatlary: goýunlar, ýyldyzlar we Hudaýdy. Onuň aýy we ýolbars bilen bolan çaknyşyklaryndaky söweş üstünliklerine hatda doganlary hem ynanmandylar. Siziň-de şahsy söweşleriňiz bardyr. Siz, belki, başgalaryň oňarmadyk söweşlerinde ýeňiş gazanansyňyz. Ýa-da, belki, Dawut ýaly gizlinlikde ýeňiş gaznansyňyz we ýeňişleriňize hiç kim ynanan däldir. Sabyrly boluň: Hudaý şeýle ýeňişleri ünssüz galdyrmaýar. Siziň ýeňşiňiziň ýerde ýa-da göklerde baýram ediljek güni

hökman ýetip geler. Dawut Jaluty ýeňen güni özüniň söweşijidigini subut edipdi.

> “Soňra Dawut piliştlä: ‘Sen meniň üstüme gylyçly, naýzaly we gamaly gelýärsiň, emma men seniň üstüňe seniň gyjalat beren Ysraýyl goşunynyň Hudaýy Hökmürowan Rebbiň adyndan gelýärin. Şu gün Reb seni meniň elime berer we men seni urup, kelläňi keserin. Men bu gün piliştlileriň ählisiniň läşini ýyrtyjy guşlardyr ýabany haýwanlara şam ederin. Şonda tutuş ýer ýüzi Ysraýylda Hudaýyň bardygyny biler” (1 Şam. 17:45, 46, nygtama awtoryňky).

Dawudyň ädimsaýyn tizligini artdyryp, öz Hudaýynyň ady bilen gaýduwsyz ylgap barşyny göz öňüne getirip görüň. Eger ol ozal ýolbars bilen aýyny öldürmedik bolsa, onuň durmuşy başgaça bolardy diýip pikir edýärin. Eger ol bir goýun janyňy howp astyna salanyňa degmeýär diýen karara gelen bolsa, näme bolardy? Esger öz güýjüni gelejek üçin tygşytlamagy saýlap alýar, söweşiji üçin bolsa onuň gelejegi edil şu wagtdyr. Söweşiji ähli zat üçin sylagyny alýandyr. Siziň başgalara edýän ýagşylyklaryňyzyň ýa-da şahsy ýeňişleriňiziň manysy ýokdur öýtmäň. Hudaý özümize degişli bolmadyk zatlary nähili dolandyrýandygymyzy synlaýar, soňra bolsa has jogapkärli işi bize ynanýar.

**Hakyky söweşiji gyz-perzentler Rebden gorkýarlar; şonuň üçin-de Oňa şatlyk bilen sežde edip, tabyn bolýarlar.**

Söweşiji dogrulygyň nädogrulykdan üstün gelmeli ýagdaýlarynda artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri ölçäp durmaýar. Goýny ogurlap äkiden ýolbarsyň yzyndan kowalamak üçin söweşijiniň ýüregi gerek. Gizlinlikde ýeňiş gazanýan söweşlerimiz günleriň birinde köp adamlaryň göz alnynda äpet pälwany ýeňmäge mümkinçilik berer.

Dawudyň söweşijilik şöhratynyň belent pursatlary onuň halas eden adamlarynyň wakalarynda saklanyp galandygyna ynanýaryn. Meniň pikirimçe onuň beýik ýeňişleri aýallaryň: “Dawut onlarça müňüsini ýeňdi!” diýip, aýdymlarda taryplan ýeňişleri däldi (ser. 1 Şam. 18:7).

Onuň hakyky söweşijilik belentligi iň uly bolmadyk sanda – üçde

äşgär bolupdy. Dawut özüni goramak üçin Şawuly öldürmekden ýüz öwrende we oňa myjabat baryny ýapan Nabal bilen Şimgine rehimlik edende, özüni hakyky söweşiji kimin görkezdi. Ol olaryň janlaryny aman saklap, Hudaýyň adalatly kazylygyna ýol bermek bilen, özüniň şa mertebesini subut etdi.

Hakyky söweşiji gyz-perzentler Rebden gorkýarlar; şonuň üçinde Oňa şatlyk bilen sežde edip, tabyn bolýarlar.

Söweşijiler öz gylyçlaryny höküm üçin däl-de, adalatlylyk üçin göterýändiklerine düşünýärler. Esgerler hemmeleri öldürmäge şat. Olar hut şuňa hem meşgul, olary adamlary öldürmek üçin türgenleşdirýärler. Söweşijiler özlerini başgaça alyp barýarlar. Olar mirasy berkarar etmek üçin jan alyp, jan berýärler. Söweşijiler Hudaýyň yradasyna görä söweşýärler, esgerler bolsa adamlaryň yradasyna görä söweşýärler.

Şawul halkyň patyşasydy, onuň esgeridi. Esgerler halkyň jemgyýetçilik sesiniň wekili bolup durýan goşunda gulluk edýärler. Şawul öz adamlarynyň gepine gidip, Hudaýyň oňa taýynlan mirasyny ýitirende, özüniň halk tarapyndan saýlanylan ornuny subut etdi.

> “Şawul Şamuwele şeýle jogap berdi: ‘Men günä gazandym, çünki men Rebbiň buýrugyny ýerine ýetirmedim, seniň sözüňi tutmadym. Sebäbi men halkdan gorkup, halkyň diýeni bilen boldum’” (1 Şam. 15:24).

Adam kimden gorkýan bolsa, şoňa-da gulluk edýär. Söweşijiler Hudaýdan gorkýarlar.

> “Beýik Hudaý–Rebden gorkmalydyr, çünki Ol bütin ýer ýüzüniň Beýik Şasydyr”(Zeb. 46:3).

Hakyky söweşiji gyz perzentler Rebden gorkýarlar; şoňa görä-de şatlyk bilen Oňa tabyn bolýarlar we gulak asýarlar. Esgerler adamlardan gorkýarlar, şonuň üçin-de adamlara gulak asýarlar. Söweşijileriň ählisi netijede göze görünmeýän Rebbe – ýeri, gögi ýaradan Ýaradana jogap berýändiklerini bilýärler.

# Şawulyň söweşiji ogly

Esger patyşa Şawulyň Ýonatan atly söweşiji ogly bardy. Ol Hudaýa eýermegiň we Oňa wepaly bolmagyň ajaýyp göreldesi bolup durýandyr. Ýonatanyň durmuşy biz öz öňümizde Hudaýyň maksatlaryny goýanymyzda, Onuň näme edip bilýändigini görkezýär. Men Mukaddes Ýazgylardan bir wakany mysal getireýin, ýöne, gaýrat edip, bu aýady ozal hiç haçan okamadyk ýaly okaň.

Piliştliler we ysraýyllar köp wagtlap duşmançylykda ýaşaýardylar we indi söweş gutulgysyzdy. Piliştliler ysraýyllary ýaragsyzlandyrdylar, ýerlerini basyp aldylar, ýygnap goýan zatlaryny dargatmak üçin üstlerine çozup, olaryň ünslerini sowýardylar, wagşy hereketleri bilen adamlaryň ýüregine düşýärdiler. Mundan başga-da, piliştliler ysraýyllaryň ýaraglary bolmaz ýaly, täze gylyçlary we naýzalary ýasap biljek demir ussalary bolmaz ýaly elinden geleni edipdiler.

> “Şol sebäpli uruş wagtynda Şawul bilen Ýonatanyň adamlarynyň elinde ne gylyç, ne-de naýza bardy. Bu ýaraglar diňe Şawul bilen onuň ogly Ýonatanda bardy” (1 Şam. 13:22).

Şawul bilen Ýonatan ýaramaz ýaraglanan goşuny bilen duşmanyň üstüne ýöriş edýärler. Alty ýüz adama olaryň diňe iki sany gylyjy bar. Şawul eli gylyçly yzda galyp, gowakda gizlenýär. Ýonatan bolsa şol wagt öz ýarag göterijisi bilen düşelgeden gizlin çykyp, duşmanyň düşelgesine ýönelýär.

> “Ýonatan öz ýaraglaryny göterýän nökerine şeýle diýdi: ‘Ýör, şol sünnetsizleriň üstüne gideli. Belki, Reb biziň işimizi oňuna eder. Çünki köpüň elinden ýa-da azyň elinden halas etmäge Reb üçin hiç hili kynçylyk ýokdur’. Ýaragçy nöker Ýonatana: ‘Gözel göwnüň, ýör. Men seniň bilen; seniň islegiň — meniň islegim’ diýdi” (1 Şam. 14:6, 7).

Ýonatanyň batyrgaý sözlerini eşidýärmisiňiz? Ol meseläniň özünde ýa gylyjynda däldigini bilýär. Onuň ýarag göterijisiniň gylyjynyň-da, harby esbaplarynyň bolmazlygy-da olaryň etjek bolýanlaryna hiç täsir etmez, sebäbi işiň netijesi Rebbe bagly. Ýonatan halas Edýän Hudaýyň öňüni *hiç biz zadyň* böwetläp bilmeýändigini bilýär. Ýaragy

göteriji Ýonatanyň sözlerindäki imany duýan bolmaly, sebäbi ol aýgytlylyk bilen şeýle diýýär: “Ýonatan, aýdanlaryň-da artyk ediber. Ýüregiňdäkileri, arzuwlaýan ähli işleriňi ediber. Men janym-tenim bilen seniň tarapyňdadyryn!”

Birdenkä olaryň gözleri nurlandy we damarlaryndaky ganlary joşdy. Bu iki söweşiji bir çukura tüýkürip, Hudaýyň sadyklygyny we dogry işe jan-tenden berlendiklerini ykrar edenlerinde, olaryň üstüne beýik güýç indi. Ýonatan her zat edip öňe gitmelidigini bilýär, ýöne şol bir wagtyň özünde-de özlerine strategiýanyň gerekdigine düşünýär. Ol hereketleriniň meýilnamasyny düzýär, soňra bolsa takmynan şeýle sözleri diýmek bilen, soňky çözgüdi Hudaýa goýýar: “Ýa Hudaý, biz bukulgadan çykyp, özümizi duşmana aýan ederis. Eger olar yzymyzdan kowsalar, biz gaçarys. Ýöne welin olar öz ýanlaryna golaýlamaga ygtyýar etseler, biz Seniň eliňiň biz bilendigini bileris”.

Meýilnama görä hereket edip, olar özlerini duşmana aýan edýärler; piliştliler olary öz ýanlaryna çykmagy teklip edýärler, olary ele salyp, öldürmekçi bolýarlar. Ýöne duşmanyň ýeňlişe bolan çakylygy aslynda Hudaýyň ysraýyllar üçin ýeňiş berjek çakylygyna öwrülýär. Ýonatan öz ýarag göterijisi bilen bir salym-da ikirjeňlenmän, öňe okdurylýarlar!

> “Soňra Ýonatan bilen onuň ýaragçy nökerine piliştliler: ‘Bäri geliň, size aýtjak zadymyz bar’ diýip gygyrdylar. Ýonatan öz ýaragçy nökerine: ‘Yzym bilen çykyber. Çünki Reb olary Ysraýyly̌ň eline berdi’ diýdi. Ýonatan dyrmaşyp, ýokary çykdy. Ýaragçy nökeri-de onuň yzyndady. Piliştliler Ýonatanyň öňünde durup bilmän ýykylýardylar, ýaragçy nöker bolsa yzdan olary gyryp barýardy. Birinji söweş jeňinde Ýonatan bilen onuň ýaragçy nökeri her ýüz ädimden birbada ýigrimi töweregi adamy gyrdy. Düşelgedäkileri, meýdandakylary, ähli halky aýylganç gorky gaplap aldy. Bölümdäkiler, hatda hüjümçiler gorkudan ýaňa sandyraşdylar, ýer titredi we Rebden gelen güýçli gorky gaplap aldy” (1 Şam. 14:12–15, nygtama awtoryňky).

Siz näme görýärsiňiz? Duşman iki söweşijiniň hereket edişini görüp, aljyraýar! Aýgytly hüjüm haýsydyr bir tärde duşmany güýçden gaçyrýar. Eger biz onuň gorkuzjak bolşuna üns bermesek, ol hemişe gaçmak bilen bolýar.

Birnäçe minut öň öz güýçleri bilen öwünýän esgerler Ýonatan bilen ýarag göterijisi golaýlanda dörän ýer titremeden ýaňa ökje göterdiler.

Häzirki günde Hudaýa birnäçe wariantlary teklip edip, bukudan çykmaga wagt gelmedimi eýsem?

Ýöne, geliň, biraz yza dolanalyň. Ýonatan kakasynyň düşelgesinden çykyp, piliştleleriň düşelgesine gitmezligi çözen bolsa, näme bolardy? Ol şol iman sözleri aýtmadyk we Hudaýa öz meýilnamasyny beýan etmedik bolsa, näme bolardy? Şonda ol, belki, öz ýarag göterijisi bilen beýiklige duşmanlaryny ýeňmek üçin däl-de, diňe olaryň sanyny sanamak üçin çykardy. Şonda olar duşmanlarynyň özlerinden agdyklyp edýändigini boýun alyp, öz düşelgelerine dolanardylar. Ýöne siziň tarapyňyzda kimiň söweşýändigi barada aýanlygyňyz bar bolsa, size duşmanyň güýjüni sanamak gerek däl! Düşelgä dolanyp, ýagdaýy habar bermäge derek, Ýonatan öz ýarag göterijisi bilen öňe gidip, taryhyň gidişini üýtgetdiler.

Men saňa örän wajyp bir zady görkezmekçi: *esgeriň gyzy* söweşijiniň gyzyna öwrülip bilýändir. Sen hatda esgerler neslinden bolaýanyňda-da, munuň tapawudy ýok, sebäbi seniň içiňde söweşijiniň ruhy mesgen tutandyr! Ýonatanyň düşenen zadyna düşünmek gerek: bizi hiç zat çäklendirip bilmeýär. Ýokary seret-de, söweşiň mümkin netijesine ýüregiňi giňden aç, şonda sen ýagdaýlarda üstaşary seredip, *Hudaýyň etmekçi bolýan zatlaryny* görersiň.

Eger sen işiňiň oňuna bolmaýan ýerini (mysal üçin, gowakdaky düşelgäni) taşlamaga gorkmasaň, iň oslamaýan ýerleriňde (duşmanyň düşelgesinde) ýeňiş gazanarsyň. Aýgytly hereket edip, başga ýoly tapmaga wagt ýetip geldi.

Söweşijiler özlerini hakyna tutulan hasaplamaýarlar, sebäbi olar bu dünýäni özgertmäge çagyrylandyklaryny bilýärler.

## Çakylygy eşit

Taryhy aýlawlara syn etsek, ýer ýüzünde ajaýyp möwsümde ýaşaýandygymyzy göreris; bu möwsümde ata-enelerden gahrymanlaryň nesli dünýä inýär. Ykdysady, medeni, ahlak, dini we ýer togalygynyň daşky klimatynyň size edil çaga dogrumyndaky ýaly basyş edýändigini göz öňüne getirmek maňa kyn däl. Daşky basyşyň sizi

basyp, lapykeçlige eltmegine ýol bermäň. Duşmanyň: “Zatlaryň ýagdaýy şeýle, olary hiç kim üýtgedip bilmeýär” – diýip pikir etdirmegine ýol bermäň. Hemmetaraplaýyn basyş – bu Hudaýyň meýilnamasynyň bir bölegidir; ol sizi kämilleşdirip, berk özeni we çuňlugy bolan adama öwürmäge ýardam edýär. Şeýle synaglaryň içinden siz güýjüň deminden dolup çykarsyňyz.

> “Demirgazyga: ‘Olary ber’, günorta: ‘Olary saklama’ diýerin; ogullarymy uzakdan, gyzlarymy ýeriň çetlerinden, Maňa degişli bolan her kesi, Öz şöhratym üçin ýaradanymy, şekil berip döredenimi getir“ (Işa. 43:6-7).

Hudaý Öz şan-şöhratynyň hatyrasy üçin halky kämilleşdirip özgertmek prosesine dyngysyz meşgul. Basyş siziň esger adyňyzy söweşijä, gyrnak adyňyzy gyz-perzende öwürmäge ukyply, ol synagyň bir bölegi bolup durýar. Daşky basyş elmydama içki özgermeleriň mümkinçilikleri bolup durýandyr. Bize seredip, biziň taýýarlygymyzy görende, Ol ýelleri boşadyp, Öz ady bilen bizi öňe hereket etmäge çagyrýar.

Söweşijiler kalbyň jümmüşinden çykýan pessaý sese bil baglamagy öwrendiler, esgerler bolsa özlerini gurşaýan gohgalmagalyň içinde hereket etmek üçin basyş astynda bolýarlar.

Esgerler we söweşijiler basyşy dürlüçe kabul edýärler we oňa dürlüçe seslenýärler. Esgerler “ýa çyda, ýa-da gaç” diýen garaýşy saýlap alýarlar. Basyş döwrüniň geçmegine garaşyp, olar özlerini dürli işlere meşgul edýärler: iýip-içýärler, gaçyp halas bolýarlar, ogurlyk edýärler, dükanlara aýlanýarlar, garaz, üstlerine abanýan howpdan ünslerini sowjak islendik zada meşgul bolýarlar. Hut şu sebäpdenem, dyngysyz basyş howpunyň astynda bolan esgerler şeýle zalymlyk bilen-de öç alyp başlaýarlar. Olara basyş edýän zatlar olaryň içine aralaşyp, zäherleýärler.

*Hudaý bize ähli zady ýeňip geçýän durmuşy berenok. Ol bize durmuşy zatlary ýeňip geçdigimiz saýy berýändir.*

– Oswald Çembers

Söweşijiler daşky basyşyň içlerindäki güýjüň basyşyny artdyrmagyna ýol berýärler; olar muny tä deňagramlylyk ýagdaýyna gelýänçe dowam edýärler. Olar hemişe garşylyklaýyn hüjüm etmegiň ýa-da duşmanyň hile-pirimlerini paş etmegiň tärleri barada pikir edýärler.

Söweşijileriň durmuşy olary taplaýan we berkidýän söweşlerden doly bolýar, esgerler bolsa bütin ömrüniň dowamynda diňe bir söweşe gatnaşýarlar. Men ömürboýy gorkup gezenden, bir möwsümlik esger bolmagyň gowudygyna düşünýärin, ýöne söweşiji gyzlar üçin gorkaklyk häsiýeti asla bolmaly däldir.

## Iki patyşa baradaky waka

Şunlukda, söweşijiler bilen esgerleriň durmuşyny deňeşdirmek bilen, indi, geliň, biri-birine gapma-garşy bolan iki patyşany deňeşdireliň: olaryň biri – Ysraýylyň birinji patyşasy Şawul, iň soňkusy we baky Patyşasy – Isa Mesih.

Ysraýylyň esger-patyşasy Şawul patyşa we halas ediji hökmünde başyna ýag guýlup saýlanylýar, sebäbi ysraýyllar hem beýleki ähli halklar ýaly bolasy geldi. Olar hem öz patyşalaryny edinmegi, ýagny kimdir birini buýsanç bilen görkezmek islediler.

Göze görünmeýän, ýeňilmezek, baky Gudratygüýçli Hudaýa tabyn bolmaga derek, olar gözleri bilen görüp we elleri bilen galtaşyp bilýän ynsanynyň hökmürowanlygynyň astyna geçesleri geldi. Olar özleri üçin göreşýän Gökler Patyşasyna derek olary söweşe äkitjek adam-çempiony saýlamak islediler. Hudaý olaryň haýyşyny bitirip, Şawul atly görmegeý ýaş ýigidi berdi.

> “Adamlar ony ol ýerden çykaryp getirdiler. Ol halkyň öňünde durdy; beýlekiler onuň egnindendi. Şamuwel halka: ‘Rebbiň saýlan adamyny görýäňizmi? *Aramyzda şuňa taý geljegimiz ýokdur!’ diýdi*. Duranlaryň ählisi: ‘Ýaşasyn patyşa!’ diýip gygyryşdylar” (1 Şam. 10:23, 24, nygtama awtoryňky).

Şawul bütin halkyň arasyndan saýlanýardy, onuň boýy ähli ysraýyllardan uzyndy. Ol diňe bir güýçli bolman, eýsem görmegeý adamdy.

Hudaý Şawulyň patyşalygyny azat ediş hereketiniň güýçli ýalkymy bilen berkarar etdi. Gynansak-da, şeýle güýjüň aýan bolmasyndan köp wagt geçmänkä, ol ölüme eltýän ýalňyşy etdi. Şamuwel oňa piliştliler bilen söweşmegi buýurdy. Ýöne pygamber söweşiň öňýanynda Ysraýylyň adyndan berilmeli gurbanlyklary berýänçä, patyşa duşmana garşy bolan söweşe başlamaly däldi. Şawul bütin goşunyny Gilgalda ýygnap, piliştlileriň san-sajaksyz esgerli uly goşuny bilen duşuşmaga taýýarlandy.

Ýöne Şawul garaşyp durka, duşmanlaryň sany gitdigiçe artyp başlady. Şawulyň öler ýaly gorkan adamlary duran ýerlerini taşlap, derýadan ýüzüp geçýärdiler we gözden ýitip gidýärdiler. Ahyrda Şawulyň ýanynda diňe alty ýüz adam galdy. Hudaýa ýüzlenip, Onuň söweş babatdaky meýlini (Hudaý piliştlileriň baryny gyryp bileri ýaly, Şawula bilgeşleýin hemmesini görkezdi diýip pikir edýärin) bilmäge derek, Şawul aňyny doly gaplap alan ýagdaýlara garap, özüçe hereket etmegi saýlap aldy. Öz adamlaryny ruhlandyryp, Hudaýyň köp adamlar arkaly halas edişi ýaly, az sanly adamlar arkaly hem halas edip bilýändigini ýatlatmaga derek, Şawul gorkudan ýaňa adamlaryň gepine gidip, Hudaýa gulak asmaýar.

> “Şawul Şamuwele şeýle jogap berdi: ‘*Men günä gazandym, çünki men Rebbiň buýrugyny ýerine ýetirmedim, seniň sözüňi tutmadym. Sebäbi men halkdan gorkup, halkyň diýeni bilen boldum*’” (1 Şam. 15:24, nygtama awtoryňky).

Siz hemişe öz gorkýan zadyňyza gulluk edip, oňa tabyn bolarsyňyz. Hudaý hemmelerden bir baş uzyn bolan Şawuly halka patyşa bellände, muny hemmeleriň oňa garap bilmegi üçin etdi, ol bolsa muňa derek şol adamlaryň derejesine çenli peseldi. Şawul Hudaýyň tabşyryklaryny dyngysyz bozandygy üçin zyýan çekdi, öz şalygyny ýitirdi. Gynansak-da, bu ýaş ýigit özüne ynam etmeýän lider bolup çykdy, ol öz mertebesini adamlaryň özi baradaky pikirleri bilen ölçedi.

Onuň aşaga typmasy gulak asmazlykdan başlandy we weýran ediji, zabun ruh zerarly dörän tukat we basmarlaýjy lapykeçligiň döwründe ýykylyşyň bütin çuňlugyna ýetdi. Şawulyň ölümi-de onuň durmuşy ýaly boldy. Onuň ahyrky günleri adamlaryň oňa edip biläýjek zatlaryndan ýaňa bolan gorka gaplandy. Ýaralanyp, duşman

goşuny tarapyndan gabalan Şawul ýene-de özüçe hereket etmesini dowam etdirdi. Duşmanyň gynamalaryna sezewar bolmaz ýaly, gorka gaplanan patyşa özüni gylyjyň tygyna oklap, öz janyna kast etdi. Şawul gylyjyny gynyndan gorkanlygy sebäpli çykardy, aslynda welin ol diňe bir gorkyny – Rebden gorkmaklygy bilmelidi.

> “Şawul ýaragçy nökerine şeýle diýdi: ‘Gylyjyňy al-da, meni öldür; *sünnetsizleriň elinden ölüp, olara göz bolmaýyn*’ diýdi. Emma onuň ýaragçy nökeri juda gorkdy we beýle etmek islemedi. Şoňa görä, Şawul öz gylyjyny aldy-da, onuň üstüne özüni oklady” (1 ÝÝ. 10:4, nygtama awtoryňky).

Ýaragçy nöker öz patyşasynyň janyna kast etmekden boýun gaçyranda, Şawul muny özi etdi. Umytsyzlyk döwründe jana kast etmekden başga has elhenç ädim barmy eýsem? Patyşanyň we onuň ogullarynyň ölendigini eşiden ysraýyl goşuny hem bütinleý umytdan düşdüler, olar öz şäherlerini, öýlerini, topraklaryny duşmanyň eline berip, yza tesdiler.

Isa Mesih bolsa, tersine, jebir-jepalar arkaly tabyn bolmagy öwrendi we şeýdip Özüne Şalygy edindi:

> “Ol Ogul hem bolsa, *görgi görüp, tabyn bolmaklygy öwrendi*. Şeýlelikde, Hudaý arkaly Isa Mesih kämil bolup, Ol Özüne tabyn bolýanlaryň hemmesini ebedilik halas etmegi başarýar” (Ýew. 5:8, 9, nygtama awtoryňky).

Geliň, bu iki patyşany öz zabun duşmanlarynyň we ölümiň öňünde özlerini alyp baryşlaryny deňeşdireliň.

Şawul duşmanlaryna göz bolmajak bolup, ähli zady öz eline aldy. Isa Mesih bolsa goranmakdan ýüz öwürdi, Ol duşmanlarynyň Oňa etjek zatlaryny bilse-de, Özüni bütinleý olaryň ygtyýarlygyna tabşyrdy.

Şawul jebir-jepa çekmejek bolup, özüni gylyjyň üstüne oklady. Isa Mesih bolsa bize derek ejir çekmek üçin haça gitdi.

Şawul öz janyna kast etmek bilen duşmanlaryny aldady. Isa Mesih bolsa Öz gurbanlygy arkaly ölümi aldady.

Siz kimi aldasaňyz gelerdi? Haýsysy has güýçli: öz şahsy duşman-

laryňyň ýeňlişine syn etmekmi ýa-da ähluмуmy duşmandan üstün gelmegiň dabarasy?

Şawul-esger özüni öldürip, öz halkyny taşlady we ony ýeňlişe sezewar etdi. Isa Mesih Öz ölümi bilen ýitirilen zatlaryň baryny dikeltdi we bizi Özüne edindi. Isa Mesih, biziň Söweşiji-Patyşamyz, hatda biz Ony ret edenimizde-de, ähli zady biziň hatyramyza etdi. Şawul adamlaryň özüni kabul etmegi üçin ýaşaýardy, Isa Mesih bolsa Hudaýyň bizi kabul etmegi üçin öldi.

Patyşa Isa Mesih - Hudaý Atadan doglan, Ýahýa tarapyndan suwa çümdürilen, Mukaddes Ruhdan dolan we hemmeler tarapyndan ret edilen. Isa Mesih Özüni duşmanlarynyň wagşy zabunlygyna gurşady. Ol olaryň Öz üstünden gülmegine, masgaralamagyna we Ony heniz görülmedik zabunlyk bilen ýençmeklerine ýol berdi. Ol sorag edilmelere, ýalan şaýatlyklara, kazyýetdäki köpçülikleýin kemsidilmelere döz geldi; bu kazyýet seljermesinde Onuň ýaşaýşa diriltmäge gelen şol adamlary Ony ölüme höküm etdiler.

Synaglaryň bütin dowamynda Ol ýeke söz-de aýtmady. Isa Mesihiň gynynda gylyjy ýokdy. Onuň sözleri Ruhuň ikiýüzli kesgir gylyjydy, ol söýgä müdimilik çalnandy. Patyşa Isa Mesih Özüni ret edenleriň hatyrasyna gahrymançylyk etmäge geldi.

Haçy söweşijiniň nukdaýnazaryndan öwrenmek bilen, men *gurban edilen ýaşaýyşdan has uly ýaragyň ýokdugyna* düşündim.

Biziň Halasgärimiz Öz janyna kast etmedi. Ol ýany bilen näçe adamyň ömrüni alyp gitjekdigi barada pikir edip, biline bomba baglan dini fanatik däldi. Ol ýer ýüzündäki ejirlerden gaça durmak ýa-da zalym duşmanlaryny aldamak üçin ölmedi. Isa Mesih ýaragsyz, gep-sözsüz Guzudy, Ol ölümiň arlaýan liwýatynyny aldawa saldy.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Gylyçlaşma eltýän iki ýol bar: olaryň biri takatlygy türgenleşdirýär, ikinjisi - amaly ýol.

Isa Mesihiň janyny hiç kim almady. Ol ony meýletin berdi we ölmek bilen, bizi halas etdi. Ol Özi üçin gaçybatalga we gutulyşy agtarmady, tersine, Onuň Özi biziň üçin hem gaçybatlaga, hem-de gutulyş boldy.

Duşmanlar biziň Söweşiji

Patyşamyzy ele salmak üçin barýarkalar, Ol dileg edýärdi. Isa Mesih olar bilen söweşmedi, Ol Özüni olaryň zalym ellerine tabşyrdy. Isa Mesih Özüçe hereket edip, Özüni Petrusyň gylyjynyň üstüne oklamady, gaýtam Öz haçyny aldy-da, ony göterip äkitdi. Ol Özüniň ölmeli baýryna ýetende, haçyň gylyjyna ýatyp, jellatlara Öz ellerini “kese tutawaja” çüýletdi. Soňra rim esgerleri agaçdan ýasalan agyr gylyjy ýokary galdyryp, onuň zabun tygyny daragtyň öldürýän köki hökmünde ýere sünçdüler.

> “Janynyň çeken jebir-jepalarynyň hözirini görüp, Ol kanagatlanar. Öz bilşine görä, Meniň dogry Gulum köpleri aklar, Öz üstüne alar olaryň etmişini. Şonuň üçin Men Oňa beýik adamlaryň arasyndan paý bererin; oljany güýçlüler bilen paýlaşar Ol, janyny gurban etdi Ol, ýazyklylar bilen bir saýyldy; *Ol kölperiň günäsini Öz üstüne aldy, olaryň ýazyklarynyň geçilmegini diledi*” (Işa. 53:11, 12, nygtama awtoryňky).

Isa Mesih köp adamlaryň günälerini Öz üstüne ýükledi, ýogsa Ol muny etmän-de bilýärdi. Işaýa bize haçyň sebäbini jar edýär. Isa Mesih ýeňiş gazanmagyň ýeke-täk ýolunyň iň ýokary ygtyýarlyga – Öz Atasynyň yradasyna tabyn bolmakdygyna düşündi, biz bolsa Onuň baýragy bolduk.

Isa Mesih Özüniň ýeňşiniň bizde aýan bolmagy üçin, ölüm jebirlerine we masgaraçylygyna döz geldi. Onuň görgüleri dogrulyga eýe boldy. Biz Onuň ýeňişli üstünligidiris.

• • •

Hudaý Onuň yradasyny berjaý edip bilerimiz ýaly, bize merhemet bilen güýç berer. Söweşijiler öz baştutanlaryna tabyn bolýarlar we buýrugy ýerine ýetirip bilmedik ýagdaýlarynda (biziň hemmämiz käwagt şowsuzlyklara uçraýarys), şowsuzlyklarynda başgalary günäkärlemeýärler. Isa Mesih biziň günämizi Öz üstüne alyp, Öz Atasynyň yradasyna eýerdi.

Mähribanym, sen ýeňişli Söweşiji – Patyşanyň gyzysyň. Seniň

göterýän söweşijiniň gylyjy abraýyň, ýagşylygyň, merdemligiň, owadanlygyň, wepalylygyň we gorkudan azatlygyň nyşany bolup durýandyr. Biz indiki bölümde şu häsiýetlere näme üçin we nähili eýe bolmalydygymyz barada gürrüň ederis.

*Akyly sagdyn mukaddesiň biri-de öz üstüne jebir-sütemleri almaz. Ol ýöne Isa Mesih kimin Hudaýyň yradasyny saýlaýar, ol munda jebir-jepalaryň bolup bolmazlygyna-da garamaýar.*

– Oswald Çembers

# 7

# Gylyjy çarhlamak

*Kyn döwürler gahrymanlary döretmeýär. Kyn döwürlerde içimizdäki "gahrymanlar" oýanýar.*

– Bob Raýli

Gylyjyň ýaşalyş tapgyrlary köp zatda durmuşyň döreýşiniň tapgyrlaryna meňzeş.

Ot, suw, basyş – bu metaly arassalamak, polady ýumşatmak we gylyjy ýasamak üçin ulanylýan serişdelerdir. Gylyjyň ýasalýan tapgyrynda basyş adatça gyzdyrmagyň yzýanyndan berilýär. Basyş çeýe we ýumşak zada has oňat täsir edýär, sebäbi port metal aňsat döwülýär! Ýaşalyş tapgyrynda gylyç çekiç bilen dyngysyz urulýar.

Gylyjyň ýasalaşyny beýan edýän wakalaryň arasynda men Stiwen Lohediň "Pendragon" atly epiki rowaýatyny halaýaryn. Ýowuz we zalym duşman ýer ýüzüne aralaşýar; bu rehimsiz hökümdary zalymy ýok etmek üçin, ýagtylygyň gylyjy gerek. Lohediň kitabynda beýan edilen tutuş prosesiň ajaýyplygyny aýdyp aňyrsyna çykar ýaly däl: gylyjyň tygy üçin poladyň birnäçe böleginiň alnyp, bütewi bir bölege birikdirilýändigini aýtmagyň özi ýeterlik öýdýän. Gylyjyň çekiçläp süýmek tapgyry gyzdyrmadan başlanýar, bu tapgyrda gaty material onuň daşky görnüşini üýtgederlik derejesine çenli ýumşaýar, soňra bolsa süýkeme tapgyry başlanýar, onda aýratyn bölekler alnyp, bütewi bir bölege eredilýär.

Soňra bu ergin gyzdyrylmak üçin güýçli oda salynýar, soňra

gaýtadan sowadylýar, ýenjilýär we süýndürilýär. Bu oda we suwa salynmaklyk tapgyry metalyň eredilmesi diýip atlandyrylýar.

Soňra ol tygy ýasalmazyndan öň ýene-de ýenjilýär, gerekli görnüşe getirilýär we ýylmanylýar. Onuň tygy öňden taýýarlanylan, işlenilen we taplanan tutawaja berkidilýär.

Hudaý hem edil şeýle tärde Öz gyzlaryny päklemek we biziň gowşaklygymyzy mertebä, ejizligimizi çeýelige öwürmek üçin oduň, suwuň we basyşyň täsirini ulanýar. Ol keşpsiz durmuşdan aýdyň we anyk maksady bolan durmuşy taplaýar.

## Suw

Suw gapma-garşylyklardan doly. Men bolýan myhmanhanamyň otagyndaky penjireden daşary seredenimde, golaýda Ýuwaş ummanyň kenarýakasynda asuda we dury suwlarda gülüp oýnap oturan çagalary gördüm. Ýöne uzak gözýetimdäki suwlarda welin gara tolkunlar urunýar, olar özlerinde elhenç güýji gizleýär. Onsoň suwy şeýle täsin tärde ýaradan ajaýyp Hudaýymyzy neneň söýmejek! Biz suwda oýnap bilýäris we ol bizi ýok edip bilýär.

Suw bizi tämizläp-de, ýok edip-de bilýar. Ol bizi mylaýymlyk bilen ýokary galdyryp, öz akymy bilen äkidip bilýär ýa-da öz çuňluklaryna garbap bilýär. Onsuz uzak saklanyp bolmaýar, onuň içinde-de köp saklanyp bolmaýar. Suwuň meýdanlary suwaryp, ygaldan doldurmaga-da, sunaminiň bir tolkuny tutuş şäherleri syryp-süpürmäge-de güýji bar.

## Ot

Indiki element - ot. Ol öz ýylylygy bilen özüne maýyl edýär, ýöne oňa golaý baraýsaň welin, ol ýandyryp bilýär. Dolandyrylýan ot arassalaýar, dolandyrylmaýan tokaý ýangynlary bolsa ýuwudýar. Ot ýoly ýagtylandyryp bilýär ýa-da özünden soň köýdürilip, kül edilen zatlary galdyryp bilýär. Ot – bu adamyň hem dosty, hem-de duşmany; ol tebigy güýç, ony hemişe “jylawlap saklamak” gerek, onuň bilen oýun etmeli däldir.

Ody tutaşdyrmak we ony söndürmän saklamak – adamy haýwandan tapawutlandyrýan ukyplaryň biridir. Müňlerçe ýyllaryň dowamynda biz haýsydyr bir zadyň daşky görnüşini üýtgetmek üçin ýalnyň temperaturasyny güýçlendirmegi öwrendik. Ýokary temperaturalarda gaty jisimler suwuk jisimlere öwrülýärler; biz demri başga demir erginleri

bilen birikdirip, polat ýaly berk metallary almak üçin, temperaturany Farengeýt ölçegi boýunça 3272 gradusa (Selsiý ölçegi boýunça 1800 gradusa — *Terjimeçiniň belligi*.) ýetirmegi öwrendik. Metallaryň şeýle garyndysy özünde iki metalyň-da oňat häsiýetlerini saklaýar. Olar biri-birinden aýryp bolmaýan derejede garyşanda, bu ergini oňa şekil berip bolaýjak gatylyk derjesine çenli sowadýarlar. Ony gyzdyranlarynda reňkiniň öwüşginleri parlak akdan tä mämişe reňke çenli üýtgeýär we ahyrda garamtyl çal reňke eýe bolýar.

Şeýle üýtgeşmeleri aýnalary üfläp ýasanlarynda we kristallary döredenlerinde görse bolýar. Suwy saklaýan owadan aýna gaplar çäge kimin maýdaja we dargan bölejekleri üfleme arkaly döredilýär.

Suw bilen ot – el bilen duýup bolýan elementler, olar biziň ruhy gezişimizde köp dürli formalara eýe bolup bilýärler.

> “Emma indi, eý, Ýakup, seni ýaradan, eý, Ysraýyl, seni döreden Reb şeýle diýýär: ‘Gorkma, çünki Men seni azat etdim, adyňy tutup çagyrdym, sen Meniňkisiň. *Seniň bilen bolaryn suwlardan geçeniňde*, derýalardan geçeniňde, seni gark etmez olar, *oduň içinden ýöräniňde* ýanmarsyň, ýalyn ýakmaz seni” (Işa. 43:1, 2, nygtama awtoryňky).

Üns beriň: ot bilen suw barada heniz aýdylmanka, eýýäm gorky meselesi orta çykýar. Biziň gorkara esasymyz ýok, sebäbi Atamyz bizi diňe bir halas etmän, eýsem her birimiziň adymyzy ýeke-ýekeden tutup, bizi Özüniňki diýip yglan etdi. Işaýa pygamberiň bu aýatda sözleri seljerip saýlaýşyny görmek wajypdyr. Ol ot bilen suwdan geçmeklik barada aýdanda işligiň şert formasyny ulanmaýar, ähtimallyk derejesini-de ulanmaýar, ol tassyklama derejesini ulanýar.

Men käwagt şu kontekstiň ynamlylygy has-da artdyrýandygy barada oýlanýaryn. Wada “eger sen suwlardan, derýalardan, otdan we ýalyndan geçseň” diýen sözler bilen berlen bolsady, onda üstümiň duýdansyzlykda güpbasdy edilmek töwekgelligi bolardy. Ynsan tebigaty “eger” diýen söz bilen başlanýan şertleriň baryndan sowlup geçmek üçin, islendik aralygy geçmäge taýýar. Işaýa pygamberiň bu ýerde ýazan sözlerinden biz ot bilen suwdan gaça durup bilmejekdigimizi öňünden bilýäris, olar biziň ýolumyzda hökman bolar we olaryň diňe ýalňyşlarymyzyň netijesinde döremegi hökmany zat däl.

Mundan başga-da, suwlaryň we derýalaryň, oduň we ýalnyň biziň ýolumyzda peýda boljakdygy babatdaky ynamlylykdan başga-da, olaryň öwran-öwran peýda boljakdygy mälim zat. Esasy zat – öňe gitmek. Ýeň bermäň, hüňürdemäň, zeýrenmäň, sebäbi ne otda, ne-de suwda rahat mesgen tapyp bolýandyr. Olar bizi ýöne dogry ýola gönükdirýär.

Mukaddes Ýazgylaryň tutuş dowamynda biz Hudaýyň dürli wakalarda suwy elmydama geçiş nyşany hökmünde ulanýandygyny görýäris. Ysraýyyň çagalary müsür gulçulygynyň ýyllaryny Gyzyl deňziň jümmüşinde taşlap geçdiler; soňra wada berlen ýurda girmezlerinden öň, Iordan derýasynyň kenarlarynda çölde entän kyrk ýylyny yzda galdyrdylar.

Ot hem äht nyşany bolup durýandyr. Hudaý Ybraýym bilen äht baglaşanda, ot berdi. Soňra, ysraýyl halky Hudaýdan ýüz öwrüp, ýalan pygamberlere eýerip başlanlarynda, Hudaý ýere ot iberdi, şonda Ylýas pygamber Hudaýyň halkyny toba etmäge çagyrdy. Nebukadnesaryň butunyň öňünde tagzym etmekden ýüz öwren Ysraýyl perzentleriniň paýyna köreýän küre düşdi, ýöne ondaky ot buta tagzym edenleri ýuwutdy.

Siziň suwdan we otdan eýýäm geçen bolmagyňyz ahmal. Siz, belki, daş-töweregiňiziň suwa gurşalandygyny bilen hem dälsiňiz. Biziň her birimiz suwdan haýallyk bilen seresaply geçýär, bu ýolda muny fiziki taýdan duýmasak-da, suw bizi günälerimizden arassalaýar. Suwa doly çümüp, köne durmuşymyzy bütinleý taşlaýarys, soňra suwa çümdirilmedäki kimin täzelenen görnüşde ýokary çykýarys. Soňra ýolumyzy dowam edip, derýalaryň joşgunly akymlaryna ýetýäris, biz olardan geçmeli, ýöne muny etmäge gorkýarys, sebäbi olar bizi ýuwudaýjak kimin arlaýarlar. Biz kyn döwürlerden geçenimizde, hut şeýle-de bolýandyr.

Ýaşaýyş öz gözbaşyny suwdan alyp gaýdýar, suw ýaşaýşy goldaýar. Hudaý Ata ýaradylyş prosesini Onuň Ruhy süwüň üstünde gaýyp ýörkä başlapdy. Ynsanyň ýaşaýşy hem suwda başlap, enesiniň ýatgysynda döreýändir. Suw – bu täsin eredijidir, onuň esasy maksady – ýuwup tämizlemek. Ýöne ol diňe bir tämizlemän, eýsem ýokary hem galdyrýandyr. Ýerden kynlyk bilen geçirip bolýan ýükleri suw aňsatlyk bilen geçirýär, ol gämileri derýalardan we ummanlardan başga ýerlere ýetirip bilýär.

Biz häzir ot we suw barada gürrüň edýäris, sebäbi olar durmuşymyzda ýaragyň ýitelmesini gazanmakda ep-esli derejede ulanylýar; şeýle-de olar gylyjy ýasamakda hem gerekdir. Gylyjy ýiteltmek barada aýdanymyzda, biz munuň ilki bilen bu gylyjy göterýän adamyň häsiýetiniň özgermegi bilen baglydygyna düşüneris. Gadymy medeniýetlerde – samuraýlaryň döwründen tä orta asyrlaryň rysarlaryň döwrüne çenli, erkek gylyja eýe bolmazyndan öň ahlak kodeksiniň synaglaryndan geçmeli bolýardy.

*Çünki iň soňunda erkinlik – bu şahsy we ýekelikdäki ýeňişdir; ynsan ertirki günüň gorkularyny ýeňmek üçin, şu günüň gorkulary bilen ýüzbe-ýüz bolýar.*

– Elis Uolker

Bir samuraýyň gazaply güýjüni subut etmek üçin, bu söweşijiler öz urşagan tebigatyny boýun egdirýärdiler, diňe zenanlara mahsuz bolan sungaty öwrenmek maksady bilen, mysal üçin, gülleri dogry goýmagy, çaý içiş dabaralaryny geçirmegi öwrenýärdiler. Meniň pikirimçe bu gyzykly zat we mundan başga bize, ýagny aýallara öz durmuşymyzda söweşi alyp barmak we ahlak sungatyny has köp öwrenmeklik zyýan etmez öýdýän.

> “*Ine, seni sapladym*, ýöne kümüş dek däl, *azap küresinde synadym seni. Öz hatyrama, Öz mertebäme muny edýärin, näme üçin Meniň adym harlansyn? Başga bermerin Öz şöhratymy*” (Işa. 48:10-11, nygtama awtoryňky).

Şu aýadyň başynda “ine” diýen söz dur, ol indiki sözlere üns bermelidigini nygtaýar. Şeýle-de ol eredilme we saplanma prosesinden geçýän adamlaryň özlerine näme bolýanlygyndan bihabar bolandygyny aýdýar. Olaryň göwnüne özleri ýeriň astyndaky alty harpdan ybarat ýerden geçip barýan ýaly görünýärdi.

Hudaý Özüniň baky uzakdan görüjiligi bilen biz täze garaýşy berýär. Ol biziň durmuşymyzy bütinleý päkleýän Kişi. Päklenmäniň biziň üçin peýdalydygyny unutmaň. Ýöne peýdaly zat köplenç agyryly we synaglardan doly bolýar. Biziň durmuşymyz jebir-jepa atly kürelerden doly. Olardan üstünlikli geçmek üçin, açar, ýagny temperaturasyny we wagty Hudaýyň belleýändigi baradaky bilim gerekdir.

Mundan buýana dowam etmek üçin, geliň, jebir-jepalaryň kesgitlemesini bereliň. Mukaddes Ýazgylaryň kontekstinde bu söz köplenç beden ýa-da ruhy agyryny, kynçylyklary, agyr ýüki, meseleleri, muşakgatlary, gaýgy-gamy, betbagtçylyklary, şowsuzlyklary we synaglary aňladýar. Kesel bu manyda köp agzalmaýar, ol köplenç Hudaýyň halky giňişleýin urgulary alan döwürlerinde ulanylýar.

> “Diňe muňa däl, eýsem muşakgatlarymyza hem begenýäris, sebäbi muşakgatlaryň çydamy, çydamyň erjelligi, erjelligiň hem umydy döredýändigini bilýäris. Şeýle umyt bizi utandyrmaz, sebäbi berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söýgüsinden dolup-daşýar”
> (Rim. 5:3–5, nygtama awtoryňky).

Şunlukda, geliň, bu aýady öýümize geçirip göreliň. Men ýaňy-ýakynda Facebook-da soragnama geçirip, adamlardan häzirki wagtda öz durmuşlaryndaky iň kyn üç çägi ýa-da ejir çekýän zatlaryny sanamagy haýyş etdim. Sanaw, ine, şeýle boldy:

1. Är-aýal, doganlar, çagalar, liderler we dost-ýarlar bilen *gatnaşyklaryndaky kynçylyklar*. Bu adamlaryň köpüsi ýa nikada, ýöne ýalňyz, ýa-da ýalňyz we nikada däl.
2. Işsizlik, paýhassyz satyn alnan zatlar ýa-da saglyk ýagdaýy sebäpli eden bergilerini üzmek üçin alan beýleki karzlary zerarly dörän *maliýe kynçylyklary*.
3. *Durmuş maksadyny tapmakdaky kynçylyklar* we ýüregiň küýseýän zatlaryna ýetmek üçin gerek bolan düzgün-tertibiň bolmazlygy.

Geliň, dogrymyzy aýdalyň: jebir-jepalarda şatlykly zat ýok. Men adamlaryň beren jogaplaryny okanymda, olara ýüregim awaýardy. Biz jebir-jepalaryň iki görnüşi barada gürrüň ederis: öz-özünden döreýänler we Hudaýyň ygtyýar edýänleri. Men Hudaýyň ähli kynçylyklarymyzyň awtorydygyna ynanmaýaryn, ýöne Ol Öz şöhratynyň hatyrasyna bu kynçylyklary bizi saplamak üçin ulanýar diýip pikir edýärin. Iki ýagdaýyň-da bir çözgüdi bar: Oňa ýüz tutuň! Ol biziň Gözbaşymyz, Onuň Sözi şol bir wagtyň özünde hem Onuň erki, hem-de wada ýaragymyzdyr.

“Aşagyňdaky köz köresin” diýlip ýöne ýerden aýdylmaýar, sebäbi töwerek-daşdaky zatlar oňaýsyz bolup başlanda, adam hereket edip başlaýar.

*Söweş meýdanynda bolşy ýaly, biziň gündeki durmuşymyzda hem bize ömrüň berlendigi dogry; işe başlamak üçin oňaýly şertlere garaşmak ýa-da hereket etmek babatdaky çözgüdi özümiz kabul etmeli; hereket etmeklik bolsa ýaşamaklygy aňladýandyr.*

– General Omar N. Bredli

Jebir-jepalar döwründe ediýän tejribämiz ahyrda iň gymmatly bolup çykýandyr, sebäbi olar hut biziň özümize degişlidir.

## Basyş

Suw bilen oduň güýjüne basyşy hem goşmak gerek.

Eretme we taplama proseslerini Mukaddes Ýazgylaryň nukdaýnazaryndan öwrenmek üçin, men Ýakubyň hatyndan o diýen bir halamaýan aýatlarymy alaýyn.

Mukaddes Kitap şeýle diýýär: “*Eý, doganlar*, her hili synaglara duçar bolanyňyzda, muny uly şatlyk hasap ediň” (Ýak. 1:2, nygtama awtoryňky). Siz synaglaryň diňe bir jynsa degişli däldigine üns berensiňiz diýip pikir edýärin. Ýöne Mukaddes Ýazgylaryň şu ýeriniň diňe doganlara däl-de, uýalara hem degişlidigini subut etmek üçin, The Message terjimesindäki aýady mysal getireýin: “Eý, *dostlar we joralar*, synaglar daş-töweregiňizi gurşanlarynda, muny sowgat saýyň” (Ýak. 1:2, nygtama awtoryňky, iňlis dilinden terjime).

Ýakup muny çyny bilen aýdýarmy? Ol dogrudan-da tüýs ýürekden şatlanyp, ähli tarapdan üstümize hüjüm edýän synaglary *sowgat* saýmagy teklip edýärmi?

Şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip görüň: siz durmuşyňyzdaky iň agyr güni ýakyn joraňyza jaň edip, başyňyza duýdansyz inen köp sanly betbagtçylyklar sebäpli aglap, hemme zady jikme-jik gürrüň berýärsiňiz. Ol bolsa şondan soň: “Gör nähili sowgat! Gel, muny baýram edeli! Jora jan, sen hüjüm astynda!”

Siz, elbetde, onuň bilen hoşlaşyp, başga joraňyza jaň edip

bilersiňiz. Bu joraňyz hiç bolmanda size ýüregi awap, başyňyza dogrudan-da agyr günüň inendigini tassyklar we ertesi gün hemme zadyň düzelmegi üçin dileg etjekdigini aýdar.

Şu ýerde, belki, ynsanyň ýer ýüzündäki garaýyşlarynyň we gökleriň muny kabul edişiniň gapma-garşylygy has aýdyň görünýär. Biziň Hudýymyz ähli zat umytsyz bolup görnende, heşelle kakmagy halaýar; şonuň üçin-de Ol gutulgysyz heläkçiligi "mümkinçilik" diýip atlandyrýar! Galyberse-de, Ýakup Isa Mesihiň doganydy. Şonuň üçin-de, ol biziň bilmeýänimizi bilen bolmagy gaty ahmal, sebäbi ol sözüni dowam edip, şeýle diýýär: "Imanyňyzyň synalmagy bilen çydamlylygyňyzyň artýandygyny bilýänsiňiz" (Ýak. 1:3).

The Message terjimesinde bu şeýle ýaňlanýar: "Siz basyş astynda durmuşyňyzyň imana görä açyk ýere gysylyp çykýandygyny we öz hakyky reňkini görkezýändigini bilýänsiňiz".

Bolýar, dogrymy aýdaýyn: basyş astynda imanymyň açyk ýere gysylyp çykmagy maňa tanyş zat, käwagt gören zadymyň göwnüme ýaramandygyny hem aýdaýyn. Durmuş ýagdaýlarynyň ýüki üstümden basýardy we men birdenkä o diýen bir gowy bolmadyk reňklere boýalýardym. Reňkiň ýaramsyz bolanyndan başga, seslenmämi-de çydamlylyk diýip atlandyryp bolmaýardy.

Hudaý synaglary oglanlaryň olardan ýeňijiler bolup, gyzlar bolsa aglak ejizler bolup çykmagy üçin niýetlemedi diýip pikir edýärin, sebäbi men özümiň silkinmelidigimi bilýärdim. Synaglaryň güýji göze görünmeýän zatlary göze görner ýaly edýär. Basyş astynda adaty wagty göze görünmeýän zatlary ýokary çykyp başlaýar. Hudaý biziň hemişe: basyş astynda-da, erkin durmuşda-da güllemegimizi isleýär.

Durmuş owkalaýjynyň hyzmatyndan peýdalanan ýaly däldir, sebäbi siz bedeniňiz owkalanda basyşyň güýjüni özüňize görä sazlap bilýäňiz. Kynçylyklar gelende, sizden hiç kim ýeňilini, aramynyň ýada agramlysynyň gerekdigini soramaýar. Hudaýyň synagdan geçen gyzlary garşylyk görkezip bilýärler. Biz islendik möwsümde islendik synaglarda güllemäge ukybymyz bardyr.

Men Kolorada ştatynda ýaşaýaryn, bu ýerde gyş uzak bolýar, ýaz pasly bolsa bolmaýar diýse-de boljak. Köplenç gar syrgynlarynyň we boranlaryň yzýanyndan tomus gelýär. Şeýle howa şertlerinde gülüň ol ýa bu görnüşlerini ösdürmek üçin, olara oňaýly temperatura ýag-

daýyny döretmeli bolýar. Men gülleriň köklerini sowadyjynyň gutusyna salyp, olar üçin ýumşak gyşy döredýärin, soňra bolsa olary ýyly we gury howasy bolan kir ýuwulýan otagyndaky penjiresiniň öňünde goýup, olar üçin ýasama ýaz paslynyň şertlerini döredýärin. Şeýle ýasama şertler arkaly men güllemäni gerekli möwsümde alýaryn. Meniň pikirimçe Hudaý hem takmynan meniň edýänlerimi edýär, ýöne bu biraz başgarak bolýar. Onuň biziň durmuşymyzda ýol berýän synaglary we basyşlary arklay biz ýa gülläris, ýa-da solup galarys.

Ýakup indiki aýatda synaglardaky çydamy öwüp, şeýle diýýär: “Her bir işde ahyryna çenli çydaň, şonda kemsiz-köstsüz, berk we kämil bolarsyňyz” (Ýak. 1:4).

Muny has düşnükli dilde eşitmegi isleýänlerimiz üçin The Message terjimesinden alnan aýady dykgatyňyza ýetireýin: “Şunlukda, wagtyndan öň kynçylyklardan çykjak bolmaň. Kämil, türgen bolmagyňyz we hiç bir zatda ýetmezçilik çekmezligiňiz üçin, goý, olar öz etmeli işlerini etsin” (Ýak. 1:3,4)

Biziň hemmämiz synaglardan geçýäris. Onsoň näme üçin olara özümize doly täsirini ýetirmäge ýol bermeýäris? Men şuňa düşündim: eger biz özümizi wagtyndan öň bu döwürden çykarsak, gelejekde ol ýene-de hökman gaýtalanar. Myşsalaryň belli bir toparynyň ösüşi diňe adamyň şol myşsalaryny halys sütünini süýndüren pursadyndan başlanýar diýip aýdýarlar. Biz berip bilýän zatlarymyzyň baryny berenimizden soň, haýsydyr bir tär arkaly kalbymyzyň jümmüşinden joşýan Hudaýyň gözbaşyndan iýmitlenip başlaýarys we ýene-de bir sözi, ýene-de bir mylaýym galtaşmany, ýene-de bir bagyşlama sözüni, ýene-de bir göwünlik beriji dilegi, ýene-de bir jaňy bermek ukybyny edinýäris. Başga sözler bilen aýdylanda, eger synaglar döwründe ruhdan düşmesek, imanymyz ösüp, bütin dolulygyna ýeter.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Gylyçlaşmada gowşaklyk güýç görnüşinde, güýç bolsa gowşaklyk görnüşinde görnüp bilýär.

Şeýle çemeleşme gökler danalygyny talap edýär, şoňa görä-de Ýakup sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Eger kimde danalyk kemlik edýän bolsa, goý, ol Hudaýdan dilesin. Hemmelere biminnet we jomartlyk bilen

berýän Hudaý oňa hem berer” (Ýak. 1:5). The Message terjimesi şeýle diýýär: “Eger siz näme etmelidigini bilmeýän bolsaňyz, Ata ýalbaryň. Ol kömek etmegi halaýar. Siz Onuň kömegini alarsyňyz we dilän wagtyňyzda hiç bir ýetmez zadyňyz bolmaz” (Ýak. 1:5, iňlis dilinden terjime.)

Hudaý – biziň danalygymyzyň gözbaşy. Ol maslahatlary gysganman, jomartlyk bilen berýär. Meniň pikirimçe, biz Onuň kömegine mätäç bolarymyz ýaly, Ol bizi bilgeşleýin şeýle ýagdaýa goýdy. Ol gökde Isa Mesihe: “Beý-bä, ynanar ýaly däl, muny bir görsene! Olar heniz-de hiç zada düşünmediler” diýip, perwaýsyzlyk bilen ellerini döşünde gowşuryp durmaýar. Ýok, Ol Özünden kömek soranymyzy halaýar. Hudaý meniň durmuşymy şeýle baý manyly edensoň, men käwagt irden oýananymda özümiň nirededigimi, näme edýändigimi birbada düşünip bilmeýän! Şonda men Oňa: “Eý, gökdäki Atam! Maňa şu gün Seniň danalygyň gerek” diýip ýüzlenýärin. Ol hem: “Gyzym, Men eýýäm seni oňa büredim” diýip jogap berýär.

Ýakubyň hatynda Hudaýa ýüzlenmegiň has anyk usulyny tapýarys, Ol muny diýseň halaýar:

> “Emma ol adam şübhelenmän iman bilen dilesin, sebäbi şübhelenýän adam edil ýeliň eýläk-beýläk çaýkaýan deňiz tolkuny ýalydyr. Şeýle adam Rebden bir zat alaryn öýtmesin. Ol her bir edýän işinde durnuksyz hem ikigöwünlidir” (Ýak. 1:6–8).
>
> “*Aljakdygyňyza iman edip, asla şübhelenmän diläň.* ‹Öz dileglerinde durnuksyz› adamlar ýeliň çaýkaýan tolkunlary kimindir. Açyk deňizde eýläk-beýläk çaýkanyp, ähli wariantlar üçin açyk bolan halda dileseňiz, Rebden nämedir bir zat aljakdygyňyzy pikir-de etmäň”(Ýak. 1:6–8, MSG, iňlis dilinden terjime).

Hudaý batyrgaý, asla şübhelenmän dileg edenimizi halaýar. Meniň pikirimçe, Ol şeýle dileg etmäge çagyrmak bilen, bizi gorkuzýan zady gorkudan ýaňa titretmek üçin şeýle edýär! Soňky birnäçe ýylyň dowamynda Hudaý Jony, meni we “Messenjer International” hyzmatynyň ähli işgärlerini süýndürdi.

Biziň ýüreklerimizi we ellerimizi birikdirip, dileg etmeden başga çykalgamyz ýokdy; bu dilegler agzymyzdan çykan pursady gulaklarymyzy haýrana goýýardy we ýüreklerimizi gopdurýardy. Şeýle ýagdaýlaryň biri Jon Hudaýyň oňa bir ýylyň dowamynda 250 müň kitaby ýaýratmalydygy baradaky çakylygy berendigi baradaky habaryny liderler topary bilen paýlaşanda bolupdy.

**Hudaý batyrgaý, asla şübhelenmän dileg edenimizi halaýar.**

Men tas özümden gidipdim! Biz ýylyň dowamynda 70 müňden artyk kitaby heniz ýaýradyp görmändik. Iki ýüz elli müň kitap bolmajak bir zat ýaly görünýärdi. Şonuň üçin-de, men "ätiýäçly" bir pikiri teklip etdim:

— 100 müň kitaby ýaýratmakdan başlasak näder?

Bu meniň durmuşymda o diýen bir gowy pursat däldi.

Meniň ýaýdanjym bütin otagy doldurmanka, Jon bada-bat jogap berip, şeýle diýdi:

— Liza, meniň imanym 250 müň kitap üçin ýeterlik.

Şeýlelikde, biz işe başladyk. Hemmämiz ýerimizden turup, şol pursat asla mümkin bolmajak ýaly ýaňlanan dilegi etdik. Dogrymy aýdaýyn, eger siz özüňizi gorkuzýan dileg sözleri bilen dileg etmeseňiz, onda dilegleriňiz duşmanymyzy-da gorkuzmaz. Gökleriň biziň batyrgaý haýyşlarymyza garaşýandygy mese-mälim zat. Birnäçe günüň dowamynda biziň meýilnamamyz durmuşa geçip başlady we taslama üçin gerek bolan serişdeler gelip başlady. Ýygnaklar, dostlar we hatda bir tanymal rok-aýdymçy biziň hyzmatdaşlarymyz boldular we biziň jogap berýän habarymyzyň dürli ýurtlara mugt iberilişini görmek umydyndan doldular. Kitaplar arap, ermeni, pars, urdu, hytaý, wýetnam, khmer, bolgar, indoneziýa we başga-da köp dillere terjime edildi. Meniň dilimiň aýdyp bilmeýän dillerine terjime edilen kitaplar köp liderleriň, doganlarymyzyň we uýalarymyzyň ellerini gowuşdy.

Gylyjyň tygy iki taraplaýyn ýiti bolup bilýär, ýöne welin ikitaraplaýyn pikirli bolup bilmeýär. Eger biz urmakçy bolsak, onda gönüden-göni we ýaýdanman urmaly.

*Duşmuş söweşi köplenç ýapgytda alnyp barylýar; söweşsiz ýeňiş gazanmak, belki, ony aýraýsyz gazanmaklygy aňladýandyr. Eger kynçylyklar bolmadyk bolsa, üstünlik bolmazdy; eger ugrunda göreşilmeli zat bolmasa, onda ýetilmeli sepgit-de ýokdur.*

– Samuil Smaýls

Şunlukda, eý, mähribanym, ähli zat saňa bagly. Sen durmuşdaky kynçylyklardan sowa geçmek üçin gaçyp, bukulyp, sögünip, gygyryp bilýänsiň, ýöne ýeňlersiň. Ýa-da durmuşyňda betbagtlyklaryň bolmagyna ýol berip, olardan geçmek arkaly güýçlenip bilersiň.

"Eý, dostlarym! *Hudaýyň sizi diňe bir güýçli söýmän, eýsem haýsydyr bir aýratyn zat üçin Öz elini üstüňizde saklaýandygy mese-mälim.* Biz size habary wagyz edenimizde, bu ýöne bir sözler däldi. Siziň içiňizde nämedir bir zatlar bolýardy. Mukaddes Ruh siziň ynamyňyzy polat kimin taplaýardy" (1 Sal. 1:5, nygtama awtoryňky, MSG, iňlis dilinden terjime).

Şu aýadyň yzýanyndan bolsa siziň üçin dilegim şudur:

*Eý, mähriban Gökdäki Atam!*
*Goý, biz, Seniň gyzlaryň, Seniň ýüregiň we gökdäki çakylyk bilen bir bolalyň. Goý, biziň durmuşymyz Seniň bize niýetlän zatlaryňyň: nähili ýaşamaly, nämä galtaşmaly, näme görmeli, näme eşitmeli we näme edinmelidigimiz baradaky niýetleriňiň berk dokalan garaýşyna öwrülsin. Ýalbarýaryn, bizi bütewi et. Biz Seniň hereketleriňe tabyn bolýarys. Goý, Seniň erkiň eredilip taplanmada we suwa çümdürilmede amal bolsun. Bizden berk, mäkäm we çeýe zat ýasa, goý, durmuşymyzyň her bir çägi Seniň halas ediji söýgiňi we güýjüňi mälim etsin. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn!*

Biz bularyň barynyň maksatlaýyn ulanylyşyna indiki bapda garap geçeris.

ÜÇÜNJI BÖLÜM

# ÝARAG ŞAÝY TUTULAN

# 8

# Söz gylyjy

*Biz bu dünýäde ýaşasak-da, onuň ýörelgeleri boýunça söweşmeýäris. Biziň söweş ýaraglarymyz ynsan ýaraglary däl-de, Hudaýyň güýçli ýaraglarydyr. Biz olar bilen galalary ýykyp, her ýalan pikiri puja çykarýarys.*

– 2 Korintoslylar 10:3, 4

Bize götermek üçin ynanylan gylyç elimiz bilen däl-de, sözlerimiz bilen ýokary galdyrylýandyr. Biz Hudaýyň Sözüni ýarag hökmünde aýdýarys, onuň hereketleri görmezimizden kän ozal eşidilip başlanýar. Dünýä soňky gezek gylyjy ýa-da Hudaýyň Sözüni onuň iň güýçli görnüşinde Isa Mesihiň ýer ýüzünde bolan döwründe görüpdi. Ol biziň hemmämiziň şu orunda ösüp kemala gelmegimizi küýseýär.

Biz hem edil Halasgärimiz Reb ýaly, öz gylyjymyzy aýtmakçy bolýan sözlerimiz bilen çykaryp bilýäris. Ýer ýüzündäki adamlar özleriniň Hudaý bilen Onuň Oglunyň ölümi arkaly ýaraşandyklaryny bileri ýaly, biz iman, umyt we Onuň söýgüsiniň wekilleri hökmünde gürleýäris. Biz – umyt hyzmtaçylary, biziň sözlerimiz duza we nura ýugrulan, olar tümlügiň burç sepen bu dünýäsinde birgeňsi ýaňlanýar. Sözler göze görünmeýär, ýöne olar nädogry ulanylsa, ölüme eltip bilýändir.

*Sözler – bu hemme ýagdaýlar: erbetleri üçin-de, ýagşylary üçin-de niýetlenen ýaraglardyr.*

– Menli P. Holl

Biziň ýürekleri açyp we ýapyp bilýän sözleri aýtmaga güýjümiz bardyr. Adamlary boşatmak niýeti bilen gökleriň sözlerini aýtmaga wagt ýetip geldi.

Biziň gadymy dilimiz ozal bölünen zatlary birleşdirýär, sebäbi ol hut Hudaýyň Özüniň sözlerine wekilçilik edýändir. Pikir ediň: Hudaý bize Öz dilini berdi we ony ulanmak üçin grammatikany-da, punktuasiýany-da öwrenmek gerek däl. Ol her bir bognuň güýçden dolup, wada bilen tamamlanmagy üçin, sözleri güýje besledi, her bir sözlemi ymykly düzdi.

> “Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy. Olar öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr. Şeýdip, Hudaýyň adamy haýyr işleriň ählisine taýýar we kämil bolar” (2 Tim. 3:16, 17).

Üns beriň, bu ýerde Mukaddes Ýazgylaryň diňe käbir ýerleri ylhamlanan we peýdaly diýilmeýär, tersine, Mukaddes Ýazgylaryň ählisiniň öwredýändigi, günä edýänleri paş edýändigi, ýola getirýändigi, taýýarlaýandygy we ýaraglandyrýandygy barada aýdylýar. Eger biz aýdýan we ýaşaýan zatlarymyzy saýlasak, ýarag şaýymyz ýaramaz tutular we gelejekde özümize garaşýan zatlara taýýar bolmarys. Mukaddes Ýazgylar biziň aýnamyza öwrülýär. Hakyky zatlary şöhlelendirip, ýalan zatlardan uzaklaşarymyz ýaly, Hudaýyň Sözüniň bizi özgertmäge güýji bardyr. Söze syn etmeklik bizi diňe gepleýiş tärimizi däl, eýsem sözlerimiziň döreýşini hem özgertdirýändir.

> “Ýokardan gelen hemmeden ýokarydyr. Ýerden bolan ýeriňkidir, ýerdäki zatlar barada gepleýändir. Gökden gelen hemmeden üstündir” (Ýoh. 3:31).

Diliň beýgeltmäge ýa-da peseltmäge, ýalkamaga ýa näletlemäge, şypa bermäge we ýaralamaga güýji bardyr. Biz ýer ýüzüniň şözleýiş nusgasyna görä ýa-da gökleriň şözleýiş nusgasyna görä gürläp bilýäris. The Message terjimesinde Mukaddes Ýazgylaryň şu aýady şeýle ýaňlanýar: “Ýokardan gelen – Hudaý tarapyndan iberilen beýleki adamlaryň üstünden baş we egindir. Ýerden doglan ýere baglydyr we ýer ýüzüniň dilinde sözleýändir; gökleden doglan öz ligasyna degişldir”.

Biz ýerden doglan we göklerden ýokarda doglan. Eger men ömrümiň ahyryna çenli Italiýada ýaşajakdygymy bilen bolsam, onda italýan dilini öwrenmek ýerlikli bolardy. Biz bolsa bakylygy göklerde geçireris, şonuň üçin-de gökleriň dilini şu wagt öwrenenimiz gowudyr. Ýokdan doglan dilimizde, Atamyzyň ýurdunyň dilinde gürlemäge wagt ýetip geldi.

> “Ýagşy sözler joşýar meniň kalbymdan, düzen şygyrlarymy patyşa aýdyp berýärin; dilim çalasyn ýazyjynyň galamy kimin” (Zeb. 44:1).

Hudaý bizde Öz güýjüni açyp, ony biz arkaly guýmak isleýär. Ol biziň dil bilen çäklendirilen, netijede bolsa ynsan güýji bilen çäklendirilen durmuşda ýaşamagymyzy niýetlemändi.

**Biz bolsa bakylygy göklerde geçireris, şonuň üçin-de gökleriň dilini şu wagt öwrenenimiz gowudyr.**

Dileg bizi Hudaýyň galtaşmasyny başdan geçirmeklige çagyrýar; bu galtaşma bizi täze çäklere galdyrýar, bu baş bilen eginler biziň ynsan dilimiziň çäklerinden ýokarydyr. Biziň täze belentligimiz bize täze garaýşy berýär. Biz Onuň Sözüni ýokary galdyranymyzda, gylyçlary galdyrýandyrys: “Ölümem, ýaşaýyşam diliň ygtyýarynda, dili söýýän hasylyndan iýer” (Sül. 18:22).

Hudaýyň sözleri päk we täsirlidir. Olar tümlügi ýagtylandyrýan diri gylyçlar kimindir. Ol Öz perzentlerine güýçli, mukaddes we gadymy dili ynandy. Bu diri sözleri abraý bilen ulanmaly. Eger Onuň mukaddes sözleri niýetlenilen maksatlary üçin ulanylmasa ýa-da erbet pikir bilen ulanylsa, şöhlelenme ýoýulan bolar, gökleriň nury bolsa tümlük bilen bulaşar.

Men daşary ýurt dilinde gürläsim gelýär. Ýat ýurtda adamlar bilen gürleşer ýaly ýeterlik sözleri öwrenmek gowy bolardy. Köp amerikanlar ýaly men hem mekdepde iki ýyl daşary ýurt dilini öwrenipdim, ýöne bu dilde hiç kim bilen gürleşmänligim sebäpli fransuz dilinde bilýän hatda şol az zatlarymy tiz unutdym. Eger bize italýan dilini öwrenmekligi teklip eden bolsadylar, onda ýagdaý bütinleý başgaça bolardy. Meniň kakam Birleşen Ştatlarda doglandygyna garamazdan, iňlis dili onuň ene dili däldi. Onuň ene-atasy Sisiliýa adasynda doglansoňlar, italýan

dilinde gürleşýärdiler. Şol döwürde italýanlar sowatsyz we garyp immigrantlar hasap edilýärdi. Olaryň dili olary italýan jemagaty bilen baglaşdyryp, iňlis dilinde gürleýän amerikanlardan bölüp aýyrýardy. Meniň kakam özüniň aksenti sebäpli bütin synpyň içinde saýlanýandygyna tiz akyl ýetiripdir. Öýde bir dilde, mekdepde bolsa başga dilde gürleşilse, aksentden dynmak kyn bolýar. Meniň kakam bary-ýogy alty ýaşyndaka, enem dul galýar. Enem öz maşgalasyny ekläp bileri ýaly, kakam nowbahar ogul hökmünde oňa iňlis dilini öwretmek üçin elinden gelenini edipdir.

Meniň kakam ýaşlyk döwründe öýden gaçyp gidişini birwagtlar gürrüň berýärdi. Ol öz Wenerando adyny Jozef diýen ada çalşyp, deňiz flotunda gulluk edipdir we Indiana uniwersitetinde futbol oýnapdyr. Kolejden soň ol awiakompaniýada işläp, stýuardessa bolup işlän ejem bilen tanşypdyr, oňa öýlenipdir we öz çagalygynyň gedaýlygy bilen arasyny ymykly açasy gelipdir.

Onýyllyklar geçdi, kakam üstünlikli telekeçä öwrüldi. Men italýança ýeke söz bilmesem-de, çagalykda maňa ‘italýan’ diýen lakamy dakypdylar. Biz kakamyň maşgalasy bilen enemiň öýünde üýşenimizde, doganlar öz arasynda gaty ses bilen mukam ýaly ýaňlanýan bir dilde gürleşýärdiler, men bu dili öz öýümde asla eşitmeýärdim. Gynansam-da, maňa diňe birnäçe jümleler we aýdymlar gelip ýetdi. Has köp öwrenmelidigim baradaky pikiriň aňyma gelmändigine diýseň ökünýärin. Hatda şindi hem Italiýa baranymda, enemiň gürleşişiniň äheňini duýýaryn; bu edil enemiň diliniň onuň gyzyna ýüzlenişi ýaly duýulýar.

Siz daşary ýurt dilinde gürleşmek isleýäňizmi? Gürrüň garammatikany öwrenmekdäki ýürekgysganç ýumuşlar barada däl. Men hakyky içgin düşünişmeklik, ýürekden ýürege sözläp bolýan çuňňur sözleşigi göz öňüne tutýaryn. Eger siz daşary ýurt dilinde eýýäm suwara gürleýän bolsaňyz, onda bu başarnygyň gapylary açyp, dürli medeniýetdäki nätanyş adamlar bilen aragatnaşygy ýüzügra ýola goýýandygyny aýdyp-da oturmaýyn. Umumy diliň çuňňur baglanyşygy we maksady dürli ýurduň ýaşaýjylaryny mäkäm birleşdirýär.

Biz kitaplarymyzy dürli dillere terjime edenimizde, habarymyzyň bize ýat bolan medeniýetdäki adamlaryň eline düşüşine haýran galýardyk. Biziň kitaplarymyzy ozal alyp bilmedik adamlar indi

özleri barada alada edilýändigini, ýörite olaryň diline terjime edilip, çap edilip, sowgat bermek arkaly mätäçlikleriniň öweziniň dolunýandygyny duýdular. Olar Hudaýyň Sözüni diňe bir öz dilinde alman, eýsem ony durmuşdan alnan mysallardan doly kitapda aldylar; olar bu mysallary öz durmuşynda günde ulanyp bilýärler.

“Zenan aladasynyň güýji” atly kitabymda men zenanyň ýürek dili görnüşindäki aladasynyň häsiýetini beýan edipdim, bu dil hemme aýallarda meňzeşdir. Dil ýaly, zenan aladasy hem söz bilen-de, sözsüz-de beýan edilip bilinýär. Bu biziň umumy enelik dilimiziň mysaly, ol biziň her birimizde milli gelip çykyşymyzy aňladýan ene dilimiz bilen bir hatarda bardyr.

Bu dilleriň ikisi-de wajyp we men bu kitapda täze derejäni açmagy umyt edýärin. Men has çuň gazyp, gelip çykyşymyzyň dilinden we ýüregimiziň sözleýän ene dilimizden has güýçli bolan bir dil barada gürrüň etmekçi.

Bu diliň formasy adamlaryň arasyndaky aragatnaşykdan has çuň aralaşmaga güýji bar. Onuň sözleri görünmeýän zatlary görünýän zatlara geçirmegiň, hiç zatdan ähli zady ýaratmagyň mäkäm güýji bilen eriş-argaç kimin dokalandyr.

Biziň Atamyz Sözüni aýdanda, ýaradylyş prosesi başlandy. Şekilsiz bulam-bujarlygyň boşlugyndan tertip-düzgün we nur peýda boldy. Eger biz ajaýyp Hudaýymyzyň hatyrasyna täsin işleri amal edýän gyz perzentleri bolasymyz gelýän bolsa, bize Onuň sözleri we Onuň ady gerek. Biziň Atamyzda bolşy ýaly, bizde hem ýaradylyş prosesinde pikirler boşadylýar. Hudaý bizi almagyň, göterip gezmegiň we wagty ýetende ýaşaýşy dogurmagyň nämedigine doly düşünip bilmäge ukyply edip ýaradypdy. “Ynsanyň dili ýüreginden joşanyny sözleýändir” (Mat. 12:34). Biz Mukaddes Ýazgylaryň bu aýadyny adatça ýüregi goramak we ony derňemek, onda nämeleriň toplanýandygyny bilmek üçin diliň sözleýänlerine gulak goýmak babatdaky duýduryş hökmünde mysal getirýäris. Ýöne bu gezek welin men Mukaddes Ýazgylaryň bu ýerine başga bir nukdaýnazardan garamak isleýärin, sebäbi Hudaý älemi galaktikasy bilen ýaratmak bilen, Öz ýüreginiň joşanyndan sözleýär:

> “Hudaýyň göze görünmeýän häsiýetleri: ebedi gudraty
> we hak Hudaýdygy dünýä ýaradylaly bäri Onuň ýaradan

> zatlaryndan mese-mälim görünýändir. Şoňa görä-de, adamlaryň: ‘Hudaý hakda bilmeýäris’ diýmäge hiç tutarygy ýokdur” (Rim. 1:20).

Sen, eý, mähribanym, ummanlardan, daglardan we ýolbarslardan has täsin ýaradylyşsyň! Sen biziň göze görünmeýän Hudaýymyzyň häsiýetini şöhlelendirýänsiň.

Bu dilde pyşyrdy ýaňlananda, giň giňişlikler bürelýär, ýer bilen gök birigýär. Şonda biziň gürlemek gezegimiz gelýär, sebäbi bu Atamyzyň dilidir.

Mukaddes Ýazgylar Hudaýyň sözleriniň ýazylan ýygyndysydyr; olar otda eredilip ýasalýan kesgir gylyç kimin bolmakdan başga-da, biziň hakyky watanymyzyň demi bolan janly dilidir. Diýmek, onuň her bir sözlemi biziň ýer ýüzündäki, şeýle-de belentdäki mukaddes ýerimiz üçin gerek bolan keşpler bilen öwütlerden doludyr.

Onuň Sözi bize dil barada öňde-soňda belli bolan zatlaryň ählisinden üstün gelýär, sebäbi Onuň sözleri şindi görýän ähli zatlarymyzyň gözbaşydy. Islendik adam öz ene dilini bilşine we aksentiniň bolup-bolmazlygyna garamazdan, Atamyzyň dilinde ýalňyşsyz gürläp bilýär. Bu güýçli we gadymy tekstler islendik tiräniň we şiwäniň wekiline elýeterdir.

Daşary ýurt dilleri Hudaý bir dilde gürleýän boýunegmezek halky dumly-duşa dargadanda döräpdi. Bu waka Mukaddes Kitapda ýazylgy, ol adamlar Babyl diňini gurup başlanlarynda bolupdy.

> “Reb ynsanlaryň gurýan galasyny hem-de minarasyny görmek üçin aşak indi. Reb: ‘Görsene, olar bir halk, olaryň dilleri-de bir. Bu olaryň niýetiniň başlangyjydyr; olar indi öz göwünlerine gelen zatlaryny etmekden saklanmazlar. Geliň, aşak ineliň-de, biri-biriniň gepine düşünmez ýaly, olaryň dilini garyşdyralyň’ diýdi. Şeýdip, Reb ynsanlary bütin ýer ýüzüne dargatdy; olar gala gurmalaryny

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Çydamlylyk we goranyş hatda iň zabun hüjüm edýäniň-de hüjümini ýatyryp bilýär.

> bes etdiler. Şoňa görä-de, şol gala Babyl diýip at dakyldy, çünki Reb şol ýerde ähli ynsanlaryň dilini garjaşdyryp, olary bütin ýer ýüzüne dargadypdy" (Gel. 11:5–9).

*Mümkin däl* bolup görünýän gurluşyk taslamasy iki şertiň: bütewi bir halkyň we umumy bir diliň bolan ýagdýynda *mümkin* bolandygy gyzykly zat. Hudaýyň muny niýetlemändigine garamazdan, olaryň bu niýeti üstünlikli bolup bilýärdi. Olaryň niýeti Hudaýyň Gelip çykyş kitabynyň birinji babynda beren tabşyrygyny düýbünden bozýardy. Diliň garjaşdyrylmagy diňe işlerini togtatman, eýsem bütewi bir halky dünýäniň çar künjegine dargatdy. Biziň ynsan barlygymyzyň taryhy bir dilden başlanypdy we men onuň bir dil – Hudaýyň gudratynyň dili bilen tamamlanjakdygyna ynanýaryn.

> "Bu galmagally sese uly mähelle ýygnandy. Olar öz ene dillerindäki gürrüňleri eşidip, aljyradylar. Hemmeler haýran galdylar we geňirgenişip, biri-birlerine şeýle diýdiler: 'Serediň, bu gepleýänleriň hemmesi jelileli dälmi näme? Onda nädip biziň her birimiz öz ene dilimizdäki sözleri eşidýäris? Aramyzda Parfiýadan, Madaýdan, Eýlamdan, Mesopotamiýadan, Ýahudyýadan, Kappadokiýadan, Pontusdan we Aziýadan gelenler bar. Frikiýadan, Pamfiliýadan, Müsürden, Kirineýiň golaýyndaky Liwiýadan gelenler hem bar. Şeýle-de Rimden gelen ýahudylar we ýahudy dinini kabul edenler bar. Käbirimiz Krit adasyndan we Arabystandan geldik. Muňa garamazdan, *Hudaýyň beýik işleri barada olaryň biziň ene dilimizde gepleýändigini eşidýäris*" (Res. 2:6–11, nygtama awtoryňky).

Gökler ýer ýüzünde ses tapanlarynda, köpler ýygnanýar. Biziň dogrudan-da aýtmaga zadymyz bolanda, Hudaý sözlerimizi köp adamlaryň eşideri ýaly, olaryň ýaňlanmagy üçin gerekli usuly tapýar. Biz Onuň sözlerini Onuň Ruhunyň güýji bilen aýtmak üçin özümizi tabyn edenimizde, täsin işler amal bolýar. Men Hudaýyň bu bütewi gudratynyň mälim bolmasyna sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn.

Hudaý Iýerusalime dünýäniň çar künjeginden ýygnanan halka – özlerini bagyş eden we bilim derejesi oňat bolan adamlara Özüniň beýik mugjyzalaryny beýan etmek üçin Jeliledäki adamlary – sowatsyz hasaplanýan welaýatyň adamlaryny saýlady. Siz muňa

nähili garaýarsyňyz? Gyrada galan bolmady. Biz bilelikde şol bir zady aýdanymyzda, ýer ýüzündäki umumy bir diliň ýetirip biljek täsirinden has ähmiýetli we güýçli täsiri döredýäris. Ellinji gün baýramy güni gökleriň sözleri ýer ýüzünde ýaňlandy, muňa şol ýerde bolanlaryň ählisi şaýatdy.

Biziň Gudratygüýçli Hudaýymyz ýeňiş gazanýar. Onuň şanly söýgüsi we belent rehim-şepagaty çäksizdir. Gutulyş peşgeşi iman arkaly diňe Onda bardyr, Ony agtarýanlaryň ähli merhemet bilen umydy alarlar.

Men bärde nämälim dillerde gürlemeklik barada aýtmaýaryn. Bärde has global soraglara jogap bermek gerek: biz öz sözlerimizi aýdanymyzda, ünsi özümize çekmän, diňe Hudaýy şöhratlandyrjak tärde aýdarysmy? Biz öz kämil dilimizde gürleşerismi ýa-da Onuň kämil işleri barada aýdarys? Biz Onuň Ruhuna bizi doldurmagyna ygtyýar edip, bütewi bir ses bolarysmy?

Özüňi bütewilige bagyş etmeklik diňe ähli gatnaşyjylaryň belent bir maksadyň töweregine ýagnananlarynda netijeli bolýar. Gökdäki Atamyzyň maksatlary we dili üçin birleşenimizde, bu Hudaýyň maksatnamasynyň täze başlangyjy bolar we adamlary Onuň maksadynyň töweregine ýygnar.

Gylyjyň (Onuň Bedeni we Onuň Sözi) dargadylan bölekleri diýseň köp; biz olaryň hemmesini bilelikde görüp-de durmaýarys, şonuň üçin-de biz diňe öz bölegimizi, ony hem diňe bölekleýin bilýäris. Haýsydyr bir böleginiň edýän işine oňat düşünmek üçin, bütewi suraty bileniň ýagşydyr.

Ýetmeýän käbir bölekler bize mälim bolan bölekleriň, şeýle-de Hudaýyň Ruhunyň we Hudaýyň Sözüniň dolduryan bölekleriniň bardygyny aňladýar. Biz häzirlikçe aýratyn bir bölek hökmünde görýän zadymyzyň substansiýasyny döretmek üçin, pygamberlik edip, iman sözüni aýdýarys. Ol - biziň ähli zatdaky ähli zadymyz; biz - bütewi zadyň bir bölegi.

Sözi ykrar etmäge derek, ony juda köp wagtlap teswirläp gezdiler. Biz Onuň aýdanlaryny we baky ýazylan sözlerini güýç bilen ykrar etmäge derek, ony tejribämiziň we duýgularymyzyň, sosial ileritutumlarymyzyň we ynsanyň çäkli aňy bilen pikirleriniň süzgüjinden geçirmek endigini edindik.

Biz Sözi Onuň syrly ebedi görnüşinde ykrar etmäge derek, Ony öz paýymyza düşen ujypsyz roluň nukdaýnazaryndan teswirlemek synagyna düşýäris. Düşünmeýän dilimizde gürlemek üçin, iman gerek.

> “Biz älem-jahanyň Hudaýyň buýrugy bilen ýaradylandygyna, şeýle hem, görünýän zatlaryň görünmeýän zatlardan dörändigine iman arkaly düşünýäris” (Ýew. 11:3).

**Sözi ykrar etmäge derek, ony juda köp wagtlap teswirläp gezdiler.**

Hudaý biziň görýän dünýämizi biziň görüp bilmeýän sözlerimiz arkaly bina etdi. Biz Atamyz ýaly hereket edenimizde we Onuň sözlerini ýaň ýaly gaýtalanymyzda, olar substansiýa eýe bolarlar. Biz göklerde güýç bilen ebedi ykrar edilen zatlary ýöne ykrar edenimizde, ýaradylan ýer sözleri tanap, öz Ýaradanyna tabyn bolýar.

Ýer ýüzüni gökleriň sözleri bilen gurnamaga derek, olary ýer ýüzüniň süzgüjinden geçirenimizde, asyl manysynyň köpüsini sypdyrýarys. Pähim-paýhasy döwürdeş adamlarymyzdan alandan, günleri gadymy Bolandan alanymyz ýagşy. Dogrymy aýdaýyn, Eýýup kitabyny okaýarkam, men Hudaý gürläp başlamazyndan öň, onuň dostlary gaty paýhasly sözleri aýdýar diýip pikir edýärdim.

> “Nesihatyňy *garalajak* barmy? Şonuň üçinem men düşünmedik, asla akyl ýetirip bilmedik zatlarym barada gepledim” (Eýý. 42:3, nygtama awtoryňky).

Mukaddes Kitabyň beýleki terjimelerinde: “garaňkyradýan”, “hapalaýan”, “şübhe astyna salýan”, “gizleýän” diýen sözler ulanylaýr. Ähli terjimeleriň-de şol bir “garalamak” diýen manysy bar. Biz öz düşünmeýän zadymyzy düşündirjek bolanymyzda, Hudaýyň danalygynyň parlak nuruny garalaýarys ýa-da öňüne böwet bolýarys. Biz Onuň göklerdäki Sözüniň ujuny küteldenimizde, Onuň şanly belentligini şübhe astyna salýandyrys.

Men doganyna: “Ejem edil şu wagt gelmegiňi soraýar” diýip aýtmak üçin ogullarymyň birini iberenimde, ol meniň aýdanlarymy

sözme-söz gaýtalaryna tama edýärin. Ýöne ol meniň aýdanlarymdan haýsydyr bir zady sypdyranda ýa-da meniň aýtmadyk zatlarymy üstüne goşup aýdanda, habar bulaşýar. Mysal üçin: “Ejem saňa aşaga düşüp, saçagy taýýarla diýdi”. (Ol saçagy doganyna taýynlatmak üçin, muny özünden goşup bilýär). Ýöne men oglumy iti gezdirip gelmek ýa-da onuň bilen wagt geçirmek üçin çagyran bolsam, onda habar bütinleý nädogry bolardy. Ýa-da eger oglum diňe: “Ejem aşaga düşmegiňi isleýär” diýip, muny haçan etmelidigini anyk aýtmasa, dogany: “Bolýar” diýip jogap bererdi. Ol edil şol pursatda düşmelidigini bilmese, biraz eglenerdi. Bu kiçijek mysallar örän wajyp pursatlarda örän uly zada öwrülip bilýär.

Hudaý ähli zady bilýän ýeke-täk Kişi. Ol biziň asla bilmeýän zatlarymyzy bilýär, şonuň üçin-de Ol bize mana eýe bolan ähli zatlar babatda Öz ýörelgeleriniň we pikirleriniň danalygyny berdi. Ýöne, edil meniň ogullarymyň mysalyndaky ýaly, biz köplenç Onuň delilleriniň sebäpleri we olary ýerine ýetirmegiň wagtyny o diýen wajyp däl diýip pikir edýäris.

Geliň, Pawlusyň imandaky ogly Timoteosa berýän öwüdine garap geçeliň:

> “*Pursadyň amatly bolup-bolmazlygyna garama-da, Hoş Habary dyngysyz wagyz et.* Günä edýänleri paş edip, olary ýazgar, sabyrlylyk bilen öwüt-ündew berip, taglymaty öwret. Çünki *adamlaryň sagdyn taglymaty diňläsi gelmejek zamanasy geler*. Şonda olar öz höweslerine ýaraşykly, gulaklaryna-da ýakymly sözleri aýtjak öwredijileri gözlärler. Olar *hakykata gulak asman,* toslamalaryň yzynda selpärler” (2 Tim. 4:2–4, nygtama awtoryňky).

Ýagty sözleri wagyz etmäge derek, ýagtylygyň sözlerini wagyz et! Birwagtlar kanunçylyga ýüz urlup, Hudaýyň Sözüniň gylyjyny ýagtylyksyz aýdylan döwrüň bolandygyna düşünýärin. Biz öz tekliplerimizi goşanymyzda, Hudaýyň Sözüniň ajaýyplygyny ýoýýarys. Adamlar özlerine şypa bermeli zadyndan ýaralananda, hakykatdan-da üns bermeli zatlaryny ünsden düşürýärler.

Köp hyzmatçylar we liderler adamlary gorkuzmajak bolup, az-kem yza tesýärler. Olar ýumşak we duýgur bolasy gelip, mährem

we gulaga ýaraýan sözleri ulanmak bilen, Hudaýyň Sözüni haýsydyr bir žargon sözlerine öwürdiler. Hawa, bize ýumşaklyk we duýgurlyk gerek. Şeýle çemeleşmäniň peýdaly taraplary-da bar, ýöne biz Hudaýyň habaryny ýoýanymyzda, peýda ýalňyşa öwrülip bilýär.

*Umuman, gysga sözler iň gowy zat, köne sözler bolsa olaryň ählisinden-de gowudyr.*
– Uinston Çerçill

Uinston Çerçill görnükli kommunikatordy. Onuň sözleri uzak ýerlere ýetýärdi we wagt çäginden daşary ýaňlanýardy, olar biziň günlerimizde hem ýörgünlidir. Meniň pikirimçe, onuň bu jümlesi gysga sözleriň düşnükli ýaňlanýandygyny, köne sözleriň welin wagt synagyndan üstünlikli geçendigini düşündirýär. Ynsanyň sözleri her nähili döwrebap eşidilýändigine garamazdan, olar bakylygyň wagt çäksizliginde ahyrda könelip galýar.

Isa Mesihiň döwründe ýewreýler iki dili: ybadathanada hyzmat etmek we mukaddes ýazgylary öwrenmek üçin iwrit dilini hem-de gündelik durmuşlarynda öýde we bazarlarda arameý dilini ulanýardylar. Isa Mesih ýaşyryn mukaddes sözleri we Hudaýyň güýjüni adamlar üçin köçelere we bazarlara getirdi. Ýöne Ol Özüniň adaty adamlary mukaddesler hökmünde kabul edendigine garamazdan, mukaddes sözlere adaty bir zat hökmünde garamaklaryna ýol bermeýärdi.

Hemmeleriň göwnüni awlajak bolup, biz öz sözlerimiziň adaty sözlere – öz gymmatlygyny we mukaddesliginiň baky agramyny ýitiren sözlere öwrülmegine ýol bermedikmi näme? Öz şahsy durmuşymdan mysal getireýin. Köp ýyllaryň dowamynda men öz diňleýjilerime geçmişiň duzagyny taşlamagy öwredýärdim, sebäbi Hudaý bilen "seniň geçmişiň – bu seniň gelejegiň däldir".

Hudaý bu jümläni maňa 1994-nji ýylda dileg wagty beripdi. Adamlar adatça kontekstden ýeňillik bilen bölünýän jümleleri ýatda saklaýarlar. Ýöne şonda-da bu jümläniň öz durmuş dowamlylygy, ýa-da sada dilde aýtsak, özüniň tamamlanyş möhleti bar. Ol şol bir mowzuk boýunça Mukaddes Ýazgylaryň degişli ýerleri bilen ykrar edilen ýagdaýynda özgerdiji güýje eýedir. "Seniň geçmişiň – seniň gelejegiň däldir" diýen jümle Filipililere ýazylan hatdan alnan parçanyň gysgaldylan görnüşidir:

> “Eý, doganlar! Men bulary gazanandyryn öýdemok. Emma ýeke-täk şuny welin edýändirin: yzda galan zatlary unudyp, öňdäkilere ýetmäge ymtylýaryn. Men Hudaýyň Isa Mesih arkaly göklerdäki ýaşaýşa çagyrýan baýragyny almak üçin, maksadyma tarap ylgaýaryn” (Fil. 3:13, 14).

Meniň ýokarda aýdan jümläm dogry, ýöne bu jümläniň güýji hakykata garandakysyndan has pesdir. Hakykatdan alnan bölekleýin jümleleriň güýji asyl nusgadakysy ýaly däl. Biz öz wagyzlarymyzda Mukaddes Ýazgylary gerekmejek bir zat hasaplamaly däl we mundan buýana güýçden gaçan jümleler arkaly ýaşamagymyzy bes etmeli. Biz Mukaddes Ýazgylara eýerensirän bolup, aslynda Onsuz bolsak, elmydama nyşandan sowa geçeris.

Ýörgünli jümleler ýatda aňsat galýar, sebäbi olar ... ýörgünli. Köpçülikleýin habar beriş jemgyýetçilik serişdelerinden doly bolan häzirki dünýäde täsirli sözleriň we jümleleriň islendigi Ýer togalygyna göz-açyp ýumasy salymda aýlanyp çykýar. Ýöne olar öz ýolunda nähili yz galdyrýarlar? Facebook bilen Twitteriň özgertmäge güýji barmy? Bu şeýledir diýip umyt edýärin, sebäbi olaryň täsir ýetirýän çäginde millionlarça adam wagtyny geçirýär. Men olaryň akylly akmaklaryň neslini - hemme zady bilip-de, hiç zat etmeýän adamlaryň neslini döretmezligi üçin dileg edýärin.

Iwrit dilinde mezmurlarda “selah” diýen söz köp duş gelýär; ol galpyldap säginmekligi, gysga arakesmäni aňladýar. Näme üçin? Sebäbi gysga arakesmeler mukaddes sözlere we bakylygynyň ajaýyplygyna gaýgyly pikirleriň böwedini böwsüp geçmegine mümkinçilik berýärler. Mukaddes Ruhuň sesiniň bolmadyk ýerinde günäler paş edilmeýär, diýmek, hakykatdan-da paýhasly maslahat bolmaýar.

Biz öz aýdan haýsy sözlerimiz arkaly şindiki ýagdaýa düşenimizi bilesim gelýär. Halas ediş goşunyň düýbüni tutan Wilýam Butuň bir interwýusynda ondan 20-nji asyrda ýygnakda nämelerden howatyrlanýandygyny soradylar. Ol muňa şeýle jogap berdi:

“Siziň jogabyňyza jogap bermek bilen, men gelejekki asyrda ýygnak üçin Mukaddes Ruhsuz diniň, Isa Mesihsiz mesihiligiň, tobasyz bagyşlaýşyň, Hudaýsyz syýasatyň we dowzahsyz gökleriň bolmagyny iň uly howp hasaplaýaryn”.

Men bu pygamberlik duýduryşyny okanymda, ol ýüregimden ok kimin parran geçdi. Men başgalaryň eden ýalňyşynyň ejirlerini öz üstüme alamok, men öz ýalňyşlarym üçin ejir çekýärin. Şindi kiçi toparlara bölünip, bir-birege barmak çommaltmagyň wagty däl. Isa Mesihiň Bedeni örän gözgyny ýagdaýda. Eger biz bu ýagdaýa soňky birnäçe onýyllyklaryň dowamynda aýdan zatlarymyz sebäpli düşen bolsak, onda, geliň, indi Hudaýyň Sözüniň mäkäm gaýasynyň esasynda täze kanwany döretmek üçin güýjümizi bir ýere toplalyň.

> “Oýlanman gepleýän dil gylyç ýaly sanjylýandyr, akyldaryň dili bolsa şypa berýändir” (Sül. 12:18).

Geliň, Hudaýyň danalygyny sözläliň we şypanyň gelip başlaýşyny göreliň.

## Duýduryşlar

Durmuşda bolýan wakalaryň köpsüniň öňýanynda duýduryşly alamatlar bolýar, sözleriň köp duýduryşlary getirýändigine hiç şübhe ýok. Duýduryş: ölüm we ýaşaýyş biziň dilimiziň ygtyýarynda. Duýduryş: gürlemäge howlukma. Duýduryş: pikirler we sözler biziň hakyky durmuşymyzy emele getirýärler.

*Öz pikirleriňize syn ediň, olar siziň sözleriňize öwrüler. Öz sözleriňize syn ediň, olar siziň hereketleriňize öwrüler. Öz hereketleriňize syn ediň, olar siziň endikleriňize öwrüler. Öz endikleriňize syn ediň, olar siziň häsiýetiňize öwrüler. Öz häsiýetiňize syn ediň, olar siziň ykbalyňyza öwrüler.*

– Awtory näbelli

Eger biz bu sözlere çynlakaý garasak, onda elmydama pikirlerimizi, sözlerimizi, hereketlerimizi we endiklerimizi synlap ýaşarys! Ýöne şu berlen yzygiderliligiň dogrulygyna garamazdan, bize edil polisiýa uçastogyndaky ýaly - pikirlerimiziň dyngysyz barlanylýan ýerindäkisi ýaly ýaşamaklyk gerek däl. Tersine, Hudaý bizi Onuň bilen pikir alyşmagymyza çagyrýar, sebäbi bu dogry çözgüdi ýekelikde tapmakdan has bähbitlidir.

> “’Meniň pikirlerim siziň pikirleriňiz däl, siziň ýollaryňyz Meniň ýollarym däl’ - Muny Reb aýdýandyr. ‘Gökler ýerden nähili beýiklikde bolsa, Meniň ýollarym-da siziň ýollaryňyzdan, Meniň pikirlerim-de siziň pikirleriňizden beýikdir. Ýagşyň, garyň göklerden inip, ýeri suwaryp, ony önümli, hasylly edip, ekene tohum, çörek iýýäne çörek berýänçä, yzyna dolanmaýşy dek, Meniň agzymdan çykýan sözüm-de şeýle bolar; Ol Maňa boş gaýdyp gelmez, maksadymy ýerine ýetirer, etsin diýip iberen işimde üstünlikli bolar’ Reb diýýär” (Işa. 55:8–11).

Biz Onuň Sözüni okanymyzda, aňymyz täzelenýär. Aňymyz täzelenende, pikirlerimiz üýtgeýär. Pikir edişiň üýtgemeginiň dowamynda özümiz barada, bizi gurşaýan dünýä we adamlar barada aýdýanlarymyz üýtgeýär. Biziň aýdýanlarymyzdaky üýtgeşmeler hereketlerimizi özgerdip, olary gökleriň ýer ýüzi üçin niýetlän maksatlary bilen baglanyşdyrýar. Biziň sözlerimiz Gökdäki Atamyzyň yradasyny ýaň bolup gaýtalap başlaýar we üzüm bagy gülläp başlaýar. Hudaýyň diri Sözi – bu düýpli özgerdýän bütin hakykatyň gözbaşydyr. Hakykat – bu maslahat edilmeli pikir däl, bu bedene öwrülen Sözdür, bu Isa Mesihdir.

> “Isa oňa: ‘Ýol, hakykat we ýaşaýyş Mendirin, Mensiz hiç kim Atanyň ýanyna baryp bilmez’ diýdi” (Ýoh. 14:6).

Hakykaty aýtmak bir zat, hakykatyň özi bolmak bütinleý başga zat! Biz Isa Mesihiň göreldesine eýerip, hakykat bilen ýaşamaly. Ol – möhleti bolmadyk hakykat, sebäbi Ol baky ýaşaýandyr! Ol bizi dyngysyz ruhlandyryp, bizi Öz nury bilen özgerdýändir.

Meniň: “Seniň geçmişiň – bu seniň gelejegiň däldir” diýen jümlämi çalaja açyk gapy bilen deňeşdirse bolýar; Onuň Sözi – bu giňden açylan derwezelerdir. Hudaýyň hakykatynyň bizi bölüp aýryp, Onuň nuruna beslemäge güýji bar. Biziň Hudaý Atamyz nähili ajaýyp! Ol bize diňe bir dili bermän, eýsem aýdyşymyz ýaly ýaşamakda görelde bolan Isa Mesihi hem berdi.

> “Isa olara şeýle jogap berdi: ‘Hakykatdan hem, Atasynyň eden zatlaryny görmese, Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez. Atasy näme etse, Ogul-da şony edýändir’” (Ýoh. 5:19).

Onuň diňe Sözi däl, eýsem Onuň erki hem janlydyr. Men näme üçin şeýle diýip bilýärin? Sebäbi Isa Mesih Atasynyň erkini görkezdi, Ol bolsa ynsan bedeninde doglan Hudaý Sözüdir.

“Şonuň üçin Mesih dünýä gelende, Hudaýa şeýle diýdi:
‘Gurbanlyk bilen sadakany Sen islemediň;
emma Maňa bir beden taýynladyň.
Ýakma gurbanlygy, günä gurbanlygy
Seniň göwnüňden turmady. Şonda diýdim:
‘*Ine, Men! Kitapda Men barada ýazylgy’.*
*Eý, Hudaýym, islegiňi berjaý etmäge, ine,*
*Men geldim*’” (Ýew. 10:5–7, nygtama awtoryňky).

Şunlukda, şeýle sorag ýüze çykýar: bu kitapda biz barada näme ýazylgy? Resullaryň işleri kitabynyň ikinji babyna laýyklykda, Hudaýyň gyzlary göklerden ylhamlanan işleriň bir bölegi bolar: Hudaýyň Ruhy üstümize guýlanda, biz Onuň ogullary bilen bir hatarda pygamberlik ederis. Biz Onuň gudratlaryndan we alamatlaryndan doly bolan ýer ýüzünden ýöräp, Onuň gökler goşunynyň toplumynyň astynda Oňa hyzmat ederis. Biziň günlerimizde Hudaýy çagyran her kes halas bolar (ser. Ýew. 10:17–21). Bu täsin serhetler Onuň biz babatdaky jomart erkini çyzýarlar.

Siz Onuň erkini özüňiz barada ýazylanlaryň göze görünýän çäklere öwrüleri ýaly tärde berjaý edesiňiz gelýärmi? Edesiňiz gelýär diýip pikir edýärin. Geliň, bu pursady elden sypdyrmaly we ony dileg bilen möhürläliň.

• • •

*Eý, Gökdäki Atam!*

*Ine, Seniň gyzyň. Men Seniň yradaňy amal etmek üçin geldim. Goý, meniň durmuşymda men barada ýazylanlaryň ählisi berjaý bolsun. Men Seniň Sözüňden ýapyşýaryn, ony aýdýaryn we öz durmuşym arkaly ony şöhlelendirýärin. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn!*

9

# Hasyl gylyjy

*Emma Men size diýýärin, başyňyzy galdyryň-da, ekin meýdanlaryna serediň, olar eýýäm oraga taýýar.*

– Ýohana 4:35

Demirgazyk Amerika ýurdunda gylyjyň diňe bir görnüşi – maçete görnüşi bellidir. Asyl amerikan däplerine laýyklykda ol köptaraplaýyn, sebäbi ýigrimiden gowrak ulanyş usuly bar. Olaryň arasynda esasy dört topary bölüp aýyrsa bolýar: arassalamak we ýoly açmak, ýagdaýy üýtgetmek, hasyly ýygnamak, hüjüm etmek ýa-da goranmak.

Maçete dürli işlerde ulanylýar. Mysal üçin, onuň bilen ýodadaky oty orup bolýar, bagyň döküni üçin komposty ownadyp bolýar, agaçlary çapyp, odun taýynlasa bolýar.

Maçetäniň kömegi bilen düşelge üçin meýdançany taýýarlap, çatma dikip, howlyny tertipläp, ösümlikleri timarlap bolýar. Bulardan başga-da bagyň artykmaç şahalaryny çapyp, üzüm şahasynyň ösüşini gowulandyrmak üçin üzüm agajyny arassalap, çadyry germäp bolýar. Maçete tüwüniň, şeker çiňrigini̇ň, mekgejöweniň, çowdarynyň, darynyň, arpanyň, greçihanyň, süläniň hasylyny we mallar üçin iými ýygnamakda ulanylýar. Şeýle-de ol kokoslary, hozlary we beýleki zatlary ýygmak we olary çakmakda ulanylýar. Maçete oty ormaklykda örän peýdaly gural, sebäbi ol baldagy ýapraklary bilen orup, köki indiki hasyl üçin toprakda galdyrýar.



Galyberse-de, ol aslynda bu maksatlar üçin niýetlenlmedik bolsa-da, onuň bilen goranyp we öldürip bolýar. Maçete – bu hopukdyryjy ýarag; onuň bilen goranyp bolýar, duşmany ýa-da ýabany haýwany gorkuzyp, zäherli ýylany öldürip bolýar. Onuň bilen awuň ýa-da malyň damagyny çalyp bolýar.

Bularyň baryny kim bilýärdi...şeýle dälmi?

Maçete pyçagyň, paltanyň we gylyjyň utgaşmasydyr. Köp taraplaýyn ulanyp bolýanlygy üçin, ol dünýäniň dürli künjeklerinde gündeliki durmuşda giňden ulanylýar. Onuň şeýle köptaraplaýyn ulanylyşyny bilibem, henize çenli ony edinmändigime haýran galýaryn.

Kitabyň indiki sahypalarynda men ýodalary arassalap, daşky gurşawyň görnüşini özgerdip we meýdanlardan hasyly ýygnap başlanymyzda nämeleriň bolýandygyny has giňişleýin gürrüň bererin. Siz öz ýodaňyzy tapyp bilýäňiz, çatma dikip bilýäňiz, öz zähmetiňiziň rehnetinden lezzet alyp bilýäňiz. Ýol ugruna bolsa öňüňizden çykanda oýlanmaga-da puryja bermeýän ýylanlary ýoklap bilersiňiz.

## Ýodalary arassalamak we olara äňetmek

Ruhy ýoly Hudaýyň Sözi ýaly oňat başga hiç zat ýagtylandyryp bilmeýär. Süleýmanyň pähimleri kitabyny gözden geçiriň, şonda siz öňüňizden we yzyňyzdan özüňize nämäniň hemra bolýandygyna aýdyň düşünersiňiz. Ýodalar – bu diňe bir soňuna ýetmegi aňlatmaýar. Ýodalaryň we syýahatyň maksady bar. Ýodanyň soňuna wagtyndan ir ýetmeklik käwagt zyýanly bolup bilýär. Häsiýetiňi özgertmezden we kämillikde ösmezden maksadyňa ýetmeklik howpludyr. Häsiýet bilen güýç köplenç hut ýodany geçeniňde edinilýär. Mukaddes Kitap bizi basym alnan zadyň ahyrda o diýen bereketli bolmaýandygy barada duýduryar (ser. Sül. 20:21).

Biz bir ýerden başga ýere geçiş serişdelerimiziň çendenaşa döwrebap bolmagy sebäpli ýoluň maksady bilen bolan arabaglanyşygy ýitirdik. Üstünlikli we özara gatnaşykly durmuş A punktdan B punkta

çenli aralygy bir böküşde geçmek arkaly däl-de, şol ýoluň geçilýän döwründe alynýan tejribäniň esasynda gurulýandyr.

Häzirki wagtda, ýanýodalaryň peýda bolan döwründe, biz hapa ýodalary ýa-da tokaýlardan, meýdanlardan geçýän gysga ýodajyklary ýoljagazlar diýip atlandyrýarys. Geçen döwürlerde adamlar ýollar arkaly bir ýerden başga ýere aşýardylar, ýodalar arkaly bolsa ýollara ýetýärdiler.

Gynansak-da, biz bir ýerden başga ýere şeýle bir çalt ýetýän adamlara öwrülip, tutuş ýoly geçmek üçin gerek bolan ýodalary görmegi bes etdik. Ýer ýüzünden dyngysyz gorizontal ýagdaýda geçmeklik biziň wertikal ýolumyzyň hasabyna amal edilýär.

Bütin dünýäni basyp almak üçin Rim imperiýasynyň ýollary we köprüleri gurmak strategiýasyny saýlap almaklygy tötänleýin zat däl. Rim goşuny bu ýollardan ýöräp, öz medeniýetini ýaýradýardy. Ýollar, köprüler we ýodalar öz gurluşy boýunça bitarap zatlar, ýöne Rim imperiýasynyň döwründe bu ýollardan dostlukly arkadaşlarynyň geçişi ýaly, duşman goşunlary hem olardan peýdalanyp bilýärdi. Biziň döwrümizde ýer ýüzüni Internet we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ýaly ýollar gurşaýar. Olar şahsy gatnaşygy we söhbetdeşligiň ornuny eýelemez ýaly, olary örän seresaply geçirmelidir. Ýanýoldaşlaryň biri düşekde ýalňyzlykda garaşyp ýatan wagty beýlekisi kompýuteriň ekranynyň öňünde oturyp, wirtual gatnaşyklary ýola goýmagy zerarly köp maşgalalar dargamak howpuna uçrady. Başga bir jübütler üçin bolsa bir ýanýoldaşyň wagtyny maşgalasy bilen geçirmegä derek bar wagtyny telefonda dost-joralaryna sarp etmegi maşgalany dargamak howpuna uçradýar.

Günleriň her biri – wagt çägindäki syýahatdyr. Biz hatda öýden çykmadyk ýagdaýymyzda-da onda syýahat edýäris. Wagtyň, işdäki ösüşiň we ykballaryň öz ýodalary bar, dost-joralar öz ýollaryny geçýär, maşgalalar öz syýahatyny amala aşyrýarlar. Çarkandakly ýollardaky kynçylyklar sebäpli çarhlanan ýaragyňy el ýüzünde saklamaly. Şonda beýleki adamlar biziň yzymyzy ýitirmezler, biziň perwaýsyzlygymyz zerarly ýoldan azaşman, yzymyza eýerip bilerler.

Geliň, sýužetimizi sadalaşdyralyň. Zebur we Süleýmanyň pähimleri kitaplaryna laýyklykda, durmuş ýolunda diňe iki ýol bar: olaryň biri ýagtylyga we ýaşaýşa äkidýär, beýlekisi bolsa tümlüge

we ölüme eltýär. Üçünji ýol ýok. Göräýmäge, saýlaw mese-mälim – ýagtylyk bilen ýaşaýşa eltýän ýoly saýlaý. Ýöne käwagt dogry ýoly saýlamak üçin, bize has köp ýagtylyk gerek bolýar.

Mysal üçin, ýaşlyk döwrümizde tejribe ýetmezçilik edýär. Hassalyk döwründe görnüş ýetmezçilik edýär. Garaňkylykda ýoldan azaşmak howpy abanýar. Käwagt girelge çalaja görünýär, ýol bolsa sähelçe yşyklandyrylýar, şonuň üçin-de bize has köp ýagtylyk gerek bolýar. Mezmurçynyň danalygy şeýle diýýär: “Sözleriňiň beýany ýagtylyk berýär, sada ynsanlara düşünje berýär” (Zeb. 118:130).

Bu bize tebigy ýagtylygyň ýetmezçilik edýändigini aňladýar. Bize Hudaýyň Sözi gerek, ol ýüregimize aralaşyp, kalbymyzy saklamak bilen çäklenmän, eýsem üstümize öz nuruny saçýar. Tümlükde giz len ýän howp-hatar ýagtylykda mese-mälim bolýar.

## Täze we gadymy ýollar

Hudaý bizden täze ýollary öwrenip, özümiz üçin gadymy ýodalary açmagymyzy oňde-soňdakysyndan has köp soraýar. Hudaýyň halky mukaddeslik ýolundan uzakda juda köp entedi (ser. Ýerm. 18:15). Bize Söz gerek, ol biziň üçin öňe tarap ýol açar. Maçetäniň jeňňeligiň içinden ýol açyşy ýaly, Hudaýyň Sözüniň gylyjy bizi bendilikde saklaýan gandallary gyrýar.

Bu özümize kyn görnen ýodalardan sowlup geçen bolmagymyzyň ahmaldygyny aňladýar, ýöne biz ýolumyzy açmak we ýagtylandyrmak üçin Hudaýyň Sözüni ulanyp bileris. Eger sen mesihi bolsaň, onda bu duşmanyň gutulyşa eltýän ýoluň girelgesini senden gizläp başarmandygyny aňladýar, ýöne ol seni bu ýoldan azaşdyrmak üçin elinden geleni gaýgyrmaz. Hudaýyň Sözi saňa saýgaryş ukybyny berip:

**Hudaýyň halky mukaddeslik ýolundan uzakda juda köp entedi.**

> “… seni ýaman ýoldan, *erbet gepleýänlerden* halas eder. Olar *dogry ýoly* taşlap, *garaňkylyk ýolundan* ýöreýärler. Ýaman iş edip şatlanýarlar, ýamanyň erbetligine guwanýarlar. Olaryň ýollary egridir, ýodalary öwrümlidir” (Sül. 2:12–15, nygtama awtoryňky).

Mukaddes Ýazgylaryň şu parçasyndan biz ýalanyň garaňkylyk ýoluna we egrem-bugram ýollar eltýändigini görýäris, olar ahyrda sizi ýaşaýyş ýolundan azaşdyrar. Mukaddes Ýazgylar üç zady görkezýär: ýamanlygyň ýoly, ýodasy we dili bar. Şoňa görä-de, dogrulygyňda ýolunyň, ýodasynyň we diliniň bolmagy kadalaýyk zat (muny bilýändigiňize hiç şübhe ýok!).

“Ýol” sözi usullary, adatlary, tärleri, taktikalary, tilsimleri ýa-da görnüşleri aňladyp bilýär. Ýamanlygyň usullaryna, mysal üçin, tekepbirlik, boýnuýogynlyk, abraýsyzlyk, myjabat, azgynlyk, ýalan, biwepalyk, zynagärlik, butparazlyk, ar almaklyk, ýigrenç, göriplik, gahar we jady-doga etmeklik degişli.

“Ýol” bilen “ýoda” sözleriniň arasynda tapawut bar. Ýol - ýöremegiň usuly, ýoda bolsa gidilmeli ugry aňladýar. Siziň haýsy ýoldan gidýänligiňiz pyýada ýöremeden tä uçarda gitmek görnüşlerini aňladyp bilýär, ýöreýän ýodaňyz bolsa gündogardan günbatar tarapa bolan aralykda bolup bilýär. Mukaddes Ýazgylaryň kontekstinde dogrulyk ýodalaryndan ýöremeklik ýalany däl-de, hakykaty aýtmaklygy aňladýar.

Mukaddes Ýazgylaryň bu parçasyndaky üçünji zat – dil. Muny aňlap-aňlamaýandygymyza garamazdan, biz öz sözlerimiziň hereket usulyny we ugruny kesgitleýändigini bilmeli. Sözleriň bizi ýamanlykdan goramagy başarşy ýaly, diliň-de bizi birleşdirmäge hem-de dogrulyk ýodalaryna we ýollaryna gönükdirmäge ygtyýary bar.

Başga sözler bilen aýdylanda, ýol ýöremegiň usulyny beýan edýär, ýoda bolsa gidilmeli ugry kesgitleýär, bularyň ikisi-de adatça dilimiziň sözleriniň tebigaty bilen saýlanylýar. Biziň dilimiz, ýagny sözleri saýlap alşymyzyň durmuşymyzyň akymyny kesgitlemäge güýji bar.

Siz öz ýodaňyzy tapmaga dyrjaşýan bolsaňyz näme? Eger öňki ýodaňyzyň möwriti eýýäm geçen bolsa ýa-da başgalaryň öz ýoluny tapyp bilmegi üçin köne ýodaňyzdan ýöremekçi bolsaňyz näme? Bu ýodalardan nädip baş alyp çykmaly? Dogrusyny aýtsak, başgalaryň ýalňyşy sebäpli ýoldan azaşan adamlaryň sany az däldir.

Kanunçylyk köp adamalary hakyky dogruçyllykdan uzaklaşdyrýar, bikanunlyk ýoly bolsa aýgyrlyk bilen elhenç azgynlykda gezýänleri özüne çekýär. Başgalary oňly ýere eltmedik

ýollardan ýöremegiň hiç manysy ýok. Biziň täze we ýagty ýoldan ýöremäge mümkinçiligimiz bar (ser. Ýew. 10:20).

*Ýodanyň äkidýän tarapyna gitme. Gowusy,*
*ýodanyň ýok ýerine git-de, özüňden soň yz galdyr.*
– Ralf Uoldo Emerson

Gapma-garşylyklaýyn zatlary aýdasym gelenok welin, ýöne käwagt dogruçyllyk ýollary şertsiz garaýşy talap edýändigini belläp geçeýin. Isa Mesih dogrulyk ýollaryndan hiç haçan sowulmaýardy, ýöne Onuň bu ýoly ilkinji bolup ýoly açandygy gürrüňsizdir. Ol Öz şägirtlerini ähli milletelere öwretmek üçin iberende hem Öz yzyna eýerýänleriň hemmesine şeýle etmegi tabşyrdy. Haçdan ozal gutulyşa eltýän ýollaryň hemmesi Iýerusalimdäki ybadathana eltýärdi. Şanly dirilişden soňra bolsa Kelleçanak baýry bütin ýer ýüzüne dargan ten bilen gandan bolan janly ybadathanalaryň merkezine öwrüldi. Martin Lýuter we Tereza ene başgalara yz galdyrmak üçin, adaty ýoldan ýöremekden ýüz öwürdiler.

Ýoldan sowulmaklyk hem edil oňa düşmeklik ýaly geçirilmeli: ilki bilen Hudaýyň görkezmesine garaşmaly, soňra Onuň söz we işi arkaly äkitjek tarapyna ýönelmeli. Onuň Sözüni okarys, Onuň ýollary barada oýlanarys, Onuň dili arkaly sözläris, şonda agtarýan zadymyz öňümizde açylar. Ol Öz Sözüniň güýji bilen ýoluň bolmadyk ýerinde ýol açýar. Biziň Hudaýymyz ýolsuz gumlukdan ýa-da suwuň ýüzünden nädip ýöremelidigini bilýär.

> “Ýalan ýollary menden uzak et, merhemetiň bilen maňa kanunyňy öwret. Wepalylyk ýoluny men saýlap aldym, Seniň adalatly hökümleriňi öňümde goýdum. Ýa Reb, düzgünleriňden mäkäm ýapyşdym, Sen meni utanja goýma. Tabşyryklaryňyň ýo lun dan ylgaýaryn men, çünki Sen kalbymyň düşünjesini giňeltdiň” (Zeb. 118:29–32).

## Ýagdaýy çalşyň

Maçetäniň ýene bir funksiýasy – ol täze ýagdaýlary döretmegi başarýar.

Mundan köp ýyl ozal Jon ikimiz baglaryň ösüp jeňňelige

öwrülen meýdançasynda jaý gurunýardyk. Buldozer ýeri agdaryp, meýdançany arassalanda, gemrijileriň, ýylanlaryň, mör-möjekleriň we içýanlaryň ähli̇si meýdançamyzdaky arassa ýere ýygnandylar. Biz daş-töwerekdäki landşafty üýtgedip, jaýymyz we onuň daşyndaky meýdançamyz üçin ýer taýynladyk, ýöne şol töwerekdäki öňki janly-jandarlar öz öwrenişen ýerlerinden gitmedi.

> "Iblis Isany synaglaryň hemmesinden geçirip gutarandan soň, amatly pursat gelýänçä, Onuň ýanyndan gitdi. Isa Mukaddes Ruhuň güýji bilen Jelilä dolanyp geldi. Ol hakdaky gürrüňler etrabyň çar tarapyna ýaýrady" (Luk. 4:13,14).

Isa Mesih çölde diňe bir agyz beklemän, eýsem ol ýerde iblis bilen ýüzbe-ýüz bolupdy. Ol halys tapdan düşen bolsa-da, ruhdan düşmändi. Ol Mukaddes Ruhuň güýjünden dolup gaýdyp geldi. Agyz beklemeklik – bu ýöne azyksyz geçirilen wagt däl. Bu haýsy zady ileri tutup, haýsy sese gulak goýmalydygymyz baradaky çözgüdi kabul edýän wagtymyzdyr. Biz Onuň bizi dolduryp bileri ýaly, özümizi boşadýarys.

Käwagt size daşky ýagdaýy düýpgöter üýtgetmek gerek: telewizory öçürmeli, Internetden çykmaly, telefony gapdala goýmaly. Sesleriň bary sem bolanda, siziň-de özüňizi köşeşdirmäge mümkinçiligiňiz bolar. Ýöne oýlanmaga bolan bu çagyryş özüňiz barada däl-de, Ol barada çuňňur aýanlyk almagyňyza hyzmat edýär.

> "Beýik Hudaýyň penasynda ýaşaýan ynsan
> Gudratygüýçliniň kölegesini mesgen ediner.
> Rebbe diýerin: 'Meniň penam hem-de berkitmäm,
> meniň Hudaýym, özümiň bil baglaýanym'" (Zeb. 90:1-2).

Siz hem öz durmuşyňyza şeýle tärde garap bilersiňiz. Isa Mesih gelip, siziň durmuşyňyzyň "jeňňelligini" arassalanda, duşman gitmedi, ol ýöne bir gyra çekildi. Ol güm bolmady, ol ýöne gözden ýitip, özüni gaýtadan aýan etmek üçin amatly pursada garaşýar. Duşmanyň hüjüminiň öňüni almak üçin, siz durmuş ýörelgäňizi we daşky gurşawyňyzy ymykly özgertmeli. Ysraýyl wada berlen topraga gadam basanda, Hudaý olara indi geçmeli ýollary babatda şeýle öwüt berýär:

> “Rebbiň nazarynda dogry we gowy işler ediň, şonda gowy günler görersiňiz. Rebbiň ata-babalaryňyza wada eden ýurduna baryp, ony özüňize mülk edinersiňiz. Rebbiň söz berşi ýaly, öňüňizden ähli duşmanlaryňyzy Onuň Özi kowup çykarar” (Kan. 6:18, 19).

Reb garşy durýan zatlary gysyp çykarýar we bize ýurdy eýeläp, oňa eýeçilik etmegi tabşyrýar. Ýamanlyk ýeňilýär, onuň ornuny ýagşylyk eýeleýär, bu edil ýagtylygyň tümlükden üstün gelşi ýaly bolýar. Isa Mesih – dünýäniň Halasgäri, Hoş Habary alyp, Onuň söýgüsi bilen ýurdumyzy eýeläp-eýelemejegimiz bize baglydyr.

> “Men size ýylanlary, içýanlary we duşmanyň ähli güýjüni depelemäge ygtyýar berdim, hiç zat size zeper ýetirmez. Şeýle hem siz erbet ruhlaryň özüňize boýun bolmagyna däl-de, atlaryňyzyň gökde ýazylmagyna begeniň” (Luk. 10:19- 20).

Mukaddes Ýazgylaryň bu parçasy ýylanlaryň hötdesinden gelmekde öz ruhy ygtyýarlygyňyň subutnamasyny düşündirmekde juda köp ulanylýar. Şeýle amallar käwagt tekepbirligiň, akmaklygyň nyşanydyr, olar hatda ölüme-de duçar edip bilýär. Bize özümizi ýylanlar ýa-da duşmanyň güýji bilen gurşamak gerek däl. Biziň olary elimizde saklamaga däl-de, üstünden basmaga güýjümiz bar. Biz olary döşümize basmaly däl-de, olary dabanymyz bilen basmaly.

## Hasyl ýygymyna ýolbaşçylyk ediň

Hasyl döwründe orakçylar meýdanlara aňsat baryp bileri ýaly, ýodalary arassalap, olary oňat ýagdaýda saklamak gerek.

> “Siz oraga ýene dört aý bar diýmeýärsiňizmi? Emma Men size diýýärin, başyňyzy galdyryň-da, ekin meýdanlaryna serediň, olar eýýäm oraga taýýar. Orakçy hem hakyny alýar, hem-de baky ýaşaýyş üçin hasyl toplaýar. Şeýdip, ekýän-de, orýan-da bilelikde şatlanýar. ‘Biri eker, başga biri orar’ diýilýän söz bu babatda dogrudyr. Men sizi zähmetiňiziň siňmedik hasylyny ormaga iberdim. Başgalar bu hasyl ugrunda zähmet çekdiler, siz bolsa olaryň zähmetiniň rehnedini görýärsiňiz” (Ýoh. 4:35–38).

Hasyl ýygymy gysga wagt aralygynda amal edilýär, hasyly basym ýygyp aýyrmaly we biz elimizdäki ähli zatlary ýeke-täk bir maksada tabyn etmeli. Biziň günlerimizi Nehemýanyň öz guran zadyny goran günleri bilen deňeşdirse bolýar. Biz hem edil şeýle tärde öz ýygnaýan zadymyzy goraýarys.

> “Muny halklar arasynda jar ediň:
> söweş üçin taýýarlyk görüň, batyrlary aýaga galdyryň,
> goý, esgerleriň bary jemlensin.
> Azallaryňyzdan gylyçlar, oraklaryňyzdan naýzalar ýasaň; ejiz
> ‘men güýçli’ diýsin (Ýow. 3:9, 10).

Käwagt hasyl ýygymyna gatnaşmaýan adamlar oňa gatnaşýan adamlar bilen basdaşlyk ederler. Basdaşlyk – bu gadymy mesele, ol Hudaýyň Habylyň edenlerini oňlandygyna Kabylyň garşy çykan döwründen bäri dowam edip gelýändir. Basdaşlyk Olimpik oýunlarynda ýerliklidir, olar Hudaýyň öýüne ýaraşýan zat däl. Isa Mesih bilen Ýahýa çümdüriji egindeşdiler, olar birek-biregi bilen basdaşlyk etmegine ýol bermeýärdiler. Olar öz işleriniň meşhurlykdan has wajyp bolandygyna düşünýärdiler.

Isa Mesih Iordan deryýasynyň kenarlarynda peýda bolanda, Ýahýa çümdüriji Ýahuda halkyna ýüzlenip, günäleri üçin toba etmäge we suwa çümdürilme arkaly dogrulyk ýoluna gönükmegi üçin ýalbarýardy. Isa Mesih onuň ýanyna suwa çümdürilmäge gelende, Ýahýa muňa garşy çykypdy (ser. Mat. 3:13–15). Ol özüniň diňe bir buşlukçydygyna, Isa Mesihiň bolsa ozaldan habar berlen Kişidigine düşünýärdi. Olaryň ikisi-de amal bolmaly zada tabyn bolanlarynda, gökler açyldy, Hudaýyň sesi eşidilip, Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygy jar edildi (ser. Mat. 3:16, 17). Isa Mesih kyrk günläp çölde bolandan soň, Ýahýanyň öz şägirtleri bilen edişi ýaly, Ol Öz şägirtleri bilen adamlary suwa çümdürip başlady. Fariseýler bilen sadukkeýler görmäge we sanamaga geldiler.

> “Isanyň Ýahýa garanda has köp şägirt edinip, suwa çümdürýändigi baradaky habar fariseýleriň gulagyna ýetdi. Aslynda olary Isa däl-de, şägirtleri çümdürýärdi. Isa fariseýleriň Özi hakynda eşidendigini bilende, Ýahudyýany taşlap, ýene-de Jelilä gaýtdy” (Ýoh. 4:1–3).

Hasyl döwri Rebbiň ygtyýarynda durmaýanlaryň sizi basdaş etmegine ýol bereniňizden, meýdany taşlap gaýdanyňyz ýagşydyr.

Isa Mesih ýaňy-ýakynda hasyl ýygymyna gelen meýdanlaryň ýygymyna başlamak üçin, Jelilä dolanmagy karar edýär! Tapdan düşen, teşnelikden ejir çekýän halda Ol demini alyp, suw içmek üçin guýynyň başynda düşleýär; şol wagt bir biabraý aýal bu guýudan suw çekmek üçin gelýär. Soňra onuň şaýatlygy sebäpli Samariýanyň Sihar diýen şäheri doly açylýar (ser. Ýoh. 4:4–30).

Dini baştutanlar Isa Mesih bilen Ýahýa çümdürijini biri-birine öjükdirip bilmänlerinden soň, halky olara garşy öjükdirdiler. Basdaşlyk bilen duşmançylyk elmydama adamlary iki bäsleşýän topardan birini saýlamaga mejbur etmäge synanyşýar.

Ýahýa öňünden gelmek bilen, öz wagtyna we maksadyna düşünýärdi.

Öňünden gelijiler meýdany bölmeýärler. Biz hem edil Ýahýa ýaly Gelýän baradaky habary jar etmeli.

## Öldür ýa-da goran

Landşaft üýtgäp, ýodalar çöllüge öwrülende, köplenç ýylanlar peýda bolýar. Eger biz ýamanlygyň baş galdyrýandygyny görsek, onuň bilen öz ynsan güýjümiz arkaly göreşmeli däl. Ony Hudaýyň Sözüniň...ýazylan diýen maçetasy bilen ýeňmeli! Biz hatda ýurdy eýeläp, ony şol ýeriň ýaşaýjylaryndan arassalanymyzda-da ýylanlary we içýanlary depgiläris. Çölden we gaçan ýapraklara bürelen islendik landşaftlardan başga zäherli ýylanlar köplenç meýdanlarda gizlenýär. Arpanyň uzyn baldaklary olaryň hinlerini we bu süýrenijeleriň hereketlerini gizleýärler.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Gylyçlaşmada öz ornuňy saklamak örän wajyp zat. Eger saklanylmasa, arkadaşlar biri-birinden uzaklaşyp, howp astyna düşýärler, sebäbi olar ýapyk meýdanda uruşýarlar.

Hasyl ýygymy döwründe daşky landşaft üýtgäp, ýodalar çekilýär diýip bolýar. Orakçylar orup, sümmülleri keşlere basýarlar, olaryň yzyndan bolsa hasyly ýygnaýançylar ýöreýär. Eger meýdanda wagşy haýwan peýda bolup, adamlara ýa-da

hasyla howp salsa, ony ýok etmeli; bu işi orakçy ýerine ýetirmeli, sebäbi hasyly ýygnaýjy doly gujagy bilen söweşip bilmeýär. Bu orak guralynyň bada-bat özüňi goramaklygyň guralyna öwrülýändigini aňladýar. Ýylan hatda topulmakçy bolmasa-da, ony barybir ýoldan aýyrmaly.

Howp-hataryň öz zähmetiňiziň netijesine howp salmagyna asla ýol bermäň, öz meýdanyňyza gözegçilik ediň we ýylany keseki meýdanlara goýbermäň. Eger howpuň bardygyny görseňiz, onuň çäresini görüň. Eger onuň hötdesinden gelmäge serişdeleriňiz ýetmezçilik edýän bolsa, onda meýdandaky adamlara ýylanyň bardygyny duýduryň.

• • •

Şunlukda, geliň, bu surata, edil maçete kimin, Hudaýyň Sözüni salalyň we hasyly ýygnamak üçin öňümizdäki ýoly arassalalyň, landşafty üýtgedeliň hem-de ýolumyza böwet boljak ýylanlaryň hötdesinden geleliň.

*Eý, mähriban Gökdäki Atam!*
*Meniň ýolumy Öz Sözüňiň nury bilen ýagtylandyr, yzymdan gelýän beýleki adamlara parlak yz galdyrarym ýaly maňa öwüt ber. Men başgalary pajarlamaga ruhlandyrjak daşky gurşawy döretmek üçin Seniň Sözüňi ulanmak isleýärin.*
*Men egindeşlerim bilen basdaş bolmazym ýaly öz ýüregimi päklikde saklamagy saýlap alýaryn.*
*Durmuşymy gurşaýan meýdanlaryň agaryp, hasyl ýygymyna gelendigini görüp bilerim ýaly, meniň gözle*rimi aç. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn!

# 10

# Ýagtylyk gylyjy

*Şindi ähli zady öçügsi aýnadan gören ýaly görýäris. Emma soňra ähli zady ýüzbe-ýüz göreris. Men şindi bölekleýin bilýärin, ýöne şonda Hudaýyň meni bilşi ýaly doly bilerin.*

– 1 Korintoslylar 13:12

Hakyky dünýäde lazerden başga ýagtylyk gylyjy ýok. Emma "Ýyldyzlar urşy" filminde gelejegiň bir keşbi ulanylýar, men şony, ýagny ýagtylyk gylyjyny mysal hökmünde ulanasym gelýär. Bu gylyç özüniň ýagtylandyrýan zadyny azat edýär.

Isa Mesih – uzyn we garaňky tunneliň ahyryndaky ýagtylygymyz, biz Ony görenimizde, edil Onuň ýaly bolarys.

Biziň ýer ýüzüne wagtlaýyn baglanan hakykylykdaky ornumyz çalaja yşyklandyrlan, biz ony çäkli we uzakdan görýäris, ýöne bakylyk wagty ýuwudandan soň welin biz ony doly, ýüzbe-ýüz, hiç bir kölegesi bolmadyk hakykylykda göreris. Bu biziň şindi suraty doly görmeýänligimizi aňladýar. Ýöne biz görýän zadymyzy anyk görmäge we saýgarmaga öňde-soňdakymyzdan has köp mätäçdiris.

Aslynda bize adaty göz bilen görüp bolýan zatlarymyzdan has köp zatlary görmek gerek, şonuň üçin-de bize ýagtylyk we saýgaryş gylyjy gerek. Men gözlerimi süzüp seredenimden, olary giňden açyp seredenimde has köp zatlary görýärin. Diňe daşky hakykylygy görmäge ymtylmadyk wagtymda görýän zatlarym köplenç iň dogry zatlar bolup çykýar.

Biz umyt bilen duýduryşlardan hamyla möwsüminde ýaşaýarys. Biz ägirt kölegäniň ýagtylygyň öňüni tutýan döwründe ýaşarys. Täze Ähtiň tutuş dowamynda biz ýer ýüzüniň soňky günlerinde dawa-jenjelleriň, ýalan taglymatlaryň we ýalany ýaýradýan başga işleriň boljakdygy barada imanlylara berlen duýduryşlary görýäris. Pawlus soňky günleri Timoteosa, ine, şeýle beýan edýär:

> “Eý, oglum, ahyrky günlerde elhenç pursatlaryň boljakdygyny bilip goý. Adamlar diňe özüni söýýän, pula gyzan, öwünjeň, tekepbir, Hudaýa dil ýetirýän, ata-enesine boýun egmeýän, gadyr bilmez, adamlary sylamaýan, doňýürek, geçirimlilik etmeýän, myjabatçy, özüne erk edip bilmeýän, zalym, ýagşylygy ýigrenýän, haýyn, göçgünli, gopbamsy bolup, keýpi-sapany Hudaýdan köp söýerler. Olar hudaýhonsyrasalar-da, Hudaýyň güýjüni inkär edýändirler. Beýle adamlardan arany aç” (2 Tim. 3:1–5).

Eger Timoteos mundan iki müň ýyl ozal biziň şindiki ýagdaýymyz barada bilmeli bolan bolsa, onda biz öz döwrümiz barada näderejede habardar bolmalykak? Üns beriň, Pawlus biziň kynçylyklarymyzyň ykdysadyýet kynçylyklary, ýertitremeler we uruşlar sebäpli dörejekdigini aýtmaýar. Biziň durmuşymyz ýeriň ýüzüniň, halklaryň we bank edaralarynyň ýagdaýy sebäpli erbetleşmeýär, biziň söweşimiz ynsan ýüregininiň hopukdyryjy ýagdaýyna garşy gönükdirilendir.

Bil, synla, oýa bol, anygyna ýet, Hudaýyň Sözüni we taglymatyny ykjam berjaý et – diýen ýaly duýduryşlar Täze Ähtiň ketenisine ymykly dokalandyr. Mukaddes Ýazgylar bize diňe bir ýalan mugallymlar däl, eýsem öz-özüňi aldamaklyk howpy barada hem duýdurýar.

Eger biz öz-özümizi aldamak gorkusy bilen ýaşasak, ýykyljakdygymyz gürrüňsizdir. Gorkuda ýaşamaklyk elhenç çözgütlere sezewar edýär, sebäbi gorky erbet maslahatçydyr (Hudaýdan gorkmaklyk duýgusy muňa degişli däl). Hudaý bize hiç haçan gorkaklyk ruhuny bermez. Ol “...bizi güýç, söýgi we özerklilik bilen doldurýar” (2 Tim. 1:7). Bu ruhy sylagyň üç häsiýeti bar, olar bize saýgarmaklyga we Hudaýyň Sözüni bolmalysy ýaly berjaý etmäge ýardam berýärler.

Onuň Sözi – aýagymyz üçin çyra, ol hereketlere kazylyk edýär we ýüreklere saýgaryş ukybyny berýär. Hudaýyň Sözüniň ýagtysy bolmadyk bolsa, biz göze görünmeýän zatlardan hopugyp, tümlükde gezerdik.

> “Sözleriňiň beýany ýagtylyk berýär, sada ynsanlara düşünje berýär” (Zeb. 118:130).

Men Mukaddes Ýazgylaryň şu ýerinde ulanylýan keşpleri halaýaryn. Biz Hudaýyň Sözüni gymmatly karta kimin açanymyzda, doly maglumatlary we düşünjäni alýarys. Mukaddes Kitabyň beýleki terjimeleri “taglym”, “açyş”, “giriş” ýaly manydaş sözleri ulanýar.

Hudaýyň Sözüniň aýanlygynyň bolmadyk ýagdaýynda aňsat ýalňyşyp, duşmany dost hökmünde ýa-da adamyň geçmişini onuň gelejegi hökmünde kabul edip bolýar, sebäbi kölege biziň nazarymyzyň öňüni tutýar. Ýöne ol ýa bu ýagdaý ýagtylyga çykanda, biz öňümizde hakykatdan-da nämeleriň bardygyny görýäris.

> “Hudaýyň sözi janly hem täsirlidir, her bir iki ýüzli gylyçdan kesgirdir. Ol jan bilen ruhy, bogunlar bilen ýiligi ikä bölýändir. Kalbyňdaky ähli pikirleri we niýetleri aýan edýändir” (Ýew. 4:12).

Şonuň üçin-de biz daşky keşbimizde görünýänlerden has çuň taplanmalydyrys. Bu biziň içki ynsanymyzyň berkemelidigini aňladýar.

Gylyjy öz arkadaşynyň kekirdeginde saklaýan güýçli ellerden ýa-da keseki ýurduň topragynda gezýän güýçli aýaklardan näme peýda bar? Eger biziň ýüregimiz bilen kalbymyzyň ýüpüniň üstüne odun goýup bilmeýän bolsak, eger biziň diňe fiziki güýjümiz agdyklyk edýän bolsa, biz hiçdiris.

Gylyçlaşma sungatyny öwrenmek bilen, men gylyçlaşma ussatlarynyň ýagdaýy öňünden görýändigini bildim. Olar öz garşydaşynyň indiki etjek hereketini syzyp, gaýtawul bermek üçin öz hereketlerini şoňa görä sazlaýarlar. Pawlus korintoslylara ýazan hatynda özlerine garşy günä eden ýakynlaryny bagyşlap, olara gaýtadan söýgi bildirmeklerini ündeýär; ol özüniň-de olary bagyşlaýandygyny, muny: “şeýtanyň bizden üstün çykmazlygy üçin edýändigini we onuň kezzaplygy bize mälimdigi” barada ýazýar (ser. 2 Kor. 2:11).

## Şeýtanyň hile-pirimlerini ýeňmek

Duşman näme üçin hile-pirimler gurýar? Bizi Hudaýdan we birek-birekden uzaklaşdyrmak üçin, ol çetleşdirme, günä duýgusy, ýazgarmak, utanç we müňkür bolmak ýaly usullary ulanýar. Biz bolsa şeýle hüjümlere söýgi, güýç we sagdyn düşünje bilen gaýtawul bermeli. Mukaddes Ýazgylarda ýazylyşy ýaly, hemme zatdan öň söýgi bilen:

> "...söýgiňiziň bilimde we ýiti düşbülikde bolelin dolup-daşmagyny Hudaýdan dileýärin" (Fil. 1:9).

Söýginiň azlyk edýän ýerinde aldawyň dürli görnüşleri bol bolar, söýginiň pajarlaýan ýerinde bolsa bilim we saýgarmaklyk köpeler. Dogrymy aýdaýyn, meniň durmuşymda maňa öz söýgüsini bildirmezden, bilim bilen saýgarma sözlerini hiç kim hiç haçan aýtmandy.

> "Özüniň nurda ýaşaýandygyny aýdyp-da, doganyny ýigrenýän adam henizem tümlükdedir. Doganyny söýýän adam nurda ýaşaýandyr, onda büdremäge sebäp bolup bilmez. Ýöne kim doganyny ýigrenýän bolsa, ol tümlükdedir. Ol tümlükde gezip, nirä barýanyny bilýän däldir, sebäbi tümlük onuň gözlerini kör edendir" (1 Ýoh. 2:9–11).

Hemme zat diýseň sada: ýigrenç - tümlükde ýaşaýar, söýgi bolsa nurda ýaşaýar. Ýigrenýän adamlar tümlükde gezip, büdreýärler we nirä barýandyklaryny aňlamaýarlar, sebäbi gözleri gapyk, olar öz-özlerini aldaýarlar. Nurda gezmegi halaýanlar nirä barýandyklaryny bilensoňlar, büdremeýärler.

**Hemme zat öran sada: ýigrenç – tümlükde, söýgi bolsa nurda ýaşaýar.**

Salykatlylygyň we syzgyrlygyň bu çäklerinde aýallar has ilerländir. Hudaýyň gyzlary üçin öz syzgyrlygyny türgenleşdirmegiň we saýgarmak endiklerini ösdürmegiň usullarynyň biri – söýgüde türgenleşmekdir. Saýgaryş ruhyny edinmek üçin gerek türgenleşikleriň birnäçesi, ine şeýledir (ser. 1 Kor. 13:4–7):

1. Söýgi ýamanlyga jogap bermeýär, ol sabyrly we rehimli.
2. Söýgi geçmişdäki günäleri ýatlamaýar.
3. Söýgi Hudaýa bil baglaýar, şonuň üçin-de hemme zadyň hötdesinden gelýär.
4. Söýgi hakykata şatlanýar.
5. Söýgi geçmiş bilen maslahatlaşmaýar.
6. Söýgi iň oňadyny agtarýar.
7. Söýgi gelejege uzaýar.

Ikinjiden, güýç (ýa-da ygtyýarlyk) bilen.

Güýçsüz ygtyýarlyk ýok, ygtyýarlyksyz-da kanuny güýç ýok. Ahyrky netijede bolsa bularyň ikisi-de Hudaýdan bolan peşgeşlerdir. Öz güýjüňe we ygtyýarlygyňa aň ýetirmek üçin, öz ornuňy bilmeli.

> "Emma siz beýle dälsiňiz, çünki siz saýlanyp-seçilen halksyňyz. Siz patyşanyň ruhanylary, mukaddes millet, Hudaýa degişli halksyňyz. Hudaý sizi garaňkylykdan Özüniň ajaýyp nuruna çagyrdy. Siz Onuň şan-şöhratyny yglan etmek üçin saýlanyp-seçilensiňiz" (1 Pet. 2:9).

Siziň hünäriňiziň we käriňiziň nähilidigine garamazdan, siziň üçin niýetlenilen hakyky maksat hut şeýledir. Isa Mesihde siz – seçilip-saýlanylan gyzlar, patyşa mukaddesliginiň nesli, mukaddes halkyň resullarysyňyz. Siz olja hökmünde Oňa degişlisiňiz, siz Onuň nurunyň şan-şöhratynda baky ýaşap bileriňiz ýaly, Ol sizi tümlükden ýagtylyga çagyranda, Onuň ähli edenlerini jar etmek üçin azat edilensiňiz. Siziň şaýatlygyňyzyň güýji şeýledir.

Üçünjiden, aýdyň we sagdyn akyl.

Dürs akyla eýe bolmaklyk näme? Merriam-Webster sözlügine laýyklykda, "sagdyn" sözi "şikeslerden, kesellerden, ýalňyşlardan, ýetmezçiliklerden we kemterlikdem azat; yzygiderli pikir ýöretmäge ukyply; paýhasly, anyk esaslanan we tassyklanan" diýmegi aňladýar. Perişan, şikesli, ähli pikirlerinde keselli dünýäniň edil ortarasynda ýerleşýän halkyna diňe Hudaý şeýle perspektiwany berip bilerdi. Hudaýyň Sözi aňymyzy täzelemägi, sagdyn bolmadyk akyly sagaltmagy başarýandyr. Jyn-arwahlaryň eýelän ýalaňaç adamyň

Isa Mesihe duşandan soň özgerip, geýnüwli, rahat we akyly dürs adama öwrülişi kimin, siz-de Söze duşanyňyzdan soňra özgerip bilýänsiňiz (ser. Mar. 5:1–15).

Aňyňyzyň ikiýana çapýan ýagdaýynda ýagşyny-ýamany saýgarmak ukybyny saklap bolmaýar. Saýgarmaklyk biziň iýmitimiziň Hudaýyň Sözüniň süýdünden has gaty iýmite – ony özleşdirmäge ukuply adamlary kuwwatlandyrýan iýmite öwrülýär. Bularyň bary Onuň Sözüniň nury arkaly aňyňymyzyň täzelenmegi, şeýle-de saýgarmak ukybyny türgenleşdirmek arkaly amala aşýar.

> “Gaty iýmit bolsa, kemala gelenler üçindir. Olar öz gündelik tejribesinden öwrenip, ýagşy bilen ýamany saýgaryp bilýändirler” (Ýew. 5:14).

Mukaddes Ýazgylaryň şu ýerine şübhe bilen garan wagtlarym bolýardy. Siz hem meniň ýaly bulaşyp, bu aýadyň nädogry teswirlemesi barada pikir edip ýetişmänkäňiz, ondaky saýgarmaklygyň höküm çykarmaklyk bilen umumylygyň ýokdugyny bilip goýuň. Bu ýerde gürrüň adamlary günäkär we günäkär däl toparyna bölmeklik barada däl-de, has belent many baradadyr. Kämilligi, saýgaryşy we güýji Sözde tapyp bolýar; eger biz bu suwlardan howpsuz geçmegi we ýagşyny ýamandan saýgarmagy öwrenmek isleýän bolsak, bularyň üçüsi-de hemmämize gerekdir.

## Göze görünýäninden has uly

Saýgaryş ukyby kämillik bilen gelip, biziň durmuşa bolan garaýşymyza baglydyr. Durmuşymyzyň dürli tapgyrlarynda we möwsümlerinde biz kämilligi we oglanlygy ýüze çykarýarys. Kämillik biziň adamlara we olaryň hereketlerine at dakyp, lakam bermegi näderejede oňat başarýandygymyzdan belli bolmaýar. Eger men teksti ýazyp oturan wagtym klawiatura seretsem, ýazmak tizligimi peseler; şeýle tärde at dakmaklyk-da bizi ruhda we göze görünmeýän zadyň bizi öňe tarap äkidýändigi babatdaky ynamda erkin hereket etmekden saklaýar.

Biziň görýän zatlarymyzdan has uly zatlar elmydama bar. Biz şindi görýän zatlarymyzyň heniz görmeýän zadymyz arkaly ýaradylandygyny bilýäris.

*Tebigy faktlaryň her biri haýsydyr bir ruhy fak-tyň nyşany bolup durýandyr.*

– Ralf Uoldo Emerson

Şeýle-de durmuşda ýagşyny-ýamany saýgarmaklyk ukyby – bu adamlaryň, ýagdaýlaryň we tejribäniň bir toparyny “gowy”, beýlekisini bolsa “erbet” diýip atlandyrmakdaky türgenleşik däl. Saýgarmaklyk aslynda nämeleriň bolup geçýändigini bilmekligi aňladýar, bu bilim gahryman gyzlaryň başgalaryň ýetmezçilik diýip hasaplaýan zatlaryny bähbitli zada öwrüp bilmegine ýardam berýär.

Ýagşylygy ýamanlykdan saýgarmak başarnygyny ýagtylygy uzakdan görüp bilmek ukyby bilen deňeşdirse bolýar. Biziň şindiki medeniýetimizde ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky çäk käwagt ýitýär diýseňem boljak, öňdäki tümlük şeýle bir kän welin, ol hatda gözýetimdäki zatlaryň öňüni-de tutuýar.

Aýdyň görüp bilerimiz ýaly, biz zatlaryň köküne içgin garamaly we ýüreklerimiziň jümmüşindäki sese diňşirgenmeli. Biz Mukaddes Ruhuň maslahatyny hut şol ýerden alýandyrys. Üns beriň, saýgarmak ukuby dyngysyz türgenleşdirilmelidir, şonda biz ýagtylygy tümlükden bölüp aýyrmagy we saýgarmagy başararys.

*Adamlara garanyňyzda, olaryň şindi kimdigin-den üstaşary garap,olaryň aslynda bolup biljek adamlary bolmaga ýardam beriň.*

– Iogann Wolfgang Gýote

Öz durmuşymdan mysal getireýin. Men birwagtlar ahlaksyz we jynsy taýdan bozuk durmuşda ýaşaýardym. Lakam dakmaga ökde adamlar maňa bir garaýyşdan maňlaýyma “esrän gyz” diýen möhüri basmaga taýyndylar. Ýöne daşky örtügi beýan etme başarnygy onuň içinde nämeleriň bardygyny bilmekligi aňlatmaýar. Köp ýyllaryň dowamynda meniň durmuşym geçmişdäki etmişlerimiň yzyny we perdesini göterýärdi. Ýöne, meniň bagtymdan, Hudaý saýgarma sungatyna ökde bir ruhy ata arkaly meni ýalkady. Ol öz aýaly bilen günleriň birinde meni myhmançylyga çagyrdy. Men olaryň öýünde özümi rahat we bütinleý howpsuzlykda duýdum, başga öýlerde bolsa men elmydama adamlaryň maňa çiňerilip seredişini duýýardym. Bu

ruhy atam we aýaly perişan gyzdan üstaşary seredip, onuň kime öwrülip biljekdigini görýärdi.

Olar geçmişdäki ýalňyşlaryma garamazdan, olara dogry aň ýetirmek arkaly meniň geçmişimden çykarylan netijeleriň başga gyzlaryň ýoluny ýagtylandyryp biljekdigine düşünýärdiler. Olar durmuşymda hamala hiç bir gorkunç zat bolmadyk ýaly hereket etmediler, gaýtam başgalara ýol görkezip bilerim ýaly, meni ruhlandyrdylar. Başgalaryň şowsuz gyzy gören ýerinde, bu adamlar uly potensialy bolan gyzy gördüler; olar bu potensialy başgalary halas etmekde ulanyp boljakdygyna düşündiler.

Wagtyň geçmegi bilen men ozalky durmuşymdaky ýamanlykdan ýagşylygy çykaryp almagy öwrendim. Başga gyzlaryň heläkçilige eltýän ýola düşmezi ýaly, men olary şeýle durmuşdan saklanmagy ündemek arkaly öz etmişlerimi ýuwdum. Biz saýgarmak ukybynda has kämil bolmaly. Hakyky saýgaryş ukyby geçmişiň tutuk tümlüginiň başga bir adamyň gelejegi üçin uzakdan görünýän ýşyk bolup bilýändigine düşünýär. Gelejekde özleri we başgalar üçin şöhratly aýanlygy görmek üçin, söweşijiler garaňky geçmişden we şindiki aýdyň pursatdan üstaşyr seredýärler! Isa Mesih “keseki milletlere aýanlyk berjek, halkyň ysraýyly şöhratlandyrjak nury” hökmünde geldi (Luk. 2:32).

Emma men tümlügiň ýagtylygyň keşbine bukulýan ýagdaýlaryny bilmeýän we muňa düşünmeýän türkanamykam öýtmäň. Ýagşy miwäni erbet miweden saýgarmak ukyby örän gerekli häsiýetdir:

> “Agaç öz miwesinden tanalýandyr. Sebäbi ýandakdan injir, çalydan-da üzüm ýygylýan däldir. Ýagşy adam ýüreginiň ýagşylyk hazynasyndan ýagşylyk çykarýandyr, ýaman adam ýüreginiň ýamanlyk hazynasyndan ýamanlyk çykarýandyr. Ynsanyň dili ýüreginden joşanyny sözleýändir” (Luk. 6:44, 45).

Biziň dilimiziň joşýan sözleriniň ýüregimizdäki zatlary öran aýdyň görkezýänligi mese-mälim zat. Käwagt adam göräýmäge dogry zatlary aýdýan ýaly, ýöne olar kalpda erbet duýgulary galdyrýar. Ýa-da ol nädogry ýaňlanýandygyna garamazdan, oňat duýgulary galdyrýan sözleri aýdýar (mysal üçin, täzelikde iman eden mesihiler şeýle edýär). Ýüregiňiz bilen diňläň we öz ýüregiňizi diňläň. Öz içki duýgularyňyzy ýoýmaň.

Ýürek synaglary we müňkürlik zäherinden päklenmeklik bizi ozal aňsat sypdyryp biläýjek zatlarymyzy aňsat görmäge ukyply edýär.

## Saýgarmak we dileg etmek

Töwellaçylyk nähili bolýar? Mesele diňe dilegdimikä?

Hawa, men töwellaçylygyň dilegden başlanmalydygyna ynanýaryn, ýöne hakyky töwellaçylygyň dileg bilen tamamlanýan ýagdaýlary seýrekdir.

"Töwella etmek" sözüniň manysy bilen meňzeş käbir sözler, ine, şulardyr: "goşulmak, oýlanmak, geňeşmek, pikir ýöretmek" we meniň halaýan sözüm – "ýeriňden turmak". Şonuň üçin-de, käbir ýagdaýlarda "töwella etmek" "başga bir adamyň tarapynda bolmak üçin, goragçy hökmünde ýeriňden galmak, çözgüdiň gerek ýerinde dawada sesiňi beýgeltmek, kemsidilenleriň we sessizleriň arkasyny almak". Söz bize sesimizi gataltmaly wagtyny, jogaplary nireden agtarmalydygymyzy, bozulan zatlary düzetmegiň tärlerini görkezýär we ýoluň ahyryndaky ýagtylyga tarap gönükdirýär.

*Hudaý bize saýgaryş ukybyny tankytlamak üçin*
*däl-de, Töwella etmegimiz üçin berýär.*

– Oswald Çembers

Şunlukda, töwellaçylygyň manysyny bilmek bilen, biz oňa has jogapkärçilikli çemeleşýäris. Men onuň tümlük bilen ýagtylygyň duşýan her bir ýagdaýynda bolup geçýändigine ynanýaryn.

Isa Mesih Hudaý bilen adamyň arasyndaky Töwellaçy hökmünde geldi, Ol her gezek tümlügiň kesellerini, jynlaryň täsirini, dinçilik ruhlaryny we zulumy görende, ara goşulýardy. Ol Töwradyň ýalan mugallymlary bilen dini çekeleşiklere girişýärdi we olara aýdyň, paýhasly jogap berýärdi. Ol hatda mazardan dirilip çykmazyndan öň hem başgalary galdyrmak üçin her bir mümkinçiligi ulanýardy.

Isa Mesihiň ýanyna zynada aýyplanýan aýaly getirenlerinde, Ol töwella etmek üçin ýerinden turdy, sebäbi Ol saýgaryş peşgeşi arkaly dini baştutanlaryň bu aýaly diňe Ony synamak üçin getirendiklerini gördi. Olar Hudaýyň Sözüni höküm guralyna öwrüp, ony ýoýýadylar. Töwellaçylygyň şu ýagdaýynda Ol meseläniň nämededigini gördi we

Öz sözleri bilen olaryň tümlükden doly ýüreklerini ýagtyltdy.

> “Ondan soramagy dowam etdirenlerinde, Isa dikelip: ‘Siziň araňyzda kimiň günäsi ýok bolsa, bu aýala daşy ilki şol atsyn’ diýdi” (Ýoh. 8:7).

Soňra Isa Mesiň aýyplaýjylaryň ählisi gidýänçä garaşyp, şol aýala şeýle diýdi:

> “Isa dikelende, aýaldan başga hiç kime gözi düşmänsoň, oňa: ‘Eý, naçar, beýlekiler hany? Hiç kim seni hököm etmedimi?’ diýip sorady. Aýal: ‘Ýok, Agam’ diýdi. Isa: ‘Men hem seni hököm edemok. Bar, gidiber, mundan beýläk günä iş etme’ diýdi. Isa ýene-de halka ýüzlenip: ‘Dünýäniň nury Mendirin. Meniň yzyma eýeren garaňkylykda gezmez, onda ýaşaýyş nury bolar diýdi” (Ýoh. 8:10–12).

Isa Mesih oňa aýagyna galmaga we öz gelejegine günäsiz gadam basmagyna güýç berdi; bu aýal öz-özünden boşanyp bilmeýärdi, ol öz geçmişiniň agyr hökümine sezewar bolmalydy. Bu atsyz aýaly gabra indirmäge daşlaryň indi güýji ýokdy!

Uýalar, geliň, ýazgarma daşlarymyzy bir gyra taşlalyň-da, ýagtylyk gylyjynyy alalyň. Saýgaryşyň başgalar üçin dünýäni ýagtyltmaga güýji bardyr.

Isa Mesih mazaryň öňünde durup, Lazary ölümden direldende, töwella edýärdi. Ol Öz dostunyň agyrysyna we oňa bolan söýgüsi üçin aglaýardy. Soňra Ol dileg etdi.

> “Şeýlelikde, daşy aýyrdylar. Isa gözüni göge dikip: ‘Eý, Ata, Meni eşideniň üçin Saňa şükür edýärin. Seniň Meni hemişe-de eşidýändigiňi bilýärin. Emma bu sözleri şu ýerde duran halk üçin, Meni Seniň iberendigiňe iman etsinler diýip aýtdym’ diýdi. Şu sözlerden soň Ol gaty ses bilen: ‘Lazar, daşary çyk!’ diýip gygyrdy. Elleri, aýaklary kepene dolanan, ýüzi ýaglyk bilen saralan merhum mazardan çykdy. Isa olara: Onuň kepenini aýryň, goý, gitsin’ diýdi” (Ýoh. 11:41–44).

Lazar gabryň tümlügini yzda galdyrdy we täze günüň nurunda azatlyga çykdy. Saýgarmaklyk we hakyky töwellaçylyk bili bükülen ýesirleri boşadyp, olary niýetlenilen maksatlaryna ýetirmegi başarýandyr.

Isa Mesiň ýer ýüzündäki durmuşynyň bütin dowamynda şeýtanyň işlerini saýgarýardy, soňra bolsa töwellaçylyk edip, ýer ýüzüniň garaňky günlerine ýagtylygy, hakykaty we şypany getirýärdi. Meniň pikirimçe, saýgarmaklyk boýunça işleriň iň ajaýyby Isa Mesih: “Atam! Olary bagyşla, sebäbi olar näme edýänlerini bilenoklar” (Luk. 23:34) diýen pursadynda amal bolupdy.

Başgalar gözli körlük edende, saýgarmaklyk düşünýär we öz hereketleriniň däl-de, olaryň bilimsizliginiň esasynda töwellaçylyk edýär. Haç Hudaý bilen bolan bölünişigimiziň soňuna çykdy, ýöne Onuň töwellaçylygy welin onda tamamlanmady. Isa Mesih ölümden dirilmek bilen çäklenmän, göklere arşa çykdy.

> “Hudaýyň saýlap-seçenlerini aýyplamaga kim milt eder? Hiç kim, sebäbi olary Hudaýyň hut Özi aklaýar! Hudaýyň halkyny kim höküm edip biler? Hiç kim, sebäbi ölümden dirilen Isa Mesih Hudaýyň sagynda oturyp, biziň üçin töwella edýär” (Rim. 8:33,34).

Onuň ebedi dirilişi we saýgaryş güýji arkaly bize şeýle wada berlen:

> “Biz görgüdir muşakgatlary çekýäris, yzarlanmalara, açlyga, mätäçlige duçar bolýarys, howp-hatara we ölüm howpuna sezewar edilýäris. Eýsem bularyň bary bizi Isa Mesihiň söýgüsinden aýryp bilermi? Elbetde, ýok! ..Biz özümizi Söýýän arkaly bu kynçylyklaryň baryny ýeňýäris” (Rim. 8:35, 37).

Ýalňyzlar, Sözde berkemäge we bu dünýäni hakyky saýgaryş bilen ýagtylandyrmaga we töwellaçylygyň işleriniň nurunda aýaga galmaga wagt geldi.

*Eý, Gökdäki Atam!*
*Men höküm daşlaryny ýere goýup, saýgarmagy başarýan gyz perzendiň bolmaga taýýar. Men Seniň Sözüňi*

*okamak, ony ykrar etmek we nurda gezmek arkaly öz aňymy dyngysyz täzelejek. Men gökleriň nurunyň we paýhasynyň ýer ýüzüniň tümlügine inişini göresim gelýär. Men ýesirlere olaryň gelejegine nury we söýgini jar edip, olary boşatmaga taýýar. Men gulçulyga satmaklygyň, dini gandallaryň we lapykeçligiň mazarynda jaýlananlar üçin aglamaga taýýar. Men öz sesimi beýgeltjek, elimi uzatjak we adamlary goramak üçin aýaga galjak. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn!*

# 11

# Nagma gylyjy

*Aýdym aýt, şatlan, eý, Sion gyzy! Men gelip, siziň araňyzda mekan tutjak. Muny Reb aýdýandyr.*

– Zakarýa 2:10

Gylyç kamertona meňzeýär... Käwagt söweşiň netijesini öz bähbidiňe öwürmek üçin nagmanyň bir özi ýeterlikdir.

Hudaýy şöhratlandyrmak üçin, size seždе toparynyň lideri bolmak hökman däl, aýdym aýtmak üçin aýdymçy bolmak gerek däl. Size diňe gyz perzent bolmak gerek, bu örän gowudyr, sebäbi aýdym bilen köp sanly söweşleri ýeňip bolýar.

Men öz daşky görnüşi we hereketi bilen aýdym aýdanymyzda töweregimizde bolýan zatlaryň keşbini şekillendirýän gylyjy tapanymda, örän haýran galdym. Bu gadymy gylyjyň ady flamberže, ol “otly tyg” diýmegi aňladýar. Bu gylyjyň gyrasy düz däl, ol tolkun ýaly büdür-südür. Gylyjyň tygy başga gylyja galtaşanda, flamberže gylyjy garşydaşyň gylyjyny titredýär-de, ony garşydaşynyň elinde sandyradýar. Şonda garşydaş gylyjyny tutuşyny gowşadýar, bu bolsa flamberžäniň eýesine goşmaça üstünlik berýär.

Munuň bize näme dahyly bar?

Men aýdym aýdanymyzda, aýratyn-da Sözi aýdanymyzda hut şeýle zatlaryň bolýandygyna hakykatdan-da ynanýaryn! Howa tolkunlary ses arkaly titräp başlaýar, ýagtylyk bilen tümlügiň arasyndaky çaknyşyk güýjedigiçe, duşmanyň tutuşy gowşaýar.



Duşman aljyraýar, onuň hüjümi gowşaýar, näletleri we aýyplamalary bolsa ýitirim bolýar. Saz gurallarynyň we aýdymyň şeýle utgaşmasynyň biziň töweregimizdäki zatlary gowy ýa-da erbet tarapa özgerdip bilýär. Durmuşymdaky sežde pursatalarynyň käbirinde men wagtyň haýallap, togtan ýaly bolan pursatlaryny duýýardym.

Pelegiň gerdişine görä, çar tarapa aýlanyp duran hut şeýle gylyç Erem bagyna girmezleri ýaly Adam ata bilen How enäniň öňüne böwet bolupdy (ser. Gel. 3:24). Ruhubelent aýdym we sežde arkaly şoňa meňzeş gylyjyň bize girelgäni açýan bolup görünmegi ahmal.

“ Derwezelerinden giriň şükürler bilen,
howlularyna — öwgüler bilen. Oňa şükür ediň,
adyna alkyşlar aýdyň” (Zeb. 99:4).

Biz söýgi we şükürler sözlerini aýdanymyzda, muny köplenç aýdymlar arkaly beýan edenimizde, göklere ýetip, Atamyzyň howlularyna girmäge ygtyýar alýarys.

Biz aýaklarymyzyň öňküsi ýaly ýer ýüzünde mäkäm durandygyna garamazdan, göze görünmeýän çäklerde uzak aralyklary geçýäris, gökleriň ýanýodalarynda gezýäris. Men öwgi nagmalaryny aýdyp, öýüň içinde gezmelänimde, ganat baglap uçan ýaly duýgulary näçe gezek başdan geçirenimi sanap-da bolmaz.

Rebbiň howlularyna girmek üçin bize açar-da, çakylyk haty-da gerek däl. Bize bary-ýogy gerek zat – nagmalar!

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

“Agälik” bu diňe goranmak däl, ol hüjüm etmek hereketi hem bolup durýar. Aslynda bu taýýarlyk pozisiýasydyr.

## Nagmanyň başlangyjy

Müsürden çykyş kitabynyň 15-nji babynda nagma ilkinji gezek agzalýar. Şu çaka çenli sözler barada däl-de, saz gurallary barada aýdylýardy.

> “Men Rebbe nagma aýdaryn. Ol şöhratly ýeňiş gazandy. Aty çapyksuwary bilen deňze gapgardy. Reb meniň güýjüm hem aýdymym. Ol meniň Halasgärim boldy. Ol meniň Hudaýym, Ony alkyşlaryn. Ol atamyň Hudaýy, Ony beýgelderin. Reb söweşijidir. Onuň ady Rebdir ” (Müs. 15:1–3).

Musa pygamber şu ýeňiş nagmasynda Hudaýyň öz güýjüniň nagmasy bolup durýandygyny ykrar edýär. Hudaýy nagmada öwmeklik Onuň durmuşyňyzda höküm sürýändigini aňladýar. Hudaýa nagma aýdanyňyzda, ýüregiňiz açylýar we durmuşyňyz Onuň gudratlaryndan dolýar. Nagmanyň durmuşymdaky ýagdaýlary bütinleý özgerden gezeklerini sanap aňyrsyna çykar ýaly däl. Men käwagt özümi durmuş kynçylyklarynyň labyry üstümden inen ýaly duýýaryn. Käwagt men elhenç habarlary ýa-da hopukdyryjy täzelikleri eşidýärin. Eger hüjüm juda güýçli bolsa, men boş otaga girip gapysyny ýapýaryn-da, nagma aýdyp, tans oýnaýaryn; men muny tä nagma meniň durmuşymy doly eýeländigini duýýançam dowam edýärin.

Başga bir wagtlarda bolsa men güýçli ýadawlygy, hatda öler ýaly ýadandygymy duýýaryn. Käwagt uzak ýerlere edilýän saparlar başymy çaşardýar, ýöne bir zat welin durmuşymda üýtgewsiz galýar: uzak syýahatdan soň, uçuşlardan we ulagda aşmalardan soň, myhmanhana otagyma giren badyma ýagdaýy seždeler we aýdymlar arkaly üýtgedýärin. Men otaga giren badyma dileg edýärin, soňra nauşnikleri dakynyp, sežde nagmalaryny diňleýärin.

Men nirede ýerleşýändigime garamazdan, sežde nagmalary arkaly gökleriň atmosferasyny duýup bilýärin. Şeýle wagtlarda men hyzmat etmäge gelendigimi bilýärin we öýümden uzakdaky myhmanhana otagymyň tukat ýagdaýynyň özümi lapykeç etmegine ýol bermeýärin. Käbir ýagdaýlarda bolsa myhmanhana otagy örän kaşaň görünýär we men şatlyk bilen ylgap, hyzmatda wagyz etmäge derek, ýadawlyk sebäpli gyşaryp, dynç alasym gelýär. Şonda men öz içimdäki ruhy peşgeşi galkdyrmalydygyma düşünýärin.

> “...Mukaddes Ruhdan dolup-daşyň. Bilelikde mezmurlar, öwgüli we ruhy aýdymlar aýdyň; Rebbe tüýs ýürekden sazlar çalyp, nagmalar aýdyň. Ähli zat üçin Rebbimiz Isa Mesihiň adyndan Ata Hudaýa hemişe şükür ediň” (Efes. 5:18–20).

Biz nagma aýdanymyzda, Hudaý şöhratlanýar. Onuň hökmürowanlygy biziň ýagdaýymyzda ykrar edilýär. Ol Öz halkynyň öwgi sözlerinde mesgen tutan wagty, Ol hatda biziň içimizde bolanda-da, biz Onuň huzurynda dik durýarys.

## Söweş nagmasy

Ýahudalary ýok etmäge gelen üç ägirt goşuny Ýahudanyň aýdymçylarynyň ýeňen bir ýagdaýy bar (ser. 2 ÝÝ 20). Hudaýyň mukaddes halky sesini beýgeldip, öz ýeňilmez Hudaýyna öwgi aýdanlarynda, Ol duşman goşunlaryny aljyradyp, olaryň gylyçlaryny birek-biregine garşy gönükdirdi. Olaryň strategiki harby çagyryşy nähilidi?

> “Rebbe şükür ediň, çünki Onuň söýgüsi bakydyr!”
> (2 ÝÝ 20:21).

Baky söýgiň öňünde haýsy goşun durup biler? Hiç bir goşun durup bilmez, sebäbi söýgi tükenmeýär.

Hudaýyň biziň adymyzdan söweşýändigini subut edýän mysallaryň, ine, ýene-de biri, men ony diýseň halaýaryn:

> “Mukaddes baýram bellenýän gijesindäki dek aýdym aýdarsyňyz; Rebbiň dagyna, Ysraýylyň Gaýasyna tüýdük çalyp çykýan dek, ýüregiňiz şatlanar. Reb haýbatly sesini eşitdirer, lowlaýan gazap bilen, ýalmaýan ot ýalny bilen, bulutlaryň partlamasy bilen, tupan hem doly bilen golunyň gudratyny görkezer. Rebbiň sesinden Aşur wehim eder, Ol hasasy bilen Aşury urar. Rebbiň olaryň üstünden inderýän jeza hasasynyň her zarbasy depreklerdir liralar bilen amala aşyrylar; Reb gazaply söweşler bilen garşysyna çykar onuň” (Işa. 30:29–32).

Meniň bu deňlemedäki rolum – agzymy açyp, aýdym aýtmak! Ýöne islendik bir aýdymy däl. Men bu aýdymy aýdanymda, edil gije Hudaýyň dagyna galyp, şol belent ýerden Onuň seredişini görüp, Onuň neneň gudratlydygyny ýadymda saklandakym ýaly aýtmaly. Men şeýle şatlykly güýç bilen aýdanymda, Hudaý meniň ruhumyň gulaklaryny we gözlerini açýar. Ol muny Özüniň şanly sesini eşitmegim,

Onuň söweşde uzaýan elini görüp bilmegim üçin edýär. Onuň sesi berkitmeleri kül edýär, hasasy bolsa duşmany heläkleýär. Bularyň bary döwrebap saz gurallary bilen sazlaşykly halda amal bolýar.

Biz näme üçin gylyçlarymyzy ýarym-ýalta syrýarys? Biz mäkämligimiz bilen güýjümize utgaşan şatlykda sežde edenimizde, Hudaý Öz gylyjy bilen duşmany syndyrýar.

Siz özümiziň ynsanlara garşy göreşmeýändigimizi bilýänsiňiz. Biz tümlügiň göze görünmeýän güýçlerine garşy göreşýäris; bu güýçler ýer ýüzünde ýagtylyga, söýgä, hakykata, imana, umyda we mertlige garşy bolan hereketleriň baryna ýolbaşçylyk edýärler.

Hudaýyň iň güýçli wadalarynyň sanawlarynyň biri Işaýa pygamberiň kitabynyň 54-nji babynda ýazylan. Biz bu bapda Hudaýyň miras, köpelme, dikelme, azat bolma, rehim-şepagat, berk binýat, gorkudan azat bolma, Hudaýdan öwüt alan çagalar we duşmandan azat bolmak babatdaky üpjünçiligini görýäris. Siz bularyň baryny şu aýdym üçin alyp bilýäňiz!

> “Reb: ‘Şatlan, eý, çaga dogmadyk, önelgesiz, burguda bolmadyk, begençden aýdym aýt! Çünki öň terk edilen aýalyň ogullary ärli aýalyň ogullaryndan köp bolar’ diýýär” (Işaýa 54:1).

Siz aýdym aýdanyňyzda, durmuşyňyzyň penjireleri gökden inýän akymlar üçin açylýar. Men özümi şübheleriň basýandygyny, gorky bilen erksizligiň gurşaýandygyny ýa-da özümi edil ýere çüýlenen ýaly duýanymda, nagma gylyjyny alyp, sesimi beýgeldýärin.

Tans hem oýnaýaryn. Näme üçin oýnamaly dälmişim? Dawut patyşa hut özüniň tagaşyksyz tansy bilen Hudaýyň adamy hökmünde saýlandy, onuň aýaly Mikal bolsa göwreli bolmakdan we çaga dogurmakdan mahrum boldy.

> “Rebbiň sandygy Dawut galasyna getirilende, Şawulyň gyzy Mikal penjireden seretdi. Dawudyň Rebbiň huzurynda bökjekläp tans edişini görüp, ol öz ýanyndan Dawuda göwnüýetmezçilik bilen seretdi” (2 Şam. 6:16).

Siziň märekäňiz adamlar däl-de, Hudaý. Dawut saklanyp bilmedi. Ol şeýle güýçli şatlanansoň, saklanyp bilmän, tans oýnamaga başlady.

Äht sandygy Iýerusalime dolanyp geldi, Hudaýyň wadasy berjaý boldy. Umuman, saz bedeni tans etmäge çagyrýar, ýöne Hudaýyň nähili işleri edendigini baradaky ýatlamalar hem size tans oýnatdyrar.

**Siz aýdym aýdanyňyzda, durmuşyňyzyň penjireleri gökden inýän akymlar üçin açylýar.**

Hudaýyň ähli edenleri üçin öwgi nagmalarynda we şükürlerde ýürekleriňiziň derwezelerini açanyňyzda, Oňa galtaşarsyňyz. Biziň gijedäki aýdymlarymyz Ony biziň gündizimize getirer. Siz aýdym aýdanyňyzda, durmuş gaýgylaryňyz we aladalaryňyz zym-zyýat bolar, olara derek umytlaryň täze tolkuny geler, duşmanyň hüjümi serpikdiriler, siz hem Hudaýyň huzuryna girersiňiz.

Biz aýdym aýdanymyzda, Ol bizi eşidýär we biz öz durmuşymyzda Hudaýyň wadalarynyň berjaý bolşuny görüp başlaýarys.

• • •

*Eý, mähriban Gökdäki Atam!*
*Men öz durmuşymyň heläklenip, boşap galan meýdanlarynyň üstünden aýdym aýtmaga taýýar. Men aýdym aýdanymda Seniň ýüregimi umyt bilen doldurjakdygyňa, Saňa öz söýgimi beýan edenimde imanymyň ösjekdigine ynanýaryn. Sen Öz şalyk belentligiňiň we hökmürowanlygyňyň güýji bilen duşmanyň ýalanyny we berkitmelerini weýran etmäge ygtyýarlysyň. Seniň adyňa degişli şan-şöhraty bermändigim üçin meni bagyşla. Şu pursatdan başlap, men çar tarapa aýlanýan ýalynly gylyç bolmagy saýlaýaryn. Töweregimdäki ýagdaýlaryň nähili boljakdygyna garamazdan, men Seni öwjek we Seniň baky söýgiňe we rehimiňe nagmalar aýtjak. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn!*

# 12

# Dymmaklyk gylyjy

*Bir gylyç beýleki gylyjy gynynda saklaýandyr.*

– Jorj Gerbert

Dymmaklyk gylyjyny gynyndan çykarylmadyk gylyç arkaly suratlandyryp bolar. Bu gylyç bar, ýöne ol gynyndan çykarylmadyk. Bu gylyjyň sapy görünýär, ol ondan ýapyşyp bolýandygyny görkezýär, ýöne tygy gizlenen, bu bolsa onuň eýesiniň öz gylyjyny gynyndan çykarmagy niýet edinmeýändigini görkezýär.

Dymmaklyk – bu göze görünmeýän gylyç, ol aýdylmadyk söz ýa-da edilmedik hereket arkaly mälim bolýar. Dymmaklygyň talap edilýän ýerinde öz ýanyňyzda göterýän ýaragyňyz gizlenilgi ýagdaýda galýar. Biz bu gylyjy özümizi halas etmek ýa-da goramak üçin isleýän ýa-da edip bilýän zatlarymyzyň ählisini gaýra goýanymyzda ulanýarys. Bu biz öz bedenimizi we ruhumyzy Patyşanyň aýak astyna goýanymyzda bolup geçýän zat.

Dymmaklyk köp zady aňladyp bilýär. Mysal üçin, soraga, aýyplama ýa-da myjabata dogrudan-da jogabyňyzyň bolmazlygy. Käwagt aňymyza sygmaýan haýsydyr bir zat üstümizden inýär, şonuň üçin-de biz muňa nähili seslenmelidigini bilmeýäris. Şeýle-de dymmaklyk jogabyňyzyň bardygyny, ýöne siziň ony aýtmak islemeýändigiňizi aňladyp bilýär. Eger gylyç gynynda galýan bolsa,



bu, belki, biziň elimiziň haýsydyr bir zat bilen baglanandygyny sebäpli bolup bilýär. Men şindi gorky zynjyrlary barada aýtmaýaryn, men: “Muny Maňa goý” diýip pyşyrdaýan Hudaý barada aýdýaryn. Asudalygy saklamak üçin, köplenç hüjüm edilendäkiden has köp güýç gerek bolýandyr.

Hudaýy eşitmäge mätäç bolanymyzda, hereketsizlik bilen dymmaklyk iň oňat usullara öwrülip biler.

Hudaýyň başga adamlara açmakçy bolýan zatlaryny kabul edip bilerimiz ýaly, şeýle usullaryň iň oňat çözgüt bolýan wagtlary bolýar. Bu usullaryň ikisi-de öz kalbymyzy dolandyrmaklygy talap edýär. Häzirki medeniýetde bu özüňe erk etmekligi aňladýar: “Özüne buýrup bilmeýän kişi diwarsyz, weýran edilen şäher kimindir” (Sül. 25:28).

Biz oýlanyşyksyz sözlerimiz we hereketlerimiz sebäpli janymyzy goragdan mahrum edenimizde, oýlanmak we toba etmek üçin dymmaklyk zeper ýetirilen zatlary düzedip başlaýar. (Bu barada biraz soňra has giňişleýin gürrüň ederis.)

Käwagt bolsa biz özümiziň sebäp bolmadyk howply ýagdaýlaryna uçraýarys. Biz Hudaýa gulak asandygymyza, Onuň ugrukdyrmasyna eýerendigimize garamazdan, ýagtylyk bilen tümlügiň urşunyň edil ortarasyna düşendigimizi ýüze çykarýarys.

Mukaddes Ýazgylardan “ähli zat saňa garşy” we “her zat etseň-de hötdesinden gelip bilmersiň” diýen söweşleriň iň oňat mysaly Ysraýyl halkynyň Müsürden – öz gulçulyk ýurtlaryndan çykyp gaýdyşy baradaky waka bolup durýar.

Dartgynly gepleşiklerden we tutanýerli haýyşlardan soň, birnäçe jezadan soň, Hudaýa ara goşulyp, müsürlileriň ähli nowbaharlaryny gyrmak üçin heläkleýjini iberýär. Başyndan inen betbagtlyga çydaman, faraon ysraýyllary öz Hudaýyna sežde etmäge goýberýär. Ýöne Hudaý faraonyň ýüregini ýene-de gatadýar we ol ysraýyl halkyny yzarlamak üçin tutuş goşunyny iberýär.

Ysraýyllar öz yzlaryndan kowup gelýän arabaly we atly goşuny görenlerinde, elbetde, hopukdylar. Olar faraony günäkärlemäge derek, olary heläklemek üçin çöle getirendigi üçin Musany günäkärleýärler! Göräýmäge, hemme zat gutardy, çykalga-da ýok. Logiki taýdan olar gabawa düşdüler, sebäbi öňlerinde uly we çüň deňiz ýaýylyp ýatyr, yzlaryndan bolsa dünýädäki iň güýçli goşun kowup gelýär. Ýöne Hudaýyň hiç bir çykalgasy bolmadyk ýagdaýlara mümkinçilik hökmünde garaýandygyny bilýänsiňiz diýip pikir edýärin. Hudaý ysraýyl halkyny hut olaryň bolmaly ýerlerine ýerleşdiresi gelipdi, şonuň üçin-de Musa pygamber batyrgaýlyk bilen şeýle diýýär:

> “Gorkmaň! Berk duruň we Rebbiň bu gün siziň üçin amala aşyrjak gutulyşyny görüň. Çünki siz bu günki görýän müsürlileriňizi gaýdyp hiç haçan görmersiňiz. Siziň üçin Reb söweşer. Siz diňe *rahat* bolsaňyz bolýar” (Müs. 14:13,14, nygtama awtoryňky).

Hopukdyryjy pursatlarda rahat bolmaklygyň aňsat däldigi bilen ylalaşýarsyňyzmy?

Şu sözleri okanymda, “On tabşyryk” atly filmiň epiki keşbini ýatlaýaryn. Ýsraýyl halkyny ugrukdyryp äkidip barýan otly sütün yz tarapa geçýär-de, müsür goşunynyň öňüne böwet bolýar. Otly sütün uzakly gije müsür goşunyny saklaýar. Şol wagtyň dowamynda bolsa Hudaýyň ýeli öwsüp, Gyzyl deňzi ikä bolýär-de, deňziň düýbüni guradyp, ysraýyllara azatlyga eltýän arassa ýoly açýar.

Bolýan zatlara syn edeniňde: “Beý-bä! Muny bir görseňizläň!” diýip, joşgunly gygyraýasyň gelýär.

Ýöne gudratlar munuň bilen tamamlanýar. Ysraýyllar deňziň beýleki kenaryna arkaýyn geçenlerinden soň, ysraýyllar olaryň yzyndan kowmaga milt edýär. Ysraýyllaryň ählisi deňziň beýleki kenaryna çykandan soň, Hudaý Gyzyl deňziň suwlaryny öňki ýagdaýyna getirýär we Müsüriň tutuş goşuny göz açyp-ýumasy salymda deňze gark bolýar.

Bu beýik pursat Musa pygamberi Rebbi şöhratlandyrmaga ylhamlandyrýar, Merýem we beýleki aýallar bolsa ony goldap, tamburin saz gurallarynyň sazyna tans oýnaýarlar.

Reb biziň üçin göreşende, tä ýeňşi baýram etmeli pursadyna

çenli dymyp, rahat bolmalydygymyz aýdyň zat. Örän sada ýaňlanýar, şeýle gerek? Ýöne munuň aňsat *bolmaýandygyny* aýdaýyn.

Meniň özüm-de şeýle söweşlere köp gezek duş boldum. Bilşiňiz ýaly, biziň duş bolýan söweşlerimiziň köpüsi suwly we otly epiki suratlar bilen alnyp barylmaýar. Ýel öwsüp, göze görünýän deňizden bize ýol açmaýar. Gijesine ýolumyzy yşyklandyryp, duşmany gorkuzýan otly sütün ýok. Biziň duşmanymyz bizi atly arabalarda eli naýzaly kowalamaýar. Onuň hüjümleri has tilsimli, ol ýalan, myjabat, agzalalygy döredýän gybat we biziň hereketlerimizi baglaýan gorky bilen ýaraglanandyr.

Ýüz menzil aralykdaky ýeke-täk şor köl – bu biziň gözýaşlarymyz, otly sütün bolsa – bu biziň ýüreklerimiziň öçügsilenýän ýalnydyr. Ýöne şonda-da Onuň perişdeleri ibermän, hut Özüniň arkamyzda durýanlygy baradaky wadamyz bardyr. Onuň bizi asla ýeke goýmajakdygy we bizi taşlamajakdygy babatda berk ynamymyz bar.

Geliň, Musa pygamberiň olara nädip göwünlik berýändigine garap geçeliň:

> “Ýöne Musa halka şeýle diýdi: gorkmaň, berk duruň, şonda Rebbiň şu gün sizi halas edişini görersiňiz. Müsürlilere şu gün ünslüje serediň, sebäbi siz olary gaýdyp görmersiňiz. Reb siziň üçin göreşer, siz bolsa agzyňyzy ýumup duruň!” (Müs. 14:13,14, MSG, iňlis dilinden terjime).

Ýene-de:

> “Ýöne Musa halka jogap berip, şeýle diýdi: ‘Gorkmaň, berk duruň, şonda Rebbiň şü gün sizi halas edişini görersiňiz. Şindi görýän müsürleleriňizi mundan beýläk asla görmersiňzi. Siziň üçin Reb söweşer, siziň bary-ýogy etmeli zadyňyz – rahat bolmalysyňyz ” (Müs. 14:13,14, NIV, iňlis dilinden terjime).

Şu ýerde şol bir pikir öwran-öwran gaýtalanýar: gorkmaly däl. Biz öz pikirlerimizden gorkynyň islendik alamatyny kowmaly we onuň aňymyzy hapalamagyna ýol bermeli däl. Şeýle-de bize berk durup, ornumyzdan gozganmaly däldigimiz barada aýdylýar. Bu biziň gaçman, ýeň bermän, yza tesmän, gaýtam şindiki ýagdaýymyzdaky ornumyzy saklap, dim-dik durmalydgymyzy aňladýar. Bu iki tabşy-

rygy berjaý etmek we berlen orny saklamak arkaly biz Hudaýyň amal etjek gudratly işlerini göreris. Ol bizi Özüniň nädip halas edişini we azatlyga çykaryşyny synlamaga, dogrusy, bulara haýran galmaga taýýarlanmaga çagyrýar.

Men Musa pygamberiň öz sözleri bilen tutuş halkyň dünýägaraýşyny özgerdişini halaýaryn. "Bu duşmana soňky gezek serediň, sebäbi siz ony gaýdyp görmersiňiz. Siz Hudaýyň bu gudratynyň we sadyklygynyň suratyna syn edýärkäňiz, size diňe rahatlanyp, dymmagyňyz gerek. Ýaňsylamak-da, gygyrmak-da, sorag bermek-de gerek däl, bar etmeli zadyňyz – bu käseden ümsüm içiň".

Biz söweşiň ýa-da duşmanyň hötdesinden gelip bilmedik ýagdaýymyzda, Hudaýyň Özüni Halasgär hökmünde aýan etmegi üçin mümkinçilik döreýär. Biz yza tesenimizde, Ol gelýär-de, Özüniň gudratyny, sadyklygyny we güýjüni aýan edýär.

Müsürden çykyş kitabyndaky bu wakanyň beýanatyndan biz Hudaýyň Öz şan-şöhratyny tutuş Müsüre aýan etmek üçin we Öz adyny bütin ýer ýüzüne şöhratlandyrmak üçin müsür faraonynyň ýüregini gaýta-gaýta gatadandygyny bilýäris. Müsür gulçulygyndan halas edişi baradaky waka Hudaýy we Onuň perzentlerini meşhur etdi. Bu wakanyň bir özi Hudýyň gudratyny we wadasyny ähli halklara mälim edip, Ybraýymyň neslini müdimilik tapawutlandyrdy. Şol wagta çenli Ysraýyl gulçulykdaky halkdy, ol erkin, pajarlaýan we güýçli Müsüriň içinde gizlenilen halkdy.

Birnäçe wagtdan soň Ysraýyl öz taryhynda ýene-de san-sajaksyz goşuna garşy durmaly bolýar: bu gezek onuň üstünden Aşur patyşasynyň eli inýär. Ol Ysraýyl perzentlerine özi bilen berk aragatnaşygy ýola goýmaga çagyryp, olara ýesirlik çekýän ýurtlarynda çörek bilen üzüm baglarynyň bolelinligini wada edýär. Onuň wehim salşyna gulak goýuň we onuň magtanmasynyň Hudaýa Öz halkyna Öz güýjüni aýan etmäge ýol berşine üns beriň:

> "Hizkiýanyň: 'Reb bizi halas eder' diýip, aldamakçy bolýan

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Gylyçlaşma sungaty öz hereketleriňizi gözegçilik astyna almakdan ybarat. Mesele – öz şahsy tertip-düzgüniňi saklap oňarmakda.

> sözlerine gulak asmaň. Haýsy milletleriň hudaýlary öz ýurduny Aşur patyşasynyň elinden halas edipdir? ....Rebbiň Iýerusalimi meniň elimden halas ederi ýaly, bu hudaýlaryň arasynda öz ýurtlaryny meniň elimden halas edeni barmy?" (Işa. 36:18, 20).

Hizkiýa patyşa öz halkyna näme diýdi? Ol bu tekepbir, zalym basybalyja nädip jogap bermegi tabşyrdy?

> "Emma halkdan ses çykmady, oňa jogap gaýtaran bolmady, çünki Hizkiýa patyşa: 'Oňa jogap gaýtarmaň' diýip tabşyrypdy" (Işa. 36:21).

Adamlaryň dymmaklygy olaryň aljyrandygyny aňlatmaýar. Olar bu zalym patyşanyň ýanyndan çykanlaryndan soň, ruhyçökgün halda ýakalaryny ýyrtyp, bu haýbatlary öz ýurtlarynyň patyşasyna ýetirmek üçin çaparlary iberýärler. Hizkiýa ähli zady Hudaýyň huzurynda beýan edip, öz dilegini şeýle sözler bilen tamamlaýar:

> "Indi, eý, Hudaýymyz Reb, bizi Aşur patyşasynyň elinden halas et. Ýa Reb, goý, bütin dünýäniň ähli patyşalyklary Seniň ýeke-täk Hudaýdygyňy bilsinler" (Işa. 37:20).

Men bu aýady diýseň halaýaryn. Ol şol söweşiň biziň göz öňüne getirip bilşimizden-de elhenç bolandygyny görkezýär. Bu halklaryň arasyndaky aç-açan çaknyşyk däldi, bu ýeke-täk hakyky Hudaýyň ýene-de bir aýanlygydy. Bu halklar söweş meýdanynda hatda biri-birine garşy-da çykyp görmändiler, sebäbi Hudaý başga strategiýany taýynlapdy.

> "Men onuň içine bir ruh ibererin, welin, ol bir habar eşidip, öz ýurduna dolanar. Men ony öz ýurdunda gylyç bilen öldürderin" (Işa. 37:7).

Halklaryň arasyndaky güýjüne magtanan bu basybalyjy gybatlaryň güýjüniň pidasy boldy. Men bu mysaly örän halaýaryn, sebäbi biz käwagt haýsydyr bir gybata seslenip, şahsy söweşe girmek duzagyna düşýäris, ýöne şeýle etmek bilen, hatda ýeňýän ýaly bolup görnäýemizde-de, ýeňilýändiris.

*Gürrüň – kümüş; dymmaklyk bolsa altyndyr.*

– Gadymy müsür nakyly

Hudaý size arka duranda, size öňde altyn gelejegiň garaşýandygyny ýatda saklaň.

## Şahsy söweşler

Indi bolsa öz şahsy söweşlerimiz barada gürrüň edeliň.

Hudaýyň ýarag şaýyny tutup, meniň tarapymda söweşmäge taýýar bolup-da, meniň öz agzym bilen Onuň gudratly gutulyşyna näçe gezek böwet bolanymy bilmek meniň üçin gyzykly bolardy. Dogrymy aýtsam, meniň üçin hut dymmaklyk gylyjy bilen ýaraglanmak iň kyn zatlaryň biri, ýöne muňa garamazdan, men şeýle ýaraga köpden-köp mätäçdigime aň ýetirýärin. Biziň göwnümize haýbat atylýan döwürde dymmaklyk öz gorag ornuňy ýitirmeklik bolup görünýär. Bu aýratynda-da aýyplamalaryň we sögünçleriň üstümize ýaganda dymmaklygyň talap edilýän döwürlerinde şeýle bolýar.

Süleýmanyň pähimleri kitabynda şeýle diýilýar: “Odun gutaranda, ot sönýändir, şugulçynyň ýok ýerinde dawa tükenýändir” (Sül. 26:20).

Geliň, iň soňky odunyň ýanyp, wagt ýeli dawanyň külüni doly sowurýança, dymalyň.

Käwagt dymmaklyk sizi töwekgellige uçratjak gürrüňlerden gaça durmaklygy aňladýar. Bu hatda töweregiňizdäki adamlaryň agyzlaryny ýummak barada pikir etmeýän ýaly bolup görünýän ýagdaýlarynda-da dil ýarmakdan ýüz öwürýändigiňizi aňladýar. Köplenç iň güýçli ýaragy elde saklamak kyn düşýär. Biziň dilimiz weýrançylygyň güýçli ýaragy ýa-da şypa getirýän serişde bolup bilýär. Men dymmaklyk bejergisi barada aýtmaýaryn. Men onuň nähili täsir edýändigini bilýärin. Men şindi köp zatlary aýtmak ýa-da etmek isleginiň bardygyna garamazdan, hiç zat aýtman ýa-da etmän gitmeklik barada aýdýaryn.

Jon ikimiz ýaňy-ýakynda dymmaklygyň güýjüni ýüze çykardyk. Islendik adamda bolşy ýaly, biziň-de gybata garşy immunitetimiz ýok. Adamlar köp gürleýärler. Käwagt gahardan ýaňa, käwagt bolsa haýsydyr bir ýagdaýy aýdyňlaşdyrmak üçin gürleýärler. Biziň gatnaşmagymyzda bir çözülmän galan mesele biziň öňümizde gaýta-

gaýta peýda bolýardy. Bu mesele baradaky gürrüňler dostlarymyzyň we bize bütinleý nätanyş adamlaryň arasynda gozgalýardy. Ilkibaşda biz dymdyk. Soňra öz pikirimizi seresaplyk bilen beýan edip başladyk, ýöne gybat ýaýradygyça, başgalaryň agyzlaryna gelen zady aýdyp başlan wagtynda sözleri örän seresaply saýlamaklyk bize akmaklyk bolup göründi. Biz näme üçin öz pikirimizi aç-açan paýlaşyp bilmeýärmişik?

Soňra başga bir waka bolup geçdi we men şonda men mundan buýana dymmaklygyň manysy ýok diýip pikir etdim. Men hetden geçilendigini duýanymda, özümiň-de şol mesele boýunça kalbymda toplanan zatlaryň baryny aýtmalydygymy çözdüm. Size dogrymy aýdaýyn: aç-açan gürrüň ilki rahatlyk duýgusyny getirdi! Men ahyrda hemme zady aç-açan aýdyp bilýärdim. Meniň pikirimi eşidenlerinden soň hatda başgalar-da ýeňillik duýdular. Bu tapgyryň o diýen uzak bolmandygyna ynanýyň, ol öz sözlerimi ymykly saldarlap, olara üns bermegimi bes edip, agzymy öz erkine goýberen badyma tamamlandy. Men özümi haýsydyr bir desganyň böwsülip, suwy saklamak üçin ähli güýjümi sarp etmeli bolýan ýaly duýýardym. Bu suw ähli ýerden syzylyp, akymlara, derýajyklara öwrülip, onuň girmegini asla niýetlemedik ýerlerime syzylyp girýärdi.

Indi men sebäpli ýaýran bu akymlara başga adamlar düşüp, aýaklary meniň läbigime çolaşyp başlady. Läbik goýaldygyça, men beýleki tarapy şeýle hapa läbigi döredendiklerinde aýyplasym geldi. Köp wagt geçmänkä, men özümiň bu läbikde dyzyma çenli batandygyma düşündim. Jon ikimiz juda köp zatlary aýtdyk we indi bu hapa, bulanyk suwuň edil ortarasynda durdyk.

Şol döwürde dürli-dürli ştatlarda bolandygymyza garamazdan, ikimiz-de muňa aň ýetirdik. Biz telefonda jaňlaşyp, bile dileg etdik. Biz toba gelip, ötünç soradyk we eden nädogry hereketlerimizi boldugyndan boýun aldyk. Şol döwürden bäri biziň sözlügimizde "agzyňy gulpla" diýen söýgüli jümlämiz peýda boldy.

## Dawudyň dymmaklyk gylyjy

Kabul eden çözgüdimiz babatda sähelçe şübhämiz bolan hem bolsa, ol ertesi gün ýekşenbe günündäki ýygnakda bütinleý ýom-ýok boldy. Şol gün ýygnaga gelen bir myhman wagyz edýärdi; men bu

wagyzçy barada ozal hiç eşitmändim. Ol Dawut bilen Şawul patyşa baradaky wakadan alan ajaýyp aýanlyklaryny gürrüň bermäge başlady. Ol Şawula Dawut barada myjabatlar aýdylandan soň onuň eden hereketleri barada, Şawulyň Dawut hakda erbet pikirde bolup, ony yzarlap başlaýşy, soňra ony bagyşlaýşy, ýöne muny soňra oňa duzak gurmak üçin edip, ony ýene-de yzarlap başlaýşy, şol sebäpdenem Dawudyň bu patyşadan gaçyp bir gowakdan başga bir gowakda gizlenmeli bolandygy baradaky wakalary gürrüň berdi. Dawut özünde günäniň ýokdugyny we wepalydygyny subut edýärdi, ýöne ýene-de ýalan aýyplamalary eşidýärdi we yzarlanýardy.

Men bu wakany oňat bilýärdim we özümi şol zatlary gaýtadan başdan geçiren ýaly duýýardym.

Myhman wagyzçy wakany aýdyp bolandan soň, sözüni dowam etdi. Ol Dawudyň tasdan hem özüniň gizlenýän adamy – Şawula öwrülip başlaýşyny düşündirmäge durdy. Yzarlanmalardan halys ýadan Dawut Nabalyň adamlaryny we sürülerini goramak bilen olarda gaçybatalga tapar öýdýärdi. Ol öz çaparlaryny iberip, goýun gyrkymy mynasybetli gurnalýan baýrama olary hem çagyrmaklaryny haýyş etdi. Diňe bir soragy beräýmeli: Dawut dogrudan-da özüniň kabul edilerini isleýärmidi?

Dawudyň haýyşyna begenmediler. Olara baýrama gelmegi gadagan etmek bilen çäklenmän, eýsem Dawudyň at-abraýyna hem müňkürlik etdiler:

> “Ýöne Nabal Dawudyň ýigitlerine şeýle jogap berdi: ‘Dawut diýýäniňiz kim ol? Ýyşaýyň ogly diýýäniňiz kim? Häzir öz hojaýynyndan gaçyp ýören hyzmatkär kän. Şunlukda, Dawudyň ýigitleri yzlaryna dolandylar we gelip, bularyň hemmesini Dawuda aýtdylar” (1 Şam. 25:10, 12).

Siz özüňizi nähili duýardyňyz? Dawudy onuň öz adamlarynyň öňünde masgaraladylar, ony gaçgaklykda aýyplap, onuň özüne we tohum-tijine dil ýetirdiler. Ol şeýle sözleri eşidende, üstünden gaýnag suw guýlan boldy we bu dil ýetirmä juda zabun seslendi!

> “Dawut ýigitlerine: ‘Ähliňiz gylyjyňyzy dakynyň’ diýdi. Olaryň ähl isi gylyjyny dakyndy, Dawut hem gylyjyny dakyndy. Dört ýüze

> golaý adam Dawudyň yzyna düşdi, iki ýüz adam bolsa goşlaryň ýanynda galdy” (1 Şam. 25:13).

Dawut özüne bolan erkini ýitirdi. Ol özüniň boýunegmezek hyzmatkärdigi baradaky gürrüňlerden halys ýadapdy, ol Hudaýa wepaly hyzmat edýärdi ahyryn. Ol gaçmady, ony gaçmaga mejbur etdiler. Dawudyň kalbynda ýyllarboýy toplanan gahar-gazap Nabalyň üstünden inmäge taýyndy. Dawut şeýle bir ruhdan düşüpdi welin, ol hatda dogrulyk sylagy babatda şübhelenip başlady. Onuň sözlerine gulak goýuň:

> “Şol wagt *Dawut içini gepledip gelýärdi: ‘Haýp, çölde men bu adamyň ähli emlägini gorapdyryn. Onuň ýeke zady-da ýitmändi.* Emma ol meniň ýagşylygyma ýamanlyk bilen jogap berdi. Eger daň atýança onuň erkek göbeklisiniň baryny gyrmasam, onda, goý, Hudaý maňa-da şony, hatda ondan-da beterini görkezsin” (1 Şam. 25:21, 22, nygtama awtoryňky).

Dawut goragçy-çopandan “ýörüň, gidip ony öldüreliň” diýip gygyrýan lidere öwrüldi, muny adamyň däl-de, Hudaýyň ýalkaýandygyny unudylan ýagdaýlarda etmek aňsat. Dawut lider bolany üçin, adamlaryň ählisi ýygnanyň, göwnüne deglen liderleriniň yzyna düşdüler, olar ýeke salym-da ikirjeňlenmän, gylyçlaryny syryp, atlaryna atlandylar.

Men sizi şu punkta alyp barýaryn. Hatda hemme adamlaryň size eýeräýen ýagdaýynda-da, bu siziň gürrüňsiz mamladygyňyzy aňlatmaýar. Adamlar öz liderlerine eýerýärler we Dawudyň beýik lider bolandygyna garamazdan, onuň özi paýhasa mätäçdi, sebäbi ol kyn ýagdaýa düşüpdi.

Ol bu ýagdaýa nädip düşüpdi? Belki, ol bir bolgusyzyň gepine gidip, öz aňynyň bulaşmagyna ýol berendir. Käbir sebäplere görä bu dil ýetirmeler we kemsitmeler ony ýoldan azaşdyryp bilýärdi. Ençeme ýyllap Hudaýa bütinleý bil baglap, munuň netijelerini öz durmuşynda gören Dawut indi hemme zady öz eline almaga taýyndy.

Eger siz ätiýaçlygy elden gidersiňiz, başga adamlaryň sözleri özüňiziň aslynda kimdigiňizi unutdyryp bilýär.

Dawut Şawula özüniň bigünädigini her nähili subut etse-de, şa tagtyna çykyp bilmändi. Bu tagt Şawula hem degişli däldi, şonuň üçin-de ol ony beresi gelmeýärdi. Şalyk onuň elinden alnypdy. Hudaý Dawudy ykrar etmek üçin ony ret edilme synagyndan geçirip arassalaýardy; Şawul bu synagdan geçip bilmändi.

**Başga adamlaryň sözleri özüňiziň aslynda kimdigiňizi unutdyryp bilýär.**

Biziň hemmämizi kimdir biri tankytlaýar we ünsümizi sowýar. Men adamlaryň durmuşyň haýsydyr bir tarapy barada öz pikirini mälim etmeýän bir ýagdaýyny-da bilemok. Esasy zat tankydyň bizi kesgitlemegine ýol bermän, ony özümizi arassalamak üçin ulanmakdyr.

Şamuwel pygamber Dawudyň başyna ýag guýanda, ony Şawul bilen Nabaly öldürmeklige däl-de, Ysraýyly dolandyrmaklyga belläpdi. Dawut Hudaýyň berjaý bolup wadasynyň edil gyrasyna ýetipdi we akmak Nabal sebäpli ony tasdan ýitiripdi.

Şeýle duýduryşy kabul ediň: Hudaýyň sizi çagyran ýerine ýetirmezlik we sizi ýoldan azaşdyrmak üçin akmaklar peýda bolar. Akmaklar näme edýär? Olar Hudaýyň barlygyny we huzuryny şübhe astyna salýar. Olar, mysal üçin, şeýle sözleri diýýärler: “Hudaý seni taşlady”, “hudaýhonlykdan peýda ýok”, “Hudaý seniň tarapyňda däl”. Dawut özüniň birwagtlar goran adamlaryny öldüren ýagdaýynda bu Nabalyň “Dawut kimmişin?” diýen soragyna jogap bolardy.

Duýgularyň şeýle partlamasyndan soň Dawudy we onuň adamlaryny goýun gyrkymynyň baýramlaryna çagyrarmydylar? Meniň pikirimçe, ýeke gezek-de çagyrmazdylar. Dawut Nabalyň akmaklygyna özüniň kimdigine kesgitlemek howpunyň bäri ýanyndan gaýdypdy.

Abygaýyl, danalyk gylyjyny dakynan bu merdem aýal üçin Hudaýa şükürler bolsun. Ol Dawudyň öňünde ýere ýüzin düşüp, oňa tagzym etmek bilen, äriniň äsgermezçilik eden zatlarynyň baryna hormat bildirdi we Dawuda onuň kimdigini we kime degişlidigini ýatlatdy.

> “Rebbiň agamyň neslini abat etjegi şübhesizdir, sebäbi agam Reb üçin göreşýär. Ömürboýy senden ýamanlyk çykmaz. Eger kimdir biri agamy yzarlasa ýa-da janyna

kast etse, onda janyňy Hudaýyňyz Rebbiň aman saklasyn, duşmanlaryňy bolsa sapandan daş atan kimin edip öldürsin. Sen agam barada aýdan ähli ýagşylyklaryny ýerine ýetirip, Reb seni Ysraýyla hökümdar bellände, onda sen nähak gan dökmek ýa-da özüňi goramak üçin hasrata sebäp bolmarsyň, ynsabyň-da saňa yza bermez. Reb özüňi ýalkanda, gyrnagyňy ýatlagyn" (1 Şam. 25:28–31).

Biziň hemmämiz üçin açary pursatlaryň birnäçesi, ine şulardyr:

1. Öýleri diňe Hudaý berkarar edýändir.
2. Biz Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna eýerenimizde, Hudaý bizi goraýar.
3. Hudaý duşmanlarymyz bilen bolan dawany nädip çözmelidigini bilýär.
4. Hudaýyň beren ornuny özümizi goramak üçin ulanmaly däl.
5. Höküm çykarmak we halas etmek meselelerini öz üstümize almak bolmaýar, bularyň ikisi-de Hudaýymyza degişlidir.

Hudaýa şükür, Abygaýylyň sözleri Dawudy saklady, ol Hudaýyň goluny we beren wadasyny ýada saldy. Bu waka Abygaýylyň Dawuda durmuşa çykmazyndan, ret edilen hyzmatkäriň bolsa patyşa bolmazynyň öň ýanynda bolup geçipdi.

*Dymmaklyk — bu beýik işleriň öz-özünden rejelenýän elementi; bu işler wagtyň geçmegi bilen gutarnykly we şanly görnüşde Ýaşaýşyň ýagtylygyna geçip bilýär we hökmürowanlyk sürmek üçin şol ýerde galýar.*

– Tomas Karlaýl

## Ýaragyň täze görnüşi

Mähriban ejeler, uýalar, gyzlar we joralar! Siziň haçan hem bolsa bir wagt göwnüňize deglen bolmagy mümkin. Belki, siziň adyňyza haýsydyr bir kemsidiji myjabaty aýdandyrlar. Belki, sizi haýsydyr bir öýe gaýdyp hiç haçan çagyrmazlar. Maňa ynanyýyň, men siziň ýagdaýyňyza doly düşünýärin. Ýöne siz dogrudan-da öýke-kinäniň ýa-da haýsydyr bir düşünişmezligiň öz durmuşyňyzda bolmagyny isleýäňizmi? Siz ähli zady

taşlasyňyz gelýär, ýöne şindi siziň eliňizdaki gylyjyňyz - şu ýagdaý üçin iň gerekli öýdýän gylyjyňyz ar armaklyk diýip atlandyrylýar we ol size gelişmeýär. Bu gylyjy biliňizden aýryň-da, ony ýere goýuň.

Siz, belki, ýakyn tanşyňyzyň göwnüne degendigiňiz ýa-da kemsidendigiňiz üçin keýpiňiz bozulandyr. Eger şeýle bolsa, onda bada-bat onuň ýanyna gidiň-de, oňa Hudaýyň wadalaryny ýatladyň, oňa berk durup, Hudaýyň, ýagny biziň hakyky Goragçymyzyň Özüni aýan edişini synlamagy maslahat beriň. Mähribanym, Hudaý seniň ojagyňy berkider we seni ähli ýollaryňda gorar. Sen özüňe duşman saýýanlaryň üçin jezalary oýlap tapmak saňa derkar däl. Hudaý ähli zady eýýäm gurnady; gaýgy etme we Onuň ýeke-täk adalatly Kazydygyny berk bilgin. Öz-özümizi goramak pozisiýasyny çalyşmagyň wagty geldi. Biz başgalaryň ugrunda söweşenimizde, Hudaý biziň üçin söweşýändir.

Başga gylyjy – dymmaklyk gylyjyny alyň. Ol şindi öz gynynda. Isa Mesih bu gylyjy ökdelik bilen ulanýardy. Ol bu ýaraga äsgermezlik etmeýärdi. Ol sesini çykarman, Öz janyny biziň üçin gurban etdi. Ol sesini beýgelden ýa-da goluny galdyran badyna gökleriň bütin güýjüniň ýere injegini bilip-de, sesiňi çykaman durmagynyň nähili bolandygyny göz öňüňize getirip bir görüň-ä! Ýer ýüzüniň nalajedeýin hökümdarlarynyň öz Ýaradanlaryny ýaňsylanlarynda dymmaklygyň nähili kyn bolandygy barada oýlanyp görüň. Adalatlylygyň özeni bolup-da, ýalan aýyplamalary diňlemekligiň Oňa ýetiren täsirini göz öňüne getirip görüň (ser. Ýoh. 5:22). Isa Mesih jogap gaýtarara söz tapmansoň dymmandy, jogap - Onuň hut Özidi.

> “Baş ruhany ornundan turup: ‘Sen asla jogap berjek dälmi? Bu adamlaryň Seniň garşyňa berýän şaýatlygy näme?’ diýdi. Emma Isa dymdy. Baş ruhany Oňa: ‘Saňa diri Hudaýdan kasam edýärin, bize aýt, Hudaýyň Ogly — Mesih Senmi?’ diýdi” (Mat. 26:62,63).

Ýeke söz-de, pyşyrdy-da, uludan dem alma-da, baş atma-da, gözleri agdaryp seretme-de bolmady. Diňe dymmaklyk... edil Guzy ýaly. Mesele Isa Mesihiň aýdara söz tapmanlygynda däl, Ol hiç zat gürlemezligi ýüregine düwdi.

Aýdara zadymyzyň köpdügini duýýan wagtlarymyz bizde- hem

bolýar. Bizi nähak aýypladylar, bize nädogry düşündiler we hatda başga adamlaryň – hakykaty o diýen agtaryp-da durmaýan adamlaryň öňünde masgaraladyrlar. Öz pikirleriňizi öz içiňizde saklaň-da, Hudaýyň nädip jogap berjekdigini synlaň. Günäkärlikde aýyplanýan adamy saklanlarynda, ol ýüridiki taýdan maslahatlaşmazdan, öz-özüne garşy şaýatlyk etmezligi üçin, onuň goragynyň hatyrasyna Mirandanyň "siz dymmaga haklysyňyz" diýen meşhur duýduryşyny okaýarlar. Özümiziň dymmaga haklydygymyzy käwagt ählimize ýatlatmak gerek.

*Zorlukly usullary ulanmagy ret etmeklik – güýçli we adalatly ýarag; ol tyg ýarasyny salmazdan ýaralaýar we ony ulanýan adamy päk ahlakly edýär. Bu gylyç şypa berýän gylyçdyr.*

– Martin Lýuter King-ogly.

Eger Isa Mesih – Hudaýyň hakyky Ogly, asla günäsi bolmadyk ýeke-täk Kişi ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolanda Özüniň dymmaklyk hukugyndan peýdalanan bolsa, onda biz hem ýaşaýyş bilen ýüzbe-ýüz bolanymyzda şeýle edip bileris. Isa Mesih öňe çykyp, biziň ugrumyzdaky söweşde bize derek Özi durdy.

> "Ählimiz edil goýun ýaly azaşdyk; öz ýolumyz bilen gitdik herimiz, Reb ählimiziň etmişimizi oňa ýükledi. Oňa sütem edildi, ol ejir çekdi, emma şonda-da agzyny açmady. Soýulmaga äkidilip barýan guzy dek, gyrkymçynyň öňündäki sessiz goýun dek, hiç agzyny açmady ol" (Işa. 53:6, 7).

Dünýä özüne ýol görkezen Kişiden ýüz öwürdi. Isa Mesih dymanda, aslynda hemmeden has gaty gürleýärdi. Onuň öňünde gökleriň sözi durka, ýer ýüzüniň sözlerini aýtmak hajaty ýokdy, olar özlerini hököm edenlerinde, Ol Özi arkaly hemmeleriň halas bolmagy üçin dymdy.

Siz haýsy söweşlere dymmaklyk bilen jogap bermeli? Muňa düşünmek üçin, öz durmuşyňyza göz aýlaň-da, haýsy çäklerde gürlemän saklamaklygyň size kyn düşýändigini ýüze çykaryň.

“Ol sögülende sögmedi, ejir çekende hiç kime howp salmady. Muňa derek Özüni adyl höküm çykarýan Hudaýa tabşyrdy” (1 Pet. 2:23).

Siz arkaýyn durup, synlamaga taýynmysyňyz? Howp-hataryň, dil ýetirmeleriň we aýyplamalaryň öňünde Hudaýa bil baglamaklyk – bu dyngysyz, yzy kesilmeýän we käwagt hatda gündeki edilmeli hereketdir. Mähriban uýalar, biz munuň hötdesinden gelip bileris. Sebäbi Ol munuň hötdesinden eýýäm geldi we bize ýol taýynlady.

• • •

*Eý, Gökdäki mähriban Atam!*
*Men Seniň ýanyňa Isa Mesihiň ady bilen gelýärin. Men şu gün öz pikirimi aýtmak hukugymy bir gyra goýýaryn we özümiň dymmaklyk hukugymy ulanýaryn. Eý, Mukaddes Ruh, haçan gürläp, haçan gürlemeli däldigim babatda maňa danalyk ber. Men öz ýüregimi Seniň huzuryňda rahatlandyrýaryn we maňa gürlemegiňi Senden haýyş edýärin. Saňa garşy günä etmezim ýaly, meniň dilime gözegçilik et. Gybat-gürrüň ýaýradan ýagdaýlarymy bagyşla. Men Seniň danalygyňa boýun egýärin we janymy Seniň Sözüň maslahaty bilen dolandyrýaryn. Men mundan beýläk başga adamlaryň sözleriniň barlygymyň asyl manysyny kesgitlemegine ýol bermerin. Sen meni goramak üçin Özüňi gurban etdiň, ýeke-täk hakykat we adalat Sensiň. Öz maslahatymy gözlän we öz pikirlerimi aýdan ýagdaýlarym üçin meni bagyşla. Meni heläklemek üçin howp salýan her bir söweşe Özüň gatnaş. Men mundan beýläk adamlaryň arasynda dawa-jenjel döretjek ýagdaýlara gatnaşjak däl. Duşmanyň hüjümleri meni heläklemäge gönügende, men Saňa bil baglaýaryn. Men ýerimden gozganmaryn we Seniň bu söweşde eýýäm ýeňiş gazanandygyňa ynanyp, dymaryn. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn!*

# 13

# Bagyşlama we dikeldiş gylyjy

*Käwagt bir söweşdäki ýeňliş uruşdaky ýeňşe tarap täze ýoly açýar.*

– Donald Tramp

Şa tagtynyň düýbünde ýatan gylyjy göz öňüne getirip göreliň. Gylyç soňra kimdir biriniň elinde has belent maksat üçin ýokary galmak üçin, belli bir wagta çenli dynçlyk ýagdaýda ýatyr. Basybalyjy patyşalar birwagtlar özlerine garşy pitne turzan rysarlardan wepalylygy talap edýärdiler. Täze rysarlaryň her biri öz patyşasynyň huzuryna gelip, gylyjyny onuň aýak astyna goýýardy, özi bolsa ýüzin düşüp, tagzym edýärdi. Käwagtlar patyşa onuň boýnuna aýagyny goýýardy. Şeýle ýagdaýda rysarlar özleriniň täze eýesine wepaly boljakdygyna kasam edýärdiler we diňe şondan soň öz gylyjyny yzyna alýardylar.

Şu bapda öz niýetlerimizi derňemäge mümkinçiligimiz bar. Biziň üçin şuňa düşünmek wajyp zat: biz kimdir birine, nämedeir bir zada garşy göreşýärismi ýa-da aslynda öz bähbitlerimizi araýarys?

Mysal üçin, siziň abortlara garşy bolmagyňyz mümkin, ýöne bu siziň gürrüňsiz ýaşaýyş üçin çykyş edýändigiňizi aňlatmaýar. Çaga düşürilýän ýerde eliňe plakaty alyp durmak bir zat, ärsiz ejä ýa-da islenilmedik çaga öz ýüregiňi we öýüňi açmak bütinleý başga zat. Siz adam öldürmeklige garşy bolup bilýäňiz, ýöne bu siziň jany goramak üçin talap edilýän ähli zatlary gürrüňsiz etjekdigiňizi aňlatmaýar.

Niýetlerimizdäki şeýle geçişler öz şahsy hak-hukuklarymyza we pikirlerimize däl-de, has belent maksada hyzmat edýändigimize aň ýetirenimizde bolup geçýär. Bize Ruhuň gylyjy ynanylan, ýöne bu gylyç bize ýaralamak üçin berilmedi. Biz ýesirleri we tussaglary gorkuzmaýarys, baglamaýarys, tersine, biz olary azat edýäris. Elmydama haýsydyr uly bir zat amala aşýar. Biziň söweş ýaragymyz bu dünýäniň pany janlary bilen göreşmek üçin çarhlanmandy, biz söweşimizi öz doglan planetamyzyň kadalaryna görä alyp barmaýarys. Ýarag öz döredilen çäklerindäki kadalara laýyklykda ulanylmaly, biziň gylyjymyz “metalyň” päklenip, hakyky nura öwrülýän ýerinde döredildi, gylyjyň tygy bolsa anyk we ýalňyşsyz sünjülýär-de, parran geçýär we şol bir wagtyň özünde-de şypa berýär. Şonuň üçin-de, bu ajaýyp ruhy ýaragy elmydama diňe päklemek niýeti bilen galdyrmalydyr.

Galatýalylara ýazylan hatda ynsan ýaraglarynyň görnüşleri we maksatlary jikme-jik beýan edilýär: jadygöýlik, ýigrenç ýa-da duşmançylyk, gazaplanmak, dawa-jedeller, agzalalyklar, ugursyz sözler, göriplik we ganhorlyk. Bularyň bary ýer ýüzüne degişli gurallar, biz olary günä edilmekligiň netijesinde miras aldyk.

Şu “hapa” gurallaryň hereketinden tapawutlylykda, Pawlus bize ygtyýarlygymyzyň asyl manysyny görkezmek üçin, bize tutuny açýar:

> “Rebbiň bize beren ygtyýary babatda has köpräk öwnäýemde-de, utanmaryn. Sebäbi bu ygtyýar imanyňyzy ýumurmak üçin däl-de, ony berkitmek üçin berlendir” (2 Kor. 10:8).

Biz ähli zatlary weýran etmek üçin däl-de, bina etmek üçin göreşýäris. Ýerde ulanyp bilerimiz ýaly Gökleriň berýän ygtyýarlygy ýamanlygy ýok etmek üçin berilýär. Eger men üç onýyllygyň dowamynda Hudaýyň Sözüniň gylyjyny bilime dakyp gezen hem bolsam, bu ony elmydama oňat ulanandygymy aňlatmaýar. Men käwagt ony gahar-gazaba bulap, şypa bermeli adamlarymy ýaralaýardym . Käwagt bolsa ýesirleri baglaýan zynjyrlary bölek-bölek etmäge derek, ony gynyndan çykarman saklaýardym.

Meniň çagalarym kiçikä, meniň gylyjym, hamala dynç alýan ýaly, krowadymyň ýanynda ýatýardy. Men mezmurlary okamak üçin Mukaddes Kitabyň sahypalaryny agdarýardym we süýji uklap galýardym. Aý-gün geçýärdi, men bolsa gylyjymy gynyndan

çykarman, öz gündelik durmuşymyň aladalaryny bozman, heniz-de gylyjymyň ýiti tygyndan gaça durýardym.

Şu kitabyň sahypalarynda men sizi uzak dowam eden şahsy gylyçlaşma ýaryşymdan geçiresim gelýär; bu ýaryşda ýaramaz hüjümler köp boldy, ýöne olar ýeňiş bilen tamamlandy.

• • •

Men mesihi bolanymdan soň köp wagt geçmänkä, Hudaýyň eliniň üstümdedigine we Onuň meni adamlara hyzmat etmäge gönükdirýändigini bildim. Men öz hyzmatymyň nähili boljakdygyny bütinleý bilmeýändigime garamazdan, muňa yhlasly taýynlanyp başladym. Men Mukaddes Kitaby okaýardym, ýygnaga gidýärdim, seminarlara gatnaşýardym we hyzmat edýärdim. Köpsanly wagyz hyzmatlarynyň birinde myhman-wagyzçynyň biri eger tutuş maşgalaň gutulyşy almadyk bolsa, Hudaýyň Sözüni adamlara wagyz etmek barada hatda pikir-de etmeli däldigini ynamly aýtdy. Ol muny eger biziň durmuşymyz Hoş Habaryň hakykatyny ýakyn garyndaşlarymyza subut eder ýaly derejede ynamly bolmasa, onda başgalaryň başgalara saňa gulak asaryna tama-da etmeli däldigi bilen düşündirdi. Men şindi onuň şol janygyp aýdan sözleriniň hakykatdan uzak bolandygyna düşünýärin, ýöne şol pursat welin men olara doly ynanypdym.

Meniň kakam gutulyşy kabul ederden uzak bolansoň, men onuň üçin öňkümden-de köp dileg edip başladym. Ol gökleriň ýoldan çykan günäkär hökmünde hasaplaýjak adamlaryň mese-mälim mysalydy. Ol dyngysyz çilim çekýärdi, spirtli içgilerden ýaňa asla aýňalmaýardy we paýyş sözi ulanmazdan ýeke sözlemi-de aýdyp bilmeýärdi. Meniň düşünşime görä, ol ejeme biwepady. Mundan başga-da, ol öz çagalaryna üns bermeýärdi.

Kakam bize myhmançylaga ilkinji gezek gelende, biz Dallasda ýaşaýardyk. Men ony şobada ýygnaga äkitdim. Hyzmatyň bütin dowamynda men oňa gaýta-gaýta garap, ol öz günäsiniň agramyny, gyzynyň onuň bolşuny oňlamaýandygyny we Mukaddes Ruhuň paş etmesini duýar diýip umyt edýärdim. Çopan: “Eger siz şu gün agşam ölseňiz, nirä düşerdiňiz?” diýip soranda kakamyň bu babatda asla şübhesiniň bolmazlygyny isleýärdim.

Men kakam hiç bolmanda başyny aşak egip, oýlanar öýdüpdim,

ýöne hamala “Men dowzaha, seniň gitjek ýeriňe giderin!” diýýän ýaly hyzmatçynyň ýüzüne dikanlap seretdi.

Toba etmek üçin orta çykmaga çagyrylanda bolsa, kakam hatda ýerinden-de gozganmady. Men ony elinden tutup, orta çykarmaga synanyşdym, ýöne ol ýigrenç bilen elini silkip aldy. Meniň aňymda: “Belki, ol doly düşünen däldir” diýen pikir peýda boldy. Ýagdaýy has aýdyňlaşdyrmak üçin, men egildim-de, pyşyrdap: “Kaka, Isa Mesih ýeke-täk ýok. Eger sen bi dilegi gaýtalamasaň, sen dowzaha düşersiň” diýip aýtdym.

Bu aýanlyk diwary böwsüp bilmedi. Kakamyň Hudaýa dil ýetirip, sögünendigi ýadyma düşýär. Men onuň ýüreginiň gapylary açykdyr öýtsem-de, olaryň ählisi mäkäm çüýlenip, berk ýapylandy.

Meniň kakam Mukaddes Kitaba akylyny aldyran gyzyny Tehasda galdyryp, güneşli Floridadaky gaýgysyz-gamsyz durmuşyna dolanyp baranda, ýeňillik bilen dem aldy.

Ýöne menden dynmak o diýen aňsat däldi. Men Floridadaky joramyň ähli joralaryna jaň edip, olara kakamyň telefon belgisini berdim. Men özümiň bütinleý tanamaýan şu adamlarymyň kakam üçin göreldeli edijiler bolmagy üçin dileg edenimde, imanym arşa göterilýärdi. Bu synanyşygym maksadyma ýetmänden soň, men agyr ýaragy ulanmaga wagt boldy diýen karara geldim. Men tutuş dynç günümi kakamyň toba etmegine bagyş edip, uzakly gün agzymy bekläp, onuň üçin dileg etdim. Men ýeň bermeýärdim. Men otagyň içinde aýlanyp, dileg edýärdim, ýere ýüzin düşüp aglaýardym, Mukaddes Kitaby elime alyp, dyza çökýärdim-de, Hudaýyň wadalaryny gaýtalaýardym. Soňra men dyngysyz telefone seredip, onuň jaň ederine garaşýandygyma üns berdim. Men kakamyň sesini eşiderime we onuň şeýtanyň penjesinden gutulyşyny gürrüň bermegine sabyrsyzlyk bilen garaşýardym.

Telefon jyňňyrdamady, ýöne men Gökdäki Atamyň pyşyrdap: “Liza, Meniň kakaňy seniň ony söýşüňden has güýçli söýýändigimi bilýärmiň?” diýip soranyny eşitdim.

Dogrymy aýdaýyn, bu aýanlyk kalbymy jümmüşine çenli sarsdyrdy, şonuň üçin-de birsalym dymdym. Pyşyrdy dowam etdi: “Men onuň Meniň bilen bolaryny senden-de köp isleýän. Liza, ony Maňa tabşyr...Sen ony halas edip bilmeýäň”.

Soňra Hudaý maňa Öz Sözündäki wadasyny ýatladyp, şeýle diýdi: “Eýsem men: ‘Reb Isa iman et, özüň-de, tutuş öý-içeriň hem halas

bolar’ (Res. 16:31) diýip aýmadymmy näme? Bu Meniň seniň kakaň baradaky wadamdyr. Oňa ynan we birgeňsi hereketleri bes et. Kakaňy öňkiň ýaly söýüber”.

Men Mukaddes Kitapdan bu aýady tapyp, onuň aşagyny çyzdymda, umydymy Onuň Sözüne bagladym.

*Iman – bu Hudaýyň şindi edýänlerine düşünmeseňiz-de,*
*Onuň häsiýetine ynanmagy karar etmegiňizdir.*
– Oswald Çembers

• • •

Şondan soň köp wagt geçmänkä, nowbahar oglum Eddison doguldy we biz Floridada kakamyň ýaşaýan şäherine göçüp bardyk. Soňra, Alek oglumyň dogulmazynyň öňýanynda, kakam işini ýitirdi we başga şähere göçüp gitdi; bu şäher Florida kenarýakasyna tarap birnäçe sagatlyk ýol aralygynda ýerleşýärdi. Kakam hemme zady täzeden başlamagy umyt edýärdi, ýöne onuň ýaşyndaky adama täze işi tapmak kyndy. Ol birwagtlar jaýlary we şäheriň daşyndaky klublary gurýardy, indi bolsa abatlaýyş işlerine meşgul bolýardy. Ol lapykeçlige ýüz urup, indi diňe öýlänlerine däl, eýsem gündizlerine hem spirtli içgileri içip başlady. Ol bize gelmesini kesdi, biz onuňka baranymyzda bolsa, ol irden eýýäm serhoşdy. Biz ony görmäge baranymyzda, çagalarymyz ondan gorkup başladylar, olar öz babalarynyň näme üçin hapa sögünýändigine, gohlaýandygyna we ejelerini ozalky aýalynyň ady bilen atlandyrýandygyna düşünip bilmeýärdiler.

Bir gezek dekabr aýynda hemme zat üýtgedi. Isa Mesihiň doglan güni mynasybetli bellenilýän baýramyň ertesi güni biz kakamy görmek üçin, onuň öz jorasy bilen ýaşaýan öýüne bardyk. Biz olary girelgäniň agzynda göreris öýtdük, ýöne aýna gapa berkidilen haty tapdyk. Onuň ýüzünde: “Bagyşlaň, başga ýere gidesim geldi” diýip çyrşalandy.

Bu hatda onuň kime ýazylandygy we kimiň ýazandygy aňladylmandy. Biz öýden gaýtmankak, oňa jaň edip, barýandygymyzy tassyklapdyk we birnäçe sagatlyk ýoly söküp barypdyk. Başga ýere gidesi geldi? Men dilim tutulan ýaly bolup, elimdäki haty mynçgalaýardym. Men çagalarymyň: “Babamyz nirede?” diýen soraglaryny eşidýärdim.

Biziň öňümizde kenarýakasyndaky çägelik ýaýylyp ýatyrdy we men kakamyň golaý bir ýerden biziň üstümizden gülşüni göz öňüme getirýärdim. Men näme diýjegimi bilmeýärdim. Biz maşynymyza tarap barýarkak, Jon çagalara birzatlar diýişdirýärdi.

Meniň keýpim bozulyp, utançdan ýaňa ýeriň teýine giräýjek bolýardym. Men Jondan we ogullarymdan gaýta-gaýta ötünç soraýardym we ýolboýy aglap: "Jonuň ene-atasy agtyklarynyň geljegini bilip, arakhana gitmegi pikir-de etmezdiler" diýip oýlanýardym.

Bäş sagatlap ýol sökmek çagalara aňsat däldi, mundan başga-da ýoluň maksadyna ýetilmedi, ejeleri bolsa ýolboýy aglap gaýtdy. Meniň iki oglum öz kürsüjiklerinden maňa ellerini uzadyp, gerşime kakýardylar we oňardygyndan meni köşeşdirip: "Hemme zat gowumy? Eje, gowulykmy?" diýip soraýardylar.

Men dogumlanan bolýardym, ýöne bu o diýen başartmaýardy.

Ertesi gün Jon Şwesiýa uçup gitdi. Men onuň bilen hoşlaşyp, ony ugradanymdan soň öýe gaýdyp geldim we ogullarymy gezmäge goýberdim; soňra sežde sazyny aýtdyryp, ýere ýüzin düşdüm-de, dileg edip, Hudaýdan: "Kakam meni näme üçin söýmeýärkä? Ol näme üçin çagalarym bilen wagt geçirmek islemedi? Seniň wadalaryň haçan berjaý bolar?" diýip soradym.

Men halyň üstünde ýüzin ýatyp aglaýardym. Birdenkä üstüme bir zat indi... Men kakasyzdym! Meniň kakam bardy, ýöne ol özüne zar bolan gyzyny halamaýardy! Ol meni bilmek islemeýärdi. Men öz pikirlerimi daşymdan aýdyp, gözýaşlaryma ýol berdim, ýöne möňňürip başlan badyma diňe Hudaýyň gülküsi diýip biljek birgeňsi sesleri eşitdim. Bu sesler şol pursatda örän aýdyň eşidilensoň, men kellämi galdyryp, töweregimi seredişdirdim. Soňra men Onuň pyşyrdap, şeýle diýenini eşitdim: "Sen hemme zady nädogry görýäň. Sen muňa ret edilmeklik hökmünde garaýaň, Men bolsa muny gyzlyga almak hökmünde görýärin".

*Näme?*

Ýer ýüzündäki kakaň seni doly ret edende, Men seni bütinleý gyzlyga alyp bilýärin. Seniň kakaň belli bir derejede senden we çagalaryňdan ýüz öwürdi. Biziň aramyzda indi hiç diwar ýok. Sen bütinleý Meniňkisiň.

*Dogrudan-da? Men dogry eşitdimmi?*

Eger Jona bir zat gerek bolsa, ol öz kakasyna jaň edip bilýär. Saňa bir zat gerek bolsa, göni Meniň ýanyma gelgin.

*Bolýar. Beý-bä!*

Men özümiň kakasyzdygyma düşünen pursadymda özümiň gyzlyga alnandygyma hem düşünip galdym!

Bu hakykaty meniň bilen paýlaşmak mümkinçiligine Hudaýyň örän şatlanýandygyny güýçli duýdum. Men öz aýanlygymyň gudratyna gatydan gülýändigime düşünip galdym. Men gözýaşlarymy süpürdim-de, aýagyma galdym we ellerimi ýokary galdyryp, tutuş barlygym bilen Hudaýa sežde edip başladym. Diňe hakykatdan-da rehimli Ata men barada şeýle alada edip bilýär.

Şondan soňra men öz kakamdan tamakin bolmagymy bes etdim. Onuň maňa gelmek, oňlamak, söýmek, sowgat bermek, hatda ýagşy söleri aýtmak babatda hem hiç bergisi ýokdy.

Men muňa aň ýetirenimden soň köp wagt geçmänkä, maşgalamyz Floridadan Kolorado ştatyna göçdi we biz kakam bilen duşuşyklarym seýrekleşdi. Onuň alkogol içgilere bolan meýli zerarly men ony görmäge baranymda, indi özümi howpsuz duýmaýardym. Biz ştatdan göçüp gitmegi doly meýilleşdirenimizden soň, men ony hoşlaşmak üçin myhmançylyga çagyrdym. Ol sypaýyk bilen gelmejekdigini aýtdy. Şunlukda, men Tehasdan gaýdanymda, Hudaýyň birwagtlar kakamyň halas boljakdygy barada beren wadasyndan öňkim ýaly berk ýapyşýardym.

• • •

Men doganym Jou bilen indiki gezek kakamy görmäge baranymda, ol meniň kimdigime aýdyň düşünmeýärdi. Köp ýyllap dowam eden arakhorlyk onuň aňyna we ýadyna zeper ýetiripdi. Biz onuň ýanynda bolanymyzda, ol meni köplenç öňki jorasy ýa-da ejem bilen bulaşdyrýardy. Ol ahyrda özüne gelen pursatlarynyň birinde meniň gyzydygyna düşünip, meni boýdan-başa synlap, horlananlygym üçin maňa minnetdarlyk bildirdi. Isa Mesihiň doglan güni mynasybetli bellenilýän baýramda düşürilip iberilen soňky suratda meniň

dolmuş durkumy görüp, muňa gaharlanandygy mese-mälimdi. Men on bäş ýaşymdakam hem ol maňa hut şeýle garaýardy we şol sebäpli iýmitleniş tertibim bozulypdy.

Men oňa ogullarymyň suratyny görkezmekçi bolýardym, durmuşymyzdan wakalary gürrüň beresim gelýärdi, ýöne ol diňlemeýärdi. Doganym çagalaryma babalaryny görkezmek üçin, kakamyzy kamera düşürmekçi bolýardy. Ýöne kakam paýyş sögünip, kamerany onuň elinden kakyp alýardy. Şu waka hakydama ajy lapykeçlik bolup ýelmeşdip galdy.

Men öýe dolanyp gelenimde, Hudaýyň ýene-de pyşyrdap, durmuşyma wada berşini eşitdim:

> “Eý, şa gyzy, diňle, oýlan hem-de gulak goý, sen öz halkyňy, ataň öýüni unut. Şa arzuwlar seniň gözelligiňi, ol seniň hojaýynyň, oňa tagzym et” (Zeb. 44:11,12).

Men bükülen kakamyň keşbi babatda lapykeç bolmaga basyşy mundan beýläk duýmajakdygymy bilýärdim. Meniň Patyşamyň islegi şeýledi.

•••

Ýyllar geçýärdi, kakamyň keseli gitdigiçe erbetleşýärdi, şonuň üçin-de onuň jorasynyň kakamy hassahana ýerleşdirmekden başga çykalgasy galmandy. 2009-njy ýylyň dekabr aýynda men ony soňky gezek görmäge gitdim. Men ýanym bilen nowbahar oglum Eddisony, onuň gözel gelni Juliýany we olaryň nowbahar ogly Aşeri äkitdim. Men kakamyň öz nowbahar agtygyny görmegini isledim. Biz kakamyň bolýan gartaşan adamlara seredýän merkezine baranymyzda, men onuň bizi surtalar boýunça tanaryna umyt edip, suratlary stoluň üstünde ýaýradyp goýdum. Suratlaryň birinde kakam bir ýaşly Eddison bilen otyrdy. Men şindi kakamyň depesinden seredip duran ýaş oglany görkezip, onuň oglumdygyny, onuň bolsa agtygydygyny aýtdym. Meniň kakam suratlary ýuwaşlyk bilen synlap oturşyna, hamala olaryň hemmesini birbada sygdyrjak bolýan ýaly, başyny atdy.

Ine, onsoň onuň kalbynda ýatlamalar sapajyklarynyň dokalyp,

maşgala kanwasyny emele getirip başlan pursadyň ýetendigine üns berdim. Ol kellesini galdyryp, maňa, Juliýa, Aşera, Eddisona – gezek-gezegine hemmämize seretdi. Men birdenkä onuň biziň hemmämizi tanandygyna düşündim. Ol başyny ýuwaşjadan aşaga egip, elindäki surata, soňra Eddisona ümledi. Ol biziň hemmämizi tanandan soň, men hamala ýukajyk perdeden jyklap, ozalky kakamy gören ýaly boldum. Ol bize gaýdyp geldi, ýöne men munuň näçe wagtlykdygyny bilmeýärdim.

Men: “Eý, Gökdäki Atam, men näme diýeýin?” diýip, ýuwaşjadan dileg etdim.

Muňa şobada berlen jogap meni üstümden bir bedre suw guýlan ýaly etdi: “Onuň oňat kaka bolandygyny aýt”.

“Näme? — Men edil ýere çüýlenen ýaly bolup galdym. — Bu ýalan! Men oňa ýalan sözlejek däl, aýratyn hem edil şu wagt! Ol gowy kaka bolmandy”.

Soňra men: “Ol oňardygyndan gowy kaka boljak bolupdy” diýen berk tassyklamany eşitdim.

Men ynamsyzlyk bilen: “Ol oňat kaka bolmagy öwenip-de bilýärdi” diýip, jedele başladym. Men onuň goňşularymyz bilen aragatnaşygy ýola goýup bilerdigi, kitap okap bererdigi baradaky dürli wariantlary aňymda oýlap başladym. Men onuň şeýle zatlary hatda etjek-de bolmandygy ýadyma düşýär!

Meniň jogap hökmündäki hüjümlerimiň hemmesi jogapsyz galdyryldy. Birnäçe onýyllygyň dowamynda men Hudaýyň jedel etmeýändigine düşünerçe boldum. Men her näçe jedel etsem edibereýin, ýöne soňky söz barybir Onuň aýtjak sözi bolar we ol gutarnykly jogap bolar. Şypa bermek üçin dikeldiş gylyjyny alara wagt boldy.

Men uludan demimi aldym-da, oňa tarap eglip ellerini öz ellerime alyp, ünsüni özüme çeker derejede olary ýokary galdyrdym we gözlerine seredip, ýaňyja eşiden sözlerimi gaýtaladym: “Kaka, sen gowy kaka bolupdyň”.

Meniň kakam doňup galdy. Onuň bütin bedeni sandyrap, gö-

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Bilelikde hereket edýän iki ökde söweşiji ellerine garanda kellelerini has köp işledýärler.

zlerine ýaş aýlandy. Ol ellerimiň aýasyny ogşap, kynlyk bilen: “Taňryýalkasyn...” diýdi.

Şu sözden soň hemme zat üýtgedi. Gartaşan adamlaryň öýüniň darykdyryjy atmosferasy ýeňledi we men kakamyň ýüreginiň şol pursat açylandygyny duýdum. Juliýana aglap başlady, Eddison kakamyň oturan kürsüsiniň arka tarapyna geçdi. Biziň hemmämiz Hudaýyň ençeme ýyl mundan ozal Resullaryň işleri kitabyndan maňa beren wadasyna laýyklykda dileg edip başladyk. Biz kakamyň gutulyşy üçin Hudaýa şükürler aýtdyk we onuň özüni günäli duýýan ähli zatlary üçin bagyşlanyşy jar etmäge başdyk, sebäbi Ýohannanaýň hoş habarynda aýdylyşy ýaly:

> “Siz kimiň günäsini bagyşlasaňyz, şol bagyşlanar, kimiň günäsini bagyşlamasaňyz, şol bagyşlanmaz” (Ýoh. 20:23).

Dileg eden wagtymyzyň bütin dowamynda kakam meniň barmaklarymy mähir bilen gysýardy we ellerimiň aýasyny ogşaýardy. Bu söýginiň we bagyşlamanyň mukaddes pursadydy. Onuň hereketleri çaganyňky ýaly päk we günäsizdi. Soňky gezekler görme-göreşe baranymda duýan ikiýüzliliginden nam-nyşan ýokdy.

Duşuşygymyzyň ahyrynda kakamyň gaty ýadandygy mesemälim bildirdi. Juliýana Aşer bilen galdy, biz bolsa Eddison bilen ony pukaraja otagyna äkidip, düşegine ýatyrdyk. Gitmezimizden öň meni aňsat tapmaklary üçin, şepagat uýasyna öý salgymyň we telefon belgimiň dogry ýazylyp-ýazylmandygyny ýene bir gezek barlatdym. Men gerekli kagyzlary dolduryp durkam, kakam ýene-de öz otagyndan çykdy. Men ony çagyrdym, ýöne ol hamala bizi bütinleý tanamaýan ýaly deňimizden geçip, The Lawrence Welk show gepleşeginiň gaýtalamasyna tomaşa edip oturan aýallaryň ýanyna geçip oturdy. Onuň bilen duşuşygymyzyň wagtynda birzatlar boldy, ýöne indi welin kakam ýene-de bizden uzakdady.

• • •

Bir ýyl geçdi, 2010-njy ýylyň Isa Mesihiň doglan güni mynasybetli bellenilýän baýramy ýetip geldi. Kakam barada her gezek pikir edenimde tolgunyp, gaýga batyşym ýadyma düşýär. Men

gijelerine oýanyp, onuň ömrüniň soňlanyp barýandygy barada pikir edýärdim. Men ejeme öz gaýgylarym barada aýdanymda, ol daýzam bilen daýymyň ýaňy-ýakynda ony görendigini, kakamyň özüni oňat duýýandygyny aýdyp, meni köşeşdirdi. Ýöne men şonda-da gaýgyly pikirlerden saplanyp bilmedim. Men Jou doganyma kakamy görmäge mümkin boldugyndan tiz gitmelidigini aýtdym.

Men Täze ýyl agşamynyň öňküsi güni tagamlary taýýarlap durşuma täzeliklere tomaşa edýärdim. Täzelikleri alyp baryjy öz kakasynyň aradan çykyşyny we ony örän küýseýändigini gürrüň berýärdi. Meniň ýaňaklarymdan gözýaşlar syrygyp gaýtdy. Men doňan ýaly boldum. Men näme üçin aglaýaryn? Men ne bu aýaly, ne-de onuň kakasyny tanaýardym. Birdenkä men Mukaddes Ruhuň: “Sen şu ýyl kakaň bilen hoşlaşjakdygyň üçin aglaýarsyň” diýen pyşyrdysyny eşitdim.

Altynjy ýanwarda men Kanadada hyzmaty alyp barýardym. Men myhmanhanadaky otagymda özümi basmarlaýan bir güýçli aladadan oýandym. Sagat gije üçdi, ýöne ýadawlygyma garamazdan, gaýtadan hiç uklap bilmedim. Şol gün irden men bäş sany telegepleşigi we sapaklaryň toplumyny ýazgy etmelidim, munuň üçin bolsa aňyň aýdyňlygy gerekdi. Men dileg edýärdim, okaýardym, saz diňleýärdim, ýöne barybir uklap bilmedim.

Men ertesi gün irden bütin bedenimde sandyramany we tolgunmany duýýardym, olar sagatsaýyn artýardy.

Telegepleşikler ýazylyp bolandan soň men howa menziline ugradym. Ýolda gidip barýarkam el telefonymy barlap, birnäçe sypdyrylan jaňlaryň we awtojogap berijide birnäçe habarlaryň bardygyny gördüm. Habarlaryň biri körpe oglumdandy, ol maňa ortodonta jaň edip, täzesini oturtmak barada gürleşmegimi haýyş edýärdi. Men habarlaryň hemmesini diňläp, soňkusyna ýetdim. Men uçara howlugyp barýardym we şol pursat gümrükhanadan geçip baramsoň, soňky habary uçara münmezimiň öňýanynda diňlärin diýen kakara gelipdim.

Men goş-golamlarymy ýygnamdan soň “Diňlemek” diýen düwmä basdym. Aýal sesi: “Bilşiňiz ýaly, kakaňyzyň ömri soňlanyp barýar. Eger siz onuň bilen hoşlaşjak bolsaňyz, şu günüň özünde geliň” diýdi. Men habaryň soňlanmagyna-da garaşman, şol telefon belgä jaň etdim. Meniň pikirlerim at ýaly ikiýana çapýardy. “Wah, men nireden

bileýin? Onuň ölüp barýanlygyny maňa hiç kim aýmady ahyryn”. Meniň bagtymdan, men şol habary iberen aýala jaň edip bildim. Ol öz maşynynda kakamyň bolýan hassahanasyna barýan eken. Men özümiň Kanadadan Denwere ugraýandygymy habar berdim. Ol kakamyň ýanyna baran badyna maňa jaň etjekdigini söz berdi.

Soňra men erkek doganyma jaň etdim, ýöne ol ýygnakda eken. Men Jona we birnäçe jorama jaň etdim. Meniň dünýäm birdenkä pyrlanyp başlady. Men Orlanda göni uçýan reýsleri barladym, ýöne olaryň birine-de petek ýok eken.

Wagt galmady diýen ýalydy; men soňky ýolagçylaryň hatarynda Denwere uçýan uçara tarap ýöneldim. Ýolagçylar öz ýerlerine geçip oturýançalar, men jaňa garaşýardym. Bortprowodnikler gapylary petikläp, el telefonlary öçürmelidigini aýdan badyna, şol aýal jaň etdi. Ol kakamyň ýagdaýynyň erbetdigini we meniň birnäçe sözleri aýdyp bilmegim üçin telefony onuň gulagyna tutup bilýändigini aýtdy. Adamlardan çetleşjek bolup, men penjire tarapa öwrüldim-de:

“Kaka, bu men, Liza”. Meniň sesim ýuwaş we haýal ýaňlandy, ýöne men dowam edip, şeýle diýdim: “Men seni söýýärin. Meni balyk tutmaga äkidişiň we ýüzmegi, suwuň aşagyma çümmegi öwredişiň ýadyňdamy? Men ertir barýaryn, ýöne birdenkä suwuň aşagynda saklanmaga demiň ýetmese, sen gidip bilýäň”.

Men ýene-de näme diýjegimi pikir edip, dymdym. Telefonde ýene aýalyň sesi eşidildi. Men ondan kakamyň meni eşidenliginiň haýsydyr bir alamatlaryny görüp-görmänligini soradym. Ol mesemälim alamatlary görmändigini, ýöne göwnüne bolmasa, onuň meni eşidendigini aýtdy. Men birdenkä telefony birwagt öçürmeli bolandygyna düşündim we ol aýal bilen hoşlaşdym.

Üç ýarym sagat dowam eden uçuşyň bütin dowamynda men kitap okajak boldum. Dogrymy aýtsam, men bu kitabyň näme barada bolandygy-da ýadyma düşenok. Biz gonan badymyza, men doganym bilen gürleşmäge synanyşdym. Men onuň belgisini yzly-yzlyna aýlaýardym we ahyrda onuň sesini eşitdim.

Men oňa bolan zatlaryň baryny gürrüň berdim. Jou Kaliforniýadan Florida gitmäge taýýynlyk görüp başlady. Men Kolorada gyşyşyň garaňky we aňzak gijesine öýe barýarkam, howa ýollarynyň ählisine jaň edip, ahyrda ertesi gün irden sagat ýedide uçýan uçara petek tapdym. Öýe baran badyma men ogullarymyň baryny ýygnap, bolan

zatlary gürrüň berdim. Olar meniň aýdanlarymy diňleýärkäler, men kakamyň olara nätanyş bir adam ýalydygyna düşündim. Men öýe ýaňyja gelendigime garamazdan, ýene-de gitmeli bolýanlygyma gynanýandygyma, kakalarynyň-da şäherde däldigini aýtdym.

Şol wagt öý we el telefonlaryň ikisine-de jaň geldi. Olaryň birinden öýlenen oglum, ikinjisinden bolsa doganym jaň edýärdi. Maňa kakamyň indi ýokdugyny habar berdiler. Bolany. Jaýlanyş dabarasy bolmady, sebäbi kakam öz bedenini kremirlemegi wesýet edipdi. Onuň bilen görüşmek bize gaýdyp miýesser etmedi. Men kakama sereden sosial edaranyň işgärine ýene bir gezek jaň edip, oňa kakamyň indi ýokdugyny aglap aýtdym.

Şol gije men kalbym gaýgyly halda ýatmaga ugradym. Men ýorgana dolananymdan soň: “Ýa, Hudaý, Sen sadyksyň” diýen gysgajayk dilegi aýtdym.

Men mäkäm uklap, ertesi gün oýananymda, haýran galaýmaly, hiç bir argynlygy duýmadym.

• • •

Indiki hepdäniň dowamynda men öýde boldum, soňra bolsa saparlar gezegi başlandy. Ýanwar, fewral, mart, aprel aýlarynyň dowamynda men dürli ýygnaklarda wagyz edýärdim, olara ýüzlerçe we müňlerçe adam ýygnanýardy we men her ýygnakda Hudaýyň sadyklygyny jar edýärdim. Men kakam barada pikir etmezlige çalyşýardym. Men indi onuň üçin hiç zat edip bilmeýärdim. 2011-nji ýylyň maý aýynda, hiç bir oslaman durkam, Hudaýyň sadyklygyna duş boldum. Men Florida ştatyndaky Jeksonwill şäherinde aýallar konferensiýasynda wagyz edýärdim. Birinji ýygnakda men bir çypar saçly owadan ýaş aýaly gördüm. Ýygnanan müňlerçe adamyň içinden diňe şol aýal näme üçindir meniň ýadymda galdy. Gündizki hyzmatdan soň arakesme wagty men ýene-de şol aýaly gördüm.

Öýlänki hyzmata ýönelip barýarkam, myhmanhananyň girelgesinde men ýene-de şol çypar saçly aýaly gördüm. Onuň bilen tanyşmak islegini duýamsoň, men onuň ýanyna bardym, ýöne ýeke söz-de aýdyp ýetişmänkäm, onuň özi söz açyp, özüni tanyş etdi:

Liza, men Eýpril. Biz telefonda gürleşipdik.

Men Jeksonwilden bolan Eýpril atly gyz bilen gürleşenligimi ýadyma saljak bolup, azara galdym. Ol meniň şeýle gürrüňi ýadyma salyp bilmeýänligimi görüp, ony ýatlatdy.

Kakaňyzyň ýogalan güni size jaň eden mendim.

“Eýpril ol ýerde nädip peýda bolduka?” — Bu meniň aňyma sygmaýardy, sebäbi kakamyň bolan ýeri bilen Jeksonwilliň arasynda maşynda bäş-alty sagatlyk ýol bardy.

Men siziň şu konferensiýada boljagyňyzy eşidenimde, joralarym bilen bäri gaýtdym – diýdi.

Men dilim tutulan ýaly boldy. Eýpril sözüni dowam edip, şeýle diýdi:

Men sosial edarynyň işgäri hökmünde soňky bäş ýylyň dowamynda kakaňyza seredýärdim. Onuň häsiýeti diýseň agyrdy. Ol ilki ýerleşdirilen garrylar öýünden kowuldy. Ol gaçyp, biriniň maşynyny ogurlady, polisiýa işgärleri ony tutup, ýençdiler. Ýöne soňky bir ýylyň dowamynda welin ol edil perişde ýaly boldy.

Men heniz-de gürläp bilmän, oňa gözümi gyrpman seredip durdum.

Ol meni her gezek görende, ellerimi ogşaýardy, — diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.

Men onuň aýdýanlaryny kynlyk bilen göz öňüme getirýärdim. Ol dogrudan hem kakamyň soňky bir ýylyň dowamynda perişde kimin bolandygyny aýdýarmy?

Eýpril, men kakamy ýogalmazyndan bir ýyl öň görmäge barypdym, — diýdim.

Bilýärin, men siziň adyňyzy onuň kartoçkasynda görüpdim. Men siziň kitaplaryňyzy okapdym, ýöne siziň gelmeziňizden ozal onuň kakaňyzdygyny bilmeýärdim. Men onuň üçin birnäçe ýyl dileg edipdim we onuň bilen hoşlaşyp bilmegiňiz üçin elimden gelenini etdim.

Hudaý sadyk. Ol kakamyň ýanynda bolmadyk wagtym ony dilegler bilen gurşapdy. Mundan başga-da, biz onuň üçin dileg edenimizde, kakamyň diňe biziň bagyşlamamyzy almak bilen çäklenmändigine doly ynanýaryn. Şol pursat onuň gökleriň bagyşlamasyny hem kabul edendigine ynanýaryn. Meniň kakam bir günüň içinde özgerip, häsiýeti agyr, gaharjaň, ýowuz garry adamdan oňşukly, mylakatly we mähirli çaga öwrüldi.

Ol ömrüniň soňky ýylynda toba gelmegiň hasylyny getirendigi mese-

mälim. Men bakylyga girýänçäm, bilmejek we düşünmejek zatlarym köp, ýöne şol ýerde kakamy görjekdigime welin berk ynanýaryn.

*Bagyşlamaklyk — bu günläriň geçilmegidir.*
*Azaşyp, soňra ýola düşenler hut şol sebäpli*
*gaýtadan azaşmakdan goralýandyr.*
– Awgustin

Men kakamyň ýanyna baryp gaýdan şol günümiz onuň öz ýitiren zatlarynyň baryny ýadyna salandygy barada ýygy-ýygydan pikir edýärin. Belki, çowlugy Aşeriň päkligi onda bütinleý ýiten diýip hasaplan mirasyna bolan umydy döredendir diýip pikir edýärin. Belki, ol Eddisonyň güýjüni we kämilligini, Juliýanyň owadanlygyny we syratyny görüp, ýaşyk söýgüsini ýatlandyr. Men, belki, özümiň onuň ýitiren maşgalasynyň suraty bolandygym barada pikir edýärin. Şol gün öýlän biz ony indi hiç gaçyp bilmejek ýerinde tapdyk. Biz onuň ençeme ýyllap araga gark etjek bolan agyrysyny gördük we ony hiç bir şertsiz söýdük.

## Seniň wakaň nähili?

Eý, mähribanym, sen babatda nähili? Men seniň wakaňy bilemok, ýöne welin Hudaýyň sadykdygyny saňa anyk aýdyp bilýärin. Seniň durmuşyňdaky lapykeçlikleriň we ajylyklaryň haýsylary eliňdäki gylyjy kakyp almakçy bolýar? Dogrymy aýdaýyn, men kakamy ýazgarýardym; men muny tä Hudaýyň kakama beren sözlerini oňa aýdýançam şeýle ýagdaýdadym. Men bu sözleri agzymdan boşadayp goýberen badyma, özümi-de azatlyga çykaran ýaly boldum. Biziň Patyşamyz bir tarapyň hereketi arkaly iki tarapa-da şypa bermegi başarýar.

Şypa berilmedik çuň ýaralar bizi gökleriň şypa bermek isleýän adamlaryny kösemäge we olaryň göwünlerine degmäge mejbur edip bilýär. Patyşa siziň ýüregiňizi eýeledi, indi Ol Özüniň şypa bermek we dikeltmek babatdaky maksadyny amal etmek üçin siziň durmuşyňyzy ulanmak isleýär.

*Bütinleý ar almagyň iň oňat usuly bagyşlamak-*
*lyk bolup durýar.*
– Joş Billings

Geliň, ret edilme we lapykeçlik gylyjyny Atamyzyň aýak astyna goýalyň-da, Oňa bu gylyjy kabul etmeklik, dikeldiş we mukaddes duşuşyklar gylyjyna öwürmegine ygtyýar edeliň. Hudaý seni dikeldişde töwellaçy hökmünde nädip ulanyp biler? Adamlaryň Hudaýyň berýän şypasyny we ýaşaýşyny kabul ederleri ýaly, olaryň eşitmeli sözlerini olara ýetirmek üçin Patyşa seni nirä iberip bilýär? Sen ýat tutan sözleriňi däl-de, Onuň maslahat berýän sözlerini aýtmaga taýynmyň? Sen özüňi ynjadan adamy ýalkamaga taýynmyň? Men senden öz sözlerimi gaýtalamagy haýyş etmeýärin, men dikelişi dileýän adamlara şeýle ýagdaýlarda Atanyň sözlerini aýtmagy haýyş edýärin.

• • •

*Eý, mähriban Gökdäki Atam!*
*Men wepalylygyň nyşany hökmünde Seniň öňüňde öz durmuşymy goýýaryn. Men lapykeçlik ornunda söweşmekden ýadadym. Sen Öz sözüňe we Öz söýgiňe wepaly, Sen ähli zatda bähbitlisini edýärsiň. Men öz güýjüme daýanyp göteren zatlarymyň baryny Saňa berýärin. Men Saňa wagt berýärin we maňa Öz danalygyňy we sözüňi bermegiňi Senden haýyş edýärin. Men Saňa özümiň bütin wepalylygymy berýärin, men Saňa jan-tenden berlendigimi mälim edýärin. Meniň ýarag şaýymy doly tutup, meni ýaralamakda däl-de, şypa bermekde ulanmagyň üçin ýalbarýaryn. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn!*

• • •

Iň soňky baba geçmek bilen, men özümiziň göterip biljek gylyçlarymyzyň her birini suratlandyrmak üçin ýeterlik ýeriň bolmajakdygyna düşünýärin, sebäbi gylyç belli bir derejede şahsy ýarag bolup durýar. Indiki bölümde men siziň öýden ýaragsyz çykmazlygyňyz üçin, çagyryşy orta oklamagy umyt edinýärin.

DÖRDÜNJI BÖLÜM

# IBERILEN

# 14

# Haçy götermek

*Biz özümizi oýarmaly! Ýa-da başga biri biziň ornumyzy eýeläp, biziň haçymyzy göterip äkider-de, ahyrda biziň jygamyzy ogurlar.*

– Wilýam But

Biziň haçymyz we jygamyz bar. Biz köplenç göze görünmeýän haçy göterýäris. Biz onuň hereketini görsek-de, onuň şekilini görmeýäris. Şeýle-de biz Isa Mesihde göze görünmeýän jygany aldyk.

> “Adam näme Sen ony ýatlaryň ýaly? Ynsan ogly näme aladasyny ederiň ýaly? Ony perişdelerden biraz wagtlyk pes tutduň. Oňa şöhrat bilen hormat jygasyny geýdirdiň, ähli zady aýagynyň astynda goýduň. Hudaý ähli zady onuň aýagynyň astynda goýdy, oňa tabyn däl zat goýmady. Ýöne ähli zadyň oňa tabyndygy häzirki wagtda bize aýdyň görünmeýär” (Ýew. 2:6–8).

Ýer ýüzünde jyga biziň ygtyýarlyk ornumyzy aňladýar. Biz gökleriň iberen wekili hökmünde şu şalygyň güýjünde goldawymyz bardyr.

*Isa Mesihi, aýratyn hem haça çüýlenini tanamagy öwreniň. Oňa nagma aýdyp, şeýle diýmegi öwreniň: “Reb Isa, Sen – meniň dogrulygym, men – Seniň günäň. Sen maňa degişli bolan zady alyp, Özüňe degişli bolan zady maňa berdiň. Sen özümiň bolmadyk kişim bolarym ýaly, Özüňiň bolmadyk kişisine öwrüldiň”.*

– Martin Lýuter

Biz hem jygany, hem-de haçy göterýäris. Isa Mesih jygany göterip bilerimiz ýaly, biziň haçymyzy göterdi. Ol biz ýaly boldy. Şindi Ol ýaly bolmaga wagt bolmadymy näme?

> “Onsoň Isa şägirtlerine ýüzlenip: ‘Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp, yzyma düşsün’” (Mat. 16:24).

Biz bu şahsy tabşyrygy nädip berjaý etsekkäk? Onda üç element bar: özümizi inkär etmeli, haçymyzy almaly we Isa Mesihe eýermeli. Meniň egoistik isleglerim siziňkilerden tapawutlanýar, meniň haçym hem hut şeýle derejede özboluşlydyr. Men siziň haçyňyzy götermeýärin, siz-de meniňkini götermeýärsiňiz.

Öz haçyňy nädip götermelidigini bilmek üçin, ilki bilen haç babatdaky soraglaryň birnäçesine jogap bermeli. Isa Mesih bizden anyk nämäni götermegi soraýar? Öz haçyňy nireden tapmaly? Haç durmuşda göterip gezýän ýükümizmi? Ýa-da haç bilelikde çüýlenen iki pürsi däl-de, has syrly zady aňladýarmy? Haçyň ajaýyplygy şeýle bir belent welin, hatda monjuklaryň ýa-da kulonlaryň biri-de oňa taý gelip bilmez. Men gutulyşyň zähmetiniň elimize berenleriniň hemmesini haçyň özünde jemleýändigine tüýs ýürekden ynanýaryn.

Haç – bu bezeg däl. Haçy götermek – bu özümize tabşyrylan ýumşy berjaý etmekdir. Şu jemleýji bölümde men öz haçyňy gahrymanlarça götermekligiň nämedigini siziň bilen paýlaşasym gelýär.

## Haç baradaky gürrüň

Bir gezek Pesah baýramynyň öňýanynda gije sagat ikiler töweregi uklap ýatyrkam Mukaddes Ruh menden: “Liza, öz haçyňy götermeklik nämäni aňladýar?” diýip sorady. Men ukynyň arasynda: “Özüňi inkär etmek” diýip samyrdan badyma: “Ýok, özüňi inkär etmek – bu diňe birinji ädim” diýen jogaby eşitdim. Onsoň men: “Öz erkiňi taşlamak?” diýip, ýaýdanjaňlyk bilen çakladym. “Özüňi inkär etmek öz erkiňi taşlamaklygy aňladýar. Öz haçyňy götermeklik näme?”- diýenini eşitdim.

Şol pursatda men jogabymyň ýokdugyna düşündim, soraglar bolsa dowam edýärdi.

“Sen öz haçyňy göterýänligiňi ýa-da ony ony öýde goýup gaýdanlygyňy nädip biljek?”

“Liza, seniň haçyň agramy näçe?”

“Sen öz haçyňy nirede saklaýaň?”

Girelgäniň agzyndaky ýerde, şkafda bulam-bujar ýatan zatlaryň keşbi göz öňümden geçip başlady. Men gözlerimi açmaga dyrjaşyp, düşegimde dikelip oturdym-da: “Bilemok” diýip pyşyrdadym.

Men bilmeýänligimi boýun alan badyma, soraglaryň yzy kesildi. Dogrymy aýtsam, men kitaplarymyň her birinde haç barada ol ýa bu derejede ýazýardym, şindi bolsa men ony suratlandyrmag-a beýle-de dursun, hatda öz haçymyň nirededigini hem aýdyp bilmeýän ýaly görünýärdim.

Biz öz mätäçligimizi beýan eden badymyza Hudaýyň şobada onuň öwezini dolşuny diýseň halaýaryn. Men öz nadanlygymy boýun alan badyma, jogaplar üstüme ýagyp başlady. Men: “Ozal düzen sanawyňy tap” diýleni eşitdim.

Bäşinji bapda aýdyp geçişim ýaly, men jemgyýetçilik soragnamasyny geçiripdim we haçyň bir söz bilen beýan edip boljak kesgitlemelerini ýygnapdym. Men kagyzyň ýüzüne bäş ýüzden gowrak jogaby elim bilen ýazyp goýandygymy aýtmandym. Men Jonuň iş otagyna gidip, bu kagyzy tapdym-da, ony ýanym bilen krowadyma aldym we kesgitlemeleriň baryny iPad-yma geçirdim. Bellenilen şekilde bu sözleri, ine, ýerleşdirdim:



Men soragnamanyň dowamynda berlen jogaplaryň baryny aldym; men anyk bir jogaby gözleýärdim, ýöne ony hiç kim bermändi, şonuň üçin-de men ony özüm ýazdym: ýarag. Dürli adamlaryň iberen jogaplaryna göz aýlap otursyma, Mukaddes Ruhuň: "Öz haçyňy al. Bu sözleri we bärde ýazylmadyk başga köp sözler haçy göz öňüne tutýarlar. Olaryň hemmesini gündeki dünýäňde göterip gez" diýen pyşyrdysyny eşitdim.

Men sandyraýan elimdäki sanawa göz aýladym. Beý-bä, bu dogrudan-da şeýle ahyryn! Isa Mesihiň Özüniň Kimdigininiň ähli sini berşi ýaly, haç hem özüniň gazanan ähli zatlaryny berýär! Isa Mesih haç arkaly bizi söýgi, bagyşlanma, azatlyk we gutulyş bilen üpjün etdi. Başymdan geçiren zatlarymyň baryny adamlara ýetirmäge wagt ýetip geldi. Şu sözleriň her biri haçyň käbir elementlerini we öwüşginlerini saklaýardy, olary heläk bolup barýan dünýä (hatda ýygnaklaryň käbirlerine) peşgeş bermelidi. Aşaky aýatda Pawlus öz haçyny göterşini beýan edýär:

> "Ýöne biz [haç baradaky] bu gymmatly habary öz gündeki durmuşymyzyň toýun küýzelerinde göterip gezýändiris"
> (2 Kor. 4:7, MSG, iňlis dilinden terjime).

Meniň göterip ýören haçym – bu Onuň meniň üçin ähli eden zatlarydyr; siziň haçyňyz-da – bu siziň hoş habaryňyz ýa-da Onuň siziň üçin eden zatlary baradaky şaýatlaýklaryňyzdyr. Ýöne biz munuň bilen çäklenmeýäris. Biz – gökleriň gymmatly peşgeşlerini bolelin guýýan küýzeleri. Biz Hoş Habary süzmeýäris, biz ony bolşy ýaly ýetirýäris. Şeýdip, adatdan daşary bolan täsin zat biziň gündeki işlerimiz arkaly berilýär. Men haçyň söýgüsini we bagyşmasyny her gün ýanym bilen dükana, uçara, iş ýerime alýaryn. Men bolýan ýerlerimiň baryna olary ýanym bilen äkidýärin. Şol ýerde-de haçyň güýji bilen gudratyny hödür edýärin.

**Gylyçlaşma sungatyndan faktlar**

Ýadanyňda-da, syrkawlanyňda-da, juda yssylanyň-da, juda üşäniňde-de, ýagyş ýaganda-da, söweşmegi ýigreneniň-de – hemişe söweş.

Pawlusyň Rimdäki ýaňy iman

edenlere ýüzlenip, haçy nähili götermelidigi barada aýdýanlaryna gulak goýuň:

> “Şoňa görä-de, eý, doganlar, Hudaýyň merhemetiniň hatyrasy üçin size ýalbarýaryn: gündeki durmuşyňyzy – ukyňyzy, naharyňyzy, işiňizi we beýleki işleriňiziň baryny alyň-da, olary Hudaýa gurbanlyk hökmünde hödürläň. *Hudaýyň size edenleriniň baryny gurşap alyň, Onuň huzurynda mynasyp tärde hyzmat etdigiňiz bolar*. Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak bolmaň. Tersine, ähli ünsüňizi Hudaýa gönükdiriň, şonda içiňizden-de, daşyňyzdan-da özgerersiňiz. Onuň sizden näme isleýändigini bilmäge taýyn boluň we Oňa tiz jogap beriň” (Rim. 12:1, 2, MSG, iňlis dilinden terjime, nygtama awtoryňky).

Isa Mesih Hoş Habaryň resmi wagyzlaryny-da, konferensiýalaryny-da, hatda her hepde geçirilýän ybadatlary-da geçirmeýärdi. Ýöne şonda-da Onuň oýa wagtyndaky durmuşynyň her bir pursady habar bolup durýardy. (Konferensiýalar bilen ýygnaklarda erbet zat ýok, ýöne olar durmuşymyzyň o diýen köp bölegini eýelemeýärler.) Isa Mesih her gün giden ýerleriniň ählisine Öz ýany bilen Hudaýy äkidýärdi. Ol size hem şeýle etmegi tabşyrýar. Hudaýyň siziň üçin edenleriniň ählisini kabul etmek we bu täze durmuşyňyzy başga adamlara görkezmeklik haçyňy götermeklik bolup durýar. Biz bu hakykata ýapyşanymyzdan soň, başgaça ýaşarys we dünýä başgaça gararys. Biz günde: “Eý, Gökdäki Atam! Seniň Ogluňyň haçynyň bize beren zatlarynyň ählisi, goý, şu gün durmuşymda we ol arkaly doly görünsün. Men Seniň işleriňi beýgeldip, Saňa eýermek üçin, şindi öz günälerimden we geçmişdäki çäkliligimden ýüz öwürýärin” diýip, şeýle dileg etsek nähili bolardy?

Şonda biziň dünýämiz Isa Mesihiň beýgelmesini görerdi.

Şu alyş-çalyş amala aşanda, biziň garaýşymyz özgerer. Biz özümize seretmäge derek, Isa Mesihiň durmuşyna ünsli bolarys. Mukaddes Kitaby okamak bilen, Onuň Öz wagtynda geçen ýoluny bileris. Mugt alan zadymyzy mugt-da bereris.

## Öz haçymyzy göterýäris

Geliň, bu ýoly bile geçeliň. Hudaýyň bize bolan şertsiz söýgüsiniň kämilligini haçyň görkezendigi bilen ylalaşýarsyňyzmy? Isa Mesih barada heniz eşitmedik millionlarça adamlaryň şu şertsiz söýgini olara hem ýetirmegimize garaşýandygy babatda heniz-de şübhelenýärsiňizmi? Muny nädip etmeli? Onuň göreldesine eýereliň.

Isa Mesih adamlary söýmek bilen, olara hakykaty aýdýardy, açlary doýurýardy, jynlary kowýardy, syrkawlara şypa berýärdi, dinçiligi paş edýärdi, ölüleri direldýärdi.

> “Isa tutuş Jeliläni aýlanyp çykdy. Ol ýerdäki sinagogalarda sapak berip, *Gögüň Şalygynyň Hoş Habaryny wagyz etdi, halkyň arasyndaky her hili keselleri, hassalary sagaltdy*” (Mat. 4:23, nygtama awtoryňky).

Oňuň göreldesine eýer.

Bagyşlamak babatda nähili? Häzirki wagtda bagyşlama mätäçligi azmy näme? Ýazyk bilen utanjyň ýesirliginde ýaşaýan adamlaryň sany azmy näme? Olara bagyşlama haçyny elt, olaryň-da bagyşlamany mugt alary ýaly, Hoş Habary mugt wagyz et we mugt bagyşla.

> “Oglum, dogumly bol, seniň günäleriň ötüldi” diýdi. Şonda käbir Töwrat mugallymlary içinden: “Bu adam Hudaýa dil ýetirýär” diýdiler. Emma Isa olaryň pikirlerini bilip: “Näme üçin göwnüňize erbet pikirler getirýärsiňiz? Haýsyny aýtmak aňsat: ‘Günäleriň ötüldi’ diýmekmi ýa-da: ‘Turda, ýöre’ diýmek? *Emma siz Ynsan Oglunyň ýer ýüzünde günäleri ötmäge-de ygtyýarynyň bardygyny bilip goýuň*” diýdi. Onsoň Ol ysmaza: “*Saňa diýýärin, tur, düşegiňi al-da, öýüňe gaýt*” diýdi. Ol hem ýerinden turdy-da, öýüne gitdi. Muny gören mähelläni gorky gaplap aldy. Olar *ynsanlara şeýle ygtyýary beren Hudaýy şöhratlandyrdylar*” (Mat. 9:2–8, nygtama awtoryňky).

Oňuň göreldesine eýer.

Ol özümize şypa bermek we bagyşlamak ygtyýarynyň berlendigini bilmegimiz üçin şeýle edýärdi. Ol bu gudraty Ynsan Ogly hökmünde

amal etdi! Biz Hudaýyň gyzlary hökmünde näçe köp işleri etmeli?

Mundan başga-da, erkinlik soraglary bar. Aýgyrlyga, açgözlüge, butparazlyga, biedeplige berlen şu nesil ýaly başga nesil öňde-soňda boldumyka? Gulçulyga we loluçylyga satylan adamlar hem bar. Olara azatlyk haçyny ýetir. Seniň muny nädip amal edip bolýandygyny soramagyň ahmal. Isa Mesih adamlara hakykaty aýtmak, açlary doýurmak, jynlary kowmak, syrkawlara şypa bermek, dinçiligi paş edip we ölüleri direltmek arkaly olaryň halas edilendigini görkezýärdi.

> “Hudaýyň nasyraly Isany Mukaddes Ruh we güýç-gudrat bilen dolduryp, Ony saýlap-seçendigini bilýänsiňiz. Isa çar tarapa aýlanyp, köp ýagşy işler etdi, iblisiň hökmürowanlygyndan ejir çekýänleriň baryna şypa berdi, sebäbi *Hudaý Onuň bilendi*” (Res. 10:38, nygtama awtoryňky).

Oňuň göreldesine eýer.

Isa Mesih ýagşylyk edip, iblis zerarly ejir çekýänleriň baryna şypa berýärdi, sebäbi Hudaý Onuň bilendi. Sosial adalatlylyk bilen gudratyň arasyndan birini saýlamaga esas ýok. Isa Mesih olaryň ikisini-de amal edýärdi. Geliň, deňlemeden adymyzy aýralyň-da, oňa Imanuwel – “Hudaý biziň bilen” diýeliň we şolar ýaly işleri gaýtalalyň.

Adamlaryň bolan ähli ýerinde gutulyşa bolan güýçli mätäçlik bar. Gutulyş sözüniň manysy giň, onuň kesgitlemesine görä ol halas edilmek, çalşylmak, azat edilmek, dynmak, özgermek, dikeldilmek we şypa almak diýen manylary öz içine alýar. Eýsem şu sözlere bolan mätäçlik azaldymy näme? Şu alnan gutulyşyň haçyny öz gündelik durmuşyňyz arkaly başga adamlara-da ýetiriň.

**Ýene bir gezek gaýtalaýyn: Isa Mesih** adamlara hakykaty aýtmak, açlary doýurmak, jynlary kowmak, syrkawlara şypa bermek, dinçiligi paş edip we ölüleri diriltmek arkaly olaryň halas edilendigini görkezýärdi.

> “Rebbiň azat edenleri, goý, şeýle aýtsyn. Ol olary duşman elinden halas eýledi” (Zeb. 106:2).

106-njy mezmurda şeýle öwütden soň Hudaýyň halkyny şeýle betbagtçylyga elten ýagdaýlaryň sanawy berilýär. Bu sizi özüňiziň

ýalňyz däldigiňiz babatda ynandyrar, şonuň üçin-de ony okaň. Bu sanaw uzyn bolany üçin, men ony şu kitabyň sahypalarynda tutuşlygyna ýazyp oturmaýyn! Şuny bilip goýuň: siz özüňiz günä etdiňizmi ýa-da kimdir biri sebäpli günä batdyňyzmy – parhy ýok, Hudaý biziň Halasgärimizdir. Biziň günä ýerine nädip düşendigimize garamazdan, Ol bizi Özüniň merhemet ýerine çykarar. Halas etmegi diňe Ol başarýandyr we halas edilenleriň hemmesi bu barada aýtmalydyr! Bu hem öz haçyňy götermegiň bir usulydyr.

> “Çünki meni ölüler dünýäsinde goýmarsyň, Öz sadygyň gabra girmegine Sen ýol bermersiň. Ýaşaýyş ýoluny maňa görkezersiň. Huzuryňda şatlyk meni doldurar. Sagyňda hem begenç meni doldurar” (Zeb. 15:10, 11).

Bu sözleri Dawut aýdypdy, ýöne ondan öň bu Isa Mesihiň beren wadasydy, şindi bolsa ol bize degişlidir.

Oňuň göreldesine eýer.

Siziň şindi nirededigiňize garamazdan, bu wada azat edilenleriň wadasydyr. Ol haçyň güýjüdir. Şalygyň Hoş Habaryny jar etmäge haýsydyr başga bir nyşanyň şeýle güýji barmy näme? Isa Mesihiň haçdaky gurbanlygy siziň durmuşyňyza, bedeniňize we gatnaşyklaryňyza şypa berdimi? Siz onuň heniz-de islendik kesele we ejizlige şypa bermäge güýjüniň bardygyna ynanýarsyňyzmy? Biz Isa Mesihiň düýn, şu gün we ertir üýtgewsizdigini bilýäris. Haç babatda hem şeýle diýip bolmazmy näme? Isa Mesih ölümden direlenden soň Öz şägirtlerine Onuň göreldesine eýermegi tabşyrýar.

> “Isany görüp, Oňa sežde etdiler, emma olaryň käbiri şübhelendi. Isa hem olaryň ýanyna gelip: ‘Gökde we ýerde ähli ygtyýarlyk Maňa berildi. Şonuň üçin hem gidiň-de, ähli milletleri şägirt ediň, olary Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň adyndan suwa çümdüriň. Size buýran ähli zatlarymy berjaý etmegi olara öwrediň. Men hemişe, tä dünýäniň ahyryna çenli siziň bilen bolaryn’ diýdi” (Mat. 28:17–20).

Eger Ol bizi bilen bolsa we şol öňküsi ýaly bolsa, onda Ol bütin dünýä haçyň gazananlaryny görkezmek isleýär.

“Soňra Isa saçak başynda oturan Onbirleriň özlerine görnüp, imansyzdyklary, ýürekleriniň tekepbirdigi üçin olara käýedi. Sebäbi olar Onuň dirilendigini gören adamlara ynanmandylar. Isa şägirtlerine şeýle diýdi: «Bütin dünýä aýlanyň-da, Hoş Habary hemme adamlara wagyz ediň. Iman edip çümdürilen halas bolar, ýöne iman etmedige höküm ediler. Iman edýänler şu alamatlary görkezerler: Meniň adym bilen arwah-jynlary kowup çykararlar, täze dillerde geplärler. Elleri bilen ýylan tutsalar-da, zäher içseler-de, olara zeper ýetmez. Ellerini hassalaryň başyna goýarlar, olar hem sagalar” (Mark 16:14–18).

Isa Mesihiň hemme şägirtleri Oňa eýerip, gudratlary we mugjyzary görmezinden öň, Ol ilki bilen şübheler, ynamsyzlyk, rehimsiz ýürekler bilen iş salyşmaly bolupdy. Bize jynlary kowalamak gerek däl, ýöne Isa Mesihe uzak wagtyň dowamynda eýerseňiz, siz, belki, olara duşarsyňyz. Olar bilen gürrüňe başlamaň. Olaryň sesini gapdyrmak üçin, Hudaýyň Sözüniň gylyjyny ulanyň, soňra bolsa olary Isa Mesihiň ady bilen kowuň.

Gökleriň hakykatyny özüňiziň bilýän her bir diliňizde ykrar ediň. Ýylany bilgeşleýin eliňe almak ýa-da zäher içmek akmaklykdyr. Isa Mesih Özüni gaýadan aşak oklamandy we, elbetde, Ol Öz şägirtlerine zäherli ýylanlar bilen oýnamagy ýa-da ölüm howply içgileri içmekligi teklip etmeýär. Bu parçada gorajakdygy barada wada berilýär. Ol hassalaryň başyna elimizi goýanymyzda, olaryň şypa aljakdygyny söz berdi. Hassalar indi keseli başga adamlara ýokuşdyryp bilýän murdar hasap edilmezler. Isa Mesiň ýokanç kesellilere elini degirýärdi, olar hem Oňa galtaşýardylar we şypa alýardylar. Siz: “Aý, Ol Isa Mesihdi ahyry” diýip bilýäňiz. Meniň okan bir maglumatym ýadyma düşýär. Onda Tereza enäniň erbet ýokanç kesele ýolugan adamlara galtaşjakdygyny çözen döwründe şol ýokanç keseliň ýaýramasynyň öňüni alýan serişdäniň ýüze çykarylandygy barada aýdylýardy.

“Resullar halk arasynda ençeme alamatlar, mugjyzalar görkezýärdiler. Ähli imanlylar ybadathanadaky Süleýmanyň eýwanynda üýşerdiler... Olar her gün ybadathananyň howlusynda we adamlaryň öýlerinde halka öwretdiler.

> Isanyň Mesihdigi baradaky Hoş Habary dyngysyz wagyz etdiler” (Res. 5:12,42).

Mugjyzalar we alamatlar, taglym we wagyz gündeki işler bolmaly. Dogrymy aýtsam, men adatdan daşary zatlaryň has adaty zada öwrülmegini we Onuň adynyň belentliginiň günde ykrar edilmegini isleýärin. Şunlukda, men ömrümiň ahyryna çenli Onuň adyny wagyz ederin we Isa Mesihiň ugrukdyrmasyna eýererin. Eger ir döwürdäki Ýygnak haç baradaky habary giden ýerleriniň baryna alyp, şol ýerdäki adamlaryň ýüreklerini berkiden bolsa, syrkawlary sagaldan bolsa, ezilenler azatlyga çykan bolsa, bularyň bary biziň durmuşymyzda näme üçin bolmasyn?

Siz Isa Mesih öňküsi ýaly gudratlary görkezmek isleýänliginiň alamatlaryny agtarýarsyňyzmy? Haç – biziň alamatymyz, siz bolsa – onuň gudraty!

Men özümiziň Isa Mesihiň haçyny wagyz edip, Hudaýyň Sözüne laýyklykda ýaşadygymyz saýy gudratlary we alamatlary köpden-köp görjekdigimize ynanýaryn. Hoş Habary ujypsyz ýaýratmaklyk ujypsyz netijeleri berýär. Haçyň berýän zatlaryny ýarym-ýalta wagyz etmeklik onuň bähbitli taraplaryny ýarym-ýalta berer. Ýasama zatlaryň doly güýjüne işleýän asyl nusganyňky ýaly netijeleri berjekdigine tama-da edip oturmaň.

> “Men wagyz edenimde sizi ynandyrmak üçin paýhasly sözleri ulanmadym. Sizi ynandyran zat Hudaýyň Ruhunyň aýan bolan güýjüdi. Bu siziň imanyňyzyň ynsan paýhasyna däl-de, Hudaýyň güýjüne daýanmagy üçindi” (1 Kor. 2:4-5).

Kuwwatsyz hoş habaryň wagzy kuwwatsyz güýji emele getirýär. Isa Mesihiň gany bize merhemet tagtyna tarap ýol açdy, gökleriň güýjüni edinip bilmegimiz üçin, biz oňa batyrgaýlyk bilen baryp bilýäris.

> “Indi ykrar eden umydymyzy ikirjiňlenmän berk saklalyň, çünki wada beren Hudaý ynamdardyr. Biri-birimizi söýmäge we oňat işler etmäge höweslendirmek barada pikirleneliň. Käbir adamlaryň endik edişi ýaly, ýygnanyşmagymyzy

goýmalyň. Gaýtam, Isanyň geljek gününiň golaýlandygyny bilip, biri-birimizi has-da ruhlandyralyň” (Ýew. 10:23–25).

## Diri gylyçlar

Men bularyň baryny sizi tutaşdyrmak umydy bilen ýazdym. Biz juda köp wagtlap ýeňsämizi gaşap, özümizden wagtymyz hoş bolup gezdik. Indi giňäp, Onuň gylyjyňa öwrülere wagt boldy.

> “Eý, umytly ýesirler, öz galaňyza dolanyň! Bu gün size iki esse bereket berjekdigimi jar edýän. Ýahudany ýaý ýaly edip egerin, Efraýymy bolsa şol ýaýyň oky ederin. Eý, Sion, ogullaryňy greklere garşy galdyraryn! *Seni elimde urşujynyň gylyjy dek oýnaryn*”(Zak. 9:12,13, nygtama awtoryňky).

Isa Mesih Atanyň bedende gelen Sözi bolşy ýaly, biziň-de durmuşymyz bedende gelen Isa Mesihiň Sözi bolmaly, sebäbi Hudaýyň Sözi – bu Ruhuň gylyjydyr, Isa Mesih bolsa bedende gelen Sözdi, biz hem Onuň Bedeni hökmünde diri gylyçlar bolmalydyrys. “Sen ilçileri ýeller dek edýäň, emeldarlary ot-alaw edýäň” (Zeb. 103:4). Biz – Onuň ýol bolup durýandygyny ykrar edýän alawly gylyçlar.

Onuň Ruhy –bizi öňe iterýän ýel, Onuň habary – süňňümizde ýanýan ot. Onuň biziň üçin eden we heniz-de etmek isleýän zatlarynyň bary biziň şahsy şübhelerimiz we dini däp-dessurlar tarapyndan çäklendirilmeli däldir. Haç bitirilmedik ýeke işi-de galdyrmady. Onda biz näme üçin şeýle az edýärkäk?

**Isa Mesih Atanyň bedende gelen Sözi bolşy ýaly, biziň-de durmuşymyz bedende gelen Isa Mesihiň Sözi bolmaly.**

Haç sizi gahryman bolmaga goýdy. Siz ony ýüregiňizdäki umyt, mümkin däl zatlaryň mümkin boljakdygyna bolan ynam we ähli adamlara bolan söýgi bilen götermelisiňiz. Şägirtleriň Isa Mesihiň ähli edenlerini ýazara ýeterlik wagty-da, ýeri-de ýokdy.

> “Isa başga-da köp işler etdi. Bular birin-birin ýazylan bolsa, onda ol kitaplar, meniň pikirimçe, tutuş äleme-de sygmazdy” (Ýoh. 21:25).

Bu Isa Mesihiň gudratynyň ölçärden ägirtdigini aňladýar. Ýöne men her birimiziň Onuň gudratynyň janly keşbi bolmaga saýlanylandygymyza ynanýaryn. Onuň Öz Atasy bilen bir bolşy ýaly, biz hem Onuň bilen bir bolmak bilen, bütin dünýä Onuň gelinliginiň ýalkymyny doly güýjünde görkezip, köp adamlara ýeteris.

Eý, Hudaý gyzy, öz şöhlelenmäňi taşla, öz çäkliligiňi ret et-de, Ony şöhlelendir. Onuň merhemetini, gutulyşyny we rehimini özüňe her gün ýatladyp dur. Haçyň ähli peşgeş berenlerini oňa umyt bilen garaşýanlara äkideniňde, Mukaddes Ruha gulak goý. Öz Patyşaňyň yzyna eýerip, Onuň aýatlaryny oka we gaýtala; muny tä olar seniň durmuşyňyň her çägini dolduryança dowam et. Mähribanym, mundan beýläk özüň babatda hyşan hökmünde oýlanma, sebäbi sen ilkibaşdan Onuň golunyň galdyrýan gylyjy bolmaga saýlanylansyň. Gahryman kimin ýaşa, şonda sen duşmany gönüläp urup, ýesirleri azatlyga çykararsyň.

*Köp adamlar Isa Mesihiň haçynyň gahryman hereket bolmandygy barada aýdýarlar, ýöne men Isa Mesihiň haçynyň adamlaryň kalbyna gahrymanlygy ynsan taryhyndaky islendik başga wakalaryndan has köp salandygyny size aýdasym gelýär.*

– Jon J. Leýk

# MessengerX

*Her bir adam üçin şägirtçilige ýol we her ýerde*




- **115-den gowrak dilde mugt;**
- priloženiýada we onlaýnda elýeter;
- siziň ruhy ösüşiňiz üçin niýetlenen materiallar;
- öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluňyzy yzarlaň.



Messenger-iň şägirdi bolmak üçin resurslaryň doly kitaphanasyny: elektron kitaplary, wideo we audio okuwlary, audiokitaplary, Mukaddes Ýazgylary alyň. Öz ähli enjamlaryňyzda tomaşa ediň, okaň we diňläň.




**MessengerX.com**

Download on the App Store

GET IT ON Google Play

Bütin dünýä boýunça App Store и Google Play-da elýeter

**Siz göze görünmeýän, ýeňilmezek we çüýremejek ýaragyň özüňize ynanylandygyny bilseňiz, näme ederdiňiz? Siz ony ulanarmydyňyz? Säginmäň, öňe tarap hereket ediň we HUDAÝYŇ SÖZÜNI ulanmaga başlaň!**

Aýallar bütin dünýä boýunça köneden galan urp-adatlaryň, seksual gulçulygynyň, kemsidilmäniň we gendersidiň pidasyna öwrülýärler. Ruhy duşman aýallary hemmetaraplaýyn ýaragsyzlandyrmak üçin elinden gelenini aýanok. Liza Biwer Hudaýyň Sözüniň gylyç hökmünde hereket edişini düşündirýär, ony ulanmagy başarmaly we ulanmaly. Aýallaryň bu ýaragy edinmegine şindi wagt boldy.

"Gylyçly gyzlar" atly kitap gylyçlaryň (Hudaýyň Sözüniň we haçyň) çeper keşbini döredijilikli çarhlamak arkaly size:

- ýer ýüzünde gökleriň dilinde gürlemegi;
- töwella etmegi;
- öz haçyňy götermegi;
- saýgaryp başarmagy;
- duşmany ýaragsyzlandyrmagy;
- duşmanyň aýallary näme üçin nyşana alýandygyny;
  biziň gahryman bolmagymyz Hudaýa näme üçin gerekdigini öwreder.



Täsin. Ýiti. Örän şahsy. Gülkünç. Bu sözler halkara spiker, bestsellerleriň awtory we iki ýüzden gowrak ýurtlarda görkezilýän "The Messenger" telegepleşigiň alyp baryjysy Liza Biweriň ýazyş tärini beýan edýärler.

Liza biziň durmuşymyzy erkinlik we özgerişlikler bilen doldurmak üçin, öz şahsy tejribesinden mysallar getirip, Hudaýyň sözüni sada we düşnükli dilde paýlaşýar. Onuň ýüregi sosial deňsizligine garşy göreşmek hyjuwyndan doly. Ol özgerişlikleriň tarapdary hökmünde adamlary başgalaryň durmuşyndaky kynçylyklaryň jogaby bolmaga çagyrýar.

MessengerX

Mugt indirmeler we akymlaýyn wideolar üçin **MessengerX.com** saýtyna giriň.

Bu kitap awtordan sowgat.
Satuwa degişli däl.

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

Has köp bilmek isleýäňizmi? Şu ýerde skanirläň: